JON BIWER
«Şeýtanyň aly» atly meşhur kitabyň awtory

# ÝAGŞYLYK

*ÝA-DA*

# HUDAÝ?

HUDAÝSYZ EDILEN ÝAGŞYLYK NÄME ÜÇIN ÝETERLIK DÄL?

Eziz okyjym!

Biz Hudaý bilen aragatnaşygy ýola goýanymyzda, Ol biziň durmuşymyzyň her bir çägini özgerdýär! Biz özümizi Isa Mesihe tabşyryp, bolelin durmuşda, Onuň merhemetinden doly durmuşda ýaşaýarys.

«Ýagşylyk ýa-da Hudaý?» - bu ýöne bir kitap däl. Bu kitap adamlary bütin dünýäde ýaýran mukaddeslik hereketine goşulmaga ylhamlandyrýar. Siz öz lideriňize, ýygnagyňyzyň agzalaryna, maşgalaňyza, dost-ýarlaryňyza bu mukaddeslik hereketi barada gürrüň bermek bilen, oňa goşulyp bilersiňiz. Resul Pawlusyň ýeke özi kiçi ýygnakda öwretmek arkaly bütin  Aziýa welaýatlarynda ýaşan halklara iki ýylyň içinde Hoş Habary ýetiripdi! (Resullaryň işleri 19:1-10-ny okaň). Biziň hemmämiz bir adam ýaly hereket etsek, Hudaý biz arkaly gör bak nämeler etmegi başarar!

Reb bu habary seniň we beýleki liderler bilen paýlaşmagy ýüregime saldy. Men seniň-de bu habary başgalar bilen paýlaşyp bilmegiň üçin şaýyňy tutasym gelýär. Meniň söýgimi we goldawymy kabul etmegiňi haýyş edýärin. Men bu habaryň saňa we seniň ýakynlaryňa nähili täsir edendigini senden eşitmäge sabyrsyzlyk bilen garaşýaryn.

Seniň Isa Mesihdäki doganyň



Jon Biwer

JohnBevere@ymail.com

MESSENGER
INTERNATIONAL
MessengerInternational.org

# ÝAGŞYLYK

*ÝA-DA*

# HUDAÝ?

## «Ýagşylyk ýa-da Hudaý?» kitaby barada

«“Ýagşylyk ýa-da Hudaý?” kitaby Mukaddes Kitap boýunça gyzykly syýahat bolmak bilen, ýagşy durmuşda ýaşamagyň nämedigi babatdaky dünýägaraýşyňyzy özgertmäge ýardam berer».

— Mark Batterson, «The Circle Maker» bestselleriň awtory, «New York Times» neşiriň pikiri boýunça

«“Ýagşylyk ýa-da Hudaý?” – bu ýiti aňyjylygyň täsin sapagy. Ol size Hudaýy we Onuň kämil islegini agtarmagy öwredýär».

— Joýs Maýer, Mukaddes Kitaby öwredýän mugallym we bestsellerleriň awtory

«Jon Biwer – hormatlanylýan mugallym, lider, awtor, ajaýyp dost we Şalygy gurmakda egindeşimizdir. Jon her bir adamyň diňe bir ýagşy durmuşda ýaşaman, eýsem imany ösdürýän Hudaý bilen ýaşaýandygyny, Isa Mesihiň biz üçin taýynlan zatlaryna batyrgaýlyk bilen gitmäge çagyrýan Hudaý bilen wagt geçirýändigini görmek isleginden doludyr. Jon Biweriň taglymaty we şahsy aýanlyklary size Hudaýyň islegine we gelejegiňiz üçin iň oňat meýline täze garaýyş bilen garamaga ýardam eder».

— Braýan Hýuston, «Hillsong» ýygnagyň baş çopany

«Men Hudaýa bolan söýgüleri sebäpli heniz görlüp-eşidilmedik işleri amal edýän adamlar baradaky wakalary okanymda, şolaryň arasynda bolmak isleýärin. “Ýagşylyk ýa-da Hudaý” kitaby biderek ýasama zatlardan kanagatlanman, Hudaýdaky iň oňat zatlary tüýs ýürekden kabul edýän adamlaryň aňynda we ýüreklerinde bolup geçýän zatlar barada gürrüň berýär. Eger siziň ýüregiňizde Hudaýy tanamak we Oňa batyrgaýlyk bilen hyzmat etmek islegi bar bolsa, bu kitaby okamagy maslahat berýärin».

— Jon Makswell, bestsellerleriň awtory we spiker

«Jon Biweriň “Ýagşylyk ýa-da Hudaý?” atly kitaby Hudaýyň biz üçin taýynlan zatlaryndan pes, az zatlara razy bolmazlyga çagyrýar. Jon ajaýyp kitaby ýazmak bilen, bize Hudaýy agtaran ýagdaýymyzda Ony hökman tapjakdygymyzy ýatladýar».

— Jentezin Franklin, «Free Chapel» ýygnagyň baş çopany we «New York Times» neşiriň pikiri boýunça bestseller bolan «Agyz bekleme» kitabyň awtory

«“Ýagşylyk ýa-da Hudaý?” aňyňyzy haýrana goýýan kitapdyr. Eger siz bir eliňiz işde, beýleki eliňiz hem kitapda bolsa, onda bu kitap siziň üçin däl. Ýöne siz gelejegiňizi düýpgöter özgertmek isleýän bolsaňyz, bu habary säginmän okaň. Ol siziň durmuşyňyzy özgerder!»

— Kristin Keýn, “Kampaniýa A21”-i esaslandyryjy, «Durzup bolmaýan» bestselleriň awtory

«Täsin. Aýdyň. Gerek. “Ýagşylyk ýa-da Hudaý?” kitaby biziň maksadymyzyň ýagşy bolmak däldigi babatdaky örän möhüm hakykaty ýatladýar. Bu kitap dünýewi ahlagyndan doly durmuşy Isa Mesihiň berýän ajaýyp durmuşyna çalyşmaklyk pikirini öňe sürýär».

— Lui Giglio, Jorjiýa ştatynyň Atlanta şäherindäki «Passion City Church» ýygnagyň çopany” we «Passion» konferensiýalaryny esaslandyryjy

«Jon Biwer tümlükde ýakylan otluçöp ýaly, Hudaýyň aýdyň barlygyna eltýän ýoly ýagtyldýar. Ol öz okyjysynyň kalbynda güýçli teşnelegi oýarýar. Bu teşneligi diňe Hudaý bilen bolan pynhan gatnaşyklar gandyryp bilýär».

— Ýepiskop T.D. Jeýks, «TDJ Enterprises» guramasynyň direktory we «New York Times» neşiriň pikiri boýunça bestsellerleriň awtory

«Bizi Hudaýyň ýagşylygy gurşaýar, ýöne biz muňa dogrudan-da düşünýärismi? Jon Biwer “Ýagşylyk ýa-da Hudaý?” atly kitabynda ýagşy bolmaklygyň nämedigini we ýagşylygyň Hudaýa nähili gatnaşygynyň bardygyny derňeýär. Şu kitaby okanyňyzda, Hudaýyň siz üçin taýýarlan zatlaryny agtarmaga we bu zatlary başgalar bilen paýlaşmaga bolan güýçli islegi duýarsyňyz».

— Kreýg Greçel “LifeChurch.tv” ýygnagyň baş çopany, «Şindi» we «Göreldeli nika üçin bäş jogapkärçilik» atly kitaplaryň awtory

«Jon Biwer ýene-de bir gezek Isa Mesihiň Bedenini durmuşy özgerdýän herekete çagyrdy. Ol “Ýagşylyk ýa-da Hudaý?” atly kitabynda Hudaý bilen ýakyn aragatnaşygyň bähbitlerini we durmuşyň ähli çäklerinde iň ýokary derejeli standartlara nädip ýetip bolýandygyny görkezýär».

— Metýu Barnett, Kaliforniýa ştatynyň Los-Anjelos şäherindäki «Angelus Temple» ýygnagyň baş çopany, “Arzuw Merkezini” esaslandyryjylaryň biri

«Jon Biweriň "Ýagşylyk ýa-da Hudaý" atly kitaby Hudaýyň ýagşylygy babatdaky düşünjämize gaýtadan garamaga we durmuşymyzda Hudaýyň standartlaryna derek öz şahsy standartlarymyzy goýan çäklerimiziň bardygyny boýun almaga mejbur edýär. Mukaddes Kitabyň çäksiz danalygyndan ylhamlanyp, Jon Biwer öz ejizlikleriniň mysalynda okyjysyny dünýäniň ýagşylyk baradaky ýalan düşünjelerini ret etmäge we ýüreklerimizi Gökdäki Atamyzyň kämil erkine tabyn etmäge höweslendirýär. Isa Mesihe eýerip, diňe Onda bolan zatlara eýe bolmaga ymtylýan her bir adam "Ýagşylyk ýa-da Hudaý?" atly kitaby hökman okamalydyr».

— Kris Hojes, "Church of the Highlands" ýygnagyň baş çopany, «Sergin howa» we «Dört käse» atly kitaplaryň awtory

JON BIWER

# ÝAGŞYLYK

*ÝA-DA*

# HUDAÝ?

HUDAÝSYZ EDILEN ÝAGŞYLYK NÄME ÜÇIN ÝETERLIK DÄL?

Good or God? by John Bevere, Turkmen
© 2016 Messenger International
www.MessengerInternational.org
Originally published in English as Good or God?
Additional resources in Turkmen by John Bevere are available for free download at: www.CloudLibrary.org
To contact the author: JohnBevere@ymail.com

«Ýagşylyk ýa-da Hudaý?» Jon Biwer, türkmen dilinde
© 2016 Messenger International
www.MessengerInternational.org
Ilkinji gezek iňlis dilinde «Good or God?» ady
bilen çap edildi Jon Biweriň goşmaça maglumat serişdelerini
www.CloudLibrary.org saýtyndan mugt inderip bilersiňiz.
Awtor bilen JohnBevere@ymail.com
elektron salgysy boýunça habarlaşyp bilersiňiz.

*Men bu kitaby oglumyz*
*Arden Kristofer Biwere bagyş edýärin.*

*Sen dykgatly, güýçli, mähirli we paýhasly.*
*Men seniň ejir çekýänlere bolan rehim-şepagatyňa*
*haýranlar galýan.*
*Oglum, men saňa örän guwanýan,*
*men seni ebedi söýerin.*

# MAZMUNY


Minnetdarlyk sözi ..................................................13

Kitap barada..................................................15

Giriş ..................................................17

1. Ýagşylyk näme?..................................................19

2. Bu nädip şeýle boldy?..................................................31

3. Ýagşylygyň uniwersal ölçegi..................................................45

4. Binýat..................................................61

5. Diňe islegiň bolmagy ýeterlikmi? ..................................................79

6. Biziň içki ugrukdyryjymyz..................................................95

7. Bizi Gabanýan ..................................................113

8. Dostluk..................................................129

9. Gaçylýan hakykat ..................................................149

10. Ýangyç..................................................167

11. Oňatmy ýa-da peýdaly? ..................................................189

12. Mukaddes durmuş üçin türgenleşdirmek..................................................205

13. Biziň niýetlerimiz ..................................................221

14. Biziň parametrlerimiz..................................................241

15. Saýgarmaklyk ..................................................261

16. Uly surat..................................................279

Okuw we maslahatlaşmak üçin soraglar..................................................285

# MINNETDARLYK SÖZI

Meniň aýalyma, çagalaryma we agtyklaryma: siziň her biriňiz meniň üçin Hudaýyň peşgeşisiňiz, siz meniň durmuşymy juda baýadansyňyz. Men sizi elmydama söýerin.

Toparyň agzalaryna, Messenger International hyzmatynyň dolandyryş toparynyň agzalaryna we hyzmatdaşlaryna: Liza bilen meni goldaýanlygyňyz üçin size tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirýäris. Biz sizden has wepaly we hakyky ýaranlar bardyr diýip bilmeris. Siz Isa Mesihiň şanly Hoş Habaryny dünýäniň halklaryna ýetirmekdäki işimize diýseň işjeň gatnaşýarsyňyz.

Brýusa, Jeýline, Winsente, Ellisona, Eddisona we Lorana: öz ussatlygyňyz bilen şu habary yhlasly redaktirlänligiňiz üçin minnetdarlyk bildirýäris. Men Hudaýyň size beren bu peşgeşlerine diýseň haýran galýaryn.

Allana: kitabyň şeýle täsirli jilti – aýdyň we täsirli sahaby üçin minnetdarlyk bildirýärin.

Eddisona, Koline, Estere, Mete, Ardene, Jeýline we Dawuda: şu kitaby onuň ähli tapgyrlarynda okap, kyn meseleler babatda eden degerli bellikleriňiz we paýhasly maslahatlaryňyz üçin minnetdarlyk bildirýärin.

Toma, Estere, Addisona, Ostine we Jona: şu kitabyň çap etme we ony ýaýratma tapgyrynda eden kömegiňiz we bu işde görkezen sagdyn paýhasyňyz üçin minnetdarlyk bildirýärin.

Roba we Wanessa: bu habary dünýäniň halklaryna ýaýratmakdaky zähmetiňiz üçin minnetdarlyk bildirýärin.

Biziň Atamyza, Rebbimiz Isa Mesihe we Mukaddes Ruha: bizi günälerimizden bütinleý halas edenligiňiz üçin, bizi Öz perzentleriňiz edenligiňiz üçin we bu habary Öz söýgüli halkyňyza berenligiňiz üçin minnetdarlygymyzyň çägi ýokdur. Bütin şan-şöhrat diňe Size degişlidir.

# KITAP BARADA

«Ýagşylyk ýa-da Hudaý?» kitabyny hem islendik kitaplaryň biri ýaly boýdan-başa okap bolar. Bu kitaby interaktiw okuw gollanmasy hökmünde ulanmak isleýänler üçin onuň ahyrynda goşmaça maglumatlar berilýär. Olary özbaşdak ýa-da toparda öwrenip bolar. Ol alty hepdelik okuw toplumy üçin döredildi, ýöne siz ony öz talaplaryňyza görä uýgunlaşdyryp bilersiňiz. Her hepde şulardan ybarat:

- Toparda pikir alyşmak ýa-da ýekelikde oýlanmak üçin soraglar.
- Hepdeleýin dileg we Hudaý bilen geçirilýän şahsy wagtda Mukaddes Kitaby okamak.
- Oýlanmaklyk: hepdäniň dowamynda oýlanar ýaly aýat.
- Ulanmaklyk: öwrenilen maglumatlary gündelik durmuşda ulanmaklygyň aňsat usullary.

Hepdäniň dowamynda okamaga niýetlenilen baplar maslahat edilmeli soraglaryň öňýanynda berilýär.

Eger siz bu kitaby “Ýagşylyk ýa-da Hudaý?” atly okuw toplumynyň bir bölümi hökmünde okaýan bolsaňyz, biz size hepdede bir gezek okuw sapagyna tomaşa etmegi ýa-da ony diňlemegi we kitabyň ahyrynda pikir alyşmak üçin berlen soraglara jogap bermegi maslahat berýäris. Şeýlelikde, toparyň her bir agzasy indiki duşuşyga çenli degişli baby okap biler. Hepdäniň dowamynda bir baby öwrenmek maslahat berilýär.

Okaň, lezzet alyň!

# GIRIŞ

Ýaňy-ýakynda men öran hormatlanylýan, tanymal amerikan lideri bilen telefonda gürleşdim. Biz gürrüňimizi tamamlap, hoşlaşyp durkak, ol birdenkä maňa şeýle diýdi: “Jon, bir salym garaş. Men saňa käbir zatlary aýtmaly. Sen soňky ýigrimi ýylyň dowamynda örän köp kitap ýazdyň, şindi ýene bir kitaby ýazmaga borçlusyň. Ol örän aktual bolar, ol ýygnaklar üçin pygamberlik habary bolar; bu saňa Gökden berlen ýumuş.”

Ol sözüni heniz tamamlamanka, men eýýäm Hudaýyň huzurynda yzzat-hormatdan dolup durdum. Şu söhbetdeşlikden soň birnäçe hepdäniň dowamynda şeýle kitaby ýazmak islegi kalbymda gitdigisaýy güýjedi.

Bu habaryň esasy mazmuny ýönekeý bir soragda jemlenendir: eger ýagşylyk bar bolsa, ýene-de bir zatlar gerekmi?

Häzirki döwürde ýagşylyk we Hudaý sözleri sinonimler ýaly boldy. Biz eger jemgyýet haýsydyr bir zady oňat hasaplaýan bolsa, Hudaý şol zada hökman merhemetli garamalydyr diýip pikir edýäris. Sahylyk, tabynlyk we adalatlylyk – bular ýagşylyk. Diňe özüňi bilmeklik, gedemlik, zalymlyk – bular ýamanlyk. Bu ikisiniň tapawudy mese-mälimdir. Eýsem bu ýeterlikmi? Eger ýagşylyk şeýle mese-mälim zat bolýan bolsa, onda näme üçin Mukaddes Ýazgylarda ýagşylygy ýamanlykdan saýgarmagy öwrenmelidir diýip ýazylgy (seret: Ýewreýler 5:14)?

Resul Pawlus şeýle ýazýar: “Bu dünýäniň ýörelgelerine uýgunlaşjak bolmaň. Tersine, pikirleriňizi täzeläp, özgeriň. Şeýtseňiz, Hudaýyň islegine düşünmegi, ýagny Ony nämäniň hoşal edýändigini, nämäniň oňat we kämildigini bilmegi başararsyňyz” (Rimliler 12:2). Pikirlerimiz täzelenmese, durmuşymyz üçin nämäniň oňatdygyny saýgaryp bilmeýäris. Pikirleriň täzelenmesi arkaly amala aşýan özgerişlik bolmasa, biz Hudaýdan doly we Isa Mesihde elýeter bolýan täsin durmuşdan mahrum bolýarys.

Hudaý dünýäni ýaratmazdan ozal durmuşymyň meýilnamasyny düzüpdi. Bu meýilnamanyň maksady aýdyň, ol çäksiz şatlykdan we belent kanagatlanmadan doly bolup, Hudaýyň islegi bilen birlikde siz üçin doly we bütinleý oňatdyr. Ýöne Hudaýdan oňat zatlary kabul etmäge bökdenç bolýan ýasama "oňat" zatlar hem bardyr.

Gynansak-da, biziň köpimiz ýasama zatlar billen oňňut edýäris. Biz düşünmezden, käwagt bolsa düşünip-de, gözümize ýagşy görünýän zatlaryň yzyndan ylgap, Hudaýy ret edýäris.

Ilkinji ýygnagyň liderleri bize ýalandan äge bolmagy gaýta-gaýta duýdurypdylar (aldanmak – bu aslynda şeýle bolmasa-da, hakykata görä ýaşaýarys diýip öz-özümizi aldamaklyk). Isa Mesihiň hut Özi aldawyň, hile-pirimleriň diýseň tilsimli boljagyny, onuň duzagyna hatda saýlanylanlaryň-da düşjekdigi barada duýdurypdy. Bu duýduryşlara biparh garamak akylsyzlyk dälmi näme? Eýsem biz aldawyň duzagyna düşmeris, ýagşyny ýamandan syzyjylyk bilen saýgararys öýtmeýärismi näme?

Oňat habar şundan ybarat: Hudaý Özüniň iň ýagşy zatlaryny bizden gizlejek bolanok. Ol gözümize çöp atmaýar. Ol agtaran adamyň öz gözlegini tapjakdygyny söz berýär. Eger biz özümizi hakykatyň gözlegine bagyş etsek, oňa garşy durýan zatlar üstümizi duýdansyz basyp bilmez. Mesele şundan ybarat: biz hakykatyň Gözbaşyna dyngysyz serederismi ýa-da Hudaý we Onuň ýagşy islegi barada ýüzleý öwrenmek bilen çäkleneris? Şu kitaby okamak bilen, Hudaýyň siz üçin taýynlan iň oňat zatlaryndan az zada kaýyl bolmajygyňyzy berk karar edersiňiz diýip umyt edýärin.

Kitaby okap başlamazdan ozal, geliň, bilelikde dileg edeliň.

*Eý, Atam, Isa Mesihiň ady bilen ýalbarýaryn: durmuşym babatda Seniň islegiňi görüp, eşidip, kabul edip bilerim ýaly, meniň gözlerimi, gulaklarymy we ýüregimi aç. Eý, Mukaddes Ruh, şu habary okanymda, Isa Mesihiň ýollaryny maňa berk we anyk öwret. Men Saňa öz Mugallymym hökmünde garaýaryn. Şu kitabyň her bir sözlemi arkaly maňa gürle. Goý, meniň durmuşym baky özgersin. Omyn.*

1

# ÝAGŞYLYK NÄME?

Ýeke-täk Hudaýdan başga hiç kim ýagşy däldir.
— Mark 10:18

“Hudaýyň tebigatyna laýyk gelen ýagdaýynda älemdäki zatlaryň bary ýagşylykdyr, emma oňa laýyk gelmedik ýagdaýynda olaryň bary ýamanlykdyr”.
— A.U. Tozer

Ýagşylyk we ýamanlyk. Ählimiz bu ikisiniň tapawudyny bilýäris gerek? Biz nämäniň ýagşy, nämäniň ýamandygy baradaky bilim bilen dogulmaýarysmy näme?

Men jemgyýetde “ähli adamlar içinden ýagşy” diýen jümläni köp eşidýärin. Eýsem bu şeýlemikä? Biz ynsan rehimdarlygyny beýan edýän çeper we dokumental kinofilmleriň, telegepleşikleriň göwnümize ýaraýandygyny bilýäris. Men ýamanlygyň ýagşylykdan üstün gelýänini gürrüň berýän meşhur kitaplaryň, wakalaryň ýa-da kinofilmleriň ýekejesini-de bilemok. Biziň ählimiz oňat ýigitleriň kyn synaglardan geçişini synlap kemala geldik. Zandyýamanlaryň ählisi olara garşy çykýar, olar çykgynsyz ýagdaýa düşýärler, dartgynlylygyň wakanyň soňuna çenli dowam edýän ýagdaýlary-da bolýar. Ýöne biziň gahrymanlarymyz böwetleriň baryny birdenkä böwsüp, ýeňşe ýetýärler, adalaty amala aşyrýarlar. Biz şeýle netijä garaşyp, olara el çarpýardyk. Biz ýagşylygyň hemişe üstün çykýandygyna garaşýardyk, sebäbi Hudaý ýagşylygyň tarapdary, şeýle dälmi?

Soňky ýyllarda prodýuserler we teleýaýlymlar üýtgeşmeleri görkezýän realiti-şowhunlyklary girizmek bilen, gepleşikleriň täze görnüşini ýola goýdular. Bu ilkibaşda kynçylyklar zerarly galmagaldan doly maşgalada parahatlygyň aralaşyşyny görkezýän teleşowhunlykdan başlapdy. Biz oturan ýerimize çüýlenen ýaly, telewizora tomaşa edýärdik, garyplara we mätäçlere sahylyk bilen kömek edýän adamlara guwanç bilen garaýardyk. Biz gepleşige gatnaşýanlaryň onuň soňunda özleriniň täzelenen öýlerini görenlerinde näderejede haýran galjagyna sabyrsyzlyk bilen garaşýardyk. Soňra bolsa başga teleşowhunlyklar başlady. Olarda semizlikden ejir çekýän "nalajedeýinlere" horlanmaga kömek edýärdiler, ýene birlerinde bolsa gepleşige gatnaşýan adama oňat geýinmegi, saçyny timarlamagy, ýüzüniň boýagyny ussatlyk bilen ulanmagy öwredýärdiler.

Köp wagt geçmänkä, meşhur adamlar şeýle teleşowhunlyklary alyp göterdiler. Tanymal artisler hiç tanalmaýan adamlara ses we tans zehinleri arkaly bir pursadyň özünde meşhur bolmaga mümkinçilik döretdiler. Biz bir sagadyň dowamynda tutuş ýurda, dünýä belli bolan nätanyş adamlara el çarpýardyk. Gör, bu nähili rehimdarlyk, neneňsi sahylyk we nähili asylly iş!

Rehimdar, bigünäleri goraýan ýa-da öýsüz-öwzarsyz galanlara kömek etmek üçin öz wagtyny sarp edýän adamlar baradaky islendik gepleşik bada-bat meşhurlyk gazanýardy.

Şeýle gepleşikleriň sanawyna howply jenaýatkärleri tutýan polisiýa işgärleri ýa-da jenaýatkärleri tutýan "awçylar" baradaky gepleşikler hem girdi. Olar hem az salymdan iň köp tomaşa edilýän gepleşiklere öwrüldi.

Şeýlelikde, bize lezzet berýän zatlaryň merkezinde köplenç ynsan rehimdarlygy durýandyr.

Satuwyň we markentingiň esaslary bize şulary öwredýär: harydy üstünlikli we çalt satmak üçin, onuň daşky görnüşi göze ýakymly bolmaly, ysy, sesi we tagamy oňat bolmaly, ony elläniňde tene ýakymly bolmaly. Ol alyjyda ýakymly duýgulary döretmeli, ony bagtly etmeli.

Biz oňat harydyň iru-giç öz alyjysyny tapjagyny bilýäris. Sebäbi erbet zady satyn aljak adam bardyr öýdemok. Diňe bozuk adamlar erbet zady satjak bolup dyrjaşýarlar.

Biz "ol gowy erkek", "ol gowy aýal" diýen jümläni eşidenimizde, adatça muny hakykat hökmünde kabul edýäris. Gowşak adam hüşgärligini ýitirip, *oňat* we *rehimli* hasaplaýan adamlarynyň aýdýan zatlaryny we edýän hereketlerini ygtybarly we dogry diýip kabul edýär. Emma şeýle pikirler hemişe dogrumyka?

Eýsem biz oňat zada *erbet*, erbet zada hem *oňat* diýip öz-özümizi aldap bilerismi näme? Eýsem bu ikisiniň tapawudy her adama belli dälmi näme? Biz ýagşylyga ýamanlyk we ýamanlyga ýagş*ylyk* diýenimizde, elbetde ýalňyşmandyk. Şeýle dälmi?

Isa Mesihe ýüzlenen baý ýigit baradaky tymsaly ýatlalyň. Ol päk ahlakly adamdy. Ol hiç haçan zyna etmändi, adam öldürmändi, ýalan sözlemändi, söwdada alyjylaryny aldamandy, ata-enesini sylaýardy. Ol öz jemgyýetiniň sylanylýan agzasydy we köp adamlar ony halaýardylar. Ol Isa Mesihe "Ýagşy Mugallym" diýip hormat bilen ýüzlenipdi.

Bir lider beýleki lidere ýüzlendi, bir ýagşy adam beýleki adamy ýagşy diýip atlandyrdy. Ol ömründe ilkinji gezek duşan meşhur Mugallymynda we özünde haýsydyr bir umumylygy agtardy. Belki ol: "Eger men bu Pygambere rehimdarlygyny ýaňzydyp, onuň göwnünden tursam, Ol meniň haýyşymy bitirer" diýip pikir eden bolmagy ahmal. Emma Isa ýigidiň soragyna jogap bermezden, oňa ýüzlenip, şeýle diýdi: "Näme üçin Maňa ýagşy diýýärsiň? Ýeke-täk Hudaýdan başga hiç kim ýagşy däldir" (Mrk. 10:18).

Isa Mesih Özüne ýagşy diýip ýüzlenen adamyň sözüni näme üçin düzetdikä? Eýsem Isa Mesih ýagşy dälmidi näme? Elbetde ýagşydy! Onda Ol näme beýle sözleri aýtdyka? "Ýagşy" sözi bu düşünjäniň ýalňyş standarty bolaýdymyka? Başga sözler bilen aýdanyňda, ynsanyň ýagşylyk babatdaky düşünjesi Hudaýyň ýagşylyk babatdaky düşünjesinden tapawutlymyka?

Biz bu ýigidiň ýerine bolup, Isa Mesihe "ýagşy Mugallym" hökmünde ýüzlenen bolsak, nähili jogap alardykak? Men özüm babatda jogap berip bilýän. Men eýýäm köp ýyl bäri Hudaýyň perzendi, men Mukaddes Ýazgylary boýdan-başa birnäçe gezek okadym, olary günde köp sagadyň dowamynda öwrenýärin, her gün Hudaýa doga edýärin, ähli wagtymy hyzmata sarp edýärin, ýöne bularyň baryna garamazdan, şol baý ýigidiň alan jogabyny alardym. Isa maňa hem hut şeýle diýerdi: "Jon, sen näme üçin Maňa ýagşy diýýärsiň?" Eýsem men muny nädip bilýärin? Hudaýyň Ruhy maňa edil Isa Mesihiň baý ýigide ýüzlenişi ýaly ýüzlendi.

## Kalby sarsdyran täzelik

Maňa düşündirmäge ygtyýar ediň. Bir gezek, 1990-njy ýyllaryň ahyrynda, men Şwesiýa konferensiýa uçup barýardym. Uçaryň reýsi gijedi we men Stokgolma irden barmalydym. Uçar gonandan soň men goşlarymy aldym, pasport barlagyndan geçdim we çykalgada özüme garaşyp duran mähirli doganymy gördüm. Biz howa menzilinden çykyp-çykmankak, ol maňa ýylyň, belki-de onýyllygyň täzeligine öwrülen täzeligi habar berdi.

Ol maňa: "Jon, şu gije, sen heniz uçardakaň, gaty bir pajygaly waka bolup geçdi. Sen, belki, muny bilýänem dälsiň" diýdi.

Men ünjä batyp, bilesigelijilik bilen: "Näme boldy?" diýip soradym.

Ol maňa Şwesiýa gelmezimden birnäçe sagat öň bolup geçen elhenç awtoheläkçilik barada we onda bütin dünýäde tanalýan we söýülýän zenanyň heläk bolandygyny habar berdi. Bu aýalyň eden her bir ädimi täzelikleriň sözbaşyna öwrülýärdi. Liza ikimiz bu aýalyň ynsanperwerlik işine haýran galýardyk, ol barada gazatlerden we žurnallardan gyzyklanma bilen okaýardyk. Aýtmaly bir zadym – men diňe makalalary okamagy däl, eýsem onuň durmuşyny suratlandyrýan illustrasiýalara syn etmegi hem halaýardym. Garaz,

men şol aýalyň sadyk muşdagydym. Her gezek täzeliklerde ol barada gepleşik peýda bolanda, men ähli işlerimi goýbolsun edip, ony ünsli we gyzyklanma bilen diňleýärdim.

Bu aýalyň ölümi meniň kalbymy sarsdyrdy. Ol ýaşdy, kiçi çagalary bardy, bulardan başga-da ol tanymal syýasy işgärdi, akylly we owadandy. Ol bütin dünýädäki täsirinden peýdalanyp, ýetimler we uruş ýerlerinde duşmanyň pyýada goşunyna garşy gömlüp goýlan minalaryň pidalaryna öwrülen maýyplara köp ýagşylyklar edýärdi. Onuň bu hereketi meniň ýüregimi awlamak üçin ýeterlikde, ýöne bu aýalyň maýyl edijiligi munuň bilen tamamlanmaýardy. Ol öz muşdaklaryna diýseň mähirlidi, olara ak ýürekden begenýärdi, mähirli ýylgyrýardy.

Men şeýle adamyň aradan çykandygyna ynanyp bilemokdym. Ol nädip öli bolup bilýär? Bu nädip beýle boldy? Meni myhmanhana getirdiler. Men otagyma giren badyma telewizory açdym. Bolup geçen awtoheläkçilik ýerinden göni habarlary ähli ýaýlymlardan görkezýärdiler. Ýöne olaryň barynda şwed dilinde gürlänsoňlar, men ýekeje sözüne-de düşünmeýärdim. Ahyrsoňy “CNN” we “BBC Sky News” ýaýlymlaryny tapdym. Men goşlarymy hem çykarman, bolup geçen heläkçilige ynanyp bilmän, krowadyň gyrasynda oturdym.

Täzeliklerde bu aýalyň öýüniň ýanynda ýas tutýan müňlerçe adamy görkezýärdiler. Ähli ýaşdaky adamlar ýygnanypdylar, olaryň gözlerinden ýaş akýardy. Köpler biri-birini gujaklap, topara ýygnanýardylar we bilelikde dileg edýärdiler. Dünýä sarsypdy.

Indiki dört günüň dowamynda bu pajygaly wakany dünýäniň ähli gazet-žurnallarynyň ilkinji sahypalarynda beýan edýärdiler. Awtoheläkçilik baradaky reportažlar, derňew işleri, maşgalasynyň reaksiýasy we onuň jaýlanyşy tutuş dünýäniň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň esasy gürrüňine öwrüldi. Döwlet baştutanlary, dünýä liderleri, ýüzlerçe meşhur adamlar onuň jaýlanyş dabarasyna geldiler. Muňa sereden adamlaryň sany telewideniýäniň taryhynda iň ýokary derejesine ýetdi.

Stokgolmda bolan ilkinji günümde men myhmana otagymda bolup geçen pajygaly waka babatda gussa batsam-da, agşam etmeli wagzymy taýýarlamaga dyrjaşýardym. Meniň beýnim jogaby bolmadyk soraglary çözmäge synanyşýardy. Men bu aýaly ölüme elten biderek sebäplere gelen gaharymy köşeşdirjek bolýardym. Kalbymy dolduran ajylyga garamazdan, haýsydyr başga bir pikiriň ýokary çykmaga synanyşýandygyny duýýardym.

Men bu pikirden dynmaga synanyşdym, ýöne başarmadym. Ahyrsoňy, duýgularym bilen ruhumyň arasynda birnäçe sagatlap dowam eden ezýetlerden we agzalalyklardan soň, men dyzyma çöküp, şeýle dileg etdim: “Eý, Atam! Men bu aýalyň ölümine gynanýan. Ýöne haýsydyr bir zadyň ara goşulýandygyny ýüregim bilen syzýan. Nämeler bolup geçýär?”

Indiki pursatda bolsa men kalbymyň jümmüşinden: “Ýohanna gelen aýanlygyň 18-nji babyny oka” diýlenini eşitdim. Şol wagt bu bapda näme diýilýändiginden asla habarym ýokdy. Hawa, aýtmaga utansam-da, boýun alaýyn: ozal men Mukaddes Ýazgylaryň iň soňky kitabyny ymykly öwrenmändim.

Men kitaby açyp okap başladym, ýedinji aýada ýetenimde bolsa, haýran galdym:

> “Ol näçe şöhratlanyp, aýşy-eşret çeken bolsa, şonça-da jebir, gam-gussa beriň oňa! Çünki ol öz ýüreginde şeýle diýýär: ‘Men melike kimin otyryn, dul däldirin, asla ýas tutmaryn’. Şoňa görä, bir günüň içinde ölüm, ýas, açlyk belasy başyna iner, ony ot ýakyp köýdürer. Çünki ony höküm eden Hudaý güýçlüdir! Onuň bilen zyna eden, aýşy-eşretine şärik bolan dünýäniň patyşalary onuň ýangynynyň tüssesini görenlerinde, ýas tutup, aglarlar” (Ýohanna gele aýanlyk, 18:7-9).

Bu sözleri okan badyma meni duýgular gaplap aldy. Şu parçada suratlandyrylan aýal bilen teleýaýlymlarda aýdylýan aýalyň arasynda anyk paralleller görünýärdi. Men üstüme gaýnag suw guýlan ýaly boldum, meni aljyraňňylyk, utanç gurşap alyp, kalbymy sarsdyrdy.

Mukaddes Ýazgylaryň bu aýatlary şeýle köp ýagşylyk eden bu sahy aýala näme dahyly barka?

Resul Ýohannanyň bu aýatlary haýsydyr bir adam barada aýtmandygyny belläp geçmeli. Ol bu ýerde günäli dünýämize aralaşan ruh barada aýdýar. Ýöne onuň şol anyk ýagdaý bilen meňzeşligi bardy we Mukaddes Ruh bu aýatlary aňymy özgertmek üçin maňa görkezipdi.

Hudaý Mukaddes Ýazgylardaky aýatlar arkaly durmuşyňyzdaky haýsydyr bir ýagdaý babatda siziň bilen anyk gürleşipmidi? Şol ýagdaýda meniň bilen hut şeýle boldy.

Hudaýyň Ruhy maňa ýagşylyga berýän kesgitlämi görkezdi. Isa Mesih hem baý ýaş ýigit babatda şeýle edipdi. Hudaýyň maňa aýanlyk berýändigine düşünemden soň, men myhmanhanadaky otagymda Onuň bilen gaty ses bilen jedelleşmäge başladym: "Ýa Hudaý, bu sözler nädip oňa degişli bolup bilýär? Ol ynsanperwerlik işleri bilen meşgul bolupdy, pyýada goşunlara garşy goýlan minalaryň pidalary bolan biçärelere, ýetimlere kömek edipdi ahyryn...."

"Ol ýolbaşçylara bitabyndy we zynalygyny tutuş dünýäniň öňünde göz-görtele edýärdi. Ol Maňa tabyn däldi" – diýip, Reb jogap gaýtardy.

Men şonda-da gulagyma ynanman, jedelimi dowam edip, şeýle diýdim: "Onda onuň adamlara eden köp ýagşylyklary babatda näme?"

Şonda men Hudaýyň Ruhunyň maňa: "Oglum, How enäni ýagşynyýamany saýgaryş daragtyna onuň ýamanlyk tarapy däl-de, ýagşylyk tarapy özüne çekipdi".

Meniň ýüregimde şeýle aýdyň ýaňlanan sözler meni haýran etdi. Men eşiden sözlerimiň tassyklamasyny agtaryp, Gelip çykyş kitabynyň 3-nji babyny açdym we şuny okadym:

> "Aýal bu agajyň miwesiniň iýmit üçin gowudygyny, göze ýakymlydygyny we onuň akyl-paýhas berýändigini görüp, ondan alyp iýdi. Ýanyndaky adamsyna-da berdi, ol hem iýdi" (Gelip çykyş 3:6).

Men “gowy” we “göze ýakymly” sözlerini görüp, dilim tutuldy. Soňra Hudaýyň Ruhy maňa: “Menden bolmadyk we Maňa tabyn bolmaýan ýagşylyk bar” diýidi.

Men eşidenlerim we okanlarym barada oýlanyp otyrdym, Hudaýyň Sözi ähli gizlin zatlary äşgär edip, meni düzedýärdi. Meniň ýagşylyk babatdaky standartymyň Hudaýyň ol babatdaky standartyndan tapawutlanýandygy mese-mälimdi. Hudaý meniň ýüregime gürlemegini dowam etdi. Ol maňa “ýagşy” adamlaryň, aýratyn-da mesihileriň nädip aldanýandygyny görkezdi. Bu adamlar jynsy azgynlyga gatnaşmaýardylar, paýyş sözli aýdymlary diňlemeýärdiler, iblisiň şägirtleriniň gurnaýan rok-aýdymçylarynyň konsertlerine gatnaşmaýardylar, adam öldürmeýärdiler, ogurlyk ýa-da başga erbet işleri etmeýärdiler. Köp adamlar ýagşy, dogry we paýhasly görünýän zatlara ulaşyp, öz-özlerini aldaýarlar. Aslynda welin olara şeýle görünýän zatlar Hudaýyň danalygyna garşy çykýandyr. Mukaddes Ýazgylar bize şeýle diýýär:

> “Ýol bardyr, adama dogry ýaly görünýär, ýöne onuň soňy ölüme barýar” (Sülemanyň pähimleri 14:12).

Şu aýadyň ikinji bölegi barada pikir alşaly. Köp mesihiler bu sözlere degerli üns bermeýärler, sebäbi olar: “Men halas edildim, şypa aldym, göklere barýaryn we ölüm garasyny asla görmerin” diýip pikir edýärler. Olar bu aýat diňe iman etmeýänlere degişlidir öýdýärler. Emma bu aýat barada ýene-de bir gezek oýlanyp göreli.

“Ölüme barýar” diýen jümlä garap geçeli. Mukaddes Ýazgylar ýaşaýyş ýoly we ölüme eltýän ýol barada diýseň köp aýdýar. Hudaý Öz halkyna (Özüne degişli bolmadyklara däl-de, hut Öz halkyna) ýüzlenýär: “Bu halka hem Reb şeýle diýýär diý: ‘Ine, Men ýaşaýyş ýoly bilen ölüm ýoluny siziň öňüňizde goýýaryn’” (Ýermeýa 21:8).

Ýol biziň ýaşaýan danalygymyzy aňladýar. Siz bu sözi Mukaddes Ýazgylarda köp duş gelersiňiz. Isa Mesih nygtap, şeýle diýýär: “Dar gapydan giriň, sebäbi heläkçilige eltýän gapy inlidir we onuň ýoly

giňdir. Bu ýoldan girýänler köpdür. Emma ýaşaýşa eltýän gapy insizdir, ýoly dardyr. Bu ýoly tapýanlar azdyr" (Matta 7:13-14). Eýsem Isa Mesih bu ýerde diňe ebedilik barada diýýärmi?

Hudaý Erem bagynyň ortasynda ýaşaýyş daragtyny oturtdy. Ol Hudaýyň ýaşaýyş ýolunyň, Onuň danalygynyň nyşanydy. Bagyň ortasynda oturdylan ýene bir daragt ýagşylygy we ýamanlygy saýgaryş daragtydy. Bu daragt ölüm ýolunyň – Hudaýa dahyly bolmadyk ynsan danalygynyň nyşanydy. Adam ata bilen How ene bu daragtyň miwesinden dadanlarynda, olar başga durmuşyň netijelerine uçramak bilen çäklenmän, eýsem bada-bat şonuň täsirine düşdüler. Olar bu akylsyz hereketi etmezden öň hiç bir kem zatlary ýokdy, önümlidiler, sagdyndylar, niýetlän her bir işlerinde üstünlik gazanýardylar. Emma gadagan edilen miweden dadan badyna durmuş olar üçin kynlaşdy. Indi olaryň paýyna agyr zähmet, keseller, mätäçlik we kynçylyklar düşdi. Olar bu barada ozal çaklap-da bilmeýärdiler. Olar ölüm ýoluna aýak basdylar.

Emma Hudaý Halasgärdir. Ol ynsanyň weýran eden zadyny nädip dikeltjegini eýýäm bilýärdi. Hudaý *durmuş ýoluny* dikeltmek üçin, äht baglaşdy. Onuň danalygy ýene-de hakyky bagty, durmuşy, lezzetden, parahatlykdan, bolelinlikden we beýleki şatlyklardan doly durmuşy ýaratdy:

> "Danalyk tapan, düşünje gazanan adam bagtlydyr..., hiç bir arzyly zat oňa taý gelmez. Uzak ömür onuň sag elinde, baýlyk hem şöhrat sol elinde [onuň agzyndan hakykat çykýar dilinde kanun we merhemet bar]. Onuň ýollary ýakymly ýoldur, barça ýodalary hem salamatlykdyr. Ýapyşanlar üçin ol *durmuş daragtydyr*. Ony gaýym tutanlar bagtlydyr" (Süleýmanyň pähimleri 3:13-18).

Mukaddes Ýazgylar bize Hudaýyň danalygyny ulanan ýagdaýymyzda durmuşymyzyň hasylly, önümli, üstünlikli, uzak, parahatlykdan we mertebeden doly boljakdygyny görkezýärler.

Biz daragtdan haýsydyr bir zatlary alýarys. Mukaddes Ýazgylaryň şu ýerine laýyklykda, eger biz ýaşaýyş (danalyk) ýoluna eýersek,

ýaşaýyş daragty bolarys. Şonda biz öz öndürýän zatlarymyzdan dadýan adamlar üçin iýmitleniş gözbaşyna öwrülýaris. Tersine, eger biz ynsan danalygyna daýanyp ýaşasak, zyýanly daragta öwrüleris we biziň miwelerimizden iýýän adamlara kynçylyklary, sarsgynlyklary, önelgesizligi, keselleri, diňe özüňi bilmekligi we ruhy ölümiň beýleki önümlerini bereris.

Süleýmanyň pähimlerine dolanyp, ýene-de bir gezek degişli aýady (14:12) okalyň: "Ýol bardyr, adama *dogry ýaly görünýär*, ýöne onuň soňy ölüme barýar". Eger şu aýadyň birinji bölegini öwrensek, ony islendik adam – imanly ýa-da imansyz babatda aňsatlyk bilen ulanyp bolýandygyna düşüneris. Adama dogry, ýagny oňat, paýhasly, köp zatlary wada berýän, kabul ederlik, bähbitli bolup görünýän ýol bar. Emma duýduryş örän anyk berlen: oňat bolup görünýän zat hakykat ýüzünde zyýanly, netijesiz bolmagy ahmal, bu ölüme eltýän ýoldur.

"Ýewreýlere haty" ýazan awtor imanlylara şeýle aýňaldyjy äheňli haty ýazýar:

> "Bu barada aýtjak gürrüňimiz köp, emma eşitmäge islegiňiziň ýokdugy sebäpli, muny size düşündirmek kyn. Hakykatdan-da, siz şu wagta çenli özüňiz başgalara öwretmelidiňiz ahyry! Gaýtam, siz başgalara däl-de, başgalar size Hudaýyň taglymatynyň ilkinji esaslaryny öwretmeklerine mätäç. Size gaty iýmit däl-de, henizem süýt gerek! Gaty iýmit bolsa, kemala gelenler üçindir. *Olar öz gündelik tejribesinden öwrenip, ýagşy bilen ýamany saýgaryp bilýändirler*" (Ýewreýlere hat 5:11,12,14).

Saýgarmaklygyň möhüm faktor bolup durýandygy mese-mälimdir. Ol hakyky ýagşylygy we hakyky ýamanlygy kesgitlemäge kömek edýär. Başga sözler bilen aýdanymda, öz tebigy düşünjämiz, aňymyz we duýgularymyz bilen hakyky ýagşylygy hemişe saýgarmaga ukyply däldiris.

"Eýsem 'Ýewreýlere hatyň' awtory saýgarmaklyk üçin duýgulary türgenleşdirip bolar diýip aýtmadymy näme?" diýip soramagyňyz mümkin. Aýtdy, ýöne ol haýsy duýgular barada aýdypdy? Siz

awtoryň bu aýatlaryň başynda diňlemäge ýaltanýan mesihilere ýüzlenýändigine üns beripmidiňiz? Ol nähili eşitmekli ukyby barada aýdýar? Eýsem şol iman edýän ýewreýleriň baryna eşidiş enjamlary gerek boldumyka? Beýle däl bolaýmasa. Ol ýüregiň bilen eşitmeklik barada aýdýar. Isa Mesih hemişe: "Eşitmäge gulagy bar adam eşitsin!" diýip öwredýärdi (Matta 11:15). Şu taglymaty eşidenleriň barynyň gulagy bardy, emma Hudaýyň Sözüni diňläp, özleri üçin iň ýagşy zatlary saýgarmagy başarýan ýürek hemmelerde ýokdy.

Biz ruhy saýgaryş meselesine indiki sahypalarda has giňişleýin gararys, ýöne ýagşy bilen ýamany ýüzleý derejede hemişe tapawutlandyryp bolmaýandygyna düşünmek wajypdyr. Stokgolmdaky myhmanhanada hakykat bilen duşuşmazymdan ozal, men ýagşylyk bilen ýamanlyk süýrgünortanyň Güni kimin mese-mälim zatlar diýip hasaplaýardym. Ýöne başga bir mysala hem garap geçeliň:

Petrus, Isa Mesihiň toparynyň esasy agzalarynyň biri, Halasgäri gorajakdygyny, Isa Mesihiň uzak ýaşamalydygy barada aýdýardy. Göräýmäge, ol öz Başlygyna oňat maslahat berýär. Emma Isa Mesih onuň aýdanlaryny ýazgaryp, Petrusyň Hudaýyň islegi barada oýlanmaýandygyny aýtdy (seret: Matta 16:21-23). Käwagt ýagşyny ýamandan saýgaryp bilmeýändigimizi tassyklaýan şeýle mysallar Mukaddes Ýazgylarda köpdür.

Süleýman pygamber Hudaýa şeýle doga edýär: "Halkyňy dolandyrar ýaly, ýagşy-ýamany saýgarar ýaly, Sen Öz guluňa pähimpaýhas ber, çünki Seniň san-sajaksyz kim halkyňy dolandyryp biler?" (1Patyşalar 3:9). Hudaýyň ýagşy we ýaman diýip atlandyrýan zatlaryny tapawutlandyrmak üçin äň-bilimli ýürek gerek. How ene hemme zat babatda kämildi, onuň ýaşan bagynda Hudaýyň huzury diýseň güýçli we ägirtdi. Emma How enäniň ýagşy, ýakymly we peýdaly diýip hasaplan zady onuň üçin aldaw we zyýanly bolup çykdy. Ol aldandy, şonuň üçin-de zyýan çekdi.

Bularyň bary bizi kitabyň ýazylmagynyň asyl maksadyna alyp barýar. Hawa, kitabyň maksady Mukaddes Ýazgylar arkaly we

Mukaddes Ruhuň kömegi bilen biziň üçin durmuşda ýagşy boljak ýa-da zyýan ýetirjek zatlaryň arasyndaky tapawudy görkezmekden ybaratdyr. Eger How ene hemme zat babatda kämil bolup, birkemsiz gurşawda ýaşap-da aldanan bolsa, onda biz barada, ýagny akyly kämil bolmadyk, bu azgyn we günäli dünýäde ýaşaýanlar barada gürrüň-de ýok. Biz özümizi heläkleýän zatlary ýagşylyk hasaplap, aldanmagymyz gaty aňsatdyr.

2

# BU NÄDIP ŞEÝLE BOLDY?

Eziz doganlar, aldanmaň! Her bir oňat we
kämil peşgeş ýokardan, gökdäki
yşyklaryň Atasyndan gelýändir...
— Ýakubyň haty 1:16

[Mesihi adam] Hudaý bizi oňat bolandygymyz
üçin söýer diýip pikir etmeýär, tersine,
Hudaý bizi söýensoň, bizi oňat eder.
— K.L. Lýuis

Şol gün men Şwesiýadaky myhmanhana otagymda haýrana galyp, duýgularymyň girdabyndan çykyp bilmän otyrdym. Tanymal aýalyň ölümi babatdaky gynanjyma Hudaýyň beren jogaby meni gorkuzdy, men özüme ýer tapamokdym. Men utanjymdan ýaňa aljyraýardym, kellämde ençeme soraglar eýläk-beýläk çapýardylar. Men eýýäm birnäçe ýyl bäri hyzmat edýärdim, birnäçe kitap ýazdym, men ähli kontinentlerdäki (Antarkdikadan başga) imanlylara wagyz edýärdim. Indi bolsa birdenkä meniň nadanlygym mälim boldy: men hakykatdan-da nämäniň ýagşydygyny bilmeýän ekenim. “Hudaýyň nazarynda ýagşy bolmadyk haýsy zatlary men ýagşy hasapladymkam?” diýen sorag meni hopukdyrdy. Mundan-da beter “Bu nadanlygyň netijeleri nähili bolar?” diýen sorag meni ünjä goýdy.

Şu soraglara jogap bermezden ozal bu zatlaryň başlanan ýerine – Erem bagyna dolanmak peýdaly bolardy. Bu logiki ädim, sebäbi myhmanhana otagymda otyrkam Hudaý meniň ünsümi hut şol ýere

gönükdiripdi. Meni hem beýleki köp imanlylary ýaly bir sorag gyzyklandyrýardy: ýylan How enä Hudaýyň tabşyrygyny bozduryp, ony nädip aldawa saldyka?

Geliň, oýlanyp göreli. How ene birkemsiz şertlerde ýaşaýardy. Onuň göwnüne ne ata, ne garyndaş, ne başlyk, ne mugallym, garaz, hiç kim hiç haçan degmändi. Ol kämil durmuşda ýaşaýardy, hemme zady üpjündi, keseliň we mätäçligiň nämedigini bilmeýärdi, bulardan başga-da, ol öz Ýaradany bilen doly ylalaşykda ýaşaýardy. Hudaýyň huzury ýeriň atmosferasyny dolduryardy, Onuň hut Özi Adam ata we How ene bilen bagda ýygy-ýygydan gezelenç edýärdi. Ýylan bu aýala hem-de erkege nädip Hudaýdan ýüz dönderdip bildikä?

Eger biz bu syryň çözgüdini bilsek, häzirki döwürde duşmanyň bize gurýan duzaklary barada peýdaly maglumatlary öwreneris. Eger biz onuň tilsimleri barada bilsek, onuň üçin aňsat aw bolmarys, ol bizi aňsatlyk bilen aldawa salmaz, Ýaradanymyzdan ýüz öwürdip bilmez.

## Ajaýyp bag

Hudaýda ilkibaşda kämil dünýäni ýaratdy. Dünýä ajaýypdy, päkdi, maddy gözbaşylardan kalba lezzet berýän zatlardan doludy. Hudaý haýwanlaryň, agaçlaryň we tebigy landşaftlaryň diňe birnäçe görnüşini ýaratmady. Ol meýilleşdirip, millondan gowrak janly-jandarlary, iki ýüz elli müňden gowrak ösümlikleri, ýüz müňden gowrak agaçlary we ençeme dürli görnüşleri, topraklary we tebigy serişderi ýaratdy. Ýer ajaýyp sungat eseridi. Alymlar müňlerçe ýyldan soň ony öwrenip, onuň çylşyrymly gurluşyna haýran galarlar. Olar dünýäni heniz öwrenmediler we ony haçan hem bolsa bir wagt kämil derejede öwrenmekleri gümanydyr.

Hudaý şeýle dünýäni Öz ýaradan söýgüli ynsany üçin oýlap tapdy we ýaratdy. Planetanyň şeýle ajaýyp gözelligine garamazdan, Hudaý munuň bilen çäklenmedi. Onuň hut Özi ýerde ajaýyp bagy ekdi, hawa, ýaratmady-da, ekdi.

Men tebigaty we baglary halaýaryn. Emma men olarda işlemegi halamaýaryn, muny aýalym Liza hem tassyklap biler. Ol gaşyny çytyp, meniň bagda göwünsizlik bilen işleýändigime size gürrüň berer. Emma men timarlanan baglaryň, üzüm baglarynyň we tokaýda gezmelemegi halaýaryn. Men reňklere, hoşboý yslara, topraga, agaçlaryň we ösümlikleriň dürlüligine haýran galýaryn.

Ýaňy-ýakynda men Germaniýanyň iň uly köli bolan Boden kölüniň gyrasynda ýerleşýän Konstans şäherinde wagyz etdim. Boden kölüne suw Alp daglaryndaky garlaryň we buzlaryň eremeginiň netijesinde düşýär. Biz Liza ikimiz şol ýerde öz ýakyn dostlarymyzyňkyda myhmançylykda bolduk. Freýmut (ýörgünli nemes ady) we aýaly Jowanna hem ýygnaga çopançylyk edýärler.

Iş saparynyň dowamynda boş günlerimiz bolansoň, dostlarymyz bize wagty gyzykly geçirmegiň birnäçe wariantyny teklip etdiler. Konstansda gyzykly ýerleriň ýetmezçiligi ýokdy, ýöne olaryň arasynda meniň isleýän ýerlerim tapylmady.

Konstans kölünde Güller Adasy diýen bir ýer bar. Onuň resmi ady Maýnau, ýöne güller adasy diýen at oňa has köp ýaraşýar, sebäbi tutuş ada güllere bürenen. Men tutuş ada aýlanmakçy boldum, ýöne muňa uzakly gün gerek boljakdy. Men Liza, Jowanna we Freýmut bu ada girmegi teklip edenimde, oýun edýändirin öýtdüler. Sporty we hereketli dynç almagy söýýan adam şeýle ýürekgysganç gezelenji saýlar diýip kim pikir eder? Men ada gitmek isleýändigimi birnäçe gezek gaýtalanymdan soň dostlarym: ”Biz sen oýun edýänsiň öýtdük. Sen dogrudan-da şol ýere girmek isleýäňmi?” diýip soradylar.

Men: “Hawa!” diýip jogap berdim. Beýlekileriň gaty bir göwünjeň hem däldigine garamazdan, biz ada gezelenç etmegi meýilleşdirdik.

Gün ajaýypdy, biz köpriniň üsti bilen ada ýetdik, girelge tölegini töläp, ekskursiýa başladyk. Men bagyň owadanlygyna we köpdürlüligine diýseň maýyl boldum. Meniň ýeke däldigim oňatdy. Biz bu ajaýyplygyň arasynda düşenimizde, ýoldaşlarymyň gülküsi, degişmeleri bada-bat kesildi.

Bu uly bagyň her bir inedördül metri gözlerimiz üçin baýramçylykdy. Birkemsiz şekildäki owadan gül tümmekleri hemme tarapdan doly görner ýaly ýodajyklar bilen gurşalandy. Güllerden kartalar, äpet haýwanlaryň, çagajyklaryň şekilleri ýasalypdy, agaçlardan we ösümliklerden bolsa jaýlaryň, binalaryň şekilleri ýasalypdy. Täsin şekilde ýasalan suw howdanlary hemme ýerlerde bardy.

Biziň ählimiz bu bagyň owadanlygyndan we zehinlik ussatlygyndan lezzet alýardyk. Onuň hemme ýerlerine aýlanmak üçin ýarym gün gerekdi, biz bolsa bagyň diňe ýarysyna aýlanyp ýetişdik. Şol günüň dowamynda men: "Eger ynsanlar göze ýakymly, hoşboý ysdan doly şeýle gözel bagy döredip bilen bolsalar, onda Hudaýyň döreden Erem bagy nähili bolduka?" diýip köp gezek oýlandym. Erem bagy landşaft we bagçylyk işine ökde bolan ussat taryndan döredilmändi, ony Rebbiň we Ýaradanyň hut Özi döredipdi.

Hudaý ajaýyp Erem bagyny ekip, onda Adam atany we onuň ýanyna getiren ähli jandarlaryny ýerleşdirdi. Reb Adam atanyň ýer ýüzündäki 1.25 million jandary nähili atlandyrjakdygyny göresi geldi. Bu adam gör nähili akyla eýedi! Adam ata olary diňe atlandyrmaga ukyply bolman, eýsem olaryň atlaryny hem ýatda saklamalydy, onuň eliniň aşagynda ne iPad-y, ne-de Google-y bardy.

Adam ata juda akyllydy.

Emma Hudaý jandarlary Adam atanyň ýanyna diňe atlandyrmak üçin getirmändi. Ol Adam atanyň haýsy jandary özüne ýoldaş edip saýlajagyny göresi gelýärdi.

Adam ata guşlaryň, haýwanlaryň baryny atlandyrdy, ýöne olaryň arasynda oňa laýyk ýoldaş tapylmady. Soňra Reb Hudaý Adam atany agyr uka giderip, ol ýatyrka gapyrgasyny alyp, ony bedene besledi. Ol Adam atanyň gapyrgasyndan aýal ýaradyp, ony ýanyna getirdi. Şonda Adam ata:

> "Ine, süýegi öz süýegimden, teni öz tenimdendir; ol aýal bolar, çünki ol erkekden alnandyr" (Gelip çykyş 2:23).

Erkek üçin iň oňat kömekçi aýal boldy. Olar biri-birine laýykdylar. Olaryň ikisine hem ýeriň, aýratyn-da bagyň aladysyny etmek tabşyrylypdy.

How ene heniz ýaradylmanka, Hudaý Adam ata anyk tabşyryk beripdi. “Hudaýymyz Reb adama şeýle emr etdi: ‘Sen bagdaky islän agaçlaryň miwesinden arkaýyn iýip bilersiň. Ýöne ýagşyny-ýamany saýgaryş daragtynyň miwesinden iýmegin, çünki şondan iýen günüň sen hökman ölersiň’” (Gelip çykyş 2:16-17).

Mukaddes Ýazgylaryň soňra beýan edýän wakalarynyň anyk haçan bolandygyny biz bilmeýäris. Belki, birnäçe hepde, belki ýyl ýa-da onlarça ýyl, belki-de ondan hem köp wagt geçendir. Ýöne jandarlaryň iň mekiri bolan ýylanyň How ene bilen gürleşip, ony Hudaýyň tabşyrygyny bozmaga iteren şol gün ýetip geldi.

(Ýylan nädip gürledikä? Meniň pikirimçe, günä dünýä aralaşmazdan ozal jandarlaryň hemmesi ynsan bilen gürleşip bilýärdiler. Ine, şu sebäpden hem How ene ýylan onuň bilen gürleşende ne tisgindi, ne-de gorkdy. Jandarlaryň gürlemäge ukyplydygy baradaky bilim nesilden-nesle geçen bolmagy ahmal, sebäbi Bilgam hem öz eşegi gürlände tisginmedi (seret: Çölde 22:21-35). Ol hiç zat bolmadyk ýaly, geň galman öz eşegine jogap berdi.)

## Bu oňa nädip başartdy?

Indi bolsa öz derňewimiziň maksadyna – Erem bagynda bolup geçen waka dolanalyň. Biz iblisiň eýelän ýylanynyň kämil şertlerde ýaşaýan How enäni nädip Hudaýdan ýüz öwürdip bilendigini anyklamakçy bolýarys. Geliň, onuň bu işe nädip çemeleşendigine garalyň.

Ol aýaldan:

> “Dogrudanam, Hudaý size bagdaky agaçlaryň hiç birinden iýmäň diýdimi?” (Gel. 3:1) diýip sorady.

Ýylan şeýle soragy arkaly ilkinji tilsimini amal etdi. Ol How enäni Hudaýyň danalygyndan daşlaşdyrmalydy. Onuň hilegärlik bilen dü-

zen soragy How enä miwesini iýip bolýan ençeme baglary bada-bat unutdyryp, onuň ähli ünsüni ýeke-täk gadagan edilen daragta gönükdirmelidi.

Hudaý Adam ata we How enä: "Bagdaky islendik agajyň miwesini iýip bilersiň, emma...". Hudaý örän jomart, şonuň üçin-de ol "islendik agajyň miwesini iýip bilersiň" diýip nygtady. Bize dünýädäki miweli agaçlaryň müňlerçesi bellidir. Meniň pikirimçe olaryň her biri Erem bagynda bardy. Ýylan näderejede akyllydy? How ene şol miweli agaçlaryň islendiginden iýip bilýärdi, ýöne iblisiň azgyn soragyny eşidende, gadagan edilen ýeke-täk agaçdan gözüni aýryp bilmedi.

Döwür üýtgemedi. Hudaý biziň her birimize peşgeşleri boldan-bol eçilýär, bize gökdäki ruhy ýalkanyşlar elýeterdir (seret: Efesliler 1:3). Olaryň baryny sanamak üçin aýratyn bir kitap ýazmak gerek bolar! Mundan başga-da, Isa Mesih arkaly ähli zatlaryň bize degişlidigi barada hem aýdylandyr (seret: Korintoslylar 3:21-23). Emma duşman Erem bagynda ulanan tilsimini heniz-de ulanýandyr. Ol diňe gadagan edilen zatlary görerimiz ýaly, Hudaýyň jomartlygyny bizden gizlemäge synanyşýar. Hudaý näme üçin bize haýsydyr bir zady gadagan edip bilýär? Biz bu soraga birnäçe sahypadan garap geçeris, häzir bolsa şeýle jogap bereris – biziň bähbidimiz üçin gadagan edýär. Ol biziň üçin nämäniň has oňatdygyny bizden gowy bilýär. How ene Hudaýyň aýdan hakykatyny ýatlap, ýylana dessine jogap berdi:

> "Bagdaky agaçlaryň miwelerinden iýmäge biziň ygtyýarymyz bar. Ýöne Hudaý: 'Siz bagyň ortasyndaky agajyň miwesinden iýmelem dälsiňiz, *oňa degmelem* dälsiňiz, ýogsam ölersiňiz' diýdi" (Gelip çykyş 3:2,3).

How enäniň beren jogabynda nätakyklyk bar. Hudaý agaja degmeli däl diýip aýtmandy. Munuň ähmiýetsiz bolup görünmegi ahmal, ýöne bu ýylanyň Adam atany däl-de, How enäni saýlamagynyň esasy sebäbi bolup durýandyr.

Hudaý tabşyrygy berende, How ene heniz ýokdy, şonuň üçin-de, ol muny Adam ata ýaly Hudaýyň agzyndan eşitmändi. Meniň piki-

rimçe, şol wakadan bir gün öň Adam ata How ene bilen bu uly bagda gezmeläp ýörkäler, ýagşyny-ýamany saýgaryş daragtynyň deňinden geçdiler. Adam ata How enä daragty görkezip, Hudaýyň şol anyk daragt babatda beren tabşyrygyny gürrüň berdi. Habaryň şeýle görnüşini men "gowşurylan" bilim diýip atlandyrýaryn. Emma Adam ata üçin bu tabşyryk açyk bilimdi. Ikisiniň tapawudy nähili? Açyk bilim – Hudaýyň haýsydyr bir zady gönüden-göni görkezeni bolýar.

Isa Mesih günleriň birinde Öz şägirtlerinden: "Adamlar Ynsan Ogluna kim diýýärler?" diýip sorady (seret: Matta 16:13). Şägirtler gezek gezegine başgalardan eşiden atlaryny agzadylar: dirilen Ýahýa Çokundyryjy, Ylýas, Ýermeýa ýa-da pygamberleriň biri. Isanyň şägirtleri bu atlary Twitterde, Feýsbukda, Instagramda we bloglarda başgalardan eşidipdiler.

Isa Mesih başgalaryň gowşuran bilimine esaslanan jogaplaryň baryny eşidenden soň olardan: " Siz Maňa kim diýýärsiňiz?" diýip sorady (15-nji aýat).

Şägirtleriniň dili tutulyp, doňup galdylar. Eger Isa Mesih olara birinji soragy bermedik bolsady, olar başga adamlaryň teswirlemeleriniň täsiri astynda galardylar, olaryň jogaby bolsa gowşurylan bilimi görkezerdi. Hudaýyň olara açanlaryny bilmek üçin, Isa Mesih Öz iki soragy bilen ikinji elden alnan bilimi aýyrdy. Diňe Petrus jogap berip bildi: "Sen diri Hudaýyň Ogly Mesihsiň" (16-njy aýat).

Isa Mesihiň ýylgyryşyny göz öňüne getirýärin: Ol hoşallygyny bildirmek üçin elini Petrusyň egnine goýup: "Eý, Ýunusyň ogly Simun, sen nähili bagtly! Bu syry saňa aýan eden ynsan däl-de, gökdäki Atamdyr" diýdi (17-nji aýat). Petrus internetden eşiden ýa-da haýsydyr bir žurnaldan okan habaryny gaýtalamady! Ol Hudaýyň gönüden-göni aýdan hakykatyny paýlaşdy.

Soňra Isa Mesih şeýle *açyk* bilimde ýygnagyň bina ediljekdigini we dowzahyň ondan üstün gelmejekdigini jar etdi. Tersine, *başga birinden alnan* bilime eýe bolanlary dowzahyň güýçleri aňsatlyk bilen aldawa düşürip biler.

Biz açyk bilimi dürli usullar arkaly alýarys: Mukaddes Ýazgylary ýa-da ylhamlandyrýan kitaplary okanymyzda, ümsümklikde dileg edenimizde çopanyň wagzyny diňlämizde ýa-da Petrusyň üçekde aýanlyk alşy aýanlyk alanymyzda (Resullaryň işleri 10:9-16) ýa-da Mukaddes Ruh biziň ýüregimize Hudaýyň Sözüni açanda alýarys.

Munuň ýeke-täk bir kesgitlemesini bermek kyn. Käwagt ýürekde asuda, ýuwaş ses eşidip bolýar. Käwagt bolsa siz munuň ruhuňyza inen aýanlykdygyny *bilýäňiz*. Käwagt Mukaddes Ýazgylary okanyňyzda ýüregiňiz çalt-çaltdan urup, Hudaýyň huzuryny duýup başlaýaňyz. Emma iň esasy zat – bilýänleriňizi Hudaýdan eşitdiňiz, bu *açyk* bilimi ýüregiňizden sogrup bolmaýar.

Gowşurylan bilim kimdir biriniň Hudaýdan eşiden ýa-da bilen zatlary barada gürrüň berenlerinden emele gelýär. Bu bilim anyk bolup bilýär, ýöne eger Mukaddes Ruh ony ýüregiňize açmaýan bolsa, ony aňsatlyk bilen ýoýup, üýtgedip bolýandyr.

Mysal üçin, men adamlaryň Mukaddes Ýazgylary bilýändikleri bilen öwünýändigini eşidýärin: "Bilýäňmi, Jon, pul ähli bela-beteriň körügidir". Bu adamlar 1Timoteos 6:10-ny okapdyrlar ýa-da muny mysal getiren haýsydyr bir hyzmatçyny diňläpdirler. Ol aýatda şeýle diýilýär: "...pul höwesi ähli bela-beteriň körügidir".

Pul diňe serişde, hawa, diňe serişdedir. Serişdäni dogry ulanyp-da, nädogry ulanyp-da bolýar. Ýarag – bu serişdedir. Talaňçynyň elinde ol nädogry ulanylýar. Emma polisiýa işgäriniň elinde ol jenaýatkäri aýaly zorlamasyndan ýa-da öldürmesinden saklap bilýär. Ol şol bir serişde, ol öz-özünden bitarapdyr, ol erbedem däl, oňadam däl. Pul babatda hem şeýledir: ol diňe bir serişdedir, ol ähli bela-beteriň körügi däldir. Pul höwesi, puly söýmeklik – ine, bu welin ähli bela-beteriň körügidir.

Adamlar gönüden-göni alnan bilime däl-de, gowşurylan bilime eýe bolansoňlar, şeýle ýalňyş teswirlemeleri berýärler. Men öz tejribämde bir zada göz ýetirdim: käwagt gowşurylan bilimiň bolanyndan bolmany gowudyr.

How ene Hudaýyň tabşyrygyny beýan edende daragtyň miwesine el degirmeli däl diýip aýtdy. Bu onuň diňe özüne gowşurylan bilimi

bilendigini aňladýar. Hudaý hemişe bagdady. Ol Adam ata we How ene bilen günde gezelenç edýärdi (seret: Gelip çykyş 3:8). Adam atanyň Hudaýyň tabşyranlaryny How enä aýtmagynda hiç bir nädogrulyk ýok, emma How ene bu tabşyrygy Hudaýyň hut Özünden gaýtadan eşitmäge ymtylmandy.

Çünki Hudaýy jan-tenden agtaryp, Ony has köp bilip, düşünmek isleýänler Ondan bilim alýandyrlar. Pawlus Beriýa şäherindäki imanlylara gögüň habaryny getirende, olaryň näme edendiklerini görüň:

> "Beriýadaky ýahudylaryň gözýetimi Salonikidäki ýahudylaryňka garanda has giňdi. Olar Isa hakyndaky habary göwünjeňlik bilen kabul edip, Pawlusyň aýdanlarynyň hakykatdygyny görmek üçin, Mukaddes Ýazgylary her gün seljerýärdiler" (Resullaryň işleri 17:11).

Beriýalylar Pawlusy üns bilen diňlediler, soňra bolsa özleri Mukaddes Ýazgylary seljerdiler. Men olar barada aýdylanlary halaýaryn: olaryň gözýetimi giňdi, açykdy. Olaryň aňy Mukaddes Ruh üçin açykdy. Olaryň ruhy bilen aňlarynyň arasyndaky kanal açyk bolup, aýanlyklary kabul etmäge taýýardy.

Döwrümiziň köp imanlylaryndan tapawutlylykda, beriýalylar Twitterdäki ýa-da Feýsbukdaky maslahatlaşmalary, maglumatlary indirmändiler. Olar hem Isa Mesih ýaly hemme zady seljermek isleýärdiler. Isa Mesih Özüniň kimdigini şägirtlerinden soranda, köpçüligiň Özi barada aýdýanlary bilen gyzyklanmaýardy. Ol: "Hudaý size näme açdy?" diýip, diňe şony bilesi gelýärdi.

Isa Mesih bilen bolan günleriniň birinde Petrusyň kimdir biriniň: "Isa şol garaşylýan Mesih bolmaly" diýip eşiden bolmagy ahmal. Şol pursatda bilim onuň aňyny dolduryp, ony Mukaddes Ruh gurşap aldy. "Ine! Ol Hudaýyň Ogly. Ol Mesih. Beý-bä! Men şu çaka çenli düşünmändim, indi welin Onuň Mesihdigini bilýärin!" Hudaý Öz hakykatyny ýüreklerimize açanda, bizi hem köplenç şeýle duýgular gaplap alýar.

Petrus babatda, belki, başgaça bolandyr. Bu aýanlyk onuň ýüregine uklamasynyň öňýanynda, ýa-da bir şäherden başga bir şähere barýarka, ýa-da ot başynda şägirtleri bilen gürleşip oturan Isa Mesi-

he seredende inendir. Belki, şol pursatlaryň birinde Petrusyň muňa özi düşünmese-de, Hudaý oňa Köne Ähtiň bir parçasyny, mysal üçin Işaýa pygamberiň kitabyndan Isa Mesihiň geljekdigi baradaky pygamberligi (9:6,7) ýatladan bolmagy ahmal.

Belki, bu aýanlyk Petrusa Isa Mesih kimdir birine şypa berip durka inendir. Çagalyk döwründe mugallymynyň Köne Ähtden Isa Mesihiň geljekdigi baradaky pygamberligi okandygy birdenkä şägirdiň ýadyna düşdi: "Şunlukda, Işaýa pygamberiň üsti bilen aýdylan şu sözler berjaý boldy: 'Ol biziň hassalygymyzy Öz üstüne aldy, biziň dertlerimizi çekdi'". (Matta 8:17, Işaýa 53:4-i tassyklaýar).

Isa Mesihiň hakykatdan-da kimdigi baradaky aýanlyk Petrusa dürli usullar arkaly gelip bilendir, esasy zat – muny oňa *Hudaýyň hut Özüniň açanlygy*.

How ene babatda bu başgaça bolandyr diýip arkaýyn aýdyp bolar. Onuň gönüden-göni alan bilimi ýokdy, tersine, ol gowşurylan bilimi ýeterlik diýip hasaplady. Belki, Adam ata oňa Twitterde şeýle diýendir: "Salam, ezizim! Men seniň ýagşyny-ýamany saýgaryş daragtyna seredip duranyňy gördüm. Oňa degme! Hudaý onuň miwesinden iýsek, öljekdigimizi aýtdy".

## Ikinji başgançak

Indi, ýylan How enäni ýeke-täk gadagan edilen daragta seretmäge mejbur edip, onuň ünsüni çekenden soň, öz niýetlän pisliginde ikinji ädimi etdi. Bu ädim Hudaýyň eýýäm aýdanlaryna bütinleý garşydy. Emma ýylanyň sözleri örän ynandyryjy bolup, özüne çekdi.

> "Ýylan aýala şeýle diýdi: 'Ýok, ýok! Ölmersiňiz. Şol agajyň miwesinden dadan günüňiz, Hudaý siziň gözüňiziň açyljakdygyny we edil Hudaý kimin boljakdygyňyzy hem-de ýagşyny-ýamany saýgarjakdygyňyzy bilýär'" (Gelip çykyş 3:4,5).

Onuň sözleri barada oýlanyň: "Hudaý bilýär". Şeýle diýmek bilen, ol Adam ata we How enä haýsydyr bir zadyň ýaşyrylýandygyny, ýöne bir zadyň hem däl, eýsem olaryň durmuşyny gowulandyryp, olary täze

derejä galdyrjak bir zadyň ýaşyrylýandygyny ýaňzydýar. Bu daragt göze ýakymly bolansoň, ýylan öz delilleriniň akylly we ynandyryjy bolary ýaly hemme zady ymykly gurnapdy. Onuň niýetläni başa bardy.

> "Aýal bu agajyň miwesiniň iýmit üçin gowudygyny, göze ýakymlydygyny we onuň akyl-paýhas berýändigini görüp, ondan alyp iýdi. Ýanyndaky adamsyna-da berdi, ol hem iýdi" (Gelip çykyş 3:6).

How ene daragtyň gowudygyny, göze ýakymlydygyny we ony has paýhasly edip bilýändigini gördi. Bularyň bary oňa arzuwly we gerekli bolup göründi. How ene daragta seredip durka, onuň kellesinde pikirler ýyldyrym tizliginde çapýardylar: "Bir salym dur. Bu daragtda oňat we peýdaly bir zad-a bar. Hudaý bolsa oňa degmegi gadagan etdi. Men ärim bilen has oňat ýaşap bilerdim. Eger bizden nämedir bir zady ýaşyrmadyk bolsadylar, biz has paýhasly we bagtly bolardyk. Men Ýaradan bizi söýýändir, merhemetlidir öýdýärdim, hakykatda bolsa Ol bizi ýalan aldaýan eken. Ol bizden bir zad-a gizleýär".

Onuň pikirleri sekuntsaýyn tizleşýärdi, gadagan miweden datma islegi bolsa güýçlenýärdi. Ol bu daragtda haýsydyr bir oňat zadyň bardygy babatda özüni ynandyrgyça, islegi şonça-da delillenýärdi.

Duşman How enäniň nazarynda Hudaýyň häsiýetlerini ýoýmagy maksat edinipdi. Eger onuň bu niýeti başa baran bolsady, ol How enäni Hudaýdan ýüz öwürdip bilerdi. Näme üçin? Sebäbi Hudaýyň Şalygy Onuň häsiýeti bilen ykrar edilýär we ol arkaly goldanylýar.

Dawut patyşa şeýle ýazypdy: "Seniň tagtyň düýbi — dogrulyk hem-de adyllyk, öňüňden ýöreýär — söýgi hem-de sadyklyk" (Mezmur 88:15).

Çünki Dawut patyşa bu häsiýetleri baky hökmürowanlygyň esasy häsiýetleri bolup durýandygyny bilýärdi. Eger patyşa wepaly, adalatly we paýhasly bolsa, onuň patyşalygynyň soňy bolmaz. Eger ol ikiýüzli we biwepa bolsa, onuň patyşalygy baky dowam etmez.

Hudaýyň häsiýeti kämildir, emma ýylan şonda-da How enäni ynandyrmagy başardy. Ol onuň öňünde hakykatda bolmadyk zatlary şekillendirmäge çalyşdy. Ol gadagan edilen daragty oňat we ýakymly

edip şekillendirdi. Onuň sözlerine görä, daragt adamy paýhasly etmelidi, ýöne daşky keşp aldawa salyp bilýär. Şonuň üçin-de, şeýle ýazylgydyr: “Biz nazarymyzy görünýän zatlara däl-de, görünmeýän zatlara dikýäris” (2 Korintoslylar 4:18). Göze görünmeýän zat – Hudaýyň Sözi. Onuň Sözi adalatly we aýdyňdyr.

## Aldanmaň

Duşman How enä Hudaýyň häsiýeti baradaky pikirini üýtgetdirip, ony Hudaýdan dändirip bildi. Men hem söweşiň iň gyzgalaňly tapgyrlarynda, umyt baglaýşym ýaly dilegime tiz jogap almadyk ýagdaýlarymda şeýle pikirler bilen göreşmeli bolýaryn. Şeýle pursatlarda men özüme Hudaýyň wepadardygyny ýatladýaryn. Kynçylyklardan geçenimde men meseläniň Hudaýda däldigini, Onuň hiç bir zady menden ýaşyrmaýandygyny, ýagşy we merhemetlidigini özüme elmydama ýatladýaryn.

Ýylan How enäni Hudaýyň haýsydyr bir zady ýaşyrýandygy babatda ynandyryp bildi. Eger oňa bu kämil şertlerde, ýagny hiç kimiň hiç haçan ynjatmadyk, zorlamadyk, ulanmadyk aýaly aldamak başardan bolsa, onda häzirki wagtda – öýke-kineden, zorlukdan, pislikden we aldawdan doly günäli dünýäde amal etmek gör bak nähili aňsat! Resul Ýakup bize näme üçin:

> “Eziz doganlar, aldanmaň!” (Ýakup 1:16) diýip berk duýduryar?

Men aldawyň ýeke-täk bir meselesiniň bardygyny, ýagny aldaýandygyny gaýtalamagy halaýaryn. Aldanýan adam özüniň hakdygyna, aldanmaýandygyna we hakykatyň onuň tarapyndadygyna tüýs ýürekden ynanýar. Aslynda welin ol ýalňyşýar, azaşýar we hakykat onuň tarapynda däl. Bu nähili elhenç!

How ene aldanyp, günä etdi. Resul Ýakup biziň şol ýalňyşy gaýtalamazlygymyzy isleýär. Geliň, tutuş parça garap geçeliň:

> “Eziz doganlar, aldanmaň! Her bir oňat we kämil peşgeş ýokardan, gökdäki yşyklaryň Atasyndan gelýändir. Ol hiç haçan üýtgeýän däldir, Onda üýtgemekligiň ýokundysy hem ýokdur” (Ýakup 1:16,17).

Ýakup oňat peşgeşleriň *köpüsi* Hudaýdan gelýär diýmeýär. Adamlaryň köpüsi bolsa hut şeýle pikir edýändirler. Ýok, ol *her bir* oňat we kämil peşgeşiň Hudaýdan gelýändigini nygtaýar. Meniň pikirimçe, şeýle ýazyp bolardy: "Hudaýyň isleginden daşarda siziň üçin hiç bir oňat zat ýokdur". Indiki sözlemi ünsli okaň:

*Haýsydyr bir zadyň oňat görünmegi, onuň sizi bagtly we ruhy taýdan baý etmegi, näçe şatlyk, baýlyk we üstünlik getirip bilmegi, näderejede ýakymly, ýörgünli we kabul ederli görünmegi wajyp däldir. Eger bu zat Hudaýyň paýhasyna (ýa-da Hudaýyň Sözüne) gabat gelmeýän bolsa, ol ahyrsoňy sizi ýok edip, durmuşyňyza gam-gussa getirer.*

How ene oňat çözgüdi – onuň we äriniň durmuşyny gowulandyrjak oňat çözgüdi saýlaýandygyna ynanýardy. Emma onuň tamasy çykmady. Eger siz şindi, birnäçe müň ýyldan soň, Hudaýdan has paýhasly bolup, özüňiz üçin nämäniň has peýdalydygyny Ondan oňat bilýänsiňiz diýip pikir edýän bolsaňyz, onda hut How ene ýaly aldanýansyňyz we iru-giç munuň ajy hasylyny orarsyňyz.

Siz meniň erbet we dar pikir edýändirin öýtmegiňiz mümkin, emma bu beýle däl. Men diňe sizi ägä etmek isleýärin. Şu kitap siziň ömrüňiz, hyzmatyňyz, işiňiz, aragatnaşygyňyz we durmuşyňyzyň dürli çäkleri üçin hakykatdan-da nämäniň oňatdygy baradaky oňat maslahatlardan doludyr. Ýöne men Isa Mesihiň doly habaryny wagyz etmek üçin, hem öwüt-ündew etmeli, hem-de öwretmeli. Resul Pawlus hem muny şu aşakdaky sözleri bilen tassyklaýandyr:

> "Biz hemmelere Mesih hakda wagyz edýäris. Olary Mesihiň bedeniniň kämil agzasy hökmünde hödürlär ýaly, her bir ynsana öwüt-ündew edip, uly akyldarlyk bilen taglym berýäris" (Kol. 1:28).

Öwüt-ündew we taglym bermezden, bizi kämillik derejesine ýetirip bolmaýar. Men muny şeýle görýärin. Biz her haçan täze enjamy satyn alanymyzda, oňa berilýän instruksiýanyň birinji ýa-da ikinji sahypasynda şeýle sözleri görýäris: "Üns beriň: ulanmazdan ozal okaň!" Soňra bolsa enjamy öndüreniň nämeleri edip-etmeli däldigi barada birgiden maslahatlary berilýär. Bu duýduryşlar siziň howpsuzlygyňyz

we enjamy zaýalamazlygyňyz üçin berilýär. Eger siz bu enjamyň ulanyş düzgünlerini bozmasaňyz, ol size köp ýyllaryň dowamynda hyzmat eder. Emma öndüriji size duýduryşlary bermese, siz tötänlikde özüňize zyýan ýetirmegiňiz ýa-da enjamy döwmegiňiz ahmal. Soňra bolsa enjamy öndüren kärhana şikaýat arzalaryny ýazyp, enjamdan nädip peýdalanmalydygyny ýazmandyklaryndan zeýrenersiňiz.

Resul Pawlus Täze Ähtiň duýduryşlaryna üns bermelidigimiz barada aýdýar. Eger biz olary berjaý etsek, onda Ýaradanymyz bilen agzybir ýaşap, üstünlikden doly durmuşda ýaşarys. Emma bu duýduryşlara üns bermesek, Adam ata we How ene ýaly ejir çekeris. Biz bloglarda, elektron hatlarda durmuşyň adalatsyzdygy, kynçylyklardan, ajylyklardan we synaglardan doludyy barada zeýreneris. Hudaý bolsa şuny aýdyň aýdýar:

> "Goý, bu Kanun kitaby seniň diliňden düşmesin. Şondaky ýazylanlaryň hemmesini dykgat bilen ýerine ýetirer ýaly, ony gije-gündiz aňyňda sakla, şonda seniň ähli işleriňde üstünlik we abadanlyk hemraň bolar" (Ýeşuwa 1:8).

Eger biz Hudaýyň öwüt Kitabynda ýazylanlary doly berjaý etsek, Ol bize üstünlikli we abadan durmuşy kepillendirýär. Emma bu öwütler Kitabynda rahat, höweslendiriji taglym ýok, onda duýduryşlar berilýär.

Gynansak-da, biziň günlerimizde hyzmatçylar we mugallymlar bu wajyp duýduryşlardan köplenç gaça durýarlar. Mukaddes Ýazgylaryň duýduryşly parçalary negatiw kabul edilýär we biz olaryň münberden aýdylmagyny islemeýäris, sebäbi olar göwne ýakymly däl, olar imanlylara ýa-da konferensiýanyň myhmanlaryna ýaramaýar. Şonuň üçin-de, biz imanlylaryň arasynda şeýle köp büdremeleri görýäris. Emma olara öwredip, duýduryşlar berlen bolsady, şeýle büdremeler bolmazdy.

Şindi bolsa men Hudaýyň isleginden we Onuň Sözünden daşarda siziň üçin hiç bir oňat zadyň ýokdugyna ynanyp, bu hakykaty kabul etmäge çagyrýaryn. Eger siz muňa ynanýan bolsaňyz, geliň, ýagşy zat bilen Hudaýyň arasyndaky tapawudy seljereli.

3

# ÝAGŞYLYGYŇ UNIWERSAL ÖLÇEGI

Hudaýyň her bir sözi sap hakykatdyr...
— Süleýmanyň pahimleri 30:5

Hakykat sözüni berk bilmek arkaly
ýalňyşlardan gaça durup bolýandyr...
— Metýu Genri

Men şu kitapda ýagşylyk düşünjesiniň üç tarapy barada pikir ýöretjek. Onuň birinji tarapy biziň Hudaý bilen açary gatnaşygymyza degişli, ikinjisi – häsiýetimize we hereketlerimize, üçünjisi bolsa meýlimize we strategiýalarymyza degişlidir. Bularyň üçüsi-de özara berk baglanyşyklydyr, sebäbi birinjisi – biziň esasymyz, ikinjisi – durmuşymyzyň bütewüligi, üçinjisi bolsa durmuşyň gurluşygydyr. Eger bularyň ilkinji ikisi güýçli bolsa, onda biziň zähmetimiz netijeli we uzak wagtlaýyn bolar. Eger olaryň biri gowşak bolsa, onda ömrümiziň işi bökdençliklere duçar bolup, wagtlaýyn bolar.

Ilkinji öýümizi gurşumyz häzirki ýaly hakydamda. Liza ikimiziň ähli ünsümiz öýüň gurluşygyna berlendi. Biz ilkinji gününden başlap, günde gurluşyga gelýärdik we ony synlaýardyk.

Öýüň binýady gaty gyzyklanma döretmänsoň, biz oňa kän bir üns-de bermeýärdik. Takmynan şol döwürde biziň dostlarymyz hem öz ilkinji öýüni gurupdylar, ol biziňkiden has owadandy. Olar täze öýlerine göçüp baranlaryndan birnäçe ýyl soň diwarlary aşakdan üçege

çenli çat atypdy. Biz olara myhmançylyga baranymyzda, diwardaky jaýryklary görüp, munuň sebäbini soradyk. Olar munuň binýadyň gurluşygynda goýberilen säwlikler zerarly bolandygyny nägilelik bilen habar berdiler. Olaryň gurluşykçylary standartlary bozupdylar, indi bolsa jaýy her näçe abatlajak bolsalar-da, bary biderekdi. Meseläni çözmek üçin köp wagt we serişdeler gerekdi. Dostlarymyzyň bu wakasy maňa binýadyň gurluşygyna çynlakaý garamalydygyny öwretdi. Binýadyň gurluşygy gyzyksyz bolsa-da, ol gurluşygyň iň wajyp tapgyry bolup, öýüň mäkämligini üpjün edýär.

Jaýyň binýady tutulandan soň, diwarlary galdyryp başladylar. Gurluşygyň bu tapgyry biziň üçin has gyzykly bolup göründi. Biz ol ýerde has köp eglenip başladyk, sebäbi jaýyň içinde eýýäm gezmeläp bolýardy. Biz otaglaryň sudurynyň görnerine sabyrsyzlyk bilen garaşýardyk, tamamlanan jaýyň suraty gitdigisaýy aýdyňlaşýardy.

Gurluşygyň soňky tapgyrynda iň gyzyklysy başlandy we biz ol ýerde öňküden-de köp wagt geçirip başladyk. Diwarlar galdyrylandan soň, biz jaýyň içki timarlama işlerine, pollaryň düşelişine, diwarlaryň tekizlenişine we ahyrynda lýustralaryň we çyralaryň oturdylyşyna syn edýärdik. Bu biziň ilkinji öýümizdi, biz ony isleýşimiz ýaly bezäp we gurnap bilýärdik. Biz her günümiz Roždestwonyň ertesi güni kimin başlanýardy.

Şu zatlary gürrüň bermek bilen men näme aýtmakçy bolýaryn? Eger gurluşygyň ilkinji iki tapgyry (binýat we diwarlaryň galdyrylmagy) bolmalysy ýaly edilmedik bolsa, galan zatlaryň bary dostlarymyzyňky ýaly iru-giç zyýan çekerdi.

Şu kitabyň ahyrky bölümi hem – durmuş meýilnamalary we strategiýasy baradaky bölümi iň tamşandyryjy bolup durýandyr. Ol biznesde, hyzmatda we durmuşyň beýleki çäklerinde kabul edýän çözgütlerimiz bilen baglanyşyklydyr.

Käwagt biziň öňümizde göräýmäge oňat, ýöne aslynda beýle bolmadyk saýlaw mümkinçilikleri peýda bolýar. Şeýle ýollary saýlamakda olar biziň güýjümiziň köpüsini ogurlaýarlar. Hakykaty üýtgedip bolmaýar: "...Ol dogry ýoldan ýöreýänlerden hiç bir ýagşylygyny

gaýgyrýan däldir" (Zebur 83:12). Ol bize ähli ýagşylyklaryny bermek isleýär, olar şeýle ajaýypdyr.

Biz bu mowzuga biraz soňra dolanarys, häzir bolsa jaýyň gurluşygyndaky ýaly binýady tutup, diwarlary galdyrmaly.

## "Ýagşy" diýmek näme?

Geliň, "ýagşynyň" nämedigine garap geçeliň. Iwrit dilinde muňa "tow" diýilýär. Sözleri doly seljeriş sözlügi (The Complete Word Study Dictionary) şeýle kegitleme berýär: "şatlyk getirýän, kabul ederlik, oňat, dogry". "Mukaddes Ýazgylardaky sözleriň täze halkara ensiklopediýasy" muňa has giňişleýin düşündiriş berýär:

> Bu ýönekeý söz ýagşylygy onuň iň giň manysynda aňladýar. Ol haýsydyr bir owadan, özüne çekiji, peýdaly, bähbitli, arzuwly we ahlak taýdan dogry zady aňladýar.
>
> "Ýagşy" sözüniň bu kesgitlemeleriniň ählisini baha bermeklik baglanyşdyrýar. Haýsy zadyň ýagşy ýa-da erbetdigini kesgitlemek üçin bir predemetleri, hilleri, hereketleri başga bir predmetler, hiller we hereketler bilen deňeşdirmeli.
>
> Dünýäniň ýaradylyşy baradaky wakada biz "tow" sözüniň manysyny görýäris. Bu wakada Hudaý Öz işine seredip, ony ýagşy diýip atlandyrýar. Hudaý hem baha berýär. Dogrusy, adam baha bermeklik ukybyna Hudaý onuň bilen Öz keşbi we meňzeşligi bilen paýlaşanlygy sebäpli eýedir. Emma günä adamyň düşünme ukybyny ýoýdy, ony ters ugra gönükdirdi. Şoňa görä-de, diňe Hudaý dogry baha bermegi başarýandyr. Köne Äht kitabyndaky pygamberler Hudaýy diňe bir Beriji we ýagşylygyň nusgasy hökmünde kabul etmän, eýsem biziň üçin nämäniň peýdalydygyny we ahlak taýdan dogrudygyny diňe Hudaý bilýär diýip hasaplaýarlar. Hudaý ýagşylyga baha bermek tärleri bilen Öz Sözünde biziň bilen paýlaşansoň, biz – Oňa umyt baglaýanlar, haýsydyr bir zadyň, hereketiň ýa-da hiliň peýdaly ýa-da däldigini ynam bilen kesgitläp bilýäris.

Açary söz – baha bermeklik. Adam ata bilen How ene ýagşy we peýdaly zada baha berenlerinde, Hudaýyň maslahatlaryna daýanmady-

lar. Olar ýagdaýa baha berenlerinde, Hudaýyň standartlaryna däl-de, öz standartlaryna daýandylar. Hudaý bilen ynsanyň arasyndaky duşmançylygyň köki hem hem şu ýerdedir. Ol her döwürde her dürli görnüşe eýe bolsa-da, asyl manysy: "Durmuşym üçin nämäniň gowudygyny özüm bilýän, maňa maslahatçylar gerek däl" diýen pikirden ybaratdyr. Hudaý bolsa şeýle diýýär: "Ýol bardyr, adama dogry ýaly görünýär, ýöne onuň soňy ölüme alyp barýar" (Sül. 16:25).

Men birinji bapda hem şeýle sözleri mysal getiripdim, ýöne ol Süleýmanyň pähimleri kitabynyň 14:12-nji aýadyndan alnypdy. Bu sözler tötänleýin gaýtalanmaýar. Mukaddes Ýazgylardaky şeýle gaýtalanmalar ýörite edilendir. Hudaý üçin käbir meseleleriň has möhümdigini hemişe ýatda saklamak wajypdyr (ser.: Matta 23:23). Haýsydyr bir sözleriň öwran-öwran gaýtalanýandygyny görenimizde, olara has köp üns bermegimiz gerek. Şu ýagdaýda ol çynlakaý duýduryşdyr.

Hudaý ýagşylyk bilen ýamanlygyň arasyndaky çägiň näderejede aňsatlyk bilen bozulýandygyny bilýär. Eger şeýle waka Erem bagynda bolan bolsa, onda biziň günlerimizde bolmagy örän mümkindir. Hudaý bize şuny duýdurýar: görnüşler, hereketler, pikirler, ynançlar, endikler we hatda adatlar göwnejaý ýaly görünseler-de, durmuşy gurmakda aldym-berdime salyp, bizi köp synaglardan geçirmekleri ahmal. Olaryň netijesi birnäçe aýdan ýa-da ýyldan ýa-da kyýamat gününde aýan bolup biler. Resul Pawlus şeýle diýýär: "Käbir adamlaryň günäleri göz-görtele bolup, olar kyýamat gününden öň äşgärdir. Käbirleriniň günäsi bolsa wagtyň geçmegi bilen äşgär bolýar" (1Tim. 5:24). Size munuň nähili täsir edýändigini bilemok, ýöne meni welin bu aýat gaty hopukdyrýar. Bu meniň Hudaýdan gorkup başlaýandygymy aňladanok, ýöne Ondan uzak bolmagymdan gaty gorkýaryn.

Men dogrudan-da Hudaýyň paýhasynyň kämildigine ynanýarynmy? Durmuşym üçin iň oňat zatlaryň Ondadygyna ynanýarynmy? Ine, şular esasy zatdyr. Her bir adam öz ýüreginde şu soraglaryň aýdyň jogaplarynyň bardygy babatda ynamly bolmalydyr. Bu çuňňur ynam soraga baglylykda üýtgäp bilmeýär. Ýa-ha Hudaýyň paýhasy

hemme ýagdaýlarda kämil, ýa-da onuň ýetmezçiligi bar we biz öz çözgütlerimizi Onsuz, ýagny özbaşdak oýlap tapýarys.

> Şeýlelikde, biz ýagşylygyň haýsy standartyna ynanmaly? Ýaşaýyş ýoluna alyp barýanynamy? Resul Pawlus şeýle diýýär: “Mukaddes Ýazgylaryň ählisi Hudaýyň ylhamy bilen ýazyldy. Olar öwretmek, günä edýänleri paş etmek, ýola getirmek, dogrulykda terbiýelemek üçin peýdalydyr” (2 Tim. 3:16).

Resul Pawlusyň aýdanlarynyň açary sözlerini seljereliň. *Mukaddes* Ýazgylar*yň ählisi.* Olaryň haýsydyr bir bölegi däl. Diňe biziň ylalaşýan we halaýan parçalarymyz däl. Olaryň diňe biziň pikirlerimize we ynançlarymyza gabat gelýän parçalary däl. *Mukaddes* Ýazgylar*yň ählisi.* Özüňize dogryňyzy aýdyň: siz Hudaýyň paýhasyny käbir çäklerde dogry, köpüsinde bolsa eýýäm könelip, manysyny ýitiren diýip hasaplaýaňyz gerek?

How ene Hudaýy öz Ýaradany hökmünde tanaýardy, ol Onuň ýagşylygynyň ajaýyplygyndan we huzurynyň gudratyndan lezzet alýardy. How enä dünýäniň baýlygy, asudalygy, sagdynlyk we daragtlaryň Hojaýynyndan bolelin datly iýmitler peşgeş berlendi. Ýöne ol Hudaýyň paýhasynyň dogry däldigi babatda öz-özüni ynandyran badyna, ölüm ýodasyna aýak basdy. Eger How ene kämil şertlerde ýaşap-da aldanan bolsa, onda biz – günä içinde ýaşaýanlar nirede pena taparys? Biziň ýeke-täk penamyz – Mukaddes Ýazgylar.

*Mukaddes* Ýazgylar *öwretmek, günä edýänleri paş etmek, ýola getirmek, dogrulykda terbiýelemek üçin peýdalydyr*. Käbir zatlar ýagşy zatlaryň keşbine girýärler, aslynda welin ýamandyrlar. Göräýmäge ýagşy we dogry ýaly bolup görünýän düşünjeler, oý-pikirler, nukdaýnazarlar, deliller bardyr, emma hakykat ýüzünde bolsa beýle däldir. Bu gizlin howplary göz öňüne tutup, biziň hakykatdan azaşyp, ölüm ýoluna düşmezligimiz üçin Hudaý bize durmuş ugrukdyryjysyny – Mukaddes Kitaby berdi.

Biz öz-özümizden şuny soramaly (we dogrymyzy aýtmaly): “Men Mukaddes Kitaby wagtly-wagtynda okaýarynmy? Ony öwrenýärinmi?

Öz durmuşym üçin Hudaýyň paýhasyny agtarýarynmy? Ýa-da How ene ýaly, Onuň Sözüni ýeterlik derejede bilýän diýip hasaplaýarynmy? Men günä aralaşan planetada ýaşaýaryn, azdyryjy duşman bilen söweşýärin. Eýsem men şeýle gurşawda hakykata How eneden oňat düşünýärmikäm? Durmuşyň dogry ýörelgesine eýerýärmikäm?

Mukaddes Ýazgylaryň ählisi Hudaýyň ylhamy bilen ýazyldy. Bu jümlede kadadan çykmalar ýa-da gizlin manylar ýok. Ýa hemmesi, ýa-da hijisi. Eger Mukaddes Ýazgylaryň ählisi Hudaýyň ylhamy bilen ýazylmadyk bolsa, onda bizdäki instruksiýa anyk däl.

Geliň, Mukaddes Kitaba degişli jikme-jikleri ýatlap geçeliň. Ol 66 kitapdan ybarat bolup, dürli dillerde 1500 ýyl aralygynda ýazyldy. Olaryň awtorlary üç kontinentde (Afrika, Aziýa we Ýewropa) ýaşapdylar.

Mukaddes Kitabyň awtorlarynyň gelip çykyşy, meşgullanan işleri we garaýyşlary dürli-dürlüdir. Olaryň arasynda balykçylar, çopanlar, harby adamlar, patyşalar, patyşa sakysy, lukman, salgytçy, çadyr tikýänler we başgalar bardy. Olary käbiri zyndanda oturan ýerlerinde ýazsalar, ýene birleri köşkde ýazdylar. Bu adamlaryň bary dürli mowzukdan ýazdylar, ýöne muňa garamazdan, ähli kitaplarda görünýän umumylyk haýrana galdyryp, tötänleýin däldir. Kitaplaryň ählisinde bir mowzuk eriş-argaç bolup geçýär: adamzat günä ýolugyp, öz Ýaradanyndan jyda düşdi, Onuň bilen ýaraşmagy başaranok. Emma Hudaý muny Mesih – Reb Isa Mesih arkaly mümkin etdi. Bu pikir ähli kitaplarda: Gelip çykyşdan Ýohanna gelen aýanlyga çenli duş gelýär.

Mukaddes Kitabyň awtorlary habarlaryň mowzugy barada maslahatlaşmak üçin bir ýere ýygnanmaýardylar, olar muny isleseler-de başarmazdylar. Bu diýseň täzin! Bu işiň gidişine ýeke adam-da, ýeke topar-da syn etmändi, olar muny maksat-da edinmändi. Muny Hudaýyň hut Özi etdi. Mukaddes Ýazgylaryň kitaplary uzak wagtyň dowamynda ýazylandygy üçin awtorlaryň köpüsi biri-birini tanamaýardylar, olar dürli sebitlerde ýaşaýardylar. 1500 ýylyň dowamynda kitaplar toplumyň üstüni dolduryardylar. (Oýlanyp, 1500 ýyly göz öňüne

getirjek boluň. Bu döwür gaty uzak bolup, Britan imperiýasynyň dowam edýän döwründen-de köpdür. Haýrana galdyrýan san!)

Şindi, birnäçe nesil çalşandan soň, meni şu pikir haýrana goýýar: Mukaddes Kitaby ýazan awtorlar öz işleriniň bütewi bir Kitabyň düzümine girjekdigini bilmeýärdiler. Olaryň rollary dürli nesillerden we medeniýetlerden bolan adamlaryň şol bir kitabyň aýra baplaryny ýazanlara meňzeýär. Bu adamlar kitabyň ne doly sýužetini, ne-de onuň esasy mowzugyny bilýärdiler. Kitabyň haýrana galdyrýan yzygiderliligi onuň Hudaý tarapyndan ylhamlandyrylandygyny tassyklaýar. Simfoniýada bolşy ýaly, Mukaddes Kitabyň her bir bölümi umumy saz utgaşyklygyna öz notasyny goşýar, ýeke-täk Hudaý bolsa onuň dirižýorydyr.

Muňa aň ýetirmäniň özi Ýazgylaryň Hudaý tarapyndan ylhamlandyrylandygyny doly subut edýär. Hemme awtorlaryň anyk ýazandygyny subut etmek üçin, geliň, ýene-de bir jikme-jikligi goşaly.

Mesihiň geljekdigi baradaky pygamberlikler Köne Ähtiň kitaplarynda ýüzlerçe ýylyň dowamynda, hatda Isa Mesihiň dogulmazyndan bir müň ýyl öň ýazylypdy. Ylahyýet alymlaryň köpüsi Köne Ähtde şeýle pygamberlikleriň üç ýüzden gowrakdygy bilen ylalaşýarlar. Isa Mesih dünýä gelen badyna Öz Atasyna: "„Ine, Men! Kitapda Men barada ýazylgy. Eý, Hudaýym, islegiňi berjaý etmäge, ine, Men geldim" (Ýew. 10:7). Isa Mesih adamlara: "Mukaddes Ýazgylar... Men hakda şaýatlyk edýärler" diýdi (Ýoh. 5:39).

Isa Mesihiň ähli pygamberlikleri berjaý etmegi olaryň Hudaý tarapyndan ylhamlandyrylandygyny birkemsiz subut edýär. Bu fakty ret edýän käbir adamlar Isa Mesih baradaky pygamberliklere laýyk gelýän başga-da taryhy şahsyýetleriň bardygyny aýdýarlar. Hawa, bu dogrudan-da şeýle, käbir şahsyýetler bir, iki, hatda birnäçe pygamberlikleri berjaý edip bilerdiler. Emma olaryň ählisini berjaý eden adamy tapmak mümkin däldir.

Muny size doly suratlandyrmaga ygtyýar ediň. Indiki sahypalaryň birnäçesi manysy boýunça tehniki we ylmydyr, ýöne bu maglumatlaryň wajypdygy, oýlanmak üçin gyzyklydygy babatda sizi ynandyrýaryn.

## Mukaddes Ýazgylaryň anyklylygy

Geçen asyryň ortalarynda professor, ylymlaryň doktory Piter Stouner "Ylym gürleýär" atly kitabyny çap etdi. Ol bu işinde Isa Mesih baradaky pygamberliklere ähtimallyk teoriýasy nukdaýnazaryndan garaýar. Professoryň eden açyşlary barada ylymlaryň doktory H. Harold Hasler "Ylym gürleýär" atly kitabyň girişinde şeýle ýazýar:

> "'Ylym gürleýär' atly kitabyň golýazmasy Amerikan ylmy assosiasiýasy tarapyndan ünsli öwrenildi we bu toparyň ýerine ýetiriji geňeşi onuň ygtybarly we anyk, ähtimallyk teoriýasynyň şeksiz esaslaryna daýanýandygyny ýüze çykardy. Professor Stouner bu teoriýany anyk we ynandyryjy ulanypdyr".

Stouner öz işini diňe okyjylaryň dykgatyna ýetirmek bilen çäklenmän, eýsem onda on iki toparda işlän alty ýüz talybyň gelen netijelerini berýär. Ol özüniň maglumatlaryny ünsli seljerip, olary ykjam redaktirledi. Olaryň ilkibaşdaky baha bermesi Isa Mesih baradaky şu ýedi pygamberligi öz içine alýardy:

1. Mesih Beýtullahamda dogulmaly (Mika 5:2-däki pygamberlik Matta 2:1-7, Ýohanna 7:42 we Luka 2:4-7-de berjaý boldy).
2. Mesihiň öňünden habarçy iberilýär (Işaýa 40:3 we Malaky 3:1-däki pygamberlik Matta 3:1-3, 11;10 we Ýohanna 1:23-de berjaý boldy).
3. Mesih Iýerusalime taýhara münüp girmeli (Zakarýa 9:9-daky pygamberlik Luka 19:28-37 we Matta 21:1-11-de berjaý boldy).
4. Mesihe dosty dönüklik etmeli (Zebur 40:10 we 54:13-15-däki pygamberlik Matta 10:4, 26:47-50 we Ýohanna 13:21-27-de berjaý boldy).
5. Mesih 30 kümüş teňňä satylmaly (Zakarýa 11:12-däki pygamberlik Matta 26:15, 27:3-de berjaý boldy).
6. Mesihi satyp gazanylan pul Rebbiň öýüne küýzegär üçin taşlanylmaly (Zakarýa 11:13-däki pygamberlik Matta 27:5-7-de berjaý boldy).

7. Mesih garalawçylaryň öňünde dymmaly (Işaýa 53:7-däki pygamberlik Matta 27:12, Mark 14:60-61, 15:3-5-de berjaý boldy).
8. Mesih bir ogry kimin haça çüýlenmeli (Zebur 21:7, Zakarýa 12:10 we Işaýa 53:5,12-däki pygamberlik Luka 23:33; Ýohanna 19:18; Matta 27:38; Mark 15:24-27-de berjaý boldy).

Dowam etmezimden öň size ähtimallyk teoriýasynyň sadaja bir mysalyny getireýin. Geliň, sizde 9 sary we 1 ak topjagaz bar diýeliň. Siz olaryň baryny bir sebede salyp, oňatja garyşdyrýarsyňyz. Soňra biz kimdir biriniň gözüni daňyp, sebetden bir topjagazy çykarmagyny haýyş edýäris. Onuň sebetden ak topjagazy çykarjak ähtimallygy ondan bire barabardyr. Bu sadaja ähtimallyk.

Şundan ugur alyp, Piter Stouner geçen sahypada agzalan sekiz pygamberlik barada şu netijeleri getirýär:

> "...Gadymy döwürden şu döwre çenli ýaşan adamyň pygamberlikleriň ähli sekizisini berjaý etme ähtimallygy 100.000.000.000.000.000-den 1-e deňdir".

Şeýle statistika güýçli täsir edýär, ýöne diňe matematik ýa-da alym munuň manysyna düşünip biler. Stouner ynandyryjy delilleri mysal getirýär. Eger biziň üçin 100.000.000.000.000.000 kümüş dollary almak mümkinçiligi dörän bolsady, onda olary nirä goýup bolarka diýen mesele hem dörärdi. Bütin dünýäde olary sygdyryp biljek ammar ýa-da bina tapylmaz. Olar Tehas ştatynyň tutuş meýdany ýaly meýdany iki fut (60 sm) beýiklikde örterdiler. Bu gaty köp mukdardaky kümüş teňňeleridir.

Bize şu teňňeleri almak miýesser etdi diýeli. Indi bolsa bir teňňä bellik edip, ony beýleki teňňeleriň bary bilen Tehas ştatynyň bütin çäginde garyşdyralyň. Indi bolsa bir adamyň gözüni daňyp, ony dikuçura mündürip, islendik ýerinde gonmaga mümkinçilik bereli. Biz gonan badymyza ol dikuçardan düşüp, gözi daňylgy halyna bir teňňäni saýlasyn. Onuň şol bellik goýlan teňňäni saýlama ähtimallygy ýer

ýüzünde şu döwre çenli ýaşan adamlaryň arasynda Mesih baradaky 8 pygamberligiň berjaý bolan adamyny tapmaklyga deňdir.

Stouner şeýle netijäni çykardy:

> “Sekiz pygamberligiň ählisiniň bir adam arkaly berjaý bolmagy Hudaýyň olary ynamly ylhamdyrandygyny subut edýär. Munuň absolýut bolmagy üçin 100 000 triliondan diňe bir mümkinçilik ýeterlik däldir”.

Bular täsin faktlardyr. Emma Stouner diňe ilkinji sekiz pygamberlik bilen çäklenmeýär. Ol Köne Ähtden Isa Mesihiň ömri baradaky pygamberlikleriň ýene-de sekiz sanysyny (jemi on alty) alýar.

On alty pygamberligiň bir adamda berjaý bolmak ähtimallygy $10^{45}$ –den 1-e deňdir.

Bu san näme aňladýar? Bu birlik sanyň yzyndan 45 sany noluň gelýändigini aňladýar. Ol şeýle bolar:

1.000.000.000.000.000.000.000.000.000.000.000.000.000.000.000.000

Stouner bu ähtimallygy görkezýär, men ony ýene-de sada sözler bilen düşündirjek bolaýyn. Eger biz şeýle mukdarda kümüş teňňelerini alan bolsadyk, onda ýer togalagy olary sygdyrardan juda kiçi bolardy. Olaryň baryny tabpatlap, gaty şaryň şekiline salmaly bolardy. Bu şaryň ýa-da sferanyň diametri Ýer togalagyndan Güne çenli bolan aralygyň 60 essesi, ýagny 5,5 milliard mil (1 mil 1605 metre deň) bolardy!

Size bu sferanyň näderejede ägirtdigine düşünmäge kömek etmegime rugsat beriň.

Men Hudaýyň Sözüni öwretmek üçin başga ýurtlara ýygy-ýygydan gidýärin. Biz indi planetanyň beýleki tarapynda 24 sagadyň dowamynda ýetip bilýäris. Resullar şindiki asyry örän halardylar. Emma biz şol kümüş şaryň daşyna uçarda aýlanyp çykjak bolsak, muny amal edip bilmeris, sebäbi hiç kim beýle uzak ýaşamaýar. Şeýle şaryň daşyna aýlanyp çykmak üçin 400 ýylyň dowamynda gonman uçmaly bolardy! Eger biz, aýdaly, piligrimleriň Plimutda, Massaçusets ştatynda 1620 gämiden düşen gününde şeýle uçuşa ugran bolsadyk, onda heniz-de şol şaryň daşyndaky uçuşda bolardyk.

Bu mysalyň Tehas ştatynyň meýdanyny 60 sm galyňlykda örtýän kümüş dollarlarynyň mysalyndan tapawutlydygyny ýatda saklaň. Bu täze şar tutuşlygyna kümüş teňňelerden ybarat.

Indi bolsa şuny göz öňüne getirip göreli: biz şeýle mukdardaky kümüş teňňeleriň birine bellik edip, ony beýleki teňňeler bilen oňatja garaly. Soňra bolsa gözi daňylgy bir adamy şol ägirt mukdardaky teňňelerden birini çekmegini soraly. Siz ol bellik edilen teňňäni çykarar öýdýäňizmi? Siz indi Isa Mesih barada Ol dogulmazdan ýüzlerçe ýyl ozal aýdylan on alty pygamberligiň şol bir adamda berjaý bolmak ähtimallygynyň nähili azdygyna düşünýäňizmi?

Ine, ýene-de bir mysal! Stouner berjaý bolan on alty pygamberlik bilen çäklenmän, kyrk sekiz sanysyny saýlady, onuň delilleri akyly haýrana galdyrýar. Geliň, onuň ýazanlary bilen tanyş bolaly:

> "Bu pikiri ynsan düşünjesiniň çäklerinden daşary çykarmak üçin, geliň, kyrk sekiz pygamberligiň bir adamda berjaý bolma ähtimallygyny göz öňüne getirip göreliň. Ähtimallyk teoriýasany ulanmak bilen, biz kyrk sekiz pygamberligiň şol bir adamda berjaý bolmagynyň 1:10157-ä, ýagny sanyň 157 derejesine deň bolýandygyny ýüze çykararys".

Bu birlik san we onuň yzynda 157 sany nol bar. Bu nollary ýazmak zerurlygy ýok. Stouner öz mysaly arkaly bize şol sanyň nähilidigine düşünmäge kömek etdi. Bu gezek kümüş şar juda ägirt. Has kiçi göwrümli obýekti alyp göreli.

Elektron bize mälim bolan obýektleriň iň maýdasydyr. Elektronlar örän maýdadyr. Eger biz olary 1 dýum (2,54 sm) uzynlykdaky çyzyga düzmek islesek, onda bir minutda 250 elektron sanaýamyzda-da, muňa on dokuz million ýyl wagty sarp etmeli bolarys. Bu örän kiçi san. Munuň diňe 1 dýum uzynlykdaky çyzykdygyny unutmaň. Men sizi 1 inerdördül dýum göwrümine sygjak elektronlaryň mukdaryny we muňa sarp ediljek wagty hasaplap kelläňizi agyrdyp durmaýyn. 1 kub dýuma sygýan elektronlary bolsa agzap-da durmaýyn, sebäbi muňa has hem köp wagt gerek bolar.

Bularyň baryny hakydamyzda saklap, indi 10 sanyň 157 derejesindäki elektronlary düzüminde saklaýan şaryň näderejede ägirt bolup

biljekdigi barada soralyň. Bu şaryň radiusy älemde görünýän iň uzak nokada çenli bolan aralykdan-da uzyn bolar. Görünýän iň uzak nokat bizden 13 milliard ýagtylyk ýyly uzaklykda ýerleşýär (ýagtylyk ýyly – bu ýagtylygyň bir ýyl aralygynda sekuntda (sagatda däl!) 300 müň kilometr geçme aralygyna deň). Eger biziň 13 milliard ýagtylyk ýyly aralygyna deň bolan uzynlykdaky radiusly şarymyz bolaýanda-da, biz 10 sanyň 157 derejesindäki sana deň elektronlary oňa sygdyryp bilmezdik. Olaryň mukdary mundan has artykdyr.

Gözi daňylgy adamyň bu elektronlaryň jümmüşine girip, bellik goýlan bir elektrony çykarma ähtimallygy Köne Ähti ýazan dürli awtorlaryň Isa Mesih hakdaky 48 pygamberligiň bir adamda berjaý bolma mümkinçiligine barabardyr.

300 pygamberligiň bir adamda berjaý bolma ähtimallyk teoriýasyny barlap biljek usullary dykgatyňyza hödürlemegimi isleýäňizmi? Meniň pikirimçe siz: "Ýok, besdir!" diýersiňiz. Men siziň muny aňa sygdyryp bolmajak sanlary suratlandyryp bolmaýanlygy sebäpli şeýle diýýänsiňiz diýip umyt edýän.

Şeýlelikde, geliň, ýokarda aýdylanlary jemläli. Müň ýyldan gowrak wagt aralygynda dürli ýurtlarda ýaşan we dürli dillerde gürlän adamlar tarapyndan ýazylan 300 pygamberlikleriň ählisi bir Adamda berjaý boldy! Şundan soňra Mukaddes Ýazgylaryň Awtorynyň Hudaýdygyny nädip ret edip bolar? Eýsem Onuň agzyndan çykan bu pygambelikler mundan hem köp ähmiýete eýe bolup bilermi?

> "Hudaýyň her bir sözi sap hakykatdyr" (Sül. 30:5).

Onuň hut Özi şeýle diýýär: "Men her bir sözümiň amala aşmagyna gözegçilik edýärin" (Ýermeýa 1:12). Şonuň üçin-de, şeýle ýazylgydyr: "Ol ...beren ýagşy wadalarynyň baryny berjaý etdi" ( 1Pat. 8:56).

Hudaýyň sözi irden dogjak Günden has ygtybarlydyr, Isa Mesih bu barada şeýle diýýär: "Asman bilen ýer öter, emma Meniň sözlerim asla ötmez" (Matta 24:35). Ýaradanymyzyň Hudaýdygyny, Onuň erkiniň Mukaddes Ýazgylarda açykdygyny bilerimiz ýaly, Ol öçmejek yz galdyrdy.

## Ymykly gizlenen

Resul Pawlusyň Timoteosa ýazan ikinji hatyndaky sözlerini ýatlaly: "Mukaddes Ýazgylaryň ähli̇si öwretmek, günä edýänleri paş etmek, ýola getirmek, dogrulykda terbiýelemek üçin peýdalydyr" (2Tim. 3:16). Bu sözlerde çylşyrymly many ýok, olar örän sada. Mukaddes Ýazgylar – Hudaýyň Sözi. Ýagşy zada we ýagşylyga baha bermekde we olary kesgitlemekde Mukaddes Ýazgylara standart hökmünde doly ynanyp bolar. Eger siz paýhasyňyz ýa-da dostýarlaryňyzyň, hünärmenleriň ýa-da jemgyýetiň paýhasy Hudaýyň paýhasyndan gowudyr öýdýän bolsaňyz, gaýrat edip, oňatja oýlanyň, sebäbi Mukaddes Ýazgylar şeýle diýýär:

> "Paýhasly we Hudaýy agtarýan barmyka diýip, Hudaý göklerden adamzada nazar aýlaýar. Olaryň hemmesi ýoldan çykdylar, bary deň derejede haram boldular; ýagşylyk edýän ýok, ýok ýeke biri-de" (Zeb. 52:3-4).

Ozal aýdyp geçişimiz ýaly, Hudaý bize Mukaddes Ýazgylaryň ygtybarlylygy babatda jedelsiz subutnamalary berýär. Ýokardaky parçada mezmurçy paýhasyň oňat görünýändigine garamazdan, onuň Hudaýyň Sözüne laýyk gelmedik ýagdaýynda durmuşymyz üçin zyýanlydygy barada aýdýar.

Resul Pawlusyň Timoteosa ýazanlaryny ünsli okalyň:

> "Emma sen öz öwrenen we ynanýan taglymatyňa sadyk gal. Çünki ony kimlerden öwrenendigiňi bilýänsiň. Sen Mukaddes Ýazgylary hem oglanlykdan bäri bilýänsiň. Bu Ýazgylar Isa Mesihe bolan iman arkaly seni paýhasly edip, halas bolmagyň ýoluny görkezer. Mukaddes Ýazgylaryň ähli̇si Hudaýyň ylhamy bilen ýazyldy. Olar öwretmek, günä edýänleri paş etmek, ýola getirmek, dogrulykda terbiýelemek üçin peýdalydyr. Şeýdip, Hudaýyň adamy haýyr işleriň ähli̇sine taýýar we kämil bolar" (2 Tim. 3:14-17).

Biz özümize öwredilen zatlara sadyk galmaly. Pawlus adamlaryň pikiri, psihologiýa, sosiologiýa ýa-da haýsydyr başga bir dünýewi

paýhaslylyk barada aýtmaýar, ol Mukaddes Ýazgylar barada aýdýar. Resul özüniň ruhdaky ogullygyna olara sadyk galmagyny ündeýär. Ol Mukaddes Ýazgylarda aýdylanlara ýüregimiziň töründen orun berilmeginiň örän wajypdygyny nygtaýar. Eger Adam ata bilen How ene şeýle eden bolsalardy, onda biz bütinleý başga dünýäde ýaşardyk.

Geliň, şeýle ýagdaýy göz öňüne getirip göreliň. Siz syýahata gidip, şol ýerde minalar gömlen meýdandan geçmelimişiňiz diýeli. Ol meýdanda diňe bir gömlen partlaýjy maddalar däl, eýsem ürgün çägelik, ölüm howply duzaklar, zäherli ösümlikler we çukurlar bar. Ýola ugramazdan öň şol ýeriň kartasyny alýarsyňyz. Şol kartada her bir minanyň, çukuryň bar ýerleri görkezilen we duzaklardan, ürgün çägelikden, zäherli ösümliklerden gaça durmagyň ýorgutlary berlen diýeli. Siz şol kartany nädip saklardyňyz? Siz ony garbanma we suw saklaýan torbaňyza salyp, syýahatyň kynçylyklary zerarly ony okamagy unudarmydyňyz? Siz ony diňe mümkinçiligiň peýda bolan wagtynda okarmydyňyz? Siz oňa wagtal-wagtal göz aýlarmydyňyz? Siz kartany ilkibaşda ymykly öwrenip, ähli maglumat ýatda galandyr hasaplap, ony goşlaryňyzyň iň aşagyna salarmydyňyz? Şu hereketleriň haýsydyr biri size gabat gelýärmi? Eger şeýle bolsa, onda siz bu meýdany ýa güýçli ýaralanan halda, ýa-da tabytda taşlardyňyz.

Mese-mälim hakykaty nygtamaga rugsat ediň. Paýhasly adam kartany alyp, ony ünsli öwrener, ol barada oýlanar, soňra bolsa ony gerek wagty aňsatlyk bilen alyp bolar ýaly, elgoşlarynyň arasynda elýeter ýerde goýar. Syýahatynyň dowamynda ol bu karta gaýta-gaýta seredip, ondaky belgilere görä ýörejek ýoluny ymyklyja saýlar. Eger siz şeýle meýdandan geçmeli bolsaňyz, siz hem şeýle edermidiňiz?

Garaz, gepiň gysgasy, biz günde şeýle meýdandan geçýäris, Mukaddes Ýazgylar bolsa biziň kartamyzdyr. Şuny hakydaňyzda saklap, Mukaddes Ýazgylar arkaly Hudaýyň bize näme diýýändigine gulak asyň. Men birnäçe açary aýatlary mysal getireýin. Olara diňe göz aýlaman, her bir sözüni ünsli okamagyňyzy haýyş edýärin. Mukaddes Ýazgylaryň bu aýatlary ölüm howply meýdandan – şindi ýaşaýan

dünýämizden diri we sag-aman çykyp bileriňiz ýaly, sizi ruhlandyrar, "Mukaddes Ýazgylar kartasyna" nähili çemeleşmelidigini öwreder. "Seresap" we "ünsli" sözlerine aýratyn dykgat beriň.

> "Hudaýyňyz Rebbiň ähli buýruklaryny ýerine ýetirmekde gaty seresap bolmalysyňyz. Olardan saga-da, çepe-de sowulmaň" (Kan. 5:32).

Biz Hudaýyň diňe käbir buýruklaryna däl-de, eýsem ähli buýruklaryna eýermeli diýip ýazylgy. Biz olardan saga-da, çepe-de sowulmaly däl. Hudaý bizi juda söýýär, şonuň üçin-de Ol ýolda horluk çekip, heläk bolmagymyzy islemäýär. Ine, Mukaddes Ýazgylardan ýene-de bir mysal:

> "Şonuň üçin hem,...gulak goý. Olary yhlas bilen ýerine ýetiriň, şonda gowy günler görersiňiz..." (Kan. 6:3).

Biz gulak asyp, yhlas bilen ýerine ýetirsek, görjegimiz gowulyk bolar. Hudaýyň hut Özi bu wadany berip, Öz Sözüni berjaý etjekdigine kepil geçýär! Kanun taglymaty kitabynda (8:1, 12:28, 32 we 28:13) biz ýene-de şolar ýaly öwütleri görýäris.

Siz üns bilen garaňyzda, şulary ýüze çykararsyňyz: biz Hudaýyň buýruklaryny berjaý edenimizde, ýalkanyşlardan doly durmuşdan lezzet alýarys, zähmetimiziň netijeliligi artýar, jemgyýetde ýokary orunlary eýeleýäris we hiç haçan yzda ýa-da aşakda bolmaýarys. Onuň Sözüni ünsli okap, ony berjaý etmegiň näderejede wajypdygyna düşünýäňizmi?

Siz: "Jon, bu öwütler kanun astynda ýaşan adamlara berlipdi, bular Köne Ähtiň buýruklary ahyryn. Biz bolsa merhemet ähtiniň astynda ýaşaýarys. Eýsem Isa Mesih bizi bu artykmaç ýükden dyndarmadymy näme?" diýmegiňiz ahmal. Isa Mesih bizi kanundan azat etdi, emma Hudaýyň Sözüni yhlas bilen ymykly berjaý etme öwütlerini bizden almady, sebäbi Hudaýyň Sözi biziň üçin ýaşaýyş ähmiýetlidir. Köne Ähtde ýazylany okalyň:

> "Musa şeýle diýipdi: 'Hudaýyňyz Reb siziň üçin öz halkyňyzyň arasyndan meniň ýaly bir pygamber [Isa Mesihi] çykarar. Onuň size aýtjak her bir sözüne *gulak asyň*" (Res. 3:22).

Bu ýerde Isa Mesihiň aýdan öwütleriniň käbirlerini däl-de, eýsem ählisini berjaý etmelidigimiz barada aýdylýar. Resul Ýakubyň aýdanlaryny okalyň:

> "Emma kim azatlyk berýän kämil kanuna üns berip, eşidenlerini ýatdan çykarman, gaýtam, ony berk berjaý edýän bolsa, Hudaý ony her bir edýän işinde ýalkar" (Ýak. 1:25).

Ine, öwütleriň ýene-de ikisi:

> "Özüňe tabşyrylan oňat taglymaty bizde mesgen tutan Mukaddes Ruh arkaly gora" (2 Tim. 1:14).

> "Şunlukda, eşiden hakykatymyzdan dänmez ýaly, oňa ünsli eýermelidiris" (Ýew. 2:1, NLT, iňlis dilinden terjime).

Biz bilmezden dogry ugurdan sowlup başlaýarys, munuň nädip bolandygyna hatda düşünmän galýarys. Çagalyk döwrümde gaýykda balyk tutmaga gidenimde, ony tizräk tutmak höwesinden ýaňa labyry taşlamagy-da unudýardym. Men balyk tutmaga gyzygyp, ýarym sagatdan töweregime göz aýlanymda, ýeriň gözden gaýyp bolandygyny görýärdim. Men kenardan uzaklaşanymy bilmän, öz seresapsyzlygym zerarly ony gözden ýitirýärdim.

Hakykat babatda hem şeýledir. Biz oňa ymykly üns bermänimizde, ondan kem-kemden uzaklaşýarys. Bu Mukaddes Ýazgylary okamagy, olar barada oýlanmagy, olary berjaý etmegi bes edenimizde bolýar. Eger biz ünsümizi degişli zatlarda jemlemesek, olar wagtyň geçmegi bilen gözümizden gaýyp bolar. Biz dogry ugry ýitireris, töweregimizdäki adamlaryň täsiri we jemgyýetiň sesi bolsa Hudaýyň isleginiň ornuny eýelär. Biz hakykatyň ýoýulan kesgitlemesine daýanyp, hut özümiz üçin ýagşy görünýän zatlary kabul edip başlarys.

Biz geçen bapda örän wajyp hakykaty ykrar etdik: Hudaýyň erkinden daşarda biziň üçin hiç bir ýagşy zat ýokdur. Siz Mukaddes Ýazgylarda Hudaýyň isleginiň açykdygy bilen ylalaşýarsyňyzmy? Eger hawa, bolsa, onda binýady tutmagyň wagty geldi.

4

# BINÝAT

… dogruçyllar bolsa ebedi berkdir.
— Süleýmanyň pähimleri 10:25

Eger siz Mukaddes Kitapda
halaýan zatlaryňyzy kabul edip,
halamaýan zatlaryňyzy ret edýän bolsaňyz,
onda siz Mukaddes Kitaba däl-de,
özüňize ynanýansyňyz.
— Mukaddes Awgustin

Şu kitabyň asyl manysyny düzýän üç aspekti ýatladaýyn: olaryň birinjisi binýat barada, ikinjisi durmuşy berkidýän zatlar barada, üçünjisi bolsa durmuşy bina edýän zatlar barada gürrüň berýär. Bu aspektler kitabyň ahyryna çenli ünsümiziň merkezinde bolar.

Hudaý bilen dogry aragatnaşygy saklamakda binýat iň esasy mana eýedir. Eger siz eýýäm köpden bäri iman edýän bolsaňyz, indiki aýdyljak zatlara ünsli garamagyňyzy nygtaýaryn. Siz binýadyňyzy berkidip bileriňiz ýaly, adamlary älemiň Ýaradyjysy bilen gatnaşyk açmaga çagyryp, täsiriňiziň ýetýän adamlaryna, ýolbaşçylygyňyzdaky adamlara kömek edip bileriňiz ýaly, elimden gelenini ederin.

Mukaddes Ýazgylarda hem şeýle ýazylgydyr:

> “Dogry adam ýok, ýok ýeke biri-de; Düşünýän asla ýok, Hudaýy agtarýan-da ýok. Olaryň hemmesi ýoldan çykdy, ählisi deň derejede dereksiz boldy. Ýagşylyk edýän ýok, ýok ýeke biri-de” (Rim. 3:10-12).

Ýagşylyk edýän ýok, ýok ýeke biri-de. Ýer ýüzünde öňde-soňda ýaşan ýa-da gelejekde ýaşajak adamlaryň arasynda Isa Mesihden başgasy Hudaýyň ýagşylyga berýän kesgitlemesine laýyklykda elmydama ýagşylyk eden, edýän we etjekleriň biri-de ýok. Näme üçin? Sebäbi her bir ynsan gul bolup dogulýar. Hawa, biz siziň bilen gul bolup doguldyk. Siz şeýle sorarsyňyz:

— Men kimiň guly?

— Günäniň guly.

Gökden doglanlara resul Pawlus şeýle ýazýar: "Hawa, siz günäniň guludyňyz..." (Rim. 6:17).

Adam ata bilen How ene Hudaýyň tabşyrygyny bozan pursadynda öldüler. Hudaý şol gadagan edilen miweden dadanlarynda ykballarynyň nähili boljagyny öňünden duýdurypdy; bu waka olaryň fiziki ölümlerinden köp ýyl ozal boldy.

Şunlukda, şeýle sorag ýüze çykýar: Adam ata bilen How ene nädip miweden dadan günleri öldüler? Olaryň ruhy, ýagny barlyklarynyň özeni öldi. Olar Hudaýdan – Ýaradanlaryndan jyda düşdüler we Onuň tebigatyna mahsus bolmadyk häsiýetleri miras aldylar. Munuň netijesinde olaryň nesli hem şol häsiýetler bilen doguldylar. Bu häsiýetler nesilme-nesil biziň günlerimize çenli geçip gelýär. Gelip çykyş kitabynda bu hakykatyň tassyklamysyny tapýarys: "Adam ýüz otuz ýaşyndaka, ondan öz keşbinde, öz ruhuna meňzeş bir ogul dünýä indi" (Gel. 5:3, The Message, iňlis dilinden terjime).

Şol döwürden bäri adamlar ýagşylygyň nämedigini anyk bilmeýärler we muny edip başarmaýarlar, sebäbi olaryň içindäki moral we ahlak kompaslary bozuldy. Adam şol döwürden bäri diňe günä tarapyndan idilensoň, hakyky ýagşy bilen ýamanyň arasyndaky tapawudy saýgaryp bilmeýärdi. Bu tapawut diňe Hudaýyň ýer ýüzünde bolmagy arkaly mälim bolupdy. Adam ýagşyny ýamandan özbaşdak saýgaryp bilmeýär. Munuň üçin Hudaýyň goşulmagy gerek. Ýylany özüne çeken şeýtan ýer ýüzüniň täze hojaýyny we baş kanunçysy bolup, bitabynlygyň atasyna öwrüldi.

Hudaý ýeri adamyň eýeçiligine beripdi. Ol ony ýere hojaýyn belledi, ýöne adamlar öz ygtyýarlaryny şeýtana berdiler. Müňlerçe ýyl soň şeýtan Isa Mesihi dagyň depesine çykaryp, Oňa bütin dünýäni görkezdi-de, batyrgaýlyk bilen şeýle diýdi: “Men bularyň ählisiniň hökümdarlygyny we şan-şöhratyny Saňa bereýin. Bular maňa berildi, men hem ony islänime berip bilýärin” (Luka 4:6). Onuň şeýle diýmäge doly tutarygy bardy, sebäbi ol bu ygtyýary Erem bagynda ilkinji adamlardan alypdy.

Hudaý bizi halas etmek üçin ýer ýüzüne Öz hudaýlygynyň şanlylygynda gelip bilmändi, sebäbi ýer adamlaryň ygtyýaryna berlipdi. Adamlar bu ygtyýary ýitirensoňlar, ony diňe adam dikeldip bilýärdi. Hudaý Öz meýilnamasy bilen gelipdi, Ol ony Adam ata günä etmezden öň taýynlapdy. Sebäbi Hudaý Adam atanyň çözgüdiniň nähili boljakdygyny ilkibaşdan bilýärdi. Ol Adam keşbinde gelip, olary gulçulykdan boşatmagy karar etdi. Hudaý Öz Ogly Isa Mesihi iberdi. Isa Mesih Mukaddes Ruh arkaly aýaldan doguldy; bu aýal Oňa ynsanyň bütinleý tebigatyny, Mukaddes Ruh bolsa Oňa Hudaýyň bütinleý tebigatyny beripdi. Şonuň üçin-de, Isa Mesih biziň gulçulyk näletimizden azat doglupdy.

Ol ýer ýüzünde kämil durmuşda ýaşady. Ol hiç haçan günä etmedi, bitabyn bolmady. Öňde-soňda ýaşan adamlaryň arasynda Ol ýeke-täk bigünä Adam bolup, adamzadyň azatlygy üçin janyny gurban etdi. Ol haça çenli, haç döwründe we haçdan soňra ýaşan her bir erkegiň we aýalyň günäsini haçda Öz üstüne aldy. Ol bizi gulçulykdan boşatmak üçin, Özüniň Şa ganyny dökdi.

Isa Mesih ölüp, jaýlandy. Ol ýerde Hudaýyň nazarynda kämil ýaşansoň, üç günden soň Hudaýyň Ruhy Ony ölümden direltdi. Indi Ol Gudratygüçli Hudaýyň sag tarapynda oturdyldy. Hudaý şeýle diýdi:

> “Şoňa görä-de, eger sen agzyň bilen Isa Mesihiň Rebdigini ykrar etseň, Hudaýyň Ony ölümden direldenine ýürekden iman etseň, halas bolarsyň. Çünki çyn ýürekden iman edýän adam aklanar, agzy bilen ykrar edýän hem halas bolar” (Rim. 10:9-10).

Biz Isa Mesihi Reb hökmünde kabul eden pursadymyzda täsin gudrat amala aşdy. Biziň günäli we ölümli tebigatymyz sumat bolup, oňa derek täze adam, Isa Mesihiň keşbindäki adam doguldy. Gökden biziň bedenimiz däl-de, ruhumyz (biziň asyl barlygymyz) doguldy. Bedenimiz heniz-de ten höwesleriniň täsirine düşýär, ýöne günleriň bir güni ol ýok bolar. Täze durmuş diňe Hudaýyň merhemeti arkaly gelýär, ol biziň oňat hereketlerimize ýa-da işlerimize hiç bagly däldir. Nokat.

Rimlilere hatdan alnan aýatlarda adamyň Isa Mesihi Halasgär dal-de, Reb diýip ykrar etmelidigi barada aýdylýandygyny belläp geçmek wajypdyr. Bu ýerde Günbatar ýygnagynda köp duş gelýän düýpli ýalňyşyň özeni gizlenendir. Grek dilindäki *kurios* sözi "hojaýyn, eýe, iň ýokary häkimiýet" diýmegi aňladýar.

Azat we täze durmuş üçin Isa Mesihi diňe bir Halasgär diýip ykrar etmek ýeterlik däldir. Men munuň gödek we garaşylmadyk äheňde eşidilýändigini bilýärin (aýratyn-da günälileri toba etmäge çagyrymyzda). Emma hut Mukaddes Ýazgylar şeýle diýýär.

Mukaddes Kitapda Halasgär sözi 36 gezek, Reb sözi bolsa 7800 gezek duş gelýär. Hudaý nämäni nygtajak bolýarka? Reb – bu Onuň biziň durmuşymyzdaky orny, Halasgär – biziň üçin amal eden işi. Biz Ony Reb we Patyşa hökmünde kabul etmezden, Onuň işine şärik bolup bilmeris. Biz gul bolup doguldyk. Günä üstümizden agalyk sürdi. Emma biz erkin erk bilen ýaradyldyk, şonuň üçin-de berk karara gelip, öz hojaýynymyzy çalşyp bilýäris. Gutulyş tutuş adamzada peşgeş berildi, ýöne her bir adam muny Hudaýyň şertlerini saklamak bilen birlikde özbaşdak kabul etmelidir.

## Adadaky türme düşelgesi

Bu hakykaty suratlandyrmak üçin toslanan wakadan peýdalanaýyn.

Maşgalaňyz haýsydyr bir adada zalym hojaýynyň ygtyýaryndaky türmede otyrmyşyn diýeliň. Bu ada haçan-da bolsa bir wagt siziň atаňyza uzak ýurduň rehimdar patyşasy tarapyndan sowgat berlipdi.

Emma ataňyz erbet ýalňyşlyk etdi: ol bu adany saklap bilmedi. Zalym hojaýyn we onuň garakçy hyzmatkärleri gelip, aldaw bilen adany eýelediler, ataňyzy we onuň neslini bolsa gul etdiler. Zalym hojaýyn we onuň hyzmatkärleri türme gurup, tutuş maşgalaňyzy gözenegiň aňyrsyna oturtdylar.

Adadaky durmuş kem-kemden parahorluga we azgynlyna batan zalym hojaýynyň we onuň hyzmatkärleriniň tebigatyna laýyk gelip başlady. Netijede, rehimdar patyşa adany höküm etdi. Emma adany ýok etmezden öň, siziň maşgalaňyza bolan söýgüsi sebäpli ada gelip, zalym hökümdaryň goşuny bilen söweşip, ony ýeňdi.

Patyşa türmäniň gapylaryny açyp, şeýle diýdi: “Tussaglaryň ählisi azat. Eger siz zalym hökümdary ret edip, maňa wepaly bolmaga kasam etseňiz, türmeden çykyp bilersiňiz”.

Patyşanyň rehimdarlygy sebäpli bütin maşgala köp garaşylan azatlyga çykdylar. Emma rehimdar patyşa sizi Öz yzyna eýermäge mejbur etmez. Her bir tussagyň özi ädim etmelidir. (Eger patyşa erkin çözgüde derek özüne tabyn bolmagy talap eden bolsady, onda bu zalymlygyň başga bir görnüşi bolardy.) Eger siz erkinligi saýlasaňyz, siz türmeden çykmaly we rehimdar patyşa eýerip, onuň gämisinde ýurduna gitmeli, onuň şalygynyň kanunlaryna görä ýaşamaly. Size mümkinçilik berilýär, ýöne siziň hut özüňiz täze patyşanyň şertleri bilen ylalaşmaly bolarsyňyz.

Rehimdar patyşa siziň maşgalaňyzyň halasgäri hasaplanýar. Ýöne onuň halas edişinden peýdalanyp bilmegiňiz üçin, maşgalaňyzyň her bir agzasy oňa bütinleý tabyn bolmaga razy bolmalydyr, bu bolsa özüni onuň şalygynyň kanunlaryna tabyn etmelidigini aňladýar. *Siziň hiç biriňiz patyşa tabyn bolmazdan, onuň gutulyşyny alyp bilmeýäňiz, adadan gidip bilmeýäňiz*.

Eger siz rehimdar patyşanyň yzyna eýermesiňiz, şol öňki ýeriňizde galarsyňyz. Patyşanyň harby gämileri bolsa golaýda durup, ol adadan giden badyna toplar bilen höküm edilen adany ýok etmäge häzirlenip durandyrlar. Rehimdar patyşanyň hökmürowanlygyna tabyn

bolmakdan boýun gaçyryp, adada galmagy karar eden garyndaşlaryňyzyň ykbaly hem patyşanyň siziň üçin söweşip, azat edendigine garamazdan, zalym hojaýynyň we onuň hyzmatkärleriniňki ýaly bolar.

Eziz okyjym, meni eşit. Hudaý dowzahy ne seniň üçin, ne-de başga adamlar üçin döredipdi. Ol ony şeýtan we onuň perişdeleriniň goşuny üçin döretdi. Isa Mesih höküm güni Öz hökmürowanlygyna tabyn bolmadyk adamlara nämäniň garaşýandygyny aýdar.

> "Onsoň solundakylara şeýle diýer: 'Eý, lagnatlylar, Meniň ýanymdan aýrylyň, iblis bilen onuň perişdelerine taýýarlanan ebedi oda ýanyň!'" (Mat. 25:41).

Dowzah – bu toslama däl. Isa Mesih ol barada gökler barada aýdanyndan has köp aýdýar. Ol dowzah we ol ýerde boljak tükeniksiz ejirler barada aýtmaklygy rehim-şepagatyň ýetmezçiligi diýip hasaplamaýar. Dowzah – bu Onuň söýgi şalygyny ret edenleriň ebedi ölüm öýüdir. Isa Mesihiň sözlerine görä, bu höküm we sütemli ejirleriň ýeri adamlar üçin döredilmändi. Emma, gynansak-da, Adam atanyň bitabynlygy zerarly biziň barymyz höküm astyna düşdük. Indi eger biz täze hojaýyny saýlamasak, şeýtanyň ykbaly biziň ykbalymyz bolar. Isa Mesihiň tutuş adamzady Hudaýyň gazabyndan halas edendigine garamazdan, köp adamlar şeýtan bilen birlikde höküm ediler, sebäbi olar ýerdäki ýaşaýyşlarynda onuň tebigatyny taşlamazlar, başga sözler bilen aýdanyňda, şol erbet adadan gitmezler.

Siz: "Hudaý näme üçin merhemet edip, adamlara şol boluşlary ýaly Öz Şalygyna girmäge rugsat etmeýär?" diýip soramagyňyz ahmal. Isa Mesihe tabyn bolmadyk adamlar azgyn we zalym tebigata eýedirler. Olar ýer ýüzünden gidenlerinde, şol tebigatlary olar bilen baky galar. Eger olara Hudaýyň ebedi Şalyga girmäge rugsat edilse, olar şol ýerdäki ençeme bigünä adamlara zyýan ýetirerler.

Hut şu sebäbe görä Hudaý Adam ata bilen How enäni ýaşaýyş daragtyndan daşlaşdyrmak üçin, olary Erem bagyndan çykardy.

> “Hudaýymyz Reb: ‘Ine, adam ýagşyny-ýamany saýgaryp, Biziň Birimiz kimin boldy. Olar indi ýaşaýyş daragtyna el uzadyp, onuň miwesindenem iýip, ebedi ýaşaýmasynlar’ diýdi. Şoňa görä öz alnan topragyny işläp bejereri ýaly, Hudaýymyz Reb adamy Erem bagyndan çykardy” (Gel. 3:22-23).

Biz ölüm tebigatyny baky miras almaz ýaly, Hudaýyň söýgüsi olary gorady.

## Hökümdarlyk

Günbatar ýurtlardaky ýygnaklar Isa Mesihiň Rebdigine az üns berip, Onuň bizi halas edişini aýratyn nygtaýarlar. Şonuň üçin-de, biziň binýadymyzda Onuň hökümdarlyk ornuna bolan tabynlygymyz ýeterlik däldir. Resul Pawlusyň aýdýanlaryna gulak goýuň:

> “Şeýlelikde, Isa Mesihi Rebbiňiz hökmünde kabul edişiňiz ýaly, Onuň görkezen ýoly bilen ýöräň. Alkyşlar bilen dolup-daşyp, *Mesihde* kök uruň we *bina ediliň*, özüňize öwredilişi ýaly, imanda berk duruň” (Kol. 2:6-7).

Pawlus “Isa Mesihi Halasgär hökmünde kabul edişiňiz ýaly” diýmeýär. Biziň durmuşymyz Isa Mesihe tabyn bolmaly, ol Onuň halas edijilik edermenliginde däl-de, baştutanlygynda bina edilmeli. Biz Oňa baş we ýeke-täk Patyşamyz hökmünde tabyn bolmaly, şonda biz Onuň halas edişiniň miwelerini göreris. Bu Onuň Sözüne, paýhasyna, maslahatyna, öwüt-ündewlerine, terbiýesine we sebäbini bilip-bilmeýänligimize garamazdan, Onuň ugrukdyrmasyna iş ýüzünde tabyn bolýanlygymyzdan görünmelidir. Biz mundan beýläk nämäniň ýagşy ýa ýamandygyny kesgitlemekde öz düşünjämize daýanmaýarys. Biz Onda ýaşaýarys, Onuň durmuşy biziň durmuşymyz bolýar.

Biziň Liza bilen maşgala guranymyza otuz ýyl boldy. Şu döwrüň dowamynda men ussat aşpez bilen geçirýän durmuşymdan peýda görýärin. Liza islendik tagamy bişirmäge diýseň ökde. Dostlarymyň käbiri Lizadan öz aýallaryna pesto sousyny, işdäaçarlar üçin jazla-

malary we beýleki näz-nygmatlary taýynlamagy öwretmegini haýyş edýärler.

Men käwagt Lizany "kiçijek baş aşpezim" diýip atlandyrýaryn. Otuz ýyldan gowrak wagtyň dowamynda men Lizany takmynan on gezek şeýle atlandyrypdym, emma "aýalym" diýip müňlerçe gezek atlandyrypdym. Näme üçin? Sebäbi bu onuň meniň durmuşymdaky orny. "Baş aşpez" ady bolsa onuň äri bolmakdan görýän bähbidimi aňladýar. Lizanyň maňa dürli tagamlary bişirmegi meniň oňa degişlidigimi aňlatmaýar. Biz heniz öýlenmänkäk, ol meniň doglan günümde ajaýyp tagamlary bişiripdi. Ýöne bu bizi uzakwagtlaýyn berk gatnaşyklar bilen baglamandy. Ähli gyzlary unudyp, tutuş ýüregime ýeke-täk oňa bagyş edip, ony aýalym diýip atlandyranymda, onuň bilen edişen ähtim bizi nika gatnaşyklary bilen baglady.

Biziň Isa Mesih bilen gatnaşygymyz hem şuňa meňzeş. Onuň gutulyşyny kabul etmek üçin, biz Onuň hökmürowanlygyna we patyşalygyna tabyn bolmaly. Biz durmuşymyzy bütinleý Oňa tabşyrýarys, Onuň kämil ugrukdyrmasy, häsiýeti, söýgüsi we biziň üçin haýsy zadyň iň gowudygyny bilýändigi babatda ynamly bolýarys. Biziň erkin ýaşamagymyzy güýçli isleýändigine we bizi çäksiz söýýändigine garamazdan, Ol şalaryň Şasy, rebleriň Rebbi. Durmuşymyzda haýsy zadyň birinji orny eýeleýändigine garamazdan, Ol hiç haçan ikinji orna razy bolmaz.

Men Amerikadaky we beýleki günbatar ýurtlaryndaky ýygnaklarda hyzmatçylaryň Rebbi agtarýan adamlara Onuň gutulyşyny hödür edýärler, ýöne Isa Mesihiň Rebdigini agzamaýarlar. Olar şeýle diýýärler: "Siziň bary-ýogy etmeli zadyňyz – Isa Mesihi öz Halasgäriňiz hökmünde kabul etmeli. Siz şol pursadyň özünde Hudaýyň perzendi bolýaňyz". Ýa-da şeýle diýýärler: "Şu gün Isa Mesihi öz Halasgäriňiz hökmünde kabul ediň". Ýa-da: "Geliň, bilelikde şeýle dileg edeli: 'Isa Mesih, meniň ýüregime aralaş-da, meni halas et. Meni Hudaýyň perzendi edendigiň üçin minnetdar. Omyn'".

Hudaýyň maşgalasyna goşulmaga bolan bu çagyryşlaryň biri-de dünýewi durmuşy taşlamalydygyny, Onuň yzyna eýermek üçin öz ýolumyzdan dänmelidigimizi aýtmaýarlar.

Bu habar gowy görünýär, onda hatda Täze Ähtiň käbir aýatlary bar. Ýöne Täze Äht bizi, dogrudan-da, şoňa çagyrýarmyka? Hudaýyň paýhasy eýsem şondamyka? Ýa-da biz gutulyş baradaky habary ýoýup, ony adamlar üçin amatly edäýdikmikäk? Biz öz baha beriş daragtymyzdan iýmitlenmeýärismi näme?

## Özüňi inkär etmek

Geliň, Isa Mesihiň aýdanlaryny ýatlalyň. Onuň adamlar köpçüligine niýetlenen sözleri sada we aýdyň ýaňlanýar.

> "Isa şägirtleri bilen birlikde mähelläni-de ýanyna çagyryp, olara şeýle diýdi: 'Kim Meniň yzyma eýermek isleýän bolsa, özüni inkär etsin-de, haçyny alyp yzyma düşsün. Kim janyny halas etmek islese, ony ýitirer, ýöne kim janyny Meniň we Hoş Habaryň ugrunda ýitirse, ony halas eder'" (Mrk. 8:34-35).

Biz Onuň yzyna eýermek islesek, özümizi inkär etmeli. Nokat.

Bu näme diýildigikä? Iki hojaýyna gulluk edip bolmaýar, sebäbi olar iki dürli herekete çagyranlarynda, olardan diňe birine wepaly galyp bolýar.

Käwagt biziň heniz-de halas edilmedik tenimiz bir zat isleýär, Hudaýyň Sözi bolsa başga zat diýýär. Şeýle ýagdaýlarda eger biz Isa Mesihe öz Beýik Rebbimiz hökmünde eýerjekdigimizi heniz-de kesgitli çözmedik bolsak, öňkimiz ýaly Isa Mesihe seredip, Ony öz Halasgärimiz hökmünde ykrar edýändigimize garamazdan, aňsatlyk bilen garaşsyz ýoly saýlap bilýäris. Eýsem muny ykrar edip-de, ýalňyşyp bolarmy?

Ýalňyşyp bolýar, şonuň üçin-de Isa Mesih şeýle diýipdi: "Näme üçin Maňa: „Ýa Reb! Ýa Reb!" diýip-de, aýdanlarymy etmeýärsiňiz?" (Luka 6:46). Başga sözler bilen aýdylanda, Reb boş,

manysyz durmuş bolýar. Eger biz “Reb” diýip-de, bu sözüň asyl manysyny ýoýýan bolsak, onda Isa Mesihiň aýdyşy ýaly, Ony “ýagşy Mugallym” diýip atlandyrmagymyzyň has gowudygyny aýdýar. Şeýle etsek, biz, iň bolmanda, Onuň taglymyndan bir zatlar öwrenip, Oňa degişlidiris öýdüp, öz-özümizi aldamarys.

Markyň Hoş habarynda (8:34-35) we Täze Ähtiň beýleki aýatlarynda ýazylyşy ýaly, Oňa eýerip, höküm edilen dünýäniň bu “adasyny” taşlamaklyk – özüňi inkär etmekligiň bir warianty däl. Eger biz gelejekki gazapdan gutulmak isleýän bolsak, bu wariant däl-de, hökmany şertdir. Men günbatar ýurtlarynda ýaşaýan adamlaryň muňa juda kynlyk bilen düşünýändiklerine üns berdim. Munuň sebäbi, meniň pikirimçe, biz – adamlar şalygyň esaslaryna demokratiýanyň nukdaýnazaryndan seretmäge synanyşýarys. Demokratiýa Amerikada we beýleki günbatar ýurtlarynda hereket edýär, ýöne biz ony Hudaý babatda ulanmaga synanyşsak, ýeňlişe sezewar bolarys. Hudaý hakyky Patyşa, Ol Beýik Britaniýanyň melikesi ýaly ýöne bir nominal patyşa däl.

Demokratiýa – bu döwleti dolandyrmagyň bir formasy, syýasy gurluş; bu hili gurluş wagtynda ýokary häkimiýet halkyň elinde bolýar, häkimiýet halk ýa-da onuň wekili tarapyndan dolandyrylýar. Ine, biz şeýle pikirli. Ol biziň aňymyza salnan. Şonuň üçin-de, haýsydyr bir zat göwnümize ýaramasa, biz öz nukdaýnazarymyzy beýan etmäge haklydyrys diýip, halamaýan zadymyza garşy çykyp ýa-da ony üýtgedip bilýäris diýip pikir edýäris. Häkimiýeti şeýle dolandyrmak usuly Birleşen Ştatlarda üstünlikli hereket edýär, sebäbi ol dürli pikirleri bolan jemgyýetde ýaşaýan pany adamlar üçin döredilip Hudaý üçin ýatdyr. Bu biziň, ýagny günbatar jemgyýetiniň inini her näçe dyglatsa-da, biziň bagtymyza, Hudaý diktatordyr. Ol örän jomart, geçirimli, ýöne soňky çözgüt elmydama Onuňkydyr. Eger biz Hudaý bilen gatnaşygymyzy demokratiki esaslara görä gurnasak, onda ýalan gatnaşyklary alarys.

Hakyky patyşanyň hökmürowanlygyndaky durmuş bütinleý başga bolýar. Reb we patyşa – iň ýokary häkimiýeti aňlatmakda manydaş

sözler bolup durýandyr. Eger biz dogrudan-da Hudaýa eýermek isleýän bolsak, Onuň şalygy babatda demokratiki esaslary ulanyp bilmeýäris. Eger ulanjak bolsak, onda ýagşyny-ýamany saýgaryş daragtynyň miwesinden dadan Adam ata bilen How eneden hiç parhymyz bolmaz. Biz heniz-de öz hökümimizi ýöredip, özümiz üçin nämäniň iň gowudygyny özümiz çözýäris.

## Öz haçyňy al

Soňra Isa Mesih bize haçy almagy buýurýar. Bu näme diýildigi? Bu özüňi inkär etmekligi aňlatmaýar, ýogsa Isa muny gaýtalamak nämä gerek? Munuň jogabyny biz Pawlusyň galatýalylara ýazan hatynda tapýarys:

> "Men Mesih bilen haça çüýlendim: indi men däl-de, mendäki Mesih ýaşaýandyr. Bedendäki ýaşaýşym bolsa Hudaýyň Ogluna bolan imanym arkalydyr. Ol meni söýüp, Özüni meniň üçin gurban etdi" (Gal. 2:19-20).

Pawlus fiziki haça çüýlenme barada aýdanok, ýogsa ol ölüp, bu haty ýazyp bilmezdi. Ol birnäçe ýyl mundan ozal özüniň Isa Mesihe eýermek karary barada aýdýar. Pawlus öz haçyny aldy. Munuň manysynyň syry "indi men däl-de, mendäki Mesih ýaşaýandyr" diýen sözlerinde jemlenendir. Hudaýyň hakyky perzendiniň her biri hut şeýle pikir etmelidir. Biz garaşsyz bolmagy we ýagşa-ýamana şahsy baha berme daragtyndan iýmitlenmegi bes etdik. Biz indi Onda ýaşaýarys, indi bütin durmuşymyz Ondandyr.

Biz haça garaşlydyrys, bu haç biziň Hudaýa gulak asyp, Onuň güýjünde ýaşarymyz ýaly bizi gulçulykdan azat etdi. Haç bütinleý täze durmuşy teklip edýär. Pawlusyň başga bir hatynda ýazyşy ýaly: "Hawa, biz suwa çümdüriliş arkaly Mesih bilen ölüp, jaýlandyk. Şoňa görä-de, Atanyň şöhratly gudraty arkaly Mesihiň ölümden direlişi ýaly, biz hem täze ýaşaýşa eýe bolup bileris" (Rim. 6:4). Bu täze durmuş ozal taşlap bilmedik zatlarymyzy şindi taşlamaga ukyply edýär.

Günä indi biziň üstümizden hököm sürmeýär, ýöne biz özümiz üçin şeýle täze durmuşy saýlamalydyrys. Biz özümizi bütinleý Onuň ygtyýaryna tabşyrmagy özümiz çözýäris.

Pawlus sözüni dowam edip, şeýle diýýär: "Isa Mesihe degişli bolanlar öz ynsan höweslerini we joşgunlaryny haça çüýländirler" (Gal. 5:24). Ýene-de: " Men bolsa Rebbimiz Isa Mesihiň haçyndan başga zat babatda asla magtanasym gelmeýär. Şu haç arkaly men bu dünýä üçin, bu dünýä-de meniň üçin ölüdir" (Gal. 6:14). Haç bize günäli tenden azat bolmaga we dünýäniň güýçli täsirine garşy durmaga gujur-gaýrat berýär.

Ýaşlyk döwrümde, Isa Mesihe duşmazymdan ozal, men erbet işleri edýärdim we olary bes etmegi hiç başaramokdym. Men öz tekepbirligimi, ten höweslerimi gaýta-gaýta görkezýärdim, adamlaryň göwnüne degýärdim. Men şeýle hereketlerden boşanjak boldugymça, şonça-da köp lapym keç bolýardy. Men günä baglanyp, onuň ygtyýaryndadym. Emma Isa Mesih bilen haça çüýlenen badyma, men azat durmuşda ýaşap başladym.

> "Biz mundan beýläk günäniň guly bolmaz ýaly, köne tebigatymyzyň Isa Mesih bilen haça çüýlenendigini bilýäris. Biz indi günäniň boýuntyrygyndan boşandyk. Ölen adam günäniň ygtyýaryndan azatdyr" (Rim. 6:6-7).

Men siz şu aýady sypdyrmarsyňyz diýip umyt edýärin. Bu sözlerden ganyp-ganyp içiň, sebäbi olarda azatlygyňyzyň güýji bardyr. Hakykat mundan hem ajaýypdyr. Haçy synlamaklyk bize günäden azatlygy köpden-köp berýär we Oňa gulak asyp ýaşamaga kömek edýär. Şeýle ýazylgydyr: "Heläkçilik ýolundan barýan adamlar üçin haç baradaky habar akmaklykdyr. Emma biz, ýagny gutulyş ýolundan barýanlar üçin bu habar Hudaýyň gudratydyr" (1 Kor. 1:18). Ozal öz güýjümiz arkaly başarmadyk zadymy indi başarýarys: Onuň ýörelgesine eýerýäris. Biz indi Hudaýyň göreldesine eýerip bilýäris. Biz indi Isa Mesihiň yzyna eýerip bilýäris.

Şeýlelikde, biz özümizi inkär etmezden we haçymyzy almazdan, Isa Mesihiň yzyna eýerip bilmeýäris diýip aýtdyk. Özümizi inkär etmeklik – öz ýollarymyzy unudyp, Onuň hudaýlyk ygtyýaryny kabul etmekligi, haçymyzy almaklyk bolsa günäden ägä bolmak we dünýewi ýollardan gaça durmak üçin Isa Mesihiň güýjünden dolmaklygy aňladýar. Biz iman arkaly Onuň güýjünde ýaşaýarys. Bu güýç bizde we biz arkaly hereket edýär. Biz Ondan iýmitlenýäris. Bize Hudaýyň gutulyşynyň gör nähili ajaýyp toplumy peşgeş berlen!

## Dabaraly duýduryş

Isa Mesih Ol gidenden soň Onuň ygtyýarlygyna tabyn bolmagy talap etmeýän we gutulyşy wada berýän hoş habaryň wagyz ediljekdigi we kabul ediljekdigi barada duýdurypdy. Resullar bolsa munuň Isa Mesihiň ýere dolanyp geljek döwründe, ýagny biziň günlerimizde boljakdygy barada has anyk aýtdylar. Isa Mesihi *Reb* hökmünde, ýagny durmuşyňyzyň Hojaýyny hökmünde kabul etmegiň hökmany däldigi baradaky bu boş habar giňden ýaýrar. Ony şeýle atlandyrmagyň özi-de ýeterlik diýip hasaplanylar. Adamlar Oňa Reb diýerler, ýöne özlerini inkär etmezler, öz haçlaryny alyp, Onuň yzyna eýermezler. Isa Mesihiň sözlerini ünsli okaň:

> “Maňa: „Ýa Reb! Ýa Reb” diýen her bir adam Gögüň Şalygyna girmez, diňe gökdäki Atamyň islegini berjaý eden oňa girer” (Mat. 7:21).

Isa Mesih Reb diýip hut Ony, ýagny Muhammedi ýa-da Josef Smiti däl, Buddany ýa-da Krişnany däl, Konfusini ýa-da beýleki ýalan pygamberleri däl-de, hut Ony Reb diýip atlandyrjak adamlar barada diýýär. Ýok, bu adamlar Isa Mesihi batyrgaýlyk we ynam bilen öz Rebbi diýip atlandyrarlar.

Isa Mesh näme üçin bu aýatda *Reb* sözüni iki gezek ulanýar? Biz Mukaddes Ýazgylarda haýsydyr bir sözüň ýa-da jümläniň tötänleýin iki gezek gaýtalanmaýandygyny bilýäris. Awtor pikiriň asyl manysy-

ny nygtaýar. Emma şeýle ýagdaýlarda gaýtalanma diňe haýsydyr bir pikiri nygtamak üçin däl-de, eýsem emosional öwüşgüni görkezmek üçin ulanylýar: “Wah, oglum, Abşalom! Jan oglum, jan oglum, Abşalom!” (2 Şam.19:4). Men Dawut “jan oglum” diýip dogrudan-da iki gezek gaýtalandyr öýdemok. Meniň pikirimçe şu wakany ýazga geçiren adam okyjy Dawudyň perýadynyň näderejede çuňňur bolandygyna düşünip bilmegi üçin şeýle gaýtalanmany ulandy.

Ýohanna gelen aýanlykda hem şeýle gaýtalanmalar bar: “Soňra men gökde uçup ýören bürgüdi gördüm. Onuň batly ses bilen şeýle diýýänini eşitdim: ‘Surnaý çaljak beýleki üç perişdäniň surnaýynyň sesinden ýaňa ýer ýüzünde ýaşaýanlaryň gününe waý-waý-waý!’” (Aýan. 8:13). Beýleki terjimelerde perişde “batly ses bilen diýdi” diýip aýdylýar. Emosional öwüşgüni nygtamak üçin awtor ýene-de “waý-waý-waý!” diýen sözi gaýtalaýar.

Mugallym adamlaryň Oňa görkezjek çuňňur duýgulary barada aýdýar. Olar Isa Mesihiň Hudaýyň Ogly baradaky taglym bilen ylalaşmak bilen çäklenmezler, olaryň ynamlary gabanjaňlykdan we yhlasdan doly bolar. Bu adamlar Isa Mesihi şatlyk bilen kabul edip, öz imanlary barada jan-tenden şaýatlyk edýärler, ýygnaklarda aglaýarlar. Olar diňe bir Isa Mesihe wepaly bolman, eýsem Oňa gulluk hem edýärler:

> “Men Kyýamat güni müňlerçe adamyň Meniň ýanyma buýsanç bilen gelip, şeýle diýjeklerini görýärin: ‘Mugallym, biz Hoş Habary wagyz etdik, arwah-jynlary kowduk; Hudaý tarapyndan tabşyrylan iş barada töwerekdäkileriň bary gürrüň etdiler” (Mat. 7:22, The Message, iňlis dilindne terjime).

Men şu ýerde The Message terjimesini ulanýaryn, sebäbi ol bu adamlaryň keseden tomaşa eden adamlar bolmandygyny oňat görkezýär. Olar ýygnagyň işine işjeň gatnaşyp, olary goldaýardylar. Olar: “Biz Hoş Habary wagyz etdik” diýip, öz imanlary barada batly gürleýärdiler. Olar adamlaryň durmuşyny gowulandyrmak üçin zähmet çekýärdiler.

Mukaddes Kitabyň The Message terjimesinde *müňlerçe* diýen söz ulanylýar. Emma terjimeleriň köpüsinde *köp*, ýagny grek sözi *polus*

ulanylýar; polus sözi “uly mukdar, san ýa-da jem” diýmegi aňladýar. Bu söz köplenç “köpüsi, aglabasy” diýen manyda ulanylýar.

Şeýlekikde, Isa Mesih bu ýerde adamlaryň kiçi topary barada dälde, uly topary barada aýdýar. Umumy sanyň aglaba bölegi barada aýdýan bolmagy ahmal.

Geliň, indi jemläliň. Isa Mesih Hoş Habar baradaky taglymata ynanýanlar barada aýdýar. Olar Ony Reb diýip atlandyrýarlar, olar şatlykdan doly, olar Hoş Habary yglan edýärler, mesihilik hyzmatyna işjeň gatnaşýarlar. Olaryň hakyky mesihidigini aňsatlyk bilen görüp bolýar. Emma haýsy zat olary aýyrýar? Olar hakyky imanlylardan nähili tapawutlanýarlar? Isa Mesih bize şeýle diýýär:

> “Şonda Men olara: ‘Eý, ýamanlyk edýänler, Men sizi asla tanamok, ýok boluň ýanymdan!’ diýip, açyk aýdaryn” (Mat. 7:23).

Bu sözlemde açary söz – ýamanlyk edýänler.

Teýeriň “Täze ähtiň grek-iňlis sözlüginde” ýamanlyk sözi kanundan daşary bolan ýagdaý, kanuny bozmaklyk ýa-da ony bilmezlik diýip düşündirilýär. “Mukaddes Kitabyň sözleriniň ensiklopediýasy bu sözüň manysyny has giňişleýin berip, oňa *anomia* sözüni goşýar. Bu söz “Hudaýyň ýa-da ahlak esaslaryny aç-açan bozýan hereketler” diýmegi aňladýar. Sada sözler bilen aýdanyňda, kanuny bozýan, Hudaýyň Sözüniň ygtyýarlygyna tabyn bolmaýan adam.

Bu erkekler we aýallar wagtal-wagtal büdremeýärler, olar Hudaýyň Sözüni elmydama ret edýärler, ony äsgermeýärler, oňa tabyn bolmaýarlar. Eger olar dogrudan-da merhemete görä halas edilen bolsadylar, onda olar diňe bir günä baradaky pikiri ýigrenmän, eýsem özlerini elmydama büdredýän günäden dynmaga ymtylardylar. Olar duýgulardan we höweslerden doly bedenlerini haça çüýlärdiler, päk gylyk-häsiýeti edinmäge ymtylardylar we durmuşlarynda muňa laýyk miwe getirerdiler.

Isa Mesihiň günleriň birinde olara: “Men sizi asla tanamok” diýjekdigini bellemek gyzykly. *Tanamak* sözi grekçe *ginosko* bolup,

"ýakyndan tanamak" diýmegi aňladýar. Bu adamlar hiç haçan Isa Mesih bilen ýakyndan gatnaşmandylar. Olaryň Ony Mugallym we Reb diýip atlandyrýandygyna garamazdan, bu olar üçin ýöne bir ýüzlenme sözleridir, sebäbi olar Onuň aýdýanlaryny etmeýärler. Onuň bilen hakyky gatnaşykda bolmak – Onuň Sözüni berjaý etmekligi aňladýar.

> "Eger Hudaýyň buýruklaryny berjaý edýän bolsak, onda Ony tanaýandygymyzy mälim edýäris. 'Hudaýy tanaýaryn' diýibem, Onuň buýruklaryny berjaý etmeýän adam ýalançydyr, onda hakykat ýokdur" (1 Ýoh. 2:3-4).

Ýakup hem öz hatynda: "Käbiriniň: 'Seniň imanyň bar, meniň bolsa oňat işlerim' diýmegi mümkin. Emma men aýdýaryn, hany, oňat işler etmezden maňa imanyňy görkez, men hem saňa imanymy oňat işlerim arkaly görkezeýin!" diýip ýazanda, hut Sözi berjaý etmekligi göz öňünde tutupdy.

Bu jümleler Isa Mesihiň sözlerine doly gabat gelýär: "Adamlary olaryň edýän işleri arkaly tanap bolýar" (Mat. 7:20, NLT, iňlis dilinden terjime). Isa Mesihiň göz öňüne tutýan işleri mesihilik hyzmaty, Hoş Habary wagyz etmeklik ýa-da ýygnaga gatnaşmaşlyk bilen hiç bagly däldir, sebäbi Hudaýyň Şalygyny girmejekler hem bu işleri ederler.

Tim Keller Isa Mesihiň sözlerini şeýle beýan edýär:

> "Bu sözler örän ýiti ýaňlanýar. Bu adamlaryň imany bar; ol intellektual taýdan höweslendirýär, duýgy taýdan sylaglaýar we sosial gutulyşy sowgat berýär. Biziň hemmämiz-de şeýle imanly bolasymyz gelýär. Biz intelektual höweslendirmeleri, emosional dolulygy, sosial taýdan peýdaly bolmagy isleýäris, emma welin Hudaýy islemeýäris, sebäbi, eger Hudaý durmuşymyzda, dogrudan-da, bar bolsa, onda biz ähli erk-güýjümizi Oňa tabyn etmeli. Şeýdip, biz Hudaýy ulanmaga dyrjaşýan we Oňa hakykatdan-da hyzmat etmäge synanyşýan adamlaryň arasyndaky tapawudy göreris".

Hudaýy ulanmak – Ony öz bähbidimiz üçin gözlemekligi aňladýar; Oňa hyzmat etmek bolsa Oňa bolan söýgimiz sebäpli hereket etmekligi aňladýar.

Eger biz Ony söýýän bolsak, onda Onuň buýruklaryny berjaý ederis.

Biziň günlerimizde adamlaryň köpüsi Isa Mesihe Reb diýip, Onuň taglymatyna ynanýan, emosional kuwwatdan doly we mesihilik hyzmatyna işjeň gatnaşýan adamy Hudaýyň perzendi diýip atlandyrarlar. Ýöne Isa Mesihiň aýdan sözlerinden bu häsiýetleriň hakyky imanlynyň portretinde esasy däldigini aýdyň mälim bolýar. Bu häsiýetleriň ählisiniň hakyky imanla mahsus boljagy gürrüňsizdir. Eger adamda şeýle häsiýetler bolmasa, ony imanly hasaplap-da bolmaz. Emma şeýle häsiýetlere eýe bolmaklyk Hudaýyň hakyky perzendi bolmaklygy aňlatmaýar. Iň esasy zat – özüňi inkär edip we haçyňy alyp, Onuň yzyna eýermek.

Iň ähmýetli zat – Gökdäki Atanyň sözlerine gulak asmak.

Bu mowzuk Isa Mesihiň daglyk ýerde eden meşhur wagzyny jemleýär. Ol şonda haýrana goýýan sözleri aýdyp, bu meselede nokat goýýar.

> “Şonuň üçin hem bu sözlerimi eşidip, olary berjaý edýän her bir adam öýüni gaýanyň üstünde guran akylly adama meňzeýär. Ýagyş ýagyp, siller geldi, ýeller öwsüp, ol öýe urdy, emma öý ýykylmady, sebäbi ol gaýanyň üstünde gurlupdy. Meniň bu sözlerimi eşidip, olary berjaý etmedik her bir kişi öýüni çägäniň üstünde guran akmak adam ýalydyr. Ýagyş ýagyp, siller geldi, ýeller öwsüp, ol öýe urdy. Öý ýykylyp, bütinleý wes-weýran boldy” (Mat. 7:24-27).

Bu tymsal Onuň Hudaýyň Şalygyna girmekden mahrum ediljek köp adamlara berýän duýduryşydyr. Isa Mesih “şonuň üçin hem” diýmek bilen, olary şol mahrum ediljek adamlar bilen baglanyşdyrýar.

Eger tymsalda agzalýan adamlaryň şu iki toparyna seretsek, olaryň arasyndaky tapawudyň azdygyny göreris. Olaryň iki topary-da Onuň sözlerini eşidýärler, ýöne birinji topar olary “berjaý edýär”, ikinjisi

bolsa “berjaý etmeýär”. Öýleriň ikisi-de şol bir “materialdan” – şol bir taglymatdan bina edilen. Öýleriň biri Isa Meshiň hökmürowanlygynda bina edilen, ikinjisi bolsa adamyň ýagşa-ýamana berýän şahsy bahasynda – Adam ata bilen How enäniň ýüz tutan “daragt” pelsepesinde bina edilen.

Erem bagyndaky günä gaýta-gaýta, şu günki günde hem gaýtalanýandygy gynandyrýar. Onuň daşky görnüşi başga bolsa-da, köki şol öňküdir. Ähli zat, ine, ýene-de şuňa alyp barýar: biz nädip dogry ýaşamalydygymyzy özümiz bilýärismi ýa-da Hudaýyň muny bizden has oňat bilýändigine ynanýarys?

# 5

# DIŇE ISLEGIŇ BOLMAGY ÝETERLIKMI?

Bu işi öz mümkinçiligiňizden ugur alyp bitiriň.
Ony yhlasly başlaýşyňyz ýaly,
yhlas bilen-de tamamlaň.
— 2 Korintoslylar 8:11

Ruhy düşünjäniň altyn düzgüni
akyl däl-de, gulak asmaklykdyr.
— Oswald Çembers

Ýaş ýigit bir gyz bilen duşuşýar diýeliň. Ol owadan, işjeň, ykjam, tagam bişirmäge ökde, çagalara oňat garaýar we iň esasy zat – häsiýeti gowy. Ýigit oňa aşyk we bütin ömrüni onuň bilen geçiresi gelýär. Ajaýyp pursatlaryň birinde, ýaş ýigidiň ymykly taýýarlyk gören pursadynda, ol dyzyna çöküp, içi göwher ýüzükli gutujygy açyp, gyza öýlenmegi teklip edýär.

Ýigit begenýär, sebäbi gyz ýylgyryp, begenjinden ýaňa gygyrýar, gözlerinden ýaş damjalary damýar we şeýle diýýär: “Hawa! Hawa! Hawa! Huşummyka?! Men hatda ynanyp-da bilemok. Bu meniň iň bagtly günüm. Men seni şeýle söýýän! Elbetde men saňa durmuşa çykaryn!”

Olar bagtdan ýaňa biri-biriniň gujagyna dolýarlar, gyz ýigidiň göreçlerine seredip, oňa hyjuw bilen şeýle söz berýär: “Biz örän bagtly bolarys. Men iň oňat aýal bolaryn, öýi bezärin, birkemsiz öý bikesi bolaryn, saňa we çagalarymyza tagamly naharlary bişirerin, sagdyn

durmuş ýörelgesine eýererin, gelşikli geýnip, saňa elmydama söýgimi bagyş ederin".

Ýaş ýigit: "Beý-bä! Nähili bagt! Men ýer ýüzünde iň bagtly ýigit bolmagym ahmal" diýip pikir edýär. Soňra gyz ýigidi tisgindirýän ýene-de bir jümläni aýdýar: "Meniň göwnüme ýaraýan başga ýigitler-de bar. Men, belki, wagtal-wagtal olar bilen hem duşuşaryn".

Ýaş ýigit geň galyp: "Ýok, beýle zat bolup bilmez!" diýip gygyrýar. "Näme üçin, ezizim?"

Ol aljyraýar. Şatlykly pursadyň ajaýyplygy zym-zyýat boldy. Onuň kellesinde: "Ol oýun edýärmikä? Ýöne beýle zatlar babatda nädip oýun edip bolýarka? Men oňa durmuş gurmak barada teklip edenimden soň onuň dili nädip beýle sözleri aýdyp bilýärkä?" diýen pikirler at kimin çapýar.

Oňaýsyz dymyşlyk ara düşýär, ol bakylyk ýaly görünýär. Gyz bagtly pursady gaýtarjak bolup, oňa eglişik edýär: "Bolýar, beýleki oglanlar üçin, goý, diňe ýekeje gün bolsun. Men ýylyň 364 güni özümi saňa bagyş ederin, ýylyň ýekeje gününi bolsa – olara".

Ýaş ýigit öz gulaklaryna ynanmajak bolýar. Gyz garaçyny bilen aýdýan ýaly-la! Ýigit ýene-de: "Ýok, beýle hem bolup bilmez" diýýär.

Gyz aljyraýar, ýöne ol ýigidi güýçli söýensoň, oňa has amatlysyny teklip edýär: "Bolýar, ýylyň dowamynda diňe dörtje sagat babatda nähili?" Men ýylyň dowamynda diňe dörtje sagady başga erkekler bilen geçirerin".

"Ýok!" diýip, ýigit öňküden-de beter nygtaýar.

Gyz heniz-de ýeň bermän: "Ýylda bary-ýogy ýigrimi minut babatda nähili? Maňa başga erkek bilen ýekeje gezek ýatmaga ygtyýar edäý-de!" diýýär. "Ýok!"

Petikden çykalga tapmak üçin, ol öz ýigidine ýalbaryp başlaýar: "Ezizim, men seni örän söýýän, sen meni akyl-huşumy aldyň. Men seni beýlekilerden köp söýýän. Ýöne meniň şeýle hajadym bar. Men diňe bir erkege degişli bolup bilmeýärin. Men saňa wepaly bolmagy

çyn ýürekden isleýän we başga erkeler bilen ýatmaly däldigimi bilýärin, ýöne, gel, durmuşa hakykat ýüzünde garaly. Dünýäde ajaýyp ýigitler şeýle köp, olaryň maňa üns berýändigi göwnüme ýaraýar. Men näme üçin olary inkär etmeli? Näme üçin hem seniň bilen, hem-de olar bilen bolup bilmeýärin?”

Ýigit gaty lapykeç bolup, oňa näme diýjegini-de bilmän, diňe başyny ýaýkaýar. Birnäçe sekunt geçenden soň gyz oňa mylaýymlyk bilen oňa şeýle diýýär: “Men saňa dogrymy aýdaýyn: sen juda köp zady soraýarsyň. Men durmuşdan doly lezzet alasym gelýär”.

Onuň bu sözleri ýigit üçin ýeterlik. Ol: “Bu mümkin däl. Biz öýlenmeris we gaýdyp duşuşmarys”.

Olaryň hersi öz ugruna gidýär.

Geliň, şu ýagdaý barada oýlanyp göreli. Ýaş ýigit oňat edimgylykly ajaýyp gyzy tapýar. Ol hojalyk işlerine ökde, ýigidi söýýär, oňa hyzmat etmäge taýyn we özündäki iň oňat zatlary oňa bagyş edesi gelýär. Ol ýigidiň öýlenmek teklibini uly şatlyk bilen kabul edýär, ähli zat ajaýyp görünýär. Ýigit diňe oňa ýylda ýigrim minudy başga erkekler bilen geçirmäge ygtyýar edäýmeli. Ol näme üçin şeýle ýagdaý bilen ylalaşyp bilmeýärkä?

Munuň jogaby mese-mälim: gyz oňa bütin ömrüni we ýüregini bagyş etmäge taýyn. Ol munuň dogrudygyny bilýär, ol hatda muny isleýär, ýöne gepiň tümmek ýeri – ol beýleki erkeklere juda baglanan.

Öz akylynda bolan ýigitleriň biri-de şeýle gyza öýlenmäge razy bolmaz. Onsoň biz näme üçin Isa Mesih özüni şeýle alyp barýan gelinliginiň yzyndan dolanyp geler öýdýäris? Geliň, Onuň sözlerini ýene-de bir gezek okaly:

> “Isa şägirtleri bilen birlikde mähelläni-de ýanyna çagyryp, olara şeýle diýdi: «Kim Meniň yzyma eýermek isleýän bolsa, özüni inkär etsin-de, haçyny alyp yzyma düşsün. Kim janyny halas etmek islese, ony ýitirer, ýöne kim janyny Meniň we Hoş Habaryň ugrunda ýitirse, ony halas eder” (Mrk. 8:34-35).

Üns beriň, janymyzy halas etmek islegi bizi hemme zatdan mahrum edip biler. Isa Mesih: “Kim janyny halas etmek islese, ol halas eder” diýip aýtmady. Aşyk-magşugyň wakasynda gyzyň özüni ýigide bagyş etjek bolşy ýaly, diňe öz janyňy halas etmek islegi ýeterlik däl.

Dünýädäki iň ajaýyp Şahs bilen äht gatnaşygyny ýola goýmak üçin, özüňi Oňa bütinleý bagyş etmeli, ýagny Oňa her bir zatda tabyn bolmaly. Mukaddes Kitabyň Hudaý bilen gatnaşygy är-aýalyň gatnaşygy bilen deňeşdirýändigi gyzykly zat. Resul Pawlus şeýle ýazýar:

> “... ‘Şol sebäpden hem erkek ata-enesini taşlap, aýaly bilen birigýär we olaryň ikisi bir ten bolýar’. Bu beýik syrdyr, ýöne men munda Mesih we imanlylar ýygnagy barada gürrüň edýärin. Şunlukda, her biriňiz aýalyňyzy özüňizi söýşüňiz ýaly söýüň, aýal hem ärine hormat goýsun”(Efes. 5:31-33).

Pawlus bu öwüdi är-aýal gatnaşyklary babatda beripdi, ýöne ol munuň biziň Isa Mesih bilen gatnaşygymyza hem degişlidigini aýdyň görkezýär. Erkekleriň biri-de özüni bütinleý oňa bagyş edesi gelip, muny iş ýüzünde etmeýän aýala öýlenmez. Eýsem siz Isa Mesih başgadyr öýdýäňizmi? Ýakup şeýle ýazýar:

> “Eý, biwepalar, dünýä bilen dostluk Hudaýa duşman bolýandygyny bilmeýärsiňizmi? Kim dünýä bilen dostlaşsa, Hudaýa duşman bolýandyr” (Ýak. 4:4).

Şu pikiri iki gezek agzamak bilen, ol ony güýçli nygtaýar. Bu ownuk zat däl, bu Hudaý bilen gatnaşygymyzyň ähmiýetli bölegi.

Biwepa – bu bir adam bilen äht edişendigine garamazdan, başga adam bilen gatnaşyga girip, ähtini bozýan adam. Şeýle adam iki adamyň özara baglaşan ähtine özüni bagyş etmeýär.

Reb Isa Mesih bilen äht baglaşmak bilen, biz özümizi inkär edip, özümizi gurşaýan dünýä ulgamyndan çykyp, Onuň yzyna eýermäge borçlanýarys. Bizden Oňa bütinleý tabyn bolmaklyk talap edilýär. Bu Onuň ygtyýaryny kabul edýändigimizi, Onuň islegini öz isleglerimizden has köp berjaý etmek isleýändigimizi aňladýar. Munuň öwezine

bolsa biz Onuň durmuşyny alýarys. Är-aýalyň nikasy hut şeýle gatnaşykda bina edilýändir.

## Men özümçe ýaşamak isleýärin

Eger adamlar ozalky durmuşlaryny saklap bilsediler, onda olaryň köpüsi gutulyşyň berýän aýratyn hukuklygyny kabul ederdiler. Belläp geçilmeli zat: adamlaryň köpüsi Hudaýyň yzyna eýermek üçin köp zatlary taşlamaly boljakdyklaryna düşünýärler, ýöne olar şeýle bahany tölemäge taýyn däldir. Olar Hudaýyň we özleriniň öňünde dogrusyndan gelýärler.

Birwagtlar meniň bir goňşym bardy (ony Kewin diýip atlandyraýyn). Ol şeýle adamlaryň hataryna girýärdi. Ol türgendi, reslingiň bütindünýä federasiýasynyň ýyldyzydy. Ol we onuň maşgalasy biziň köçämizde üç jaý aňyrda ýaşaýardy. Olar biziň etrapçamyza göçüp gelenlerinde, onuň aýaly bizden ägä bolmagy oňa duýdurypdy. Ol: “Bular Isa Mesihiň janköýerleri” diýipdi.

Iki aýdan bu aýal bir zatdan gorkanda, ýarym-ýaş bolup, Lizanyň gujagyna dolupdy. Bu ýagdaý aýalym Liza üçin goňşulara Isa Mesih barada şaýatlyk etmäge mümkinçilik berdi. Şundan soň köp wagt geçmänkä, olaryň iki ogly öz durmuşlaryny Isa Mesihe bagyş etdiler.

Biz maşgalalarymyz bilen gatnaşyp, Kewin bilen ýakyndan dostlaşdyk. Biz köp gatnaşýardyk, görüşýärdik, ogullarymyz bilen basketbol, köçe hokkeýini we golf oýnaýardyk.

Bir gün agşam Hudaý maňa Kewiniň durmuşynda boljak birnäçe wakany görkezdi. Agşam düşüpdi, sagat 10 töweregidi, ýöne men onuň bilen gijikdirmän gürleşmelidigimi duýdum. Kewin gapyny açdy we men oňa geljek dokuz aýyň dowamynda onuň durmuşynda boljak üç waka barada gürrüň berdim.

Hemme zat şeýle-de boldy. Şonda men: “Indi Kewin durmuşyny, gürrüňsiz, Isa Mesihe bagyş eder” diýip pikir etdim. Ýöne onuň durmuşy öňküsi ýalydy, hiç hili özgerişlikler bolmady.

Birnäçe aý geçenden soň Hudaý maňa Kewiniň durmuşynda boljak ýene-de bir wakany görkezdi. Men ýene-de muny oňa aýtdym. Ýöne bu gezek gönüläp, şeýle diýdim: “Kewin, Hudaý durmuşyňda boljak üç waka barada saňa aýtdy. Sen Onuň saňa nähili ýüzlenýändigini görýärsiň. Sen näme üçin durmuşyňy Isa Mesihe bagyş edeňok?”

Kewiniň boýy 6 fut 4 dýum (takm. 195sm), agramy bolsa 249 funtdy (takm. 110kg). Onuň bedeninde bary-ýogy 4% ýag bardy. Ol öz durky bilen islendik adamy gorkuzyp biljekdi. Ol meni boýdan-başa synlap, şeýle diýdi: “Sebäbi men munuň bahasyny bilýärin. Men durmuşymy Isa Mesihe berip, Oňa tabyn bolmalydygymy bilýärin, emma men öz durmuş endiklerimi inkär etmäge taýyn däl”.

Soňra ol sözüni dowam edip, şeýle diýdi: “Jon, biziň guramamyzda örän meşhur bir türgen bar. Ol gaýtadan doglan mesihidigini aýdýar, seniň interwyu beren teleýaýlymyňda ol Hudaý barada wagyz edýär. Ýöne men onuň neşe edýändigini we jynsy gatnaşyklarynda durnuksyzdygyny bilýärin. Onuň menden näme tapawudynyň bardygyny, hany, aýt? Men onuň ýaly ikiýüzli bolasym gelenok. Gowusy, men durmuşymdan lezzet alaýyn, ýüzümi maska bukmaýyn”.

Dostumyň bu sözleri meni diýseň gynandyrdy. Onuň gürrüň beren ýagdaýy ýeke-täk däldi. Ýygnaklara gatnaşyp, Isa Mesihi özleriniň Rebbi diýip atlandyrýan we özlerini Hudaýyň perzentleri hasaplasalar-da, durmuşlaryny Onuň ygtyýarlygyna tabşyrmadyk adamlar dünýäde köpdür. Olar halas edilenmikä?

Ýygnaklarda toba edip, imana gelen adamlar eýsem Hudaýyň perzentleri bolmaýarlarmy näme? Isa Mesih geçmişdäki liderlere şeýle diýipdi: “Siz ýekeje adamy öz diniňize saljak bolup, deňizlere, düzlere aýlanýarsyňyz. Diniňize salanyňyzdan soň bolsa, ony özüňizden hem iki esse köp dowzahyň perzendi edýärsiňiz” (Mat. 23:15, NLT, iňlis dilinden terjime). Men günbatar ýurtlardaky ýygnaklaryň liderleri dowzahyň perzentleri diýjek bolamok. Ýöne meniň soragym şundan ybarat: biz toba edip, iman edenleriň nähilisini ýokary galdyrýarys?

Eger biz Hudaýy agtarýan adamlary öz durmuşlaryny Onuň hatyrasyna taşlamaga çagyrmasak, onda täzelikde iman edenler öz durmuşlarynda hemme zat ýerbe-ýerdir öýderler, hiç zady üýtgetmelidir diýip hatda pikir-de etmezler, sebäbi olaryň onsuz hem baky durmuş wadasy bar. Täzelikde iman eden adam "günäkäriň dilegini" gaýtalan badyna, onuň ynsaby päklendi. Teoretiki nukdaýnazardan ony indi Hudaýdan hiç zat aýra salanok. Täzelikde iman eden bu adamlar imanlylar toparyna degişli bolup, olar bilen ýakyndan gatnaşýarlar. Olaryň ýagşylyga ymtylýandygy mälim zat, olar sosial deňsizligiň pidalaryna, garyp-gasarlara kömek edip başlaýarlar, meýletinçileriň taslamalaryna gatnaşýarlar. Mundan başga-da, olar Gökler Şalygy barada höweslendiriji okuw toplumyny we berlen wadany diňleýärler, netijede olar köpleriň arzuwlaýan toplumyna eýe bolýarlar.

Ýöne täzelikde iman eden bu adamlar, dogrudan-da halas edilenmikä ýa-da olar azaşandyklary sebäpli hakykaty doly eşitmeýärmikä? Eýsem şu habaryň bize azaşan imanlylary bermegi mümkin zatmy? Mattanyň hoş habarynyň 7-nji babynda Isa Mesih şeýle imanlylara ýüzlenip: "Men sizi asla tanamok, ýok boluň ýanymdan!" diýipdi.

## Biziň habarymyz Isa Mesihiň habary bilen meňzeşmi?

Isa Mesih günäkärlere şeýle garaýarmyka? Geliň, baý ýigit baradaky waka dolanalyň. Adamlar onuň ýaş we baý lider bolandygy barada aýdýarlar.

Birnäçe ýyl mundan ozal men bir konferensiýada wagyz etdim. Ol ýere Birleşen Ştatlaryň uly ýygnaklaryna lider bellenilen çopanlaryň iki ýüze golaýy ýygnanypdy. Men olara şeýle diýdim: "Geliň, baý we abraýly, sözi ýöreýän ýaş ýigit Isa Mesihiň ýanyna barýar diýeliň. Ol "Rolls-roýs" limuzininden çykýar, egninde "Armani" firmasynyň egin-eşigi bar, goşarynda bolsa "Roleks" sagady lowurdaýar. Ol howlukman, biraz ulumsylyk bilen: "Eý, ýagşy Mugallym, halas bolar ýaly, men näme etmeli?" diýýär.

“Siz nähili pikir edýäňiz: şu takmynan şeýleräk bolandyr diýip bilýärismi?” diýip, men çopanlardan soradym. Gynansam-da, olaryň köpüsi razylygynyň alamaty hökmünde ellerini galdyrdy.

> “Ýöne Mukaddes Ýazgylar muny bütinleý başgaça beýan edýär” – diýip, men sözümi dowam etdim we ol ýerde ýazylanlary okadym: “Isa ýaňy ýola düşen mahaly bir adam ylgap geldi-de, öňünde dyza çöküp, Ondan: ‘Eý, ýagşy Mugallym! Men baky ýaşaýşy miras almak üçin näme etmeli?’ diýip sorady” (Mrk. 10:17).

Bu adam köpleriň gözüniň alnynda Isa Mesihiň ýanyna ylgap baryp, Onuň öňünde dyzyna çökdi we halas bolmagy üçin näme etmelidigi barada ýalbaryp sorady. Onda ulumsylykdan nam-nyşan ýokdy.

Men bu wakany has oňat görkezjekdigimi oýlap tapdym.

Men auditoriýadaky liderleriň birine uly sahnanyň bir gyrasynda durmagy haýyş etdim. Soňra oňa tarap aýak aldygyna ylgap bardym. Onuň aýagyna ýykyldym-da, penjeginiň syýyndan ýapyşyp: “Halas bolmak üçin men näme etmeli? Baky durmuşy miras almak üçin men näme etmeli?” diýip gatydan ýalbardym.

Şu günki güne çenli men ne şahsy durmuşymda, ne-de hyzmatymda ýanyma ylgap gelip, aýagyma ýykylyp: “Ýokardan dogulmak üçin men näme etmeli?” diýip soran ýekeje baýy-da, garyby-da göremok. Şol ýaş ýigidiň ýürekden sözläp, hyjuwdan doly bolandygy gürrüňsiz zat!

> “Isa oňa: ‘Näme üçin Maňa ýagşy diýýärsiň? Ýeke-täk Hudaýdan başga hiç kim ýagşy däldir’ diýdi” (Mrk. 10:18).

Ozal aýdyşym ýaly, bu ýigit Isany derejeläp, Ony “ýagşy Mugallym” diýip atlandyrandygy üçin hoşamaý jogap eşiderine garaşdy. Ýöne Isa Mesih bu ýaranjaňlyk sözleriniň aňyny kör etmegine ýol bermedi. Gutulyşy bu adamyň ýagşa-ýamana berýän bahasynyň nukdaýnazarynyň derejesine “düşürip” bolmaz. Ýöne başga bir tarapdan, bu ýigit dogrusyny sözläpdi, Ol Isa Mesihi Reb ýa-da Patyşa diýip atlandyrmady. Ýigit eger Isa Mesihi şeýle atlandyrsa, Onuň soran

zadyny etmeli boljakdygyny bilýärdi. Häzirki döwürde şeýle häsiýet köplerde barmyka? Adamlar Isa Mesihi Reb diýip atlandyrýarlar, Mukaddes Ýazgylara ynanýandyklaryny ykrar edýärler, emma Rebbiň Mukaddes Ýazgylarda aýdýanlaryna eýermäge derek öz durmuşlaryna ýagşy-ýaman işler babatda şahsy nukdaýnazaryndan baha berýärler. Olar ýylgyrýarlar we Mukaddes Ýazgylaryň taglymatyna "Omyn" diýýärler. Ýöne bu taglymat olaryň maksadyna gabat gelmeýän bolsa, olar, hamala, ol durmuşlaryna laýyk gelmeýän ýaly, özlerini ondan "ýapýarlar". Olar Mukaddes Ruhuň aýdýanlaryny eşidýärler, ýöne ony amal etmeýärler. Olaryň göwnüne ol ýa bu habar has "erbet" ýagdaýdaky adamlara degişlidir bolup görünýär.

Baky durmuşy edinmek islegi örän güýçli bolan adama Isa Mesihiň näme diýendigine gulak goýuň:

> "Sen Onuň: 'Adam öldürme, zyna etme, ogurlyk etme, ýalan şaýatlyk etme, hiç kimiň hakyny iýme, ata-eneňe hormat goý' diýen tabşyryklaryny bilýänsiň ahyryn' diýip jogap berdi. Ýaňky adam Oňa: 'Men ýaşlygymdan bäri bularyň baryny berjaý edip gelýärin' diýdi (Mrk. 10:19-20).

Isa adamlaryň özara gatnaşygyna degişli on tabşyrygyň soňky altysyny agzady. Baý ýigit bu tabşyryklaryň ählisini ömürboýy berjaý edip gelýändigini begenip aýtdy. Men munuň dogrudan-da şeýle bolandygyna ynanýaryn. Şu standartlara laýyklykda, biz onuň rehimli, dogry sözli we dogruçyl bolandygyny görýäris. Ol bu oňat häsiýetleri Hudaýyň merhemetini gazanmaga kömek eder diýip umyt edýärdi.

Emma Isa Mesih adam bilen Hudaýyň gatnaşygynyň nähili bolmalydygyny düşündirýän ilkinji dört tabşyrygy bilgeşleýin agzamandy. Olaryň birinjisi Gudratygüçli Hudaýyň huzurynda başga hudaýlaryň ýa-da butlaryň bolmaly däldigi baradadyr. Başga sözler bilen aýdanyňda, biziň durmuşymyzda Ony söýmäge, ajaýyplygyna haýran galmaga, Oňa özümizi bagyş etmäge we tabyn etmäge päsgel berjek zatlaryň biri-de bolmaly däldir. Şol ýaş ýigit bu tabşyryklary berjaý etmeýärdi, ol şol pursatda olary edesi gelmeýärdi.

Isa Mesih ýigit dogry ýola düşüp, ony oňat tamamlap bileri ýaly, oňa durmuşyndaky käbir zatlary görkezmek isledi.

> "Isa oňa söýgüden doly mähir bilen seredip: 'Seniň ýekeje kemiň bar. Git-de, nämäň bar bolsa satyp, garyplara paýla, şonda gökde hazynaň bolar. Onsoň gel-de, Meniň yzyma düş' diýdi" (Mrk. 10:21).

Üns beriň: bu ýerde Isanyň ony söýýändigi barada ýazylgy. Ýöne Ol bu ýigidi söýýändigini nädip görkezdi? Isa bu ýigide abanýan howp barada duýdurdy. Isa günleriň birinde bu baýlygyň Onuň hökmürowanlygyny kabul etmekde we Oňa tabyn bolmakda ýigidi büdretjekdigini bilýärdi. Isa bu ýigidiň öz ýoluny diňe oňat başlaman, eýsem ony oňat gutarmagyny hem isleýärdi. Baýlyk ýigit üçin päsgelçilige öwrüldi. Başgalar üçin ýigit ýa-da gyz, sport, zat satyn almaklyk, biznes, pelsepe, bilim, tagamlara ýa-da jyns gatnaşyklaryna bolan ysnyşyklyk päsgelçilik döredip bilýär. Eger haýsydyr bir zat Isany jan-tenden söýmäge päsgel berýän bolsa, ol biziň üçin büdreme daşyna öwrülip biler.

Eýsem Isa Mesih Öz söýgüsini beýan edende, habaryna başga söýgüsini hem saldymy? Ol ýigidiň göwnüne degmezlik üçin hakykaty ýoýdumy? Näme üçin Ol wagtyň geçmegi bilen ýigit pula bolan söýgüsini taşlar umydy bilen oňa ýöne sadaja toba dogasyny oka diýip aýtmady? Bu ýigit halas bolmaklyga gyzyklanma bildiren oňat kandidatlaryň biridi ahyryn. Isa Mesihiň bar etmeli zady – tory oklaýmalydy, şonda Ol baý we yhlas bilen hyzmat edýän mesihini gazanardy!

Emma Isa Mesih ýigidi jan-tenden söýüpdi. Ol ajaýyp we güýçli ýigidi ýitirme töwekgelligi bolsa-da, oňa hakykaty, örän güýçli sözi berdi. Isa Mesih onuň gözlerine dikanlap seredip, oňa ýetmeýän zatlaryny ýüzüne aýtdy. Bu ýigidiň yhlasy güýçlüdi, ýöne tölegiň nähili boljakdygyna garamazdan, şalaryň Şasyna tabyn bolmaga taýyn ýüregi we akyl-paýhasy ýokdy.

Meniň pikirmçe, bu ýigit Isa Mesihi diňe Halasgär hökmünde kabul edipdi, tabynlygy hökmany diýip hasaplamaýardy. Eger Isa Mesihiň maslahaty onuň göwnüne ýaran bolsady, ol Onuň yzyna eýererdi. Emma ol Isanyň maslahaty oňa erbet görnensoň, ol aýrylyp gitdi.

Siz Hudaýy tüýs ýürekden agtarýan adama özüne nämäniň ýetmeýändigini we baky durmuşy almak üçin nämeleriň böwet bolýandygyny ýüzüne aýdyp bilermidiňiz? Eger siz adamy dogrudan-da söýýän bolsaňyz, onuň sizi ret etjekdiginden gorkman, oňa hakykaty aýtmaly.

Köp mesihiler we hyzmatçylar diňleýjileri tarapyndan ret edilmekden gorkup, olaryň gulagyna ýaraýan zatlary aýdýarlar. Olar özleriniň kabul edilmegini isleýärler. Dogrymy aýtsam, men hem ozal şolar ýalydym. Men hemmeleriň göwnüne ýaraýardym, sebäbi elmydama adamlaryň eşitmek isleýän zatlaryny aýdýardym, men jedelleri we ret edilmelere ýigrenýärdim, men hemmeleriň razy galmagyny isleýärdim. Soňra Hudaý maňa ynamsyzlygymy we egoistik niýetlerimi görkezdi. Ol maňa durmuşymyň nukdaýrnazaryny görkezdi.

Mesele meniň gatnaşýan adamlarymda däl-de, mende eken. Hakykaty ýoýup, adamlary ýalana ynanmaga mejbur edeniňden, hakykaty aýtmak has oňat. Olary butlar bilen ýaşap bolýar diýen ynam bilen galdyryp, günleriň birinde suw seňrikden agandan soň Mugallymyň: “Ýok boluň ýanymdan, men sizi asla tanamok, siz aldanypsyňyz!” diýen sözlerini eşidip, sarsgyna duçar edenden, olara hakykaty şu pursat bildireniň has gowudyr.

Indi bolsa Hudaýy höwes bilen agtarýan ýigidiň Isa Mesihiň sözlerini nähili kabul edendigine garaly:

> “Ýaş ýigit bu sözi eşidip, *tukat bolup* gitdi, sebäbi onuň mal-mülki köpdi. Isa töweregine seredip, şägirtlerine: ‘Baý adamlaryň Hudaýyň Şalygyna girmegi nähili kyn!’ diýdi” (Mrk. 10:22-23).

Bu ýigit örän tukatlanyp gitdi!

“Isa, Sen näme üçin beýtdiň? Bu adam seniň ýanyňa uly hujyw

bilen ylgap gelipdi, ýöne Seniň sözleriňiz eşidenden soň tukatlanyp gitdi! Eýsem Sen Özüňi agtarýan adamlara pozitiw habary ýetirmelidigini bilmeýärsiňmi? Seniň sözleriň we jümleleriň adamlary galkyndarmaly, olary gynandyrman, gaýtam keýpikök etmeli. Çopan Isa, eger Sen hyjuw bilen agtarýan erkeklerdir aýallara, aýratyn hem baý we abraýly adamlara şeýle jogap bermegiňi dowam etseň, Seniň ýygnagyňa gatnaşýanlaryň sany azalar. Onuň yzyndan git-de, sözleriňi ýumşat, ol ahyrsoňy hakykaty, elbetde, kabul eder!"

Isa Mesihiň şu gün Öz liderlik toparyndan we günbatar ýurtlaryndaky ýygnaklaryň geňeş agzalaryndan şeýle sözleri eşidýän bolmagy ahmal. Isany geňeş agzalarynyň maslahatyna çagyryp, wezipe ornuny boşatmagyny talap ederdiler.

Ol ýygnagyň tutuş ýylyň dowamynda geçirjek ähli çärelerine sarp ediljek puly sahylyk bilen berjek adamyň neneň edip göwnüne degmäge milt etdi? Ol ýygnagyň binasy üçin bergi edilen millionlarça dollary tölärdi. Isa Çopan uly we netijeli hyzmaty gurmagyň dinamikasyna düşünenok.

Belki, Ol adamlara nädip pozitiw täsir etmelidigini unudandyr? Ol Öz sözlerini ýumşadyp, höweslendiriji habarlary aýtmaly, adamlary galkyndyrjak we olaryň özleri babatdaky ynamyny artdyrjak sözleri aýtmaly.

Bular günbatar ýurtlarynyň ýygnaklaryndaky bolan zatlara meňzeýärmi? Biz adamlary iman etdirip, ony şägirt edinjek bolup elimizden geleni edip, duzaga düşdük. Biz ýygnagymyzyň ösüp ulalmagy üçin agzalarynyň sanyny artdyrýan usullary ulanýarys, şägirtleri Twitter arkaly çekýäris, Feýsbuk arkaly muşdaklarymyzyň toparlaryny giňeldýäris, adamlary öz bloglarymyzyň sahypasyna çekýäris. Bu Hudaýa öz paýhasymyzyň Onuň paýhasyndan has ýokary diýenden pes däldir. Biz ýene-de ýagşylygy Hudaýdan ýokary goýýarys.

Adamlary Isa Mesihe çagyrmaklyk dogry, ýöne muny hakykat esasynda etmeli. Hudaý bizi Täze Ähtiň habaryny giňeldip, ony Hudaýyň gutulyş ýolundan özbaşdak ýaşamaga isleýän adamlar üçin

ýeňletmäge çagyrmady. Gutulyş biziň ýagşa-ýamana berýän bahamyzyň daragtynda gizlenen däl. Ol ýaşaýyş daragtynda gizlenen, muny Onuň Sözi aýdýar. Durmuşa çykmaga razy bolýan gyzyň beýleki erkekleriň bary bilen gatnaşygy kesmeli bolşy ýaly, beýleki söýgülileriň we butlaryň baryny taşlamaly. Biz Isa Mesihi diňe bir Halasgär hökmünde däl-de, eýsem Reb hökmünde kabul etmeli. Bu – ýaşaýyş daragtydyr!

Indi bolsa şol baý ýigit gidenden soň, Isanyň näme edendigini göreli:

> "Isa töweregine seredip, şägirtlerine: «Baý adamlaryň Hudaýyň Şalygyna girmegi nähili kyn!» diýdi. Şägirtler Onuň sözlerine haýran galdylar. Isa ýene olara: «Ogullarym, Hudaýyň Şalygyna girmek nähili kyn!" diýdi (Mrk, 10:23-24).

Günleriň birinde men şu waka barada oýlanyp otyrkam, Mukaddes Ruh ünsümi onuň wajyp bir bölegine gönükdirdi. Men şol baý ýigidiň – halk içinde sylanylýan adamyň tukatlanyp, başyny aşak sallap Isa Mesihiň ýanyndan gidişini göz öňüme getirýärdim. Şonda aňyma birdenkä şu baryp ýetdi: Mugallymyň onuň yzyndan ylgamady, egninden tutup, şeýle diýmedi: "Bir salym garaş, eý, dostum. Men saňa Süleýman pygamberiň pähimini ýatladaýyn: 'Kim garyba merhemet edýän bolsa, Rebbe karz berýär, Reb onuň öwezini gaýtarar' (Sül. 19:17). Men saňa öz mülküňi satyp, tutuş emlägiňi garyp-gasarlara paýla diýip aýtdym; ýöne şuny ýatda sakla: Süleýmanyň pähimlerinde aýdylyşy ýaly, Reb munuň öwezini dolar. Diňe bir öwezini dolman, eýsem saňa ýüz esse köp gaýtaryp berer!"

Bu baý ýigit oňat telekeçi bolan bolmaly. Şonuň üçin-de, eger Isa Mesih ony gazanjak bolup, oňa ýokardaky sözler bilen ýüzlenen bolsa, ýigidiň gyzyklanyp: "Be-e, dogrudan-da şeýlemi?" diýmegi örän ahmaldy.

Şonda Isa Mesih şeýle jogap bererdi: "Hawa! Men seniň emlägiňi artdyrmak, pul hasylyň barada nähili alada edýändigimi indi görýär-

miň? Sen diňe şäherde däl, eýsem tutuş ýurtda baý adam bolarsyň". Şeýle sözleri eşidenden soň bu ýigit Isa Mesihiň yzyna eýermäge razy bolardy diýip pikir edýän.

Hudaýyň Sözünde, dogrudan-da, eger biz özümizdäki zatlary berip başlasak, tohumyň daýhana esseläp dolanyşy ýaly, biz hem yzyna alarys. Bu hakykat ýaş ýigit giden badyna tassyklandy, sebäbi Petrus garşy çykyp, ýüregindäki sözledi:

> "Petrus Oňa: 'Ine, biz ähli zadymyzy taşlap, Seniň yzyňa düşdük' diýip söze başlady. Isa: 'Size dogrusyny aýdýaryn, Meniň we Hoş Habaryň hatyrasyna öýüni, doganlaryny, uýalaryny, ene-atasyny, çagalaryny ýa-da mülk ýerlerini taşlabam, bu döwürde çekjek azaplary bilen birlikde, yzyna ýüz esse edip öýler, doganlar, uýalar, ene-atalar, çagalar, mülk ýerler almajak adam ýokdur. Geljek döwürde olar baky ýaşaýşa gowşarlar" (Mrk. 10:28-30).

Şol pursatda Isa Mesih eýýäm ähli zatlaryny taşlap, Onuň yzyna eýerenlere garap, şeýle diýdi: "Siz şindi, bu durmuşda, taşlan zatlaryňyzy (öýleri we ýerleri, yzarlanmalar bilen) ýüz esse köp edip yzyna alarsyňyz, gelejekde bolsa baky durmuşa eýe bolarsyňyz".

Isa Mesih näme üçin şu sözleri ýa-da Süleýmanyň pähimlerindäki sözleri baky ýaşaýşy miras almakçy bolan baý ýigide aýtmadyka? Ol näme üçin bu maglumaty aýtman sakladyka? Munuň jogaby sada: Isa Mesih hiç haçan adamlary Özüne çekmek üçin ýalkanyşlary, sylaglary, peşgeşleri we Şalygyň bähbitlerini ulanmady.

Ol Petrusy, Ýakuby, Ýohannany we beýlekileri çagyranda, olara ýöne: "Yzyma düşüň" diýipdi. Ol olara: "Meniň yzyma düşüň, onsoň Men size ýalkanyşlar, parahatlyk, abadançylyk, oňat durmuşy we beýleki ähli zatlary bererin" diýmedi. Ol: "Meniň yzyma Mendigim üçin düşüň. Men Isa Mesih, siziň Ýaradanyňyz, Mugallymyňyz we älemiň Patyşasydyryn" diýdi.

Eger Petrus, Ýakup, Ýohanna we Andrys Isa Mesihe pul gazanmak üçin eýeren bolsadylar, onda olar öz telekeçilik işini hiç haçan taşlamazdylar. Olar öz kärlerini taşlan güni olaryň balykçylyk kärle-

rinde iň şowly gün bolupdy. Olar Isa Mesihiň kömegi bilen kenara balykdan doly iki gaýygy çykarypdylar! Olar "ýüz esse köp" wadasy barada bilmeýärdiler. Olar bu barada birinji gezek eşidýärdiler. Ýöne olar Isa Mesihde ýaşaýyş sözüniň bardygyny anyk bilýärdiler, şonuň üçin-de, ähli zatlaryny taşladylar. Olar üçin pul kesgitleýji şert däldi.

Hudaý Isa Mesihiň yzyna eýermek üçin adamyň kämil bolmagyny talap etmeýär. Ol Onuň aýdýanlaryny diňlemäge we berjaý etmäge taýyn bolmagy soraýar. Şol ýaş baýyň Petrusdan has zehinli bolan bolmagy ahmal.

Emma Petrus Rebbiň aýdýanlarynyň ählisini berjaý etmäge taýyndy. Isa Mesih ähli zady taşlap, Öz yzyna eýermegimize heniz-de garaşýar.

## Meniň maksatnamam we Onuň maksatnamasy

Men 1979-njy ýylda Isa Mesihi Reb hökmünde kabul edenimde, Hudaý bada-bat meniň hyzmatym barada gürläp başlady. Men Perdýu Uniwersitetiniň mehaniki inženeriýa bölüminde okaýardym. Men ökde talyplaryň hataryndadym, tennis ýaryşlaryna gatnaşýardym we MBA programmasy boýunça Garwardda okuwymy dowam etmekçidim. Men ajaýyp gyza öýlenip, gelejekde korporatiw satuwda ýa-da menejmentde işlemegi meýilleşdirýärdim. Men hyzmat bilen meşgullanasym gelmeýärdi. Men Hudaýa hyzmat edýän tanyş adamlarymy şondan başga işi başarmaýan adamlar diýip hasaplaýardym. Olar dymyk öýlerde ýaşaýardylar, olaryň çagalary bolsa birgeňsi çagalardy. Men ilat sany 3000 bolan kiçijek şäherde ulalamsoň, mesihilik hyzmaty baradaky düşünjäm çäklidi. Şol wagt men oňat hyzmatçylar bilen heniz tanyş däldim, ýöne soňabaka men şeýle adamlaryň örän köpdügini bildim.

Günleriň birinde ýygnaga gatnaşyp durkam, Mukaddes Ruh maňa inip: "Jon, Men seni hyzmatyma çagyrdym. Sen bu babatda näme etmekçi?" diýip sorady.

Men: “Ähli garyndaşlarym menden ýüz öwrerler, sebäbi olar katolikler. Men hem beýleki hyzmatçylar ýaly erbet ýaşap, gedaýçylyk çekerin” diýip pikir etdim. Ýöne Hudaýa boýun bolmaklyk meniň üçin has wajyp bolansoň, men başymy egip, şeýle dileg etdim: “Hawa, ýa Reb. Men Saňa tabyn boljak we munuň tölegininiň nähili boljakdygyna garamazdan, wagyz edip başlajak! Men Seniň görkezen ýeriňe giderin we Seniň aýtmagy buýran zatlaryňy aýdaryn”.

Hakykatda welin şeýle karara gelenimden soň göz öňüme getiren zatlarymyz hijisi-de bolmady, ýöne Hudaý şol pursatda maňa boljak zatlary görkezdi. Ol ýöne meniň hemme zady taşlap, Onuň yzyna eýermäge taýyndygymy bilmek isleýärdi.

Eger Petrusyň, Pawlusyň we beýleki şägirtleriň Resullaryň işlerindäki we hatlardaky işlerini öwrenseňiz, onda olaryň taglymatynyň Isa Mesihiň şol baý ýigide wagyz edenleri bilen deň gelýändigine göz ýetirersiňiz. Bu gün biz ýoldan azaşdyk, bu bolsa Amerikanyň ruhy taýdan ýykylmasynyň düýp sebäbidir. Köp adamlar özleri Isa Mesihe degişlidir öýdýärler, aslynda welin bu beýle däldir. Biz Isa Mesihi Reb hökmünde kabul etmeli, şonda sagdyn binýady edineris. Biz ozalkymyz ýaly başga daragtdan iýmitlenýäris. Durmuşda oňat bolup görünýän zatlar biziň iň oňat zarlarymyzy talaýandyrlar.

Biz Hudaýyň özümiz üçin taýynlan ýalkanyşlarynyň köpüsini ýitirýäris, sebäbi Mukaddes Ýazgylaryň hakyky habaryny bazaryň gymmatlyklaryna çalyşdyk. Dogrymyzdan geleli, eger-de şol baý ýigit biziň günlerimizde ýygnaga gelen bolsa, ol ýygnaklaryň köpüsinde “halas bolardy” we tizara hormatly agzalyga saýlanardy, ony hatda ýygnak geňeşine hem çagyrardylar.

Ýygnak köplenç halas bolmak habaryny Rebbe tabyn bolmak habaryndan aýry teklip edýär. Adamlary aldamaz ýaly, olaryň ahyrzaman gününde: “Menden aýrylyň, sizi asla tanamok” diýen jümläni eşitmezleri ýaly, ýygnagyň güýjüniň hatyrasyna, hakykatdan-da Hudaýyň ýalkanyşlarynda geziler ýaly, geliň, anyk bolmadyk “hoş habarymyzy” taşlap, ýaşaýyş daragtyna – Isa Mesihiň wagyz eden Hoş Habaryna dolanalyň.

# 6

# BIZIŇ IÇKI UGRUKDYRYJYMYZ

Men Hudaýyň meni çagyrýan
maksadyny gözden salamok...
— Filipililere 3:14
(The Message, iňlis dilinden terjime)

Hudaýa aşyk bolmak – iň belent romantika;
Ony agtarmak – iň ajaýyp başdan geçirmeler;
Ony tapmaklyk – adamyň iň belent gazanmasy.
— Mukaddes Awgustin

Isa Mesihiň hökmürowanlygy biziň binýadymyzdyr. Durmuşymyzyň ähli çäkleri şu binýadyň üstünde gurulmalydyr, şeýle edilse, olar ymykly durar. Eger şeýle edilmese, olar ahyrsoňy dargap, ýitip giderler.

Jaýyň gurluşygyň indiki tapgyry – karkasyň gurluşygy; ol binýadyň üstünde goýulýar. Gurluşygyň bu tapgyrynda aýry-aýry bölekleriň hemmesi birikdirilýär. Poly, diwarlary, potology, otagara diwarlary, elektrosimleri, içki haşamlama işlerini, penjireleri, turbalary we jaýyň beýleki böleklerini, ondaky predmetleri berk karkas bolmasa oturdyp we berkidip bolmaýar. Berk binýady we mäkäm karkasy bolandan soň, ygtybarly we berk jaýy gurup bolýar.

## Biziň içki ugrukdyryjymyz

Sizi imanyň üstünlikli durmuşynyň ikinji jähti bilen tanyş etmek üçin, gurluşyk illustrasiýasyndan başga bir meňzetmä geçeli. Geliň, şeý-

le soragdan başlaly: siziň ahyrky maksadyňyz näme? Başga sözler bilen aýdanyňda, siziň haýsy islegiňiz beýleki islegleriňizden has möhüm bolup durýar? Siz bu babatda dogryňyzy aýdyp bilersiňizmi? Eger hawa bolsa, onda düşmek islemeýän ýeriňize we ýagdaýyňyza düşmersiňiz.

Muňa indiki tärde garaly. Eger smartfonyň ugrukdyryjysyna ahyrky baryp ýetilmeli ýer – howa menzili salnan bolsa, ýöne siz söwda merkezine barmakçy bolsaňyz, onda ugrukdyryjy "Siz gelip ýetdiňiz" diýip habar berende, sürüji öňünde söwda merkezine derek howa menzilini görende lapykeç bolar.

Ol öz gözlerine ynanman, gaharlanyp: "Näme bolýar-aý? Men bu ýere nädip düşdüm?" diýer. Muny jogaby taýyn. Ugrukdyryjy ony ilkibaşda girizilen ahyrky nokada getirdi.

Resul Pawlus hem öz ugrukdyryjysynda ahyrky baryp ýetmeli nokadyny girizdi: "Men Hudaýyň Isa Mesih arkaly göklerdäki ýaşaýşa çagyrýan baýragyny almak üçin, maksadyma tarap ylgaýaryn" (Fil. 3:14). Ol özüniň nirä barýandygyny we ugrukdyryjysyna haýsy nokadyň girizilendigini bilýärdi. Garşylyklara, ýoldaky päsgelçiliklere, uly betbagtlyklara garamazdan, ol öňe tarap gidýärdi we ahyrky nokadyndan başga ýere sowulmaýardy.

Siziň ugrukdyryjyňyzda haýsy ahyrky nokat girizilen? Köp dost-ýarly bolmakmy? Meşhur bolmakmy? Öz halaýan durmuşyňyzdan lezzet almakmy? Öz käriňizde iň ökde hünärmen bolmakmy? Sagdyn we bagtly bolmakmy?

Siz: "Men şularyň baryny isleýärin" diýersiňiz. Biziň köpimiz şu zatlaryň ählisini isleýäris, ýöne olaryň içinde haýsysy has saldamly gelýär. Ony özüňiz üçin kesgitlemek wajypdyr, sebäbi ol siziň baryp ýetmeli ahyrky nokadyňyz bolar. Ýoluň käbir tapgyrlarynda dürli nokatlara şol bir ýoluň alyp barmagy mümkin, ýöne syýahatyňyzyň dowamynda hemme ýollaryň çar tarapa uzap, siz ahyrda diňe bir ýoly saýlamaly pursadyňyz geler.

Şunlukda, siziň ýetmek isleýän ahyrky nokadyňyz näme? Eger siziň esasy maksadyňyz oňat, edepli, ahlakly, sagdyn we hemme zady

üpjün adam bolmakçy bolsaňyz, onda şol baý ýigidiň ýagdaýyna düşmegiňiz ahmal. Onda şu sanalan zatlaryň ählisi bardy, iň wajyp zat welin ýetmezçilik edýärdi.

Eger siziň ahyrky maksadyňyz köp dost-ýarly bolmak bolsa, onda siz Musa pygamberiň dogany Harunyň ýagdaýyna düşmegiňiz ahmal. Ol dagyň eteginde ençeme işiň arasynda hem, hatda üns merkezinde bolup, öz halkyna kömek edenem bolsa, kem-kemden Hudaýdan daşlaşypdy. Siziň ýasan altyn öküziňiz dost-ýarlaryňyzyň göwnüne ýaramagy ahmal, ýöne, gynansak-da, ol olary-da, sizi-de iň oňat zatdan uzaklaşdyrar.

Eger siz dilewar, artist, lider bolmak isleseňiz ýa-da Twitterde, Feýsbukda tanyş-bilişleriňiziň sanyny artdyrmakçy bolsaňyz, siz bularyň baryny hatda mesihilik gurşawynda hem edinip bilersiňiz. Ýöne iň soňunda siz Uzyýanyň ýagdaýyna düşmegiňiz ahmal. Ol Ysraýylda iň meşhur adam bolsa-da, ýalňyzlykda ölüpdi (ser.: 2 ÝÝ:26).

Siziň içki ugrukdyryjyňyzyň has ygtybarly we anyk bolmagy ahmal. Belki, siz garyp-gasarlara jomartlyk bilen sadaka berýänsiňiz. Biziň günlerimizde bu maksat köpleri özüne çekýär, bu aslynda şeýle-de bolmalydyr. Biz "Messenger International" hyzmaty garyplara, mätäçlere we sosial deňsizligiň pidalaryna edýän kömegimiz barada gürrüň berenimizde, adamlar bizi uly gyzyklanma bilen diňleýärler. Emma, resul Pawlusyň Korintosdaky ýygnaga ýazyşy ýaly, ol özüniň ähli emlägini garyp-gasarlara paýlaýsa-da, munuň hiç peýdasynyň ýokdur (ser.: 1 Kor 13:3).

Belki siz öz ýygnak jemgyýetiňizde iň jomart beriji bolmaga ymtylýansyňyz? Bu, gürrüňsiz, abraýly maksat. Emma är-aýal Hanany bilen Sapfira Iýeruslim ýygnagynda abraýly adamlar hasaplanylýardy. Günleriň birinde olar mükleriniň bir bölegini satyp, puluny sadaka hökmünde getirdiler. Olar özleriniň Hudaýyň ybadathanasynyň gurluşygyna jan-tenden berlendiklerini görkezmek islediler. Olar elçarpyşmalara garaşýardylar, ýöne muňa derek höküm edildiler (ser.: Res. 5). Olaryň soňy pajygaly boldy.

Men hem birwagtlar özümi hudaýhon we oňat hasaplaýardym. Bir ýarym ýylyň dowamynda men günde daňdan 5-de turup, 7-ä çenli di-

leg edýärdim. Şu iki sagadyň aglaba böleginde men: "Ýa Reb, köp adamlary Seniň gutulyşyňa getirmek üçin, Sözüňi Seniň gýüjüňde wagyz etmek üçin, halklary Seniň Şalygyňa alyp barmak üçin, syrkawlara şypa bermek we ýesirlikdäkileri boşatmak üçin meni ulan" diýip, Hudaýa dileg edýärdim. Men her gün bulary erjellik we yhlas bilen Hudaýdan dileýärdim.

Aýlar geçdi we günleriň birinde Hudaý meniň ýüregime şeýle gürledi: "Oglum, seniň dilegleriň nyşandan sowa geçýär".

Men doňup galan ýaly boldum. Ýaradan üçin meniň dileglerimden has oňat, has mynasyp başga nähili dilegler barka? Men Hudaýyň özüme aýdanlaryna dogry düşünip-düşünmändigim barada oýa batdym. Eýsem bu ajaýyp ruhy meseleler nädip nyşandan sowa geçip bilýärkä?

Şeýle pikir eden badyma Mukaddes Ruh maňa: "Ýudas ähli zadyny taşlap Meniň yzyma düşdi. Ol saýlanylan Onkileriň biridi. Ol Hudaýyň Şalygy barada wagyz edýärdi. Ol syrkawlara şypa berýärdi, garyplar barada alada edýärdi, adamlary boşadýardy. Emma Ýudas häzir dowzahda".

Men gorkudan we howsaladan ýaňa sandyrap başladym. Men Ýudasyň meniň dileýän zatlarymyň baryna ýetendigime akyl ýetirdim, ýöne ol ebedilik ýitirildi. Eger ol öz ugrukdyryjysyny ünsli öwrenen bolsady, belki, onuň soňy beýle pajygaly bolmazdy.

Men bilmezlikden Ýudas bilen bir topara düşmegimiň mümkindigine düşünip, gönüläp: "Meniň esasy maksadym näme bolmaly?" diýip soradym.

## Başga bir baý ýigit

Bu gezek Hudaý maňa başga bir ýigidi, Isa Mesihiň ýanyna ylgap gelen däl, başgasyny, Müsürde (bu ýurduň dünýäde iň güýçli şalyk bolan döwründe) şazada bolup ulalan başga bir ýigidi görkezdi. Onuň ady Musady.

Musanyň ömrüni göz öňüne getirip görüň. Ol ne pulda, ne-de iýmitde, ne egin-eşikde, ne-de maddy zatlarda – garaz, hiç bir zatda mätäçlik çekmändi, oňat bilim alypdy. Ol jemgyýetde belent orny eýeleýärdi we iň oňat zatlara eýeçilik edýärdi.

Dünýäde “Musanyňkadan köp zatlarym bar” diýip öwnüp biljek adam ýokdy. Musa naýbaşy egin-eşikleri geýýärdi, ol islendik wagty bazara gidip, puly sanaman sowup bilýärdi we öz döwrüniň iň arzyly “oýnawaçlarynyň” edinenligi ahmaldyr. Onuň atly arabasy biziň günlerimizdäki “Mazerattiň”, “Lamborjininiň” ýa-da “Ferariniň” we “Harleý-Dewidsonyň” islendik görnüşiniň bahasyna deňdi. Eger ol sürüji bilen aýlaň-çaýlaň etmek islese, islegi şobada berjaý bolýardy.

Musa hajathana bilen wannany arassalamaýardy, mellekde işlemeýärdi, maşyn ýuwmaýardy, öýleri tämizlemeýärdi, gap-gaçlary, kir ýuwmaýardy, garaz, hojalykda hiç bir iş etmeýärdi, sebäbi bu işleriň baryny onuň gullary edýärdi.

Şa köşgündäki aşpezler onuň islän tagamlaryny bişirýärdiler. Ol topragyň saýlama miwelerinden lezzet alýardy.

Onuň işi lezzetlidi. Islese – serkerde bolýar, islese – binalaryň taslamasyny taýynlaýar ýa-da meýlisler gurnaýar. Eger ol islän bolsady, gündizlerine ýaryşlar gurnardy, agşamlaryna bolsa aňrybaş meýlislere gatnaşardy. Ol öz gününi isleýşi ýaly geçirip bilýärdi.

Ol öz ýurdunda iň arzuwlanýan ýigitdi. Ol gözüne ilen islendik gyz bilen duşuşyp, oňa öýlenip bilýärdi. Ol gelinligi hatda başga ýurtdan hem talap edip bilýärdi. Eger Musa islän bolsady, ol haremhana edinip, köp aýal-gyrnak edinip bilerdi.

Eger ol sahylygyny görkezmek islese, gymmat sowgatlary satyn alyp bilýärdi. Ol öz dostlaryny goramak üçin polisiýany, goşuny ulanyp bilýärdi. Ol islese garyplara kömek edip bilýärdi, islese – olara üns-de bermän bilýärdi. Ol ýurdundaky şowhunlyk industriýasyna sözüni ýöredip bilýärdi, özüne iň oňat suratkeşleri we artistleri talap edip bilýärdi. Ol patyşanyň şa tagtyndan başga islän zadyny sorap bilýärdi.

Adamlaryň köpüsine Musanyň durmuşy iň arzuwlanylýan durmuş bolup görnerdi, ýöne Musa ondan hiç kanagatlanma duýmaýardy. Ýewreýlere hatda şeýle ýazylan:

> “Ulalyp, kemala gelende, Musa iman arkaly faraonyň gyzynyň ogly diýlip tanalmakdan boýun gaçyrdy. Ol günä gazanyp, wagtlaýyn lezzetli durmuşda ýaşandan, Hudaýyň halky bilen bile horluk çekmegi özüne rowa gördi” (Ýew. 11:24-25).

Musa baý we güýçli Müsür ýurdunda alyp biljek ähli zatlaryny taşlady. Ol näme üçin taşlady? Eýsem ol şa köşgünde ýaşamaga galyp, Hudaýa hyzmat etmekden lezzet alyp bilmedikä? Ýok. Musanyň içki ugrukdyryjysy onuň hakyky islegini şol wagt bolan ýerinde berjaý edip bolmaýandygyny habar berýärdi. Şonuň üçin-de, Ýewreýlere hatyň awtory ol barada şeýle ýazýar:

> “Musa Mesihiň ugrunda kemsidilmelerini Müsüriň hazynalaryndan has uly baýlyk saýdy, sebäbi ol özüniň aljak beýik sylagyna umyt baglaýardy” (Ýew. 11:26).

Bu nähili beýik sylag? Men muny diňleýjilerimden soranymda, “wada berlen ýurt” diýen jogaby eşidýärin. Eger şeýle bolsa, onda şeýle sorag ýüze çykýar: “Sýüt bilen balyň akan ýurdunda Müsürde bolmadyk haýsy zat bolduka?” Şol döwürde Müsür ýurdy özüniň tebigy baýlyklary, oba hojalygy bilen dünýä meşhurdy. Wada berlen ýurt ondan köp gowy boldumyka? Musa täze ýurtda Müsürdäkisinden has oňat we uly köşgi gurup bilerdimi? Meniň pikirimçe, muňa “Ýok” diýip batyrgaýlyk bilen jogap berip bolar.

Onda Musa nähili sylagy agtardyka? Şa köşgünde ýaşan döwründe muny anyk bilmese-de, ol özündäki zatlardan has uly zadyň bardygyny bilýärdi. Ol öz ýoly bilen barýardy we soňra özüniň näme agtarýandygyny ýüze çykardy.

Muňa başga tarapdan garalyň. Siz maýyl howany, deňziň kenarýakalaryny halaýarsyňyz, ýöne gary we sowuk howany ýigrenýärsiňiz.

Häzir gyşyň ortasy we siz Wermontda ýerleşýärsiňiz diýeli. Ol ýerde howanyň temperaturasy minus 20-ä deň we siz halaýan howaňyzy küýseýärsiňiz. Siz maşyna münüp, Interstate 95 ýolundan günorta tarapa gidýärsiňiz. Siz nirä barýanyňyzy anyk bileňzok, ýöne ol ýerde garly we sowuk howadan has oňat howanyň boljakdygyny bilýärsiňiz. Syýahatyň dowamynda siz ýangyç guýulýan stansiýada Florida şatatyndaky Palm-Biç suratly mahabatnamany görýärsiňiz. Siz ýylgyryp: “Ine, maňa gerek zat!” diýýärsiňiz. Siz ýol ugrukdyryjyňyzda derrew mahabatnamada gören salgyňyzy girizýäňiz. Indi siz arzuwlaýan kenarýakaňyza tarap ugraýarsyňyz.

Musa bilen hem takmynan şeýleräk boldy. Ol haýsydyr bir beýik zadyň bardygyny bilip, köşgi taşlady. Ýöne ol öz sylagyny 40 ýyldan çölüň jümmüşinde, ýanyp duran çalynyň öňünde, ýagny Hudaý bilen duşup, Onuň huzuryny duýanda tapdy. Bu amala aşan badyna, Musanyň içindäki ugrukdyryja anyk salgy salyndy. Hudaýyň huzury onuň üçin beýik sylag boldy, munuň tassyklamasyny bolsa ol soňra – ysraýyllary Müsürden çykarandan soň gördi.

## Hudaýyň teklibini ret etmek

Musanyň durmuşynda kyn we sarsgynlyklardan doly döwür başlandy. Onuň ysraýyl halkyny alyp baran çöli gurakdy, hasylsyzdy, mätäçliklerden we kynçylyklardan doludy, käwagt olary diňe Hudaýyň kömegi halas edýärdi. Bu kömek käwagt gijigýän ýaly bolup görünýärdi. Munuň üstüsine-de, halk Musany doly goldamaýardy. Şeýle kyn günleriň arasynda Hudaý Musa şeýle diýýärdi:

> “Baryň, bu ýeri taşlap gidiň. Sen we Müsürden getiren halkyň Ybraýymyň, Yshagyň we Ýakubyň nesillerine Meniň wada beren ýerime gidiň. Men siziň öňüňizden perişde ibererin we kenganlary, amorlary, hetleri, perizleri, hiwileri we ýabuslary kowup çykararyn. Süýt we bal akýan baý toprakly ýurda gidiň. Emma Men siziň bilen gitjek däl...” (Müs. 33:1-3).

Şol günlerde Musanyň we ysraýyl halkynyň düşen ýagdaýyny bir göz öňüne getirjek boluň. Töwerek-daşda ne owadan ýaýlalar, ne-de çeşmeler, ne tokaýlar, ne-de miweli agaçlar, ne arassa suw howdanlary, ne-de hasylly toprak, ne-de otlaglar bardy.

Olaryň soňky gezek bazara baryp, egin-eşik, gerekli zatlaryny we azyklaryny satyn alanlaryna köp wagt geçipdi. Olar günde şol bir iýmiti iýýärdiler: hepdäniň alty güni ýerde peýda bolýan geň tagamly çörek we et üçin bedeneler. Olaryň ýagdaýyna düşünmek üçin birnäçe aýyň dowamynda şol bir çöregi we ondan başga hiç zady iýmän ýaşap görüň. Onsoň siz olaryň ýagdaýyna düşünersiňiz.

Durmuş kyn. Müsürdäki gulçulyk erbetdi, ýöne çöl-beýewanda sergezdan gezmeklik ondan oňat däldi. Emma adamlar öz ýurtlaryna, wada berlen Kengan ýurduna umyt baglaýardylar. Hudaý ençeme ýyllaryň dowamynda bu ýurduň baý we mes topraklydygyny, ol ýerde garaşýan bolelinlik barada aýdýardy. Şol döwürde olar müsür şäherlerini gurmakdaky agyr işlerinden başga zady bilmeýärdiler, olar galan-gaçan zatlary iýýärdiler

Tiz wagtda özleri üçin owadan öýleri, obalar, şäherleri gurmak mümkinçilikleri peýda bolar. Bu täze medeniýet olaryň taryhynda üýtgeşik bolar, çagalaryna mynasyp miras bolar. Olar ony nesilden-nesle geçirerler.

Ine, ahyrda Hudaý olaryň lideri Musa halky wada berlen ýurda äkitmegi tabşyrýar. Hudaý güýçli perişdäniň olara hemra boljakdygyny, gorajakdygyny aýdýar. Bu güýçli perişde olaryň duşmanlaryny öňlerinden kowup çykarar. Ýöne uly bolmadyk bir bellik: Reb olar bilen gitmez.

Bu sözleriň nähili täsir edendigini göz öňüne getirip görüň. Ata-babalaryňyzyň asyrlarboýy garaşan zadyny Hudaýyň hut Özi size teklip edýär. Dört ýüz otuz ýylyň dowamynda olaryň öz öýleri ýokdy, olar güzeranlaryny zordan dolaýardylar, mätäçlik çekýärdiler, şindi bolsa Hudaý olara şeýle teklibi edýär. Musa, elbetde, teklibi kabul eder we daga howlukmaçlyk bilen çykyp, halka bu şatlykly habary

ýetirer. Adamlar ahyrsoňy ony beýik lider hökmünde kabul ederler, onuň meşhurlygy artar. Hemmeler begenip, uzak garaşylan ýurda tarap ýola rowana bolarlar.

Eger "kabul ederlik" ýagşylyk esasy maksat bolan bolsady, onda wakalar şeýle tertipde ýaýbaňlanardy. Emma Hudaýyň teklibine Musanyň näme jogap berýändigi bilen tanyş bolaly:

> "...Eger Sen biziň bilen gitmeseň, onda bizi bu ýerden gitmeli etme" (Müs. 33:15)

Geliň ýatlaly: bu ýerden – nireden? Mätäçligiň, betbagtlygyň, kynçylyklaryň we synaglaryň bolan ýerinden, ýagny çölden. Musanyň jogaby adaty adamy alada goýardy, ol Musanyň akyly üýtgäpdir diýip oýlanardy. Aslynda welin Musa şeýle diýdi: "Eger Seniň huzuryň bilen Seniň ýalkanyşlaryň – şu ikisinden birini saýlamaly bolsam, men Seniň huzuryňy saýlaýaryn, goý, bu ýerde kynçylyklar we mätäçlikler bolubersin, ol maňa Seniň gözel gurşawdaky ýalkanyşlaryňdan has gymmatly".

Eýsem Musa sagdyn pikirlenemegi bes edäýdimikä? Çölüň howurly Güni onuň aňyny bulaşdyraýdymyka? Ýok. Onuň içki ugrukdyryjysy has oňat zada gönükdirilendi. Ol hatda Hudaý *oňat zady* teklip edende-de (göräýmege sagdyn düşünje we durmuş oňaýsyzlyklary bu teklibi kabul etmäge çagyrýardy), Musany has oňat çözgüde tarap gönükdirýärdi.

Musanyň iň pynhan maksady, onuň garaşýan sylagy – Hudaýy ýakyndan tanamak. Kimdir birini tanamak üçin wagtyňy onuň ýanynda geçirmeli. Kimdir biriniň bolmadyk ýagdaýynda ol barada bilip bolýar, ýöne ony ýakyndan tanamak üçin welin onuň ýanynda bolmaly. Ine, Musa üçin şu iň beýik sylagdy. Onuň üçin mundan has oňat zat ýokdy, ony başga hiç zat, hatda Hudaýyň oňat teklibi-de özüne çekmeýärdi. Munuň Hudaý üçin näderejede ýakymlydygyny göz öňüne getirip görüň!

Siz: “Hudaýyň eden teklibi ret edildi, onsoň bu Oňa nädip ýakymly bolup bilýär?” diýip soramagyňyz ahmal. Öz durmuşymdan bir wakany mysal getirmek bilen jogap beryin.

Liza ikimiz bir ýere gidipdik we birnäçe gün bile dynç almagy karar edipdik. Ýakynda golf oýny üçin ajaýyp meýdan ýerleşýärdi, men golf oýnamagy, aýratyn-da hili oňat bolan meýdanlarda oýnamagy halaýaryn. Dostlarymyz şu meýdanda golf oýnamaga çagyrdylar, ýöne meniň Liza bilen bile dynç aljak günlerim sanlyjady.

Meniň ajaýyp aýalym sadalyk bilen: “Jon, bar oýnaber” diýip aýtdy. Men oňa: “Ýok, ezizim, gowusy men seniň bilen bolaýyn” diýip jogap berdim. Biz ajaýyp günleri geçirdik. Meniň kararym babatda Lizanyň begenjiniň çeni-çaky ýokdy, sebäbi ol meniň golf oýnamagy we dostlarym bilen gürleşmegi näderejede söýýänimi oňat bilýärdi. Liza maňa teklip etdi, ol bu teklibi çyn ýürekden edipdi, eger men ony kabul eden bolsam, ol pikirinden dänmezdi, meni alyp galjak bolup ýalbarmazdy. Ýöne ýüreginiň jümmüşinde, pynhanlygynda, ol meniň golfy däl-de, ony saýlamagymy isleýärdi.

Musanyň jogabynda hem biz şeýle prinsipi görýäris. Hudaý oňa oňat zady teklip etdi, ýöne ony kabul etmezligini isledi. Hudaý Musany we tutuş halky wada berlen ýurda sag-aman ýetirjek perişdäni ibererdi. Emma olar bu ýoly Hudaýsyz geçmeli bolardylar. Meniň pikirimçe, Hudaý oňa şeýle warianty çyn ýürekden teklip edipdi, ýöne Musanyň çölden çaltrak çykyp, baý we ajaýyp ýurtdaky ýeňil ýaşaýşy däl-de, Ony – Hudaýy saýlamagyny isleýärdi.

Hudaýyň teklibini ret etmek bilen, Musa şulary görkezdi: birinjiden, Hudaýyň ýalkanyşlardan uzakda lezzet almakdan Onuň huzury has gymmatly. Ikinjiden, Musa Hudaýyň kämil dogruçyllygyna ynanýar. Wada berlen ýurda girmegiň gaýra goýlandygyna garamazdan, Musa Hudaýyň iru-giç ysraýyl halkyny şol ýurda eltjekdigini bilýärdi. Ol Hudaýyň Öz sözünde tapyljakdygyny bilýärdi. Eger Musa şol şertlerde içki ugrukdyryjysyny dogry düzmedik bolsady, onda, belki, başga zady saýlardy.

## Ugrukdyryjyny programmirlemek

Ähli ysraýyllaryň niýeti başgaka, Musany öz içki ugrukdyryjysyny ilkibaşdan şeýle gurnamaga näme höweslendirdikä? Munuň jogabyny bilmek üçin, biz onuň ilkibaşdaky kararlaryny we hereketlerini ýada salmaly.

Men diňleýjilerime köplenç şeýle sorag berýärin: "Musa ysraýyl halkyny Müsürden çykaranda, haýsy ugra ýöredikä?"

Her gezek diňleýjilerimiň aglaba bölegi: "Wada berlen ýurda" diýip jogap berýär.

Bu dogrudan-da şeýlemikä? Musa faraonyň ýanyna gaýta-gaýta gelende, oňa Hudaýyň sözlerini aýdýardy: "Meniň halkymy goýber, goý, olar çölde Maňa ybadat etsinler" (Müs. 7:16, şeýle-de seret: Müs. 5:1; 8:1, 20; 9:1, 13; 10:3). Faraona ýedi gezek ysraýylyň nirä barýanyny aýtmak bilen, Musa ybadaty çöl bilen baglanyşdyrýardy. Ol wada berlen topragy ýeke gezek-de agzamandy.

Musa halk Sinaý çölünde Hudaýa ybadat eder ýaly, ilki ony Hudaý bilen duşuşdyrmalydy. Ol näme üçin halky wada Beren bilen tanyşdyrman, bada-bat wada berlen ýurda äkitmelimiş? Eger şeýle eden bolsady, onda wada Hudaýdan has wajyp bolup, ugrukdyryjyny ýalňyş ugra gönükdirerdi.

Gynansak-da, biziň günlerimizde wadany hemme zatdan ýokary goýýan hyzmatçylar we mugallymlar bar. 1980-nji, 1990-njy ýyllarda biz Isanyň özümiz üçin nämeleriň etjekdigi baradaky zatlary Onuň kimdigi baradaky maglumatlardan has köp eşitdik. Şeýle taglym içki ugrukdyryjylaryny Hudaýyň huzuryna däl-de, Onuň ýalkanyşlaryna gönükdirýän şägirtleriň döremegine sebäp boldy. Bu edil diňe öz bähbidini aramak üçin durmuşa çykýan gyza meňzeýär. Onuň öz ýaryny söýýän bolmagy ahmal, ýöne onuň niýetleri düzüw däl.

Ysraýyl bilem Musanyň arasynda täsin tapawut bar. Ysraýyllaryň Müsürdäki durmuşa bal bilen şekere ýugrulan däldi. Olar harabalykda ýaşaýardylar, çüýrük-zaýa iýmiti iýýärdiler, köne-küşül geýýärdiler.

Olar bütün ömürlerini keseki halkyň mirasy üçin zähmet çekýärdiler, olaryň arkasynda gamçynyň ýara yzlary bardy, faraonyň nökerleri olaryň ogullaryny öldürýärdiler.

Ysraýyl halky gudrat bilen müsür gulçulygyndan boşady, ýöne çölde biraz wagt bolandan soň, zeýrenip, nalap, yzyna dolanmak isledi. Adamlar: "...Müsüre dolansak, gaýtam, biziň üçin gowy bolmazmy?" (Çöl. 14:3), "...Biz çölde ölenimizden, müsürlileriň guly bolup ýören bolsak, müň paý gowy bolardy..." (Müs. 14:12).

Indi bolsa Musanyň ozal beýan edilen durmuşyny, Müsürdäki kaşaň köşgüni göz öňüne getiriň. Ol hem ol ýerden çykyp gaýtdy, ol hem çölüň kyn şertlerine düşdi, ýöne ol ýeke gezek-de zeýrenmedi, yzyna dolanmak üçin ýeke gezek-de dil ýarmady! Näme üçin? Munuň jogaby sada. Musa ýanyp duran çalynyň ýanynda Hudaý bilen duşuşdy. Oňa Hudaýyň sözlerini hut Onuň agzyndan eşitmäge miýesser etdi. Ysraýyl halkynyň hem şeýle mümkinçiligi bardy, ýöne olar ondan peýdalanmadylar. Muny size düşündirmäge ygtyýar ediň.

## "Men sizi ýanyma alyp geldim"

Ysraýyl halky Müsürden çykan badyna Musa olary Sinaý dagyna tarap äkitdi. Ol şol ýerde ýanyp duran çalynyň ýanynda Hudaý bilen duşuşypdy. Halk şol ýere baranda, Hudaý Musa halka şeýle diýmegi buýurdy:

> "Müsürlilere näme edendigimi siz gördüňiz, bürgüdiň öz çagasyny ganatynda göterip gelşi ýaly, Men hem sizi ýanyma şeýdip alyp geldim" (Müs. 19:4).

Onuň sözlerine üns beriň: "Men sizi ýanyma alyp geldim". Bu sözler barada oýlanyp görüň. Bu sözleriň manysy aňyňa baryp ýetende, iniň jümşüldäp başlaýar. Hudaý, älemiň Ýaradyjysy Ysraýyly müsür gulçulygyndan çykarmagynyň esasy maksadyny – ony Öz ýanyna alyp gelmek üçin çykarandygyny aýdyň görkezýär. Hudaý olar bilen şahsy we ýakyn gatnaşyklary agtarýardy.

Hudaýyň gatnaşyklar Hudaýydygyny ýatda saklamak wajypdyr. Onda ata ýüregi bar, bu hemişe şeýle-de bolar. Ata-enäniň ýaňy doglan balalaryny tanamagy küýseýişleri ýaly, Ol hem Öz perzentlerini tanamagy küýseýär.

Hudaý Musa ýanyp duran çalyda göründi. Ol oňa Öz huzurynda bolma hukugyny berdi. Bu Musanyň islegini şeýle oýaransoň, ol Müsüre, hatda şol baý we abadan durmuşyna dolanmak islemedi. Bu duşuşyk oňa düýpli täsir edip, onuň içki ugrukdyryjysyny berk sazlady.

Musa ysraýyl halkynyň hem Hudaý bilen duşuşan şol ýerine barmagyny isledi, ýöne muny Hudaýyň hut Özüniň isländigi akyly haýran edýär. Musa eýýäm Hudaý bilen duşaşansoň, ol halky Hudaý bilen, Hudaýy hem halk bilen tanyşdyryp bilerdi.

Üç adam bar diýeli: Iordan, Awigeýa we Susanna. Iordan biri-biri bilen tanyşmak isleýän Awigeýa bilen Susannany tanaýar, diýmek, Iordan olary tanyşdyryp bilýär. Musa Hudaý bilen tanşyp, belli bir wagt Onuň bilen boldy. Musa ysraýyl halky bilen hem boldy. Şonuň üçin-de hut ol adamlaryň Hudaý bilen duşuşygyny gurnap bilýär. Hudaý giriş bölüminiň nähili bolmalydygyny Musa aýtdy:

> “ ‘Siz Meniň üçin ruhanylar bolup hyzmat edýän, Maňa bagyş edilen mukaddes millet bolarsyňyz’. Ine, seniň ysraýyllara aýtmaly sözleriň şudur” (Müs. 19:6).

Olar Hudaý üçin aýratyndylar, Ol bu halkyň ruhanylar bolmagyny – öz adyndan ýa-da başga adamlaryň adyndan Onuň ýanyna geljek adamlar bolmagyny isleýärdi. Aslynda Ol olara ýakyn dostlugy teklip edýärdi. Nähili üýtgeşik hukuk! Soňra Hudaý şeýle diýdi:

> “...Adamlaryň ýanyna bar, şu gün we ertir inlerini tämizlemegi buýur, goý, olar *geýimlerini-de ýuwsunlar*. Birigün taýýar bolsunlar. Sebäbi birigün Men ähli adamlaryň gözüniň alnynda aşak Sinaý dagyna injek” (Müs. 19:10-11).

Hudaý şonda dogrudan-da aşak indi, ýöne adamlar Ony öz jogaplary bilen gynandyrdylar. Olar Oňa golaýlaşmaga derek, Ondan arany

açdylar. Olar nalap, Musa şeýle diýdiler: "...Bize sen geple, biz eşideris, ýöne, goý, Hudaý bize geplemesin, ýogsam, biz öleris" (Müs. 20:19).

Ysraýyllar Hudaýyň huzuryna çydap bilmediler, sebäbi olaryň kalbynda heniz-de Müsür bardy. Olar heniz-de öz bähbitlerini Hudaýdan ileri tutýardylar. Olaryň Hudaýy ýakyndan tanamak yhlasy ýokdy. Hudaýyň aýan bolan huzury halkyň içgi ugrukdyryjysynyň nämä gönükdirilendigini görkezdi, halk ony çalyşmak islemedi.

Hudaýyň näme etmelidigi, şol sanda geýimlerini-de tämizlemek barada diýýänlerine ýene-de bir gezek garaň. Bu nämä gerek? Hudaý fiziki arassalygyň tarapdarymy? Bu soraga jogap bermek üçin, biz Köne Ähtde daşky hereketleriň ruhy ýagdaýy beýan etmeli bolandygyny ýatlamaly. Müsüriň hapasy heniz olaryň egin-eşiginden ýuwlup aýrylmandy. Hudaýyň mukaddes huzuryna girmezden öň, bu hapany aýyrmalydy.

Müsür günä batan dünýä ulgamynyň nyşanydyr. Adamlar öz bedenlerini hoşwagt etmek, gözlerine lezzet bermek üçin, dereje, abraý, şöhrat gazanmak üçin ýaşaýarlar. Bularyň ählisi "baýlyk bilen magtanmakdyr" (ser.: 1 Ýoh. 2:16). Hudaýy tanamaklyk ilkinji derejeli zatlaryň hataryna girenok. Olary has köp gyzyklandyrýan zat – men näme alyp bilerin?

## Hudaý baýlygy agtarýanlary agtaranok

Men syýahatlara gidenimde, köplenç baý erkekleriň ýanynda örän owadan aýallary – olardan 15 ýa-da 20-25 ýaş kiçi aýallary görýärin. Şeýle jübütlerdäki erkegiň bedeni o diýen oňat şekilde bolmansoň, ol aýalyň kakasy ýaly bolup görünýär. Ol näme üçin bu aýal bilen ýaşaýar ýa-da ol näme üçin bu aýala öýlendikä?

Şeýle jübütleriň biri-birine aşyk bolmagy gaty seýrek duş gelýän ýagdaý. Mesele başga zatda – şeýle aýallary *baýlyk agtarýanlar* diýip atlandyrsaň bolýar. Ýanyndaky erkege däl-de, onuň üpjün edýän baý

durmuşyna gyzyklanma bildirýän gyzlara hut şeýle diýýärler. Ol erkegiň baýlygyna we abraýyna şärik bolasy gelýär. Emma erkegiň hem ondan tapawudy ýok, sebäbi onuň esasy gyzyklanmasy gyz däl-de, öz egoistik höweslerini kanagatlandyrmakdyr. Ol hemmeleriň öňünde heniz-de ýaşdygyny, gujur-gaýratdan doludygyny görkezesi gelýär we, elbetde, oňat jyns gatnaşyklardan lezzet alasy gelýär.

Başga sözler bilen aýdanyňda, her kim öz ýakyny barada çyn ýürekden alada etmäge derek öz egoizmine daýanyp, başgalardan näme alyp boljakdygyny agtarýar. Bularyň hersi belli bir derejede beýlekiniň näme edýändigini bilýär, ýöne öz jyns höwesini we tekepbirligini kanagatlandyrmak üçin, bularyň baryna çydaýar. Olary uzakwagtlaýyn gatnaşyklar höweslendirenok, olary egoistik lezzetler imrindirýär.

Ýaňy-ýakynda biz aýalym bilen mebel we ownuk-uşak zatlaryň satylýan dükanyna gitdik. Bu dükanda bizden başga ýene-de bir jübüt – garry erkek we ýaş aýal bardy. Men ilkibada bular ataly gyzdyr öýtdüm, ýöne olaryň satyjy bilen eden gürrüňinden munuň beýle däldigine düşündim. Olar är-aýal jübüti bolup, täzelikde satyn alan öýleri üçin gerekli zatlary alýan ekenler.

Biz dükanda olar bilen takmynan ýigrimi minut – olary synlap ýetişer ýaly wagt bolduk. Men olaryň zordan we ýüzleý gürleşýändiklerine üns berdim. Olaryň umumylygynyň azdygy, gyzyklanmalaryň dürli-dürlüdigi mese-mälimdi. Olaryň durmuşynda söýginiň we şatlygyň ýokdugy hem bildirip durdy. Aýal äriniň gözlerine seretmejek bolýardy, ýüzi tukatdy. Onuň egnindäki eşigi dardy, ýüzi goýy boýalandy. Erkek özüni diýseň hereketjeň alyp barýardy, ähli zatdan başy çykýan ýaly gürleýärdi. Ol satyjy bilen gürleşende, puluň asla mesele däldigini gaýta-gaýta nygtaýardy.

Men bu jübüte seredýärkäm, Liza ikimiziň gatnaşygymyzyň näderejede üýtgeşikdigine aň ýetirdim. Men ol barada örän köp alada edýän, men muny onuň keşbi üçin edemok (ýöne ol hakykatdan-da owadan). Liza hem men barada jan-tenden alada edýär. Biz jana-jan

ýaranlar we wagtymyzy bile geçirmegi halaýarys. Dükanda duşan jübütimize ýüregim awady, sebäbi olaryň gatnaşyklarynda söýginiň ýokdugy görnüp durdy.

Men bu zatlary olary ýazgarmak üçin ýazamok; men olar söýgüde ösüp, biri-biriniň barlygyndan lezzet alarlar diýip umyt baglaýan. Ýöne adatça beýle bolmaýar, sebäbi olar nädogry binýady saýlap aldylar.

Ysraýyllar Müsürden hapa gatnaşyklary getiripdiler, Hudaý bolsa olar bilen ýüzleý gatnaşykda asla bolasy gelmeýärdi. Ol biziň bilen hakyky gatnaşykda bolasy gelýär, Oňa "baýlyk agtarýanlar" gerek däl. Ysraýyllaryň ýüreginde heniz-de çökündi bolup ýatan dünýewi gyzyklanmalar hakyky gatnaşyklara eltmegi başarmaýar, sebäbi olar egoist. Ysraýyl diňe özüni hapadan tämizländen soň Hudaýy tanap bilýärdi.

Musa Hudaý bilen hakyky gatnaşyklary jan-tenden agtaranlygy üçin, öz höweslerini ret edipdi. Ysraýyllar bolsa öz höwelerinden el çekip bilmediler. Olar Hudaýdan diňe öz bähbitlerini araýardylar. Gynansak-da, bu şeýledi.

## Bu gün nähili?

Biz Täze Äht döwründe ýaşaýarys, bu günki gün üýtgän zat barmyka? Adam ýüreginde heniz-de bu dünýäniň hapasyny saklap, Hudaýy bilen hakyky gatnaşygy saklap bilermi? Isa Mesihiň merhemeti dünýäniň hapasyndan tämizlenmek zerurlygyny ýuwup aýyrýarmy? Mukaddes Ýazgylarda bu zerurlygy aýratyn nygtaýan, ýöne munuň birlikde hem käwagt muny gönüden-göni aýtmaýan birtopar aýatlar bar:

> "Hudaý: 'Men olaryň arasynda mesgen tutaryn we olaryň arasynda bolaryn. Men olaryň Hudaýy, olar hem Meniň halkym bolarlar' diýipdi ahyryn. "Şoňa görä-de, olaryň arasyndan çykyň-da, olardan aýrylyň' – muny Reb diýýär. 'Haram zatlara el degirmäň, şonda Men sizi kabul ederin. Men size Ata bolaryn siz hem Meniň ogul-gyzlarym bolarsyňyz' – muny Hökmürowan Reb diýýär.

Eý, söýgüli doganlarym, Hudaý bize, ine, şeýle wadalary beripdir! Şonuň üçin-de, geliň, bedenimizi we ruhumyzy murdar edýän ähli zatdan tämizläliň. Hudaýdan gorkup, bütinleý mukaddes bolmaga ymtylalyň" (2 Kor. 6:16-7:1).

Bu az sanly sözlerde gizlin many şeýle köp! Birinjiden, "muny Reb diýýär" diýen sözlere üns beriň. Hudaý bu sözleri ilkinji gezek haçan we nähili tekstde aýdýar? Resul Pawlus Hudaýyň dagda, Öz huzurynda Musa aýdan sözlerini gaýtalaýar:

"Men ysraýyllaryň arasynda ýaşaryn we olaryň Hudaýy bolaryn. Aralarynda ýaşamak üçin olary Müsürden alyp çykan olaryň Hudaýy Rebbiň Mendigimi bilsinler..." (Müs. 29:45-46).

Hudaý Müsürden çykyş kitabynyň 19-njy babynda eýýäm aýdanlaryny – hakyky gatnaşyklary saklamak islegi barada gaýtalap aýdýar. Ol şuny küýseýärdi, ysraýyl halky bolsa muny unudýardy. Diňe Musa, Danyýel, Işaýa we beýleki birnäçe adamlar Hudaý bilen ýakyn gatnaşygy saklap bildiler, sebäbi olar egoistik lezzetleriň dünýewi höweslerinden dynmagy karar etdiler. Indi Pawlus bize, ýagny Isa Mesihiň gany bilen päklenip, Hudaýyň merhemeti arkaly halas bolanlara şeýle sözler bilen ýüzlenýär.

Biz ýene-de özümize şeýle diýilýänini eşidýäris: "Men olaryň arasynda mesgen tutaryn we olaryň arasynda bolaryn. Men olaryň Hudaýy, olar hem Meniň halkym bolarlar..."

"Haram zatlara el degirmäň, şonda Men sizi kabul ederin".

Bu sözler Hudaýyň ysraýyl halkyna aýdan sözlerinden hiç tapawutlanmaýar, ýöne şindi Ol bu sözleri täze halka – bize ýüzlenip aýdýar. Onuň bize ýakyn bolma islegi üýtgemedi, emma eşiklerimizde dünýäniň hapasy galsa, bu isleg hasyl bolmaz. Ol bizi ýakyn gatnaşyklar üçin kabul edýär, emma şert bilen: Ol bize ýene-de "baýlygy agtaryjylaryňky" ýaly gatnaşyklara bolan ýigrenjini görkezýär.

Hudaý biziň iň pynhan pikirlerimizi-de bilýär. Ol bize diňe egin-eşiklerimiz däl, eýsem kalbymyzy we ruhumyzy päklemegi buýurýar.

Ol eşiklerimizde Müsüriň hapasynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny (şahsy lezzetler üçin ýaşap-ýaşamaýanlygymyzy), ýa-da Musanyňky ýaly Hudaýy ähli zatdan ileri tutýandygymyzy bilýär. Şonuň üçin-de, Musanyň ysraýyl halkyna Hudaý bilen ýakyn gatnaşygy açmazdan ozal geýimlerini päklemelidigini aýdyşy ýaly, resul Pawlus bize hem şeýle diýýär: “ Şonuň üçin-de, geliň, bedenimizi we ruhumyzy murdar edýän ähli zatdan tämizläliň. Hudaýdan gorkup, bütinleý mukaddes bolmaga ymtylalyň”. Özümizi dünýäniň hapasyndan we zir-zibilinden päklesek, içki ugrukdyryjymyzy dogry sazlap bileris; şonda ol bize ýoldan azaşmazlyga, erbet zatlary ret etmäge, hakyky zatlary ileri tutmaga kömek eder.

Bizi Hudaý bilen ýakyn gatnaşyklara alyp barýan ugrukdyryjynyň iň amatly sazlamalaryny saklamak üçin “mukaddes” sözi iň açary söz bolup durýar. Indiki baplarda biz bu ajaýyp hakykat barada gürrüň ederis.

7

# BIZI GABANÝAN

“Meni kime meňzedersiňiz? Kim Maňa taý geler?-
Muny Mukaddes Bolan diýýär.- Gözleriňizi göge
tarap galdyryň, bulary ýaradan kim?
Reb gökdäki goşunlary ýekeme-ýeke çykarýar,
atlaryny tutup, çagyrýar, Onuň zor güýjüne,
beýik gudratyna görä olaryň
hiç biri kemlik etmeýär”.
— Işaýa 40:25-26

Eý, imanly! Hudaý seniň söýgiňi juda gabanýandyr.
Eýsem Ol seni saýlap-seçmedimi näme?
Ol seniň Ondan başga birini
saýlajagyňa çydap bilmez.
— Çarlz Sperjen

Hudaýyň huzurynyň berýän peýdasynyň we lezzetiniň öwezini dünýäde başga hiç bir zat dolup bilýän däldir. Pikir ediň: bu meşhur türgeniň, görnükli alymyň, tanymal suratkeşiň, şowhunlyk-biznesiň ýyldyzynyň ýa-da güýçli dünýä lideriniň jemgyýetinde bolan ýaly däl-de, görünýän we görünmeýän zatlary Ýaradanyň huzurynda bolmak ahyryn! Ol tutuş älemi oýlap tapdy we ony juda ägirt edip ýaratdy. Adamyň akyly bu älemiň ölçeglerini sygdyryp bilmese-de, onda ähli zat örän anyk ýaradylyp, gurluşy çylşyrymly bolan atomlar ähli maddalar we zatlar üçin gurluşyk materialy bolup hyzmat edýär. Bu atomlar örän kiçijek; eger olardan bir dýum (2,54 sm) uzynlykdaky kesimi düzsek, oňa millardlarça atomlar sygar – men bu barada

ozal aýdyp geçipdim. Alymlar çuň ylmy-barlaglaryň ençemesini geçirendiklerine garamazdan, olar heniz-de atomlaryň tebigatyna doly düşünip bilenoklar.

Hudaýdan daşarda hiç bir peýdaly paýhas, bilim ýa-da düşünmeklik ýokdur. Hudaýa haýsydyr bir täze zady öwrenmek gerek däl, sebäbi Ol hakykatdan-da hemme zady bilýär. Ol hatda ahyrda näme boljagyny bilýär we Ol muny ilkibaşdan bilýär. Güýçli perişdeler elmydama Onuň öňünde durýar, olar öz ýüzlerini ýapyp, Onuň Kimdigi baradaky dyngysyz aýanlyk alýarlar, galpyldap, öwgi aýdýarlar. Geçen nesilleiň iň paýhasly erkekleriň we aýallaryň Onuň huzuryndan lezzet almagy özlerine dereje saýandyklary geň zat däl.

Adama şeýle Şahsyň huzuryna girmäge rugsat edilendigi barada oýlananyňda, iniň jümşüldeýär. Has haýrana goýýan zat – Ol biziň Öz ýanyna barmagymyzy bizden-de köp isleýär. Resul Ýakup şeýle diýýär:

> “Siz Mukaddes Ýazgylardaky ‘Hudaýyň bizde mesgen tutan Ruhy örän gabanjaňdyr’ diýlen sözler boş ýere aýdylandyr öýdýärsiňizmi?” (Ýak. 4:5).

Gabanmak derejesine çenli söýmeklik – bir zady güýçli islemekligi aňladýar. Iň ajaýyp Şahsyň meni görmegi küýseýändigi barada oýlananymda, men hem Dawut pygamber ýaly: “Eý, Hudaý, pikirleriň maňa nähili eziz! Olaryň san-sajagy ýok, sanaýyn diýsem, olaryň sany çägeden-de köp!..” diýip bilýärin (Zeb. 138:17-18).

Dawut Hudaýyň biz baradaky – hemme adamlar baradaky umumy bir pikir däl-de, herimiz baradaky aýratyn pikirleri barada aýdýardy. Onuň biz baradaky pikirleri ýer ýüzündäki çägeden-de köp! Ähli kenarýakalaryndaky, çöllerdäki, meýdanlardaky, golf we çagalar meýdançalaryndaky çägeleriň hemmesini göz öňüne getirjek bolup görüň. Bu ägirt mukdardaky çägeler pikirleriň ägirt mukdarydyr.

Size ýene-de bir mysal getireýin. Men aýalyma örän aşyk. Biz otuz ýyldan gowrak bile ýaşap gelýäris. Meniň ol barada san-sajaksyz

pikirlerim bar. Emma men soňky otyz ýylyň dowamynda ol barada eden pikirlermi sanap, olary çäge hasabyna geçirsem, onda olar köwşüň gutusyny-da doldurmazlar (alymlaryň hasaplamasyna görä, $1^3$ çägede 1,8 milliard sany çäge dänejikleri bar).

Geliň mundan-da çuň oýlanalyň. Siz ömrüňizde hemme zady ulaldyp aýdýan adama duşupmydyňyz? Mysal üçin, balykçy. Ol: "Men şeýle balygy tutdum!" diýip, ellerini ikiýana uzadyp, onuň uzynlygyny görkezýär. Siz şol balygy öz gözleriňiz bilen gören bolsaňyz, onuň uzynlygynyň görkezilýäninden has kiçidigini anyk bilýäňiz. Ýa-da mysal üçin, öz nukdaýnazaryny tassyklajak bolup statistiki maglumatlary howadan alýan adam. Ol batyrgaýlyk bilen: "Erkekleriň 99%-mi melodramalary halamaýar" diýip aýdýar. Ol resmi maglumatlar bilen hiç haçan gyzyklanmandy, statistiki maglumatlary barlamandy, ýöne kinonyň bu žanryna bolan ýigrenjini aklamak üçin, ulaldyp gürleýär.

Ýa-da mysal üçin: "Men seniň üçin dileg edýärin" diýip gürleýän adam. Hakykatda welin, ol, belki bir gezek, özem göwünli-göwünsiz dileg edendir. Meniň pikirimçe, hemmeler wagtal-wagtal ulaldyp gürleýärler, ýöne, geliň, dogrymyzy sözläli: ulaldyp gürleme – ýalançylyk bolýar. Haýrana galdyrýan hakykat – Hudaý aldap bilmeýär! (ser.: Çöl. 23:19 we Tit. 1:2). Eger Ol ýalan sözleýän bolsady, onda "ýalanyň atasyna" – şeýtana tabyn bolmaly bolardy, emma bu asla bolmaz.

Eger Hudaý siz baradaky pikirleriniň ýer ýüzündäki çägeden-de kändigi barada aýdýan bolsa, muňa ynanyp bolýar.

Onuň siz barada nähili köp pikir edýändigine düşünýäňizmi? Öz pikir ediş durmuşyňyzy göz öňüne getirip görüň. Ýanynda bolmagy islemeýän adamyňyz barada köp pikir edýäňizmi? Ol hem şeýle! Hudaýyň bizde mesgen tutun Ruhy – biziň bilen gatnaşykda bolmagy güýçli küýseýär. Başga sözler bilen aýtsak, Hudaý bizi örän eziz dosty hökmünde tanasy gelýär.

## Hudaýýň gabanjaňlygy

Geliň, Ýakubyň sözlerine garaly: “Siz Mukaddes Ýazgylardaky ‘Hudaýýň bizde mesgen tutan Ruhy örän gabanjaňdyr’ diýlen sözler boş ýere aýdylandyr öýdýäňizmi?”

Bu ýerde açary söz - “örän gabanjaňdyr”. Munuň näme aňladýandygyny görkezmäge ygtyýar ediň. Eger men başga aýallar bilen gezýän bolsam, aýalym meniň bilen ýakyn gatnaşygy gözlärmidi? Öz ymtylyşlaryny, pynhan syrlaryny, ýürek arzuwlaryny meniň bilen paýlaşardymy? Elbetde, ýok! Ýokarda mysal getirilen aýada öňýanyndaky aýada baglylykda garalyň. Ol ýerde şeýle aýdylan:

> “Eý, biwepalar, dünýä bilen dostluk Hudaýa duşman bolýandygyny bilmeýärsiňizmi? Kim dünýä bilen dostlaşsa, Hudaýa duşman bolýandyr” (Ýak. 4:4).

Başga sözler bilen aýtsak: “Eger siz dünýä bilen dostluk agtarýan bolsaňyz, siz biwepa bolýaňyz!”

Ýakup öz hatyny diňe mesihilere ýazýar, sebäbi ol onda on bäş gezek: “meniň doganlarym” diýip aýdýar. Onuň haty Hudaý bilen gatnaşyk saklaýan, Isa Mesihi öz durmuşlaryna kabul eden adamlara niýetlenilendigi gürrüňsizdir. Gepiň tümmek ýeri, biz dünýä bilen dostlaşanymyzda, Hudaýa biwepalyk edýäris.

Başga aýal baradaky mysalymy dowam edip, şuny aýdaýyn: eger men başga aýallar bilen gezýän bolsadym, onda Liza meniň bilen duýgularyny, syrlaryny paýlaşman, eýsem maňa gaharlanardy we gabanardy – bu hem ýerlikli bolardy. Men özümi oňa we diňe oňa bagyş edipdim. Eger men oňa biwepalyk eden bolsadym, onda öz wadamy bozup, ýalançy bolardym.

Ýakup Ruhuň gabanjaňlygy baradaky sözleriniň öňýanynda şeýle diýýär: “Siz Mukaddes Ýazgylardaky sözler boş ýere aýdylandyr öýdýärsiňizmi?” Ol diňe şu aýady däl-de, Mukaddes Ýazgylardaky aýatlary hem göz öňüne tutýar, Hudaý Özi barada ençeme gezek şeýle diýýär:

"Men Hudaýyň Reb gabanjaň Hudaýdyryn" (Müs. 20:5).

"...Gabanjaň atly Reb gabanjaň Hudaýdyr" (Müs. 34:14).

"Çünki Hudaýyňyz Reb ýakyp-ýandyryjy bir otdur, Ol gabanjaň Hudaýdyr" (Kan. tag. 4:24).

Hudaýyň gabanjaňlygy barada Mukaddes Ýazgylarda köp ýazylan, bu aýatlaryň hemmesi biziň Hudaý bilen gatnaşygymyz barada aýdýarlar. Dowam etmezden ozal şuny anyklamaga ygtyýar ediň: Hudaý bizi gabanýandygy barada aýdanok, Ol gabanýar. Bu ikisiniň arasynda uly tapawut bar. Ol bize üstünlik arzuw edýär, hemme zadymyzyň ajaýyp bolmagyny isleýär, bolelin durmuşda ýaşamagymyzy isleýär. Onuň biz babatdaky islegi – biziň hasylly bolmagymyz (ser.: Ýeş. 1:8; Sül. 4:8; Mat. 25:29 we Ýoh. 15:8). Onuň gabanjaňlygy size ýakyn bolmak bilen bagly. Ol bizi beýlekiler bilen, esasanam dünýä bilen paýlaşasy gelenok. Ýakup ýöne Hudaýyň biwepalyga nähili garaýandygyny imanlylara ýatladýar. Eger biz Oňa biwepalyk etsek, Onuň gabanjaňlykdan ýaňa gahar-gazaby tutuşar. Bu ownuk-uşak zat däl.

Emma gahar-gazap wada biwepalyk etmek zerarly döreýän ýeke-täk duýgy däl. Men aldanylan äriň ýa-da aýalyň ruhy sarsgynlygy, lapykeçligi, aljyraňňylygy, betbagtlygy we gahary duýýandyklaryny örän köp eşidýärin. Ol özüni, ömrüni ýanýoldaşyna bagyş edipdir, ol bolsa ony ret edip, biwepalyk edipdir. Agyry we çykgynsyzlyk ýagdaýy ony kalbynyň jümmüşine çenli sarsdyrýar. Men biwepalyk zerarly taşlanylan aýalyň agyrydan doly ses bilen: "Onuň menden çagalary bar, men ömrümiň iň oňat döwrüni oňa bagyş etdi. Ol meni nädip taşlap bilýär?" diýip soraýanyny köp eşitdim.

Hudaýyň näme duýýandygyny göz öňüne getirip bilýäňizmi? Oňa biwepalyk edenimizde, Onuň kalbynyň nähili duýgulardan dolýandygyny göz öňüne getirip bilýäňizmi? Resul Pawlus şeýle ýazýar:

"Men sizi Hudaýyň gabanjaňlygy bilen gabanýandyryn. Sebäbi men sizi ýeke-täk bir Ýigide, ýagny Mesihe adaglap, sizi Oňa päk gyz hökmünde niýetledim" (2 Kor. 11:2).

Resul Pawlus Hudaýyň adyndan gürläp, Onuň ýerine başga birini ýa-da haýsydyr bir zady goýanymyzda Onuň bize bolan duýgularyny beýan edýär. Ýermeýa pygamber hem şeýle edýär: “Derdime şypa ýokdur, ýüregim ýaralydyr meniň” (Ýer. 8:18). Biz Onuň keşbinde ýaradylandygymyzy unutmaly däl. Hut şoňa görä-de, biz Hudaýyň duýýan duýgularyny duýýarys! Hudaý bizi gabanýar, sebäbi Ol Özüni biziň üçin gurban etdi. Ol Özi bilen baky gatnaşygy saklap bilerimiz ýaly, Özündäki ähli zatlary gurban etdi. Biz Oňa biwepalyk edenimizde, Onuň ýüregi we köňli örän gynanyp, gaharlanýar. Onuň diýýänlerine gulak asyň:

> “...Halkym Meni sansyz günläp unutdy. Sen oýnaşlaryňy gözläniňde, ýoluňy tapmaga nähili ussat! Hatda pis aýala-da ýollaryňy öwretdiň... Bu zatlaryň baryna garamazdan, sen diýýäň: ‘Men günäsiz...” (Ýer. 2:32,33,35).

Biz Hudaý biwepalyk edenimizde, muňa köplenç düşünmän-de galýarys, biwepalygymyzyň näderejede agyrdygyna akyl ýetirmeýäris. Hakykat biziň gözlerimizi açyp bilýär. Biziň ýüreklerimiz Onuň parçalanan ýüregine we nalaýan köňlüne biperwaý bolýar. Hudaý: “Olar özlerini bihaýa alyp baryp, nejis işler etdiler, emma muňa utanmadylar. Utanyp gyzarmagyň nämedigini bilmediler” (Ýer. 6:15) diýýär. Ýermeýa ýaly beýleki pygamberler hem Ysraýylyň biwepalygy barada diýýärler, Pawlus bilen Ýakup hem Täze Ähtde bu barada aýdýarlar. Ýakubyň wajyp pikirini derňemegi dowam edip, *philos* we *philia* grek sözlerine garaly; olar “dost” we dostluk” diýmegi aňladýarlar. *Philos* sözüniň manysy – söýýän, mähirli we birleşdirmek; *philia* sözi “dost” ýa-da “dostlaşmak” diýmegi aňladýar.

“Köne we Täze Ähtiň sözleriniň düşündirişli sözlügini” düzen U.E.Waýn *philia* sözüne kesgitleme berip, şeýle ýazýar: “ol söýmegi hem-de söýülmegi aňladýar”. Bu barada Isa Mesihiň aýdan sözleri babatynda oýlanyp görüň:

“Dünýäden *bolan bolsadyňyz*, *dünýä* sizi özüniňkiler kimin söýerdi. Emma siz bu dünýä degişli dälsiňiz. Men sizi bu dünýäden saýlap aldym. Ine, şonuň üçin hem, dünýä sizi ýigrenýär” (Ýoh. 15:19).

Siz ozal dünýä degişli bolan bolsaňyz-da, indi oňa degişli dälsiňiz. Indi siz Hudaýa degişlisiňiz. Siz özüňizi Isa Mesihe tabşyran pursadyňyzda bedeniňizde birwagtlar ýaşan adam öldi. Bütinleý täze ýaradylyş peýda boldy. Siz Hudaý bilen äht gatnaşygynda bolan adam hökmünde göklerden doguldyňyz.

Isa Mesih adamyň Hudaýa degişli bolmagynyň esasy nyşany diýip dünýäniň ony ýigrenmegini hasaplaýar. “Dünýä meni ýigrenýärmi?” diýip, özüňizden sorap, dogryňyzy aýdyň. Dünýä siziň tanyş mesihileriňizi ýigrenýärmi? Eger şeýle bolsa, nädip ýaşamaly? Nädip işlemeli we peýda getirmeli? Dünýä nädip ýetmeli? Dünýä bizi söýen ýagdaýynda biz oňa has köp peýda getirmerismi näme? Bu çylşyrymly soraglaryň jogabyny tapmak gerek. Indiki baplarda biz hut şeýle-de ederis.

Resul Ýakup Isa Mesihiň sözleriniň ýene bir tarapyny beýan edýär: Ol bize batyrgaýlyk bilen şeýle diýýär: “Dünýä we ondaky zatlara köňül bermäň. Dünýäni söýýän adamda Atanyň söýgüsi ýokdur” (1 Ýoh. 2:15).

Isa Mesih, Ýakup we Ýohanna dagy Hudaý bilen gatnaşykda bolup, dünýäni söýýän adam babatda örän ýiti sözleri ulanýarlar. Olar dünýäni söýmek we onuň bilen dostlaşmagyň biwepalyk, ýigrenç, duşmançylyk we Hudaýyň söýgüsiniň bizde ýoklugy ýaly zatlar bilen deňdir diýip aýdýarlar. Dünýä bilen dostlugyň howpy baradaky bu berk sözleri teswirlemezden ozal, biz dünýäniň nämedigini kesgitlemeli.

Dünýä – grekçe *kosmos* bolýar. Ol “häzirki zaman dünýä, zatlaryň barlyk tertibi, Isa Mesihiň Şalygyna garşy durýar we şonuň üçin-de elmydama haýsydyr bir tizakgynly, peýdasyz we ...nädogry islegleri özünde jemleýär”. Geliň, şu sözleriň her birine garap geçeliň:

*Tizakgynlyk* sözi *tiz* we *akgyn* sözlerinden düzülip, “gysgawagtlaýyn, durnuksyz, tiz geçip gidýän” diýmegi aňladýar. Eger biz jem-

gyýetiň ösüşine wagt dowamlylygynda seredip bilsedik, onda onuň elmydama üýtgäp durýandygyny göreris. Üýtgeşmeler köplenç peýdalydyr, sebäbi olar öňe gidişligiň, ýaýbaňlanyşyň we ösüşiň bardygyny aňladýar.

Emma moral we ahlakdaky üýtgeşmeler bizi Hudaýyň nazaryndaky oňat zatlardan kem-kemden daşlaşdyrýar.

Ozal *ahlaksyzlyk, kabul edip bolmajak, keseki* diýip hasaplanan düşünjeler, ýagdaýlar jemgyýetimizde bu gün *ahlakly, hemmeler tarapyndan kabul ederlik* diýip hasaplanylýar. Geliň, muňa mysal getireliň.

13 ýaşly çagalary diňe ene-atalary bilen görmäge rugsat edilen adaty bir filmi alyp göreli. Kassanyň öňünde bu kinony görjek adamlaryň uzyn nobaty emele gelýär. Ýöne bu blokbaster kinosynda zorluk, uruş, dawa-jenjel we azgynlyk sahnalary bolar. Jyns gatnaşyklaryny, gomoseksual gatnaşyklary görkezýän sahnalar köp kinolarda bar. Aktýorlar ekranda ahlaksyz hereketleri edýärler, ogurlyk, adam öldürme, jady-doga etme ýaly zatlar görkezilýär.

Bu zatlary diňe erbet gahrymanyň etmegi hökman däl, käwagt kinonyň sýužetine görä muny oňat gahrymanlar we olaryň kömekçileri-de edýärler. Adamlar özara gürlşenlerinde paýyş sözlerini ulanýarlar, şolar bilen bilelikde Hudaýyň adyny hem agzaýarlar.

Biz köp filmlerde şeýle zatlary diňe bir kabul etmek bilen çäklenmän, eýsem şeýle zatlara garaşýarys. Emma şeýle bir film 1950-nji ýyllarda görkezilen bolsady, onda tomaşyçylaryň depe saçy üýşerdi! Amerikan halky şeýle köp sanly paýyş sözleriň, ýalaňaç adamlaryň we azgynlygyň sahnalarda bardygy üçin gahar-gazaba münerdi. Adamlar närazylyk bildirip: “Näme üçin bu filmde iki sany öýlenmedik adamyň bile ýaşaýandygy, özi-de düşekde ýalaňaç ýatandyklary görkezilýär? Näme üçin bu adaty we kabul ederlik durmuş hökmünde görkezilýär? Nähili masgaraçylyk! Nähili gabahatlyk!”. Tomaşyçylar şeýle filmlere barman, oňa boýkot yglan ederdiler.

Şeýlelikde, näme body? Eýsem Hudaý adaty, kabul ederlik we oňat hereketleriň täze standartlaryny yglan etdimi? Eýsem rugsat

edilýän zatlaryň çäkleri giňeldildimi? Eýsem biz has akyllandykmy? Ýa-da biz ellinji ýyllarda köne düşünjeli adamlar bolup, şindi öňe gidişlik başladymy?

Eger hakyky ştatiştika üns bersek, onda biz filmlerdäki gödek üýtgeşmeleriň jemgyýetdäki ahlak ştandartlarynyň üýtgemeginiň şöhlelenmesi bolup durýandygyny göreris. Ýaňy-ýakynda geçirilen barlaglaryň netijesinde erkek bilen nikalaşmazdan jyns gatnaşyklarynda ýaşaýan gyzlaryň sany 1982-nji ýyl bilen deňeşdireniňde üç esse artandygy mälim boldy. US News & World Report neşiriniň maglumatlarynda 2006-2010 ýyllarynda 15-40 ýaş aralygyndaky aýallaryň ýarysy diýen ýaly (48%) nikadan öň erkek bilen ýaşaşdylar. Bu 2002-nji ýyl bilen deňeşdirilende 11% ýokarydyr, 1995-nji ýyldan bäri bolsa 41% artandyr. Men biziň geçiş medeniýetimiziň ştatiştikasynyň maglumatlaryny sanap oturyp bilýän, ýöne kitabyň manysy munda däl.

Şeýle-de dünýä adamyň janynyň gymmaty ýok diýen düşünjäni zor bilen adamyň aňyna guýýar. Jemgyýetde hakykatdan-da gymmatly özgerişler we ösüşler bar. Ylymda, tehnologiýalarda, aragatnaşykda, lukmançylykda we beýleki çäklerde ýetilen sepgitler adamzada peýda getirýärler, onuň öndürijililik ukybyny ösdürýärler. Bu Hudaýyň "örňäň, köpeliň" diýen birinji tabşyrygyna gabat gelýär (Gel. 1:22).

Ahlak düşünjeleriniň üýtgemegi haýsydyr bir gymmatlygy getirýärmi? Ýa-da olaryň esasynda gysgançlyk, aýgyrlyk höwesi we dereje islegi ýatyrmyka? Jynsy bir bolsa-da, nikalaşan jübüte: iki erkege ýa-da iki aýala terbiýelemäge berlen çagalar näme gowulyk gördüler? Eýsem çaga baradaky şeýle alada mähirli eje bilen edermen kakanyň bar bolan maşgalasyndan gowumy näme? Ýa-da şeýle üýtgeşmeler nädogry islegleri (*kosmos* sözüniň soňky kesgitlemesi) kanagatlandyrmak üçin girizildimikä?

Bile ýaşaşyp, özlerini maşgala bagyş etmek islemeýän erkek bilen aýal çagany gorap bilermi? Ýa-da şeýle "nika" ene-atanyň egoistik höweslerini we olaryň bihabarlyklaryny kanagatlandyrmak üçin

rugsat edildimikä? Haryt öndürýän ýa-da satyjy hakykaty ýoýup, satuwyň derejeseini ýokarlandyrmak üçin aldaw usullaryny ulananda öz müşderisini baýadýarmy ýa-da öz gysgançlygyny kanagatlandyrýarmy? Kanun marihuanany ulanmaga rugsat etmek bilen, beýni öýjükleriniň hereketine ýardam berýärmi? Eýsem alymlaryň çap edýän barlag netijeleri neşäniň beýni öýjüklerini öldürýändigini habar bermeýärmi näme? Hemmeler tarapyndan kabul edilen şu nädogry isleglериň haýsy hem bolsa biri bizi Ýaradana ýakynlaşdyrýarmy?

Mukaddes Ýazgylar dünýäniň adatlary bikanunlygyň ruhlary arkaly kesgitlenilendigini aýdýar. Bu ruhlar biziň neslimiziň adamlary arkaly hereket edýär (Efes. 2:2). Başga sözler bilen aýdylanda, kosmos – bu aňy bulaşan adamlar tarapyndan döredilen medeniýet. Resul Ýohanna ähli şübheleri aýryp, şeýle diýýär: "Biz özümiziň Hudaýdandygymyzy, bütin dünýäniň bolsa şeýtanyň golastyndadygyny bilýäris" (1 Ýoh. 5:19). Dünýä gitdigisaýy Hudaýyň ýüreginden we Onuň ygtyýaryndan daşlaşýar. Bu daşlaşma belli bir derjede erbetlik ýa-da Hudaýyň sözüne garşy çykmaklyk ýaly görünmeýär. Dünýäde bolup geçýän şeýle üýtgeşmeler öňe gidişligiň we jemgyýetiň bähbitleriniň "keşbine" girýär. Emma, gynansak-da, hakykat şundan ybarat: dünýä öz raýatlaryny Ýaradanyň ýüreginden daşlaşdyr, olary ýuwudýar.

"Mukaddes Kitabyň sözleriniň täze halkara sözlüginde" has çuň kesgitleme berilýär: "Dünýewi pikirlenme usuly – bu käbir adamlaryň gaharyny getirýän işler bilen meşgullanmaklyk däl. Bu garaýyşlary, gymmatlyklary we öz medeniýetiňdäki gatnaşyklary Hudaýyň Sözi babatda derňemän, olary kabul etmekligi aňladýar". Başga sözler bilen aýdanyňda, dünýewi usulynda pikirlenmek bilen, biz nämäniň oňatdygy, nämäniň bolsa erbetdigi babatdaky nusgalary kesgitleýän gözbaşa öwrülýäris. Jemgyýetdäki nusgalyklary kesgitleýän garaýyşlar, gymmatlyklar we gatnaşanyklar bedeni kanagatlandyrmaga, gözlere lezzet bermäge, dereje, abraý we meşhurlyk gazanmak islegine gönükdirilendir.

> "Dünýäni-de, onuň hödürleýän zatlaryny-da söýmäň. Eger siz dünýäni söýýän bolsaňyz, onda sizde Atanyň söýgüsi ýokdur. Sebäbi *dünýä size şulary hödür edýär*: günäli höwesler, açgözlük we baýlyk bilen magtanmak – bular Atadan däldir, dünýädendir" (1 Ýoh. 2:15-16, NLT, iňlis dilinden terjime).

"Dünýä *size şulary hödür edýär"* diýen sözlere üns beriň. Olarda dünýäniň täsirini ýa-da, Ýakubyň aýdanlaryna laýyklykda, sizi ýuwutmak isleýän azgyn adamlary nädip saýgarmalydygy anyk düşündirilýär.

Eý, Isa Mesihe eýerýän mähriban adam, gaýrat edip, meniň sözlerimi eşit: dünýä seni ýuwutmak üçin agtaryp ýör. Dünýä seni özüne çagyranda ýesir ediji sözleri, logikany, ýaranjaňlyk sözlerini ulanýar, mümkinçilikleri, güýç, täsir etme we şahsy bähbidi ýa-da lezzeti hemişe wada berýär. Bu How enäni azdyran ýylanyň ýaranjaňlyk hereketlerinden asla tapawutlanmaýar. Ol edil halaýan erkegini özüne almagy niýetlän azgyn aýal kimindir. Ol erkegiň daşyna tor aýlap, özüniň oňa gerekdigi babatda ony ynandyrýar. Hiç zatdan bihabar erkek onuň toruna düşýär we aýal ondan islänini alýar.

Dünýäniň tory öz pidalaryny – mesihileri mekirlik bilen tutýar. Ol muny öz islegini kanagatlandyrmak we mesihileri Hudaýyň huzuryndan, ýalkanyşlaryndan daşlaşdyrmak üçin edýär. Süleýmanyň tymsallarynda dünýäniň öýi – ölüm öýi, onuň ýollary dowzaha eltýär diýip aýdylýar. Kitabyň awtory onuň "ol köpleri ýaralap ýykandygyny, pidalarynyň sansyz-sajaksyzdygyny" duýdurýar (ser.: Sül. 7:21-27).

## Haýsy zat dünýä däl?

Dünýäniň kesgitlemesinde esasy üns onuň niýetlerine däl-de, daşky keşbine berilýär. Men kanunçylygyň jemgyýetine düşen ýa-da onda ulalan hakyky imanlylaryň käbir pikirlerini eşidenimde, ýüregim gyýylýar. Kanunçylyk barada köp aýdýarlar, bu adalgany köplenç nädogry manyda ulanýarlar, şonuň üçin-de dowam etmezden ozal ilki onuň manysyny anyklaly. Sözlükde şeýle diýilýär: "ruha däl-

de, kanuna ýa-da görkezmä jan-tenden wepaly bolmaklyk. Anyk kanunlara bolan tabynlykdan ugur alyp, hereketlere höküm çykarmak".

Biziň köpimiz mesihiligiň jansyz görnüşi zerarly döreýän erbet wakalary eşidýäris. Çopanlar münberden ellerindäki Mukaddes Kitaba salgylanyp, berk berjaý edilmeli kanunlary we düzgünleri gatydan okaýarlar. Bu çopanlar eger aýallar jalbar geýseler, ýoň bolan eşikleri geýseler, şaý-sep dakynsalar, ýüzlerini boýag çalsalar, pirsing etseler, saçlaryny boýap, olary gysga gyrksalar, olary dünýewi hereketlerde aýyplaýarlar. Şeýle demagoglaryň wagyzlarynda erkeklere-de "paý" ýetýär: olaryň döwrebap emlägi pirsing we saçyň uzynlygy bilen deň hatarda berk barlanylýar.

Emma şeýle wagyzçylar diňe munuň bilen çäklenmeýärler. Eger kimdir biri günäkärleriň jemgyýetinde görnen bolsa, oňa derrew höküm çykarylýar. Kinoteatrlara ýa-da şowhunlyklara gatnaşýan adamlar ýazgarylýar. Oňlanylýan adamlaryň topary şeýle adamlaryň dost-ýaranlaryna gyýyk göz bilen garaýarýar. Döredijiligiň islendik görnüşi arkaly günäli adamlara ýetmek synanyşygy imandan dänmeklik diýip hasaplanylýar. Gadagan edilen zatlaryň arasynda: tanslar, jemgyýetçilik çärelerine gatnaşmak, dünýewi sazlaryň ählisi, telewizora tomaşa etmek, ybadathanalarda reňkli çyralary we tüssäni ulanmak bar. Emma "Isa Mesihe eýerip, bu dünýäden azat bolmak isleýänler" üçin gadagan zatlaryň sanawy ýokardaky zatlar bilen hem çäklenmeýär.

Men kanunçylaryň diňe birnäçe maksatlaryny agzadym, ýöne kanunçylygyň has gizlin görnüşleri bolup, olaryň howpy az däldir. Şeýle kanunçylyk halas bolmak, ruhy taýdan ösmek üçin laýyk gelinmeli ölçegleri kesgitleýärler we adamlary olary doly ýa-da bölekleýin berjaý etmäge mejbur edýär, adamyň daşky keşbine görä baha berýär. Şeýle ölçeglere, mysal üçin, birnäçe sagatlap dileg etmek, agyz beklemek, Mukaddes Kitabyň kesgitli aýatlaryny okamaklyk degişlidir. Bularyň bary, elbetde, oňat işler, ýöne olar ruhy artykmaçlygyň haýsydyr bir şekilini edinmek üçin edilmeli däldir.

Käwagt biz bagyşlanmany kabul edip bilmeýäris, şonuň üçin-de edilen günäden aklanmak üçin, özümi jezalandyrmaga synanyşýarys. Şeýlelikde, biz Isa Mesihiň gany barada unudyp, öz işlerimize daýanyp başlaýarys.

Kanunçylyk biz Hudaýa ýygnakda yhlas bilen hyzmat edenimiz üçin, Oňa has ýakyndyrys diýen düşünjä eýerýär. Ýa-da gödek günäleri etmeýänligimiz üçin Hudaý biziň doga-dileglerimizi has çalt eşider diýip pikir edýäris. Biz aňşyrmazdan, öz ruhy "sandygymyzy" oňat hereketler we işler bilen dolduryp bilýäris. Kanunçylyk elmydama "Hudaýa hyzmat etmeli", ýygnagyň ýolbaşçylar toparynynyň ýa-da meýletinlik işine gatnaşmaly, garyp-gasarlara kömek etmeli diýip, adamlara dynç almaga ýa-da durmuşdan lezzet almaga päsgel berýär. Söýgi höweslendiriji faktor bolmagyny bes edýär, onuň ornuny Hudaýyň razylygyny gazanma synanyşyklary eýeleýär.

Şeýle kanunçylygyň hemmelere mälim mysaly – şäherde öz günäleri bilen tanalýan salgytçynyň (biziň günlerimizde bu mafiýanyň agzasy) üstünden höküm çykaran fariseý baradaky waka. Fariseý özüniň oňat hereketleri üçin Hudaýa ýüzleý alkyş okady. Ol günä etmedi, mafiýanyň agzalarynyň edişi ýaly adamlary aldamady, zynahorlyk etmedi, agyz bekledi, yzygiderli dileg etdi we sinagogada sahylyk bilen sadakalar berdi. Ruhy lider öz işleri bilen öwnüp durka, günäkär sinagoganyň howlusynda durup, Hudaýa merhemet etmegini ýalbarýardy. Isa Mesih "ajaýyp" lideriň däl-de, şol günäkäriň aklanandy barada aýdýar.

Kanunçylygyň şeýle görnüşi bu dünýäniň ruhuna berk ornaşandyr, sebäbi ol bar ünsüni derejä, tekepbirlige we özüni kanagatlandyrmaga gönükdirendir. Bularyň ählisi haýsydyr bir adamlar tarapyndan düzülen düzgünler arkaly dolandyrylýar. Şeýlelikde, adam Hudaýa garaşly bolmagyny bes edip, bar ünsüni özüne gönükdirýär. Şeýle kanunçylyk Hudaýyň huzurynyň berýän şatlygyny ogurlaýar.

Meniň bir telekeçi dostum adamlaryň arasynda örän uly abraýa eýe. Ol kanunçylykda önüp-ösdi, ýöne ondan boşandy. Günleriň

birinde ol maňa şeýle diýdi: “Jon, men şagalaňly we şatlykly zatlaryň bary bu dünýä üçin, olar mesihiler üçin rugsat edilmeýän zatlarmyka öýdýärdim”. Onuň gatnaşan ýygnagyndaky çopanlar we liderler ähli ünsi adamyň daşky keşbine gönükdirip, onuň ýüreginde nämeleriň bardygyna üns bermeýän ekenler. Şäherde bu ýygnagyň täsiri ýokdy. Gynansak-da, bu ýygnagyň liderleri Pawlusyň şu sözlerine düşünmändirler: “Çünki Hudaýyň Şalygy iýmek-içmek däl-de, Mukaddes Ruhuň peşgeş berýän dogrulygy, parahatlygy we şatlygydyr” (Rim. 14:17).

Biz Mukaddes Ruhuň huzuryna düşenimizde, tükeniksiz beýik şatlygy duýýarys. Bu şatlyk günäleriniň içinde heläk bolup barýanlary özüne maýyl edýär, sebäbi dünýäde beýle şatlyk ýokdur. Isa Mesih jemgyýetdäki günäkärler, hatda olaryň iň zandyýamanlary üçin hem mähirlidi. Kanunçylyk arkaly halas bolmakçy ýa-da Isa Mesihde ösmekçi bolýan islendik adam hakyky şatlykdan mahrumdyr. Şeýle adam juda kiçi dünýäde ýaşaýar, sebäbi ol başgaça ýaşaýan we pikir edýän adamlar bilen gatnaşmakdan saklanýar.

Telekeçi dostumyň gatnaşýan ýygnagynyň liderleri Pawlusyň koloselilere ýazan hatynda aýdanlary barada oýlansalar gowy bolardy:

> “Siz Mesih bilen ölüp, bu pany dünýäniň ýörelgelerinden azat bolduňyz. Onda näme üçin henizem bu dünýä degişli ýaly, ‘muňa galtaşma’, ‘muny iýme’, ‘muňa el degirme’ diýen ynsan kadalaryna eýerýärsiňiz? Bu düzgünleriň hemmesi ulanyldygyça ýok bolup gider, sebäbi olar ynsan buýruklaryna we taglymatlaryna esaslanýandyr. Elbetde, bu urp-adatlar galp dindarlykda, pespälsirän bolmakda, bedene ezýet çekdirmekde akyldarlyk ýaly görünýändir, emma *bularyň ynsanyň pis niýetiniň öňüni almakda hiç bir peýdasy ýokdur*” (Kol. 2:20-23).

Pawlus dindarlyk düzgünleri, pespälsiremek we bedene ezýet çekdirmek ýaly kanunçylygy bu dünýäniň güýjine deňeýändigi gyzykly zat. Ýöne bu jyns azgynlygynyň, adam öldürmegiň, ogurlygyň, arakhorlygyň we ş.m. zatlaryň günä däldigini aňlatmaýar. Bu dünýä-

niň kanunlary boýunça ýaşalýan durmuşyň görnüşidir. Kanunçylyga baglanan adamlar dünýäniň şowhun-şatlygyndan saklanmagy yhlas bilen wagyz edýärler. Ýöne olar munuň özlerini gulçulykda saklaýan ulgamdygyna düşünmeýärler.

Pawlusyň aýdanlarynyň düşündirişi "pis niýetleriň öňüni almakda" diýen jümlede ýerleşýär. Kanunçylyk adamyň ýüregini arassalamaýar, ýürek – bu dünýä güýçleriniň weýran etmek isleýän nyşanydyr. Şoňa görä-de, Süleýmanyň pähimlerinde şeýle ýazylandyr: "Bar güýjüň bilen ýüregiňi gora, çünki ýaşaýşyň gözbaşy ýürekden gaýdýar" (4:23).

Isa Mesih şeýle diýýär: "Ýagşy adam ýüreginiň ýagşylyk hazynasyndan ýagşylyk çykarýandyr..." (Mat. 12:35). Ýüregimizde näme saklaýanlygymyz, özümiz üçin nämeleri gymmatlyk saýýanlygymyz esasy zatdyr. Ýüregiňizi päkläň, şonda durmuşdaky ähli zatlar Hudaýy ýagşy diýip hasaplaýan zatlaryna laýyklykda ýerbe-ýer bolar.

Ýokarda aýdylanlary jemläli: dünýä daşky adama däl-de, içki adama hüjüm edýär. Ol adamyň isleglerini, niýetlerine, ýürek höweslerine we aňyna aralaşýar. Bular söweş meýdanydyr, sebäbi helàkleýji tor hut şularda goýulýar. Dünýä bilen dostluk we zynahorlyk hem hut şularda başlanyp, adam kem-kemden onuň girdabyna düşýär. Ýygnaga seýrek gatnaşýan adam-da, ýekeje ýygnagy sypdyrman, hyzmatlara işjeň gatnaşýan adam-da muňa aňsatlyk bilen uçraýar.

Dünýäniň nämedigi barada aýdyň düşünje alanymyzdan soň, geliň, dostluk meselesine garalyň. Dünýä bilen dostluk näme? Onuň bilen nädip zynahorlyk edip bolýar? Bu meseleler barada biz indiki bapda gürrüň ederis.

8

# DOSTLUK

... Oglunyň ölümi arkaly
Hudaý bilen ýaraşdyk.
— Rimliler 5:10 (NLT, iňlis dilinden terjime)

Ýüregiňiz nämä baglansa, şol
hem siziň Hudaýyňyzdyr.
— Martin Lýuter

Dostlar hemmelerde bar, dostlara hemmeler şat. Çagalyk döwrümde meniň iki dostum – Denni we Glen bardy. Men boş wagtymyň baryny olar bilen geçirýärdim. Biz sport bilen meşgullanýardyk, welosipedde aýlanýardyk, birzatlar öwrenýärdik, dürli oýunlary oýlap tapýardyk, şähere gidýärdik ýa-da ýöne oturyp, haýsydyr bir zatlar barada gürrüň edýärdik. Biz özümiz üçin wajyp bolan zatlar: dostlar, gyzlar, okuw, mekdepdäki çäreler, gelejek we başga-da köp zatlar barada gürrüň edýärdik. Biziň dostluk gatnaşyklarymyzy sagdyn we berkdi. Biz biri-birimizi has oňat, güýçli, paýhasly bolmaga we öz potensialymyza ýetmäge höweslendirýärdik. Biz biri-birimizi goraýardyk, goldaýardyk, kyn ýagdaýlarda kömek berýärdik. Başga sözler bilen aýdanyňda, men dostlarym bilen bolmagy hemme zatdan ileri tutýardym.

Siz babatda nähili? Öz çagalyk dostlaryňyzy ýada salyň. Dostlugyň açary elementlerini aýtjak boluň. Men şu elementleriň arasynda wagty bile geçirmeklik, gatnaşyklar we biri-biriňe düşünmeklik,

umumy gyzyklanmalar ýaly düşünjeleriň boljakdygyny ynamly aýdyp bilýärin. Söýgi, ynam, hormat, degişgenlik we biri-biriňe gyzykmak hem örän wajyp häsiýetlerdir. Elbetde, her anyk ýagdaýda başga elementleriň birtoparyny hem agzap bolar. Emma hemmeler üçin wagty bile geçirmeklik has wajypdyr.

Mukaddes Ýazgylar dostluk barada oňat zatlary adýar. Meniň söýgüli aýatlarymyň biri, ine, şudur: "Hoşboý ýagyň we atyryň ýüregi şatlandyryşy ýaly, süýji dostluk hem köňli gurplandyrýar" (Sül. 27:9, The Message, iňlis dilinden terjime). Biz ýalňyzlykda ýaşamak üçin ýaradylmadyk, köpçülik adamy janlandyrýar. Hudaýyň ilkinji ýaradalyşynda hut şu element ýetmezçilik edipdi. Ol: "Adama ýekelik ýagşy däl" diýipdi (Gel. 2:18). Biz Onuň keşbinde ýaradyldyk, şonuň üçin bizde dostlaşmak we ondan lezzet almak islegi bar.

Emma munuň başga tarapy hem bar. Isa Mesih, Ýakup we Ýohanna dostlugyň käbir görnüşini makullamaýan äheňde beýan edýärler. Resulyň şu sözlerini ýene-de bir gezek okaň: "Eý, biwepalar, dünýä bilen dostluk Hudaýa duşman bolýandygyny bilmeýärsiňizmi? Kim dünýä bilen dostlaşsa, Hudaýa duşman bolýandyr" (Ýak. 4:4).

Bu ýöne bir makullanmazlyk äheňi däl. Ýakup muny aç-açan, göni we batyrgaýlyk bilen aýdýar! Şeýle sorag ýüze çykýar: dünýä bilen dostlugy nämeler häsiýetlendirýär?

## Taýdyrýan arabaglanyşyk

Geçen bapda biz *philia* sözüniň "dost bolmak" ýa-da "dostlaşmak", şeýle-de "söýmek we söýülmek" diýmegi aňladýandygyny bildik. "Mukaddes Ýazgylaryň sözleriniň ensiklopediýasynda" şeýle diýilýär: "Grek jemgyýetinde dostluk düşünjesi giňden ösendi. Philia ... "tanyşlyk" manysynda giňden ulanylmak bilen birlikde has çuňňur tanyşlyklar, şahsy gatnaşyklar, ýakyn, hakyky baglanyşyklar babatda ulanylýardy. Aslynda, Ýakubyň ulanýan sözi "*dostluk*" düşünjesiniň giň manysynda ulanylýar. Biz gatnaşyklaryň dürli derejeleriniň bar-

dygyny bilýäris; Ýakubyň gürrüň edýän “dostluk” düşünjesi ähli çäkleri öz içine alýar. Bu düşünjäniň ähli çäkleri biwepalyk bilen gönüden-göni baglydyr.

Hudaýa garşy edilen zynahorlyk öýlenen erkegiň edýän zynahorlygyndan az tapawutlanýar, şonuň üçin-de, adaty söýgi zynahorlygynyň tapgyrlaryna garap geçeliň. Köp ýagdaýlarda erkek öz oýnaşy bilen tanşan pursadyndan düşege geçmeýär. Hemme zat ýörite ýa-da bilinmän edilýän göwni awlamalardan başlanýar.

Ilkibaşda bu iki adamyň tanyşlyk tapgyryndaky sadaja duşuşygy bolýar. Bu internet ýa-da şahsy tanyşlyk arkaly bolup bilýär. Tanyşlyk tapgyrynda uçgun döreýär. Käwagt erkegiň gyzyklanmasy är-aýal gatnaşyndaky ýetmezçiligiň öwezini dolma islegi zerarly döreýär. Ýakyn fiziki we emosial gatnaşyklary açmak islegi zerarly edilýän biwepalyk gaty seýrek ýüze çykýar. Ilkinji duşuşyklar bigünä, päk ýaly görünse-de, birek-birege bolan höwes gitdigisaýy artýar. Soňra telefon belgilerini we elektron salgylaryny alşyp-berişýärler.

Erkek bilen aýal sms-habarlary, telefon jaňlary, elektron hatlary alşyp-çalyşdygyça, “tötänden” duşuşdygyça, olaryň biri-birine bolan höwesleri güýjeýär. Bularyň bary olaryň gatnaşygyny çuňlaşdyrýar. Olar biri-birini küýseýärler, ýöne hiç haýsysy muny heniz boýun alasy gelenok. Pynhan höwes gatnaşyklaryň ýaýbaňlanmagyndan lezzet alýar. Olar eýýäm rugsat edilen dostluk çäginden çykdylar.

Soňra olar öňe ýene bir ädim edýärler – gizlin bir ýer tapyp, kofe ýa-da nahar başynda duşuşýarlar. Şu tapgyrda adatça olaryň biri-birine bolan duýgulary ýüze çykýar.

Indi erkek dyngysyz şol aýal barada pikir edýär we onuň bilen bolmagy küýseýär. Ol arzuw edýär we onuň bilen öz aýalyndan we dostlaryndan ýaşyryp, öz “küýsegi” bilen gizlin bir ýerde duşuşmagy meýilleşdirýär. Erkegiň ýüregi aýalyndan sowaşdy, onuň oý-pikirleriniň ählisi şol aýal barada. Ol hatda öz aýalynyň ýanyndaka hem şol aýal barada oýlanýar we göwün ýüwürdýär. Uru-giç bu ikisi bir düşege geçerler.

Hemme zat nähili başlanypdy? Olaryň tanyşlygynyň ilkinji tapgyrynda ýerliksiz pikirler we söhbetlerden. Olaryň gatnaşygy haýsy tapgyrda zynahorlyga öwrüldi? Olar telefon belgilerini alşyp-berşenlerinde ýa-da ikiçäklikde duşuşanlarynda? Ýa-da erkek aýala ilkinji gezek galtaşanda? Ýa-da ilkinji posadan? Ýa-da bu olar ýalaňaçlanyp düşege geçenlerindemi?

Dogrusy, zynahorlyk bularyň hemmesinden öň başlanypdy. Isa Mesih Mattanyň hoş habarynda aýdylanlary nygtap, muny aýdyňlaşdyrýar: “Emma Men welin kim başga aýala azgyn höwes bilen baksa, öz ýüreginde eýýäm onuň bilen zyna edendir diýýärin” (5:28).

Ýürek – bu ýaşaýan mesgenimiz, daşky hereketler bolsa diňe oňa eýerýär. Zynahorlyk erkegiň aýal bilen *tanşan tapgyrynda* oňa höwes duýan pursadynda başlanypdy.

## Dünýä bilen dostluk

Dünýä hem edil şeýle tärde bizi “ilkinji söýgimizden” uzaklaşdyrýar. Hemme zat gyzyklanmany oýarmakdan başlanýar. Muňa degişmeler, lezzetler, amatlylyk, täsin galmaklyk, hile, üstünlik ýa-da islendik başga gyzykly ýagdaý degişli bolup bilýär. Tanyşlyk meniň mysal getiren ýagdaýymdaky ýaly köpçülikleýin habar beriş serişdeleri ýa-da şahsy tanyşlyk arkaly başlanyp bilýär. Köplenç bular Hudaý bilen gatnaşygymyzdan kanagatlanmaýanlygymyz sebäpli ýüze çykýar. Biz Onuň bilen dost bolmaklygyň täsinligini ýitirýäris. Onuň bilen geçirýän wagtymyz gurak we ýürekgysgynç bolýar. Biziň dostluk küýsegimiz bizi başga ýere çekýär.

Biz öz wagtymyzy dünýä sarp etdigimizçe, oňa bolan höwesimiz artýar. Soňabaka biziň pikirlermiz we duýgularymyz onuň ýesirligine düşýär. Eger Pawlusyň iki dürli ýygnaga aýdanlaryny üns bilen okasak, dünýä bilen zynahorlyk etmekden saklajak duýduryşy göreris:

> “Şeýlelikde, Mesih bilen direlendigiňize görä, göklerdäki zatlary *agtaryň*. Mesih gökde Hudaýyň sagynda oturandyr. Dünýewi zatlar däl-de, gökdäki zatlar barada *pikir ediň*” (Kol. 3:1-2).

Siz bu sözleri ünsli okadyňyzmy? Eger ýok, bolsa, ýene bir gezek okaň we tapawutlandyrylyp ýazylan sözlere aýratyn üns beriň – *agtaryň* we *oýlanyň*. Biziň aňymyz *agtarýan* zadymyz barada *oýlanýar*. Dowam etmezden ozal Pawlusyň rimlilere ýazan hatynda aýdan sözlerine garalyň. Ýene-de *pikir etmek* sözüne üns bereliň.

> "Çünki ynsan höweslerine görä ýaşaýanlar bu höwesleriň oňlaýan zatlary barada pikir edýärler. Mukaddes Ruha görä ýaşaýanlar bolsa Onuň oňlaýan zatlary barada pikir edýändir. Ynsan höweslerinden döreýän pikirler adamy ölüme eltýär. Mukaddes Ruhdan döreýän pikirler bolsa ýaşaýyş we parahatlyk berýär. Ynsan höweslerinden döreýän pikirler Hudaýa duşmandyr..." (Rim. 8:5-7).

*Duşmandyr* diýen söze üns beriň. Ýakubyň grek dilindäki hatynda (4:4) hut şu söz – *echthra* sözi ulanylandyr. Stronguň sözlüginde oňa şeýle düşündiriş berilýär: "duşmançylyk... garşy durmaklyga sebäp, esas". Pawlus ýene-de bu dünýä bilen bagly bolan imanlylara ýüzlenýär".

Meni Liza biwepalyk etmekden diňe oňa bolan söýgim däl, eýsem onuň gazabyna uçramak howpy hem saklaýar. Biwepalyk eden ýagdaýymda men onuň gahar-gazabynyň ojagyna öwrülerdim. Men öz söýýän aýalymyň maňa duşman bolmagyny, men babatda rehimsiz we lapykeç bolmagyny islämok. Emma Pawlusyň we Ýakubyň aýdýan duşmançylygy bilen deňeşdireniňde, bu duşmançylyk örän ujypsyzdyr. Sebäbi öz akylynda bolan mesihileriň biri-de Hudaýyň gazabyna uçrasy gelmez. (Pawlus bilen Ýakubyň imanlylara ýüzlenýändigini unutmaň.)

Ýunus Hudaýyň gazabyna uçranda, uly balygyň garnyna düşüpdi. Şimşon oňa uçranda, gözlerini ýitirip, gulçulyga düşüpdi. Eliý Hudaýyň gazabyna uçran güni ogullary bilen bir günüň özünde amanadyny tabşyrypdy. Bulardan başga-da Şawul, Bilgam, Ýowap, Isgender ussa we beýlekiler ýaly mysallar köp. Hudaýy gazaplandyrmak – erbet oýun.

Eger has köp mysallary göreýin-bileýin diýseňiz, Ýohanna gelen aýanlyk kitabynda Isa Mesihiň ýygnaklara aýdýanlaryny okaň. Bu ýygnaklar hakykatdan-da bolan ýygnaklardy, olaryň agzalary bolsa gaýtadan doglan imanlylardy. Hudaýy ilkibaşdakysy ýaly söýmeýänligi üçin, Ol gelip, onuň çyradanyny ýerinden süýşürjekdigini aýdýar (ser. Aýanl.2:5). Beýlekisi bilen söweşjekdigi barada aýdýar (ser. Aýanl.2:16). Üçünji birine bolsa hassalyk düşeginde ýatyryp, jebir-jepalar çekjekdigi barada duýduryş berýär (ser. Aýanl. 2:22). Dördünji ýygnaga bolsa bir ogry kimin geljekdigini aýdýar (ser. Aýanl. 3:3), bäşinjä bolsa ony gusjakdygy barada aýdýar (ser. Aýanl. 3:16).

Netije bir: hiç kim Hudaýyň gahar-gazabyny öz üstünde duýmak islemeýär!

Rimlilere hatda (8:5) "pikirleriňizi gönükdiriň" diýlip aýdylar (iňlis terjimesinde). Bu ýerde açary söz – gönükdirmek. Bu söz barada oýlanalyň. Daşarda gyş diýeli, öýüňizdäki termostat 21°-e çenli gyzdyrmaga sazlanan. Daşardaky howanyň sowuklygy 0°-dan 20° aşak. Kimdir biri gyssagly daşary çykyp, gapyny çala ýapypdyr. Ol öýden biraz uzaklaşandan soň güýçli ýel girelgedäki gapyny giňden açýar. Siz öýüň beýleki bolegindedigine garamazdan, öýdäki howanyň birdenkä sowandygyny duýýarsyňyz. Siz munuň sebäbini agtaryp, gapynyň giňden açylyp, aýazyň öýe urýandygyny ýüze çykarýarsyňyz. Siz derrew gapyny ýapýarsyňyz, ýöne öýdäki howanyň temperaturasy 15°-e çenli peseldi. Soňra näme bolýar? Temperatura peselen badyna termostat ýyladyş ulgamyna gyzgynlygy artdyrmalydygy barada signal iberýär. Şeýdip, öýüň içindäki howa 21°-a çenli ýylaýar. Siziň muňa gatnaşmagyňyz-da gerek däl.

Indi bolsa aýalyna biwepalyk eden erkek baradaky mysala dolanalyň. Birnäçe ýyl mundan ozal ol gelejekki aýalynyň göwnüni awlamakçy bolanda, ähli islegi we höwesi oňa gönükdirilendi. Erkek onuň bilen bolmagy, ýakyndan tanyşmagy, soňra oňa öýlenmegi arzuwlaýardy. Erkek oýananda, işe barýarka, dyknyşyk ýerlerde garaşmaly bolanda, aýratyn-da agşamlaryna ýatjak bolanda ol barada oý-

lanýardy. Garaz, ol anyk bir zat barada pikirlenmek zerurlygyň bolmadyk ýagdaýynda onuň ähli oý-pikiri ýene-de şol sazlanan obýektine – gyza dolanýardy.

Erkegiň ýoldaşlary onuň käwagt gürrüňi diňlemeýändigini görüp: “Eý, dost, sen bärdemiň ýa nirede?” diýip soraýardylar. Ol utanyp: “Aý, bagyşlaň, oglanlar. Aladam köp” diýýärdi. Ol oglanlaryň ýaňsylamagyndan çekinip, hakykatda söýgüli gyzy barada oýlanýandygyny olar aýdasy gelmeýärdi. Onuň ähli oý-pikirleri şol gyza sazlanandy, gönükdirilendi.

Emma ýaglyk daňdydan soň, toý dabarasyndan soň, birnäçe çagalary doglandan soň ol başga bir gyz bilen söýüşýär. Ýene-de şol tapgyrlaryň bary gaýtalanýar. Täze gyz onuň ähli oý-pikirlerini eýeleýär. Ol anyk bir zat barada pikirlenmek zerurlygyň bolmadyk ýagdaýynda onuň ähli pikirleri şol nädogry sazlanma dolanýardy. Ol hatda öz aýalynyň ýanyndaka hem göwün arzuwyna bolan islegi duýýardy. Ol onuň bilen duşuşygy agtarýardy, sebäbi onuň aňy şol gyz baradaky gyza sazlanandy. Öýdäki termostatyň özüniň sazlanan temperaturasyna awtomatiki dolanyp barşy ýaly, aň hem öz *sazlanan* obýektine dolanar.

Bu zatlaryň imanlylara näme dahyly bar? Biz halas bolanymyzda, şatlykdan dolup-daşýarys. Biz Isa Mesih barada oýananymyzda, maşynda barýarkak, işde, nahar wagty, işden soň, ýeke galanymyzda, aýratyn-da ýatjak bolanymyzda oýlanýarys. Biz Mukaddes Ruh bilen gatnaşmagy küýseýäris. Biz ýygnak duşuşyklaryna sabyrsyzlyk bilen garaşýarys, adamlara Isa Mesih barada aýdýarys we beýleki mesihiler bilen Hudaýyň ýollary barada pikir alyşýarys. Başga sözler bilen aýdylanda, Ol ähli oý-pikirlerimizi eýeleýär, biziň höweslerimiz Oňa sazlanan.

Wagt geçýär. Birwagtlar biz ýygnak duşuşyklaryna garaşýardyk, Hudaýyň huzuryny duýýardyk, Oňa tagzym edýärdik, Sözüni diňleýärdik. Indi bolsa bedenimiz ýygnakda bolsa-da, aňymyzda başga bir ýerlerde gezýäris. Pikirlerimiz aňsatlyk bilen söýgüli sport toparyna, dükanlardaky arzanladylyşyga, golaýlaýan wakalara, garaşýan

işewür gepleşiklere, baýramçylyga we başga zatlara geçýär. Näme boldy? Biziň pikirlerimiz bölünýärmi ýa-da olar ilkibaşda sazlanan zatlaryna – biziň höwes bilen agtarýan zatlarymyza dolanýarmy? Eýsem biz bilmezden başga söýgülileri saýlaýdykmy?

## Meniň wakam

Men size başdan geçiren wakamy gürrüň beresim gelýär. Perdýu uniwersitetiniň ikinji kursunda okaýarkam, meniň ýanyma kampusymyzyň mesihi talyplar klubyndan iki ýigit gelip, dört ruhy hakykaty gürrüň berdiler. Meniň gözlerim açylyp, durmuşymy Isa Mesihe tabşyrdym. Meni bada-bat Hudaýa bolan yhlas gurşap aldy. Ol meniň üçin bütinleý hakykat boldy, men Isa Mesihi ýürekden söýdüm, maňa beren azatlygy üçin minnetdarlygymyň çeni-çaky ýokdy. Men Isa Mesih barada özümi diňleýänlere, hatda diňlemeýänlere-de aýdyp başladym. Doganlar meni "gara sanawa" goşmak (klubdan çykarmak) islediler, sebäbi men diňe Isa Mesih barada gürleýärdim.

Biziň doganlygymyzdaky ähli ýigitler "uýajyklar" diýip atlandyrylýan birnäçe gyzy tanaýardylar. Olaryň ikisi ganybir dogandy, olar klubdaky altmyş oglanyň ýarysy bilen ýatyp-turupdylar. Eger doganlaryň birine jyns gatnaşygy gerek bosa, olar bu gyzlaryň hemişe elýeterdigini bilýärdiler.

Biz olaryň birini Isa Mesihe getirdik, şol günüň özünde ol öz doganyny hem Rebbe getirdi. Biz olaryň azgynlygyny agzamadyk, ýöne olaryň özleri azgynçylygyny taşlap, ozal ýatyp-turan ýigitleriniň baryna şaýatlyk edip başladylar. Doganlaryň erbet gahary geldi. Men şol wagt liderleriň biridim, sebäbi şol döwürde talyplar klubynyň binasynda kampusyň Mukaddes Ýazgylar okuwyny geçirýärdim.

Ahyrsoňy meniň otagyma wise-prezident gelip: "Jon, biz seni klubyň agzalygyndan çykarmakçy" diýdi. Soňra ol: "Sen näme üçin klubdaky beýleki mesihi ýigitler ýaly bolup bileňok?" diýip sorady. Onuň göz öňüne tutýan ýigitleri dynç günleri ýygnaga gidýärdiler,

başga wagt azgyn aýallar bilen ýatýardylar, agşamlarda serhoşlyk derejesine ýetýänçäler içýärdiler we doganlygymyzda adaty hasaplanýan beýleki azgyn işler bilen meşgullanýardylar.

Bu dartgynly ýagdaýdy, ýöne klubdaky ikinji derejeli adam meni çykarmak isleýändigine garamazdan, onuň niýeti başa barmady. Olar maňa garşy gerekli ses mukdaryny gazanyp bilmediler. Biz örän köp ýigitleri Isa Mesihe getiripdik, olar meni goldadylar.

Isa Mesihe duşanymdan we Oňa aşyk bolanymdan birnäçe aý soň futbol möwsümi başlandy. Men eýýäm üçünji kursda okaýardym we öňki ýyllardaky ýaly, meniň futbol ýaryşyna petegim bardy. Geçen iki ýylyň dowamynda men ýeke ýaryşy-da sypdyrmandym, ýöne indi Isa Mesihe yhlaslanamsoň, ýaryş wagtlaryny Mukaddes Kitaby öwrenmäge sarp edýärdim. Hemmeler ýaryşa tomaşa etmäge gidýärdiler, şonuň üçin-de talyplaryň ýaşaýyş jaýy ümsümlikdi. Bu dileg we Hudaý bilen söhbetdeş bolmak üçin örän gowy wagtdy. Maňa hiç kim: “Sen futbola gitmeli däl” diýmeýärdi, meniň özüm-de futbola tomaşa etmegi ýa-da oýnamagy günä hasaplamaýardym. Indiki ýylda men oýunlara tomaşa etmäge köp gitdim. Ýöne şonda, üçünji kursda men wagtymy Hudaý bilen geçirmek isledim. Men Ony çyn ýürekden tanasym geldi. Meniň aňym gökdäki zatlara gönükdirilendi.

Men uniwersiteti inžener-mehanigiň diplomy bilen tamamlanymda, klubdaky doganlaryň köpüsi we beýleki talyplar Rebbi tanapdylar, olaryň arasynda meniň gelejekki aýalym Liza hem bardy. Şol döwürde ol kampusda iň bozuk gyzlaryň biri hasplanýardy. Meniň Isa Mesihe bolan yhlasly söýgim diýseň täsirlidi: adamlar meni ýa söýýärdiler, ýa-da ýigrenýärdiler. Ortalykda galýan ýokdy: eger siz Jon Biwere duşsadyňyz, onda aňynyň we ýüreginiň nämä berlendigini derrew bilerdiňiz – meniň höwesim dolup-daşýardy. Men haýsydyr bir sport toparyň gyzgyn muşdagy ýa-da gyza biçak aşyk bolan ýigit ýalydym.

Uniwersiteti tamamlanymdan soň men Tehas ştatyna, Dallasa göçdüm. Ýarym ýyldan Liza hem ol ýere göçüp bardy we mundan köp wagt geçmänka, biz öýlendik. Men “Rokwell Interneşinel”

kompaniýasynda inžener bolup işleýärdim. Meniň Isa Mesihe bolan yhlasymy halamaýan ýigitler bu ýerde hem bardy. Olar men çenden geçýärin diýip hasaplaýardylar we olaryň suwjuk degişmelerine näme üçin gülmeýändigime, ahlaksyz gürrüňlerine we işden soňra bolýan oturylyşyklara näme üçin gatnaşmaýandygyma düşünip bilmeýärdiler. Ýöne mesihi talyplaryň jemgyýetindekä garanda, hünärmenlik çäginde meniň garaýyşlaryma we bolşuma has oňşukly garaýardylar.

Ýigrimi iki aýdan meni ýygnagymyzyň ştatyna işe çagyrdylar. Bu Amerikada iň uly we giňden tanalýan ýygnaklaryň biridi, onuň dünýä derejesinde abraýy bardy. Ýygnagyň dürli hyzmatlarda gulluk edýän dört ýüz işgäri bardy. Meni şol ýere işe çagyranlarynda, bu maňa düýş ýaly bolup göründi. Men ýygnak işgärleriniň toparynda düşmegi baky durmuşy alanymdan soňra iň oňat waka diýip pikir edýärdim! Men indi mesihiler bilen işläp başlanymdan soň yzarlanmalar tamamlanar diýip umyt edýärdim. Ozal talyplaryň "Rokwell Interneşenl" guramasyndaky ýaly dartgynly söweşmeli bolmaz diýip pikir edýärdim.

Şol döwürde "Dallas kowboýlary" Milli futbol ligasynda iň oňat topardy. Men Miçiganda önüp-ösemsoň, olaryň o diýen bir muşdagy däldim. Ýöne men her duşenbe güni hemmeleriň "Kowboýlar" barada gürrüň edýändigini eşidýärdim. Işdeşlerim kofe başynda üýşüp, geçen gündäki oýun, şowly oýunlar, ýeňişler we utulyşlar barada gyzgalaňly gürrüň edýärdiler.

Men bilesigelijilikden telewizorda "Kowboýlara" tomaşa edip başladym. Ilki-ilkiler men oýnuň dörtden bir bölegini, soňra ýarysyny görýärdim. Men "Kowboýlara" tomaşa etmegi halaýardym, sebäbi olar dogrudan-da oňat oýnaýardylar. Ýene-de bir oňaýly tarapy – indi men ýygnagyň ofisindäki oglanlar bilen bu barada gürrüňdeş bolup bilýärdim.

Hemme zat bigünä we sadaja zatdan başlanypdy. Ýöne birnäçe wagtdan meniň "Kowboýlara" bilen has köp gyzyklanyp başladym we olaryň oýunlaryny boýdan-başa tomaşa edýärdim. Men telewizor bilen gürleşip, oýunçylary goldap, käwagt bolsa olaryň üstü-

ne gygyryp başlandygyma üns berdim. Soňabaka bolsa men ýekeje oýny-da, hatda onuň bir minudyny-da sypdyrman görüp başladym. Hatda oýunlaryň bolmadyk möwsümlerinde hem biz işdeşler bolup bu mowzukdan gürrüň edýärdik, "Kowboýlaryň" indiki möwsümde nähili oýnajakdygy barada pikir alyşýardyk. Men oýunçylar topary barada ýygy-ýygydan, hatda ýygnakdaky oglanlar bilen gürrüň etmedik ýagdaýymda hem oýlanýardym. Men olaryň göçgünli janköýerine öwrüldim!

Men indiki möwsümiň başlanmagyna sabyrsyzlyk bilen garaşýardym. Men her ýekşenbe günündäki ýygnak duşuşygyndan soň öýe howlugyp, eşigimi-de çalşyrman, telewizoryň öňüne geçip oturýardym. Käwagt men hatda eşigimiň oňaýsyzdygyna ýa-da haýsydyr bir hajadymyň bardygyna garamazdan, telewizora ýelmenen ýaly oturýardym. Men ýekeje-de oýny sypdyrasym gelmeýärdi.

Arakesme wagty men eginbaşlarymy çalyşmak üçin wanna howlugýardym. Eger Liza meniň kömegim gerek bolsa-da, men oňa: "Ezizim, tamaňy üzäý, 'Kowboýlar' çykyş edýärler" diýýärdim. Biz arakesmelerde ýa-da oýundan soň iýip-içýärdik, oýun gidip durka hiç iýip-içmeýärdik.

Men indi olaryň ähli reýtinglerini bilýärdim. Men olary üns bilen öwrenýärdim we "Kowboýlaryň" nädip has oňat oýnap biljekdigi barada dyngysyz oýlanýardym. Işde men oýunlar babatdaky çekeleşikleriň liderine öwrüldim. Men söýgüli toparymyň oýnan güni öwünýärdim, gürrüňler indi diňe duşenbe güni däl, eýsem tutuş hepde dowam edýärdi. Biziň ýygnagymyzdaky käbir adamlaryň möwsümleýin abonementleri bardy we men oýna çakylyk alanymda, begenjimden ýaňa bökjekleýärdim. Indi bolsa wakany öňe sarap, bir ýyldan nämeleriň bolandygyna garalyň. Şondan birnäçe wagt ozal men göwnüme sada we ähmiýetsiz görnen dilegi etdim. Men bu dileg durmuşymy düýpgöter özgerder öýtmeýärdim. Dileg şeýle äheňdedi: "Ýa Reb, meniň durmuşymy özgertmegiňi haýyş edýärin. Men mukaddes, Seniň üçin saýlanan bolasym gelýär. Şonuň üçin-de, içimde oň-

lamaýan zadyň bar bolsa, muny aýan et-de, ony menden aýyr". Men bu dilegiň nädejede wajyp bolup, nämeleri açjakdygyny hakydama-da getirip bilmeýäridm.

Futbol möwsümi tamamlanyp barýardy we "pleý-off" oýny golaýlapdy. Örän wajyp oýnuň boljak güni gelip ýetdi. "Kowboýlar" "Filadelfiýanyň bürgütleri" bilen oýnaýardylar. Ýeňiji topar "pleý-off" tapgyryna geçýärdi, utulan bolsa oýundan çykmalydy. Men telewizora ýelmeşip galdym, men hatda oturmaga-da takat etmän, aýak üstünde dik durdum. Şol oýnuň dowamynda oturmak asla mümkin zat däldi. Ine, ahyrky çärýek final – oýnuň tamamlanmagyna bary-ýogy sekiz minut galypdy. "Kowboýlar" dört utuk yza galýardylar, olaryň kwoterbegi (hüjüm edýän toparyň lideri – awtoryň belligi) topary meýdan boýunça alyp barýardy. Men poly ädimläp ölçeýärdim, oýunçylaryň şowsuz hereketlerine gaharlanýardym, şowly hereketlerine bolsa şatlykly gygyrýardym. Dartgynlygyň derejesi iň ýokary nokada ýetipdi.

Şol wagt Mukaddes Ruh hiç duýdurmazdan, menden dileg etmegimi sorady. Meni: "Dileg et, dileg et, dileg et!" diýen güýçli isleg gaplady. Bu isleg şeýle bir güýçlidi we agyr ýük kimin ýüregimiň jümmüşinden joşýardy. Hudaýyň Ruhy bizi dilege höweslendirende, şeýle duýgynyň döreýändigi men şol döwürde eýýäm bilýärdim.

Liza ýanymda däldi, şonuň üçin-de men gaty ses bilen: "Reb, oýnuň ahyryna çenli 8 minut galdy. Men oýun gutarandan soň dileg ederin" diýdim. Dilege bolan höwes artýardy, ol menden aýrylanokdy. Birnäçe minut geçdi. Men bu ýagdaýdan çykalga gözläp: "Reb, men oýun gutarandan soň bäş sagatlap dileg ederin. Oýnuň gutarmagyna 6 minutjyk galdy!" diýip gygyrdym.

Oýunçylar topary pökgini meýdan boýunça alyp barýardy. Men olaryň gol saljakdyklaryny we bu oýunda utjakdyklaryny bilýärdim. Emma dileg höwesi menden aýrylmaýardy. Tersine, ol gitdigiçe güýçlenýärdi. Men lapykeç boldum. Men oýundan ünsümi sowasym gelmeýärdi we gatydan: "Reb, men agşama çenli, eger isleseň tutuş gije-de dileg ederin!" diýdim.

Men oýnuň galan bölegini gördüm. “Kowboýlar” utdular we stadion şatlykly şowhundan ýaňa ýarylara geldi. Men umumy şatlyga goşuldym.

Emma Hudaý beren sözümde tapylmalydym. Men derrew telewizory öçürdim. Öz iş otagyma girip, gapyny ýapdym-da, dileg etmek üçin dyzyma çökdüm. Emma dileg etmek höwesi ýitdi. Agyr ýük indi ýokdy, ondan hatda nam-nyşan hem ýokdy. Hiç zat ýokdy.

Men ony gaýtaryp getirjek boldum. Men dileg etmäge synanyşýardym, emma sözler howada gaýyp bolýan ýalydy. Men bada-bat näme bolandygyna düşündim. Men “Dallas kowboýlarynyň” oýnuny Hudaýyň haýyşyndan ileri tutdum. Şonda men halynyň üstüne ýüzin ýykylyp, toba etdim: “Ýa Reb, eger menden:’Durmuşyňda näme wajyp: Hudaýmy ýa-da Dallas kowboýlary?’ diýip soran bolsadylar, men ikirjiňlenmän: ‘Elbetde Hudaý!’ diýip aýdardym. Şindi bolsa men Saňa özüm üçin nämäniň wajypdygyny görkezdim. Men Saňa gerekdim, emma men oýny saýlap aldym. Ýalbarýaryn, meni bagyşla!”

Men şol pursadyň özünde ýüregimde Hudaýyň jogabyny eşitdim: “Oglum, Maňa bäş sagatlap dileg etmegiň gerek däl, Maňa seniň tabynlygyň gerek”.

## Bölünen wepalylyk

Meni gussa batdym, sebäbi men Özüni men üçin gurban Edene wepaly bolmadym. Men başga durmuş gözbaşy bolmadyk adamlaryň ýüregini, ruhuny we aňyny iýmitlendirýän dünýewi zady saýlap aldym. Meniň bu futbol toparyna baglanandygym mälimdi.

Ýokarda beýan edilenler babatda Ýakubyň sözlerine ýene-de bir gezek ünsli garaň:

> “Eý, biwepalar, dünýä bilen dostluk Hudaýa duşman bolýandygyny bilmeýärsiňizmi? Kim dünýä bilen dostlaşsa, Hudaýa duşman bolýandyr. Siz Mukaddes Ýazgylardaky Hudaýyň bize beren ynsanlyk ruhy örän *gabanjaňdyr* diýlen sözler boş ýere aýdylandyr

> öýdýärsiňizmi?... Hudaýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar. Eý, günäkärler, eliňizi günäden tämizläň. Eý, ikigöwünliler, kalbyňyzy päkläň" (Ýak. 4:4,5,8).

Meniň wepalylygym bölünipdi. Ol sözler arkaly däl-de çözgütler arkaly kesgitlenýär. Özlerini wepaly saýýan erkekdir aýallar köp, ýöne olaryň hereketi bütinleý başga zady görkezýär. Hudaýyň Sözi hut şu sebäbe görä: "Köp adam özüne 'Men wepaly' diýýändir, ýöne ynamdar birini kim tapyp biler?" (Sül. 20:6) diýmeýärmi näme?

Men şol pursatda: "Isa meniň üçin iň ähmiýetli Kişi. Ol meniň üçin ähli zatdan möhüm!" diýip ynamly aýdyp bilýärdim. Emma öz saýlawym arkaly men bütinleý başga garaýşy görkezdim. Hereketler sözlerden has gaty gürleýändir.

Resul Ýohanna Süleýmanyň kitabyndaky bu sözleri şeýle teswirleýär: "...hakyky söýgimizi ýöne bir gury gep bilen däl-de, iş ýüzünde amal bilen görkezeliň" (1 Ýoh. 2:18). Hakykat bolsa "Dallas kowboýlaryň" meniň ilkinji söýgimiň ornuny eýelänligindedi. Men özümde mesgem tutan Mukaddes Ruhuň maňa bolan gabanjaňlygyny oýardym. Men Mukaddes Kitabyň bu sözlerini ozal okapdym, ýöne olar babatda kör ekenim. Hudaý merhemet edip, maňa ýalňyşymy görkezdi.

Ýohanna şeýle hem diýip ýazýar:

> "Eziz balalarym, Hudaýyň ýüregiňizdäki ornuny başga hiç zada bermäň, olardan özüňizi goraň" (1 Ýoh. 5:21, NLT, iňlis dilinden terjime).

Muny bize Ýakup däl-de, Isa Mesihiň söýgüli şägirdi Ýohanna duýdurýar. Bu sözleriň onuň uzyn hatyny jemleýändigini belläp geçilmeli zat. Şol döwürde resullar telefon ýa-da Feýsbuk arkaly jaň edip ýa-da habar iberip bilmeýärdiler. Hat öz okyjysyna birnäçe wagtdan baryp ýetýärdi. Olary seýrek ýazýardylar, okyjylara ýetirmek aňsat däldi. Şonuň üçin-de, Mukaddes Ruhuň ylhamy arkaly ýazylan hatda iň wajyp habary hatyň ahyrynda goýlupdyr diýip çaklamak aňsat.

Ýakup bilen Ýohannanyň ýazyşy ýaly, resul Pawlus hem Isa Mesihiň ornuny dünýä bermezlik barada duýdurýar.

> "Siz hem Rebbiň käsesinden, hem-de jynlaryň käsesinden içip bilmersiňiz. Siz hem Rebbiň saçagyna, hem-de arwah-jynlaryň saçagyna şärik bolup bilmersiňiz. Reb muňa ýol bermez. Ol bizi tutuşlygymyza isleýär – ýa bütinleý ýa-da hiç. Ýa-da siz haýsydyr bir az zat bilen syparyn öýdýäňizmi? Bir tarapdan: "Ählisi ýaramly. Hudaýyň ajaýyp sahylygy we merhemeti sebäpli biz munuň bize ýaramly bolup-bolmaýanlygyny derňemek-de gerek däl" diýip bolýar. Emma asyl many bolşuna görä ýaşamak däl-de, oňat ýaşamakdan ybarat..." (1 Kor. 10:21-24, The Message, iňlis dilinden terjime).

Men şu sözleri örän halaýaryn. Olar biziň döwrümiz üçin jaýdar aýdylan sözlerdir. Pawlusyň "Täze janly terjimedäki" sözleri hem maňa örän ýaraýar: "Eýsem biz Rebbiň gabanjaňlygyny oýarmaga milt ederismi? Siz: 'Islendik zady etmäge hakym bar' diýýärsiňiz, ýöne her zat siziň üçin bähbitli däldir" (22-23-nji aýatlar, NLT, iňlis dilinden terjime). Bärde hem Rebbiň gabanjaňlygy barada okaýarys.

## Bütinleý futbolsyz ýaşamalymy?

Indi şeýle soragyň ýüze çykmagy ahmal: men sport oýunlaryna bütinleý tomaşa etmeli dälmi? Men dünýewi zatlardan bütinleý peýdalanmaly dälmi? Eger däl bolsa, onda ýer ýüzünde nädip ýaşap we işläp bolar?

Size şeýle jogap bermäge ygtyýar ediň. Men öýlenen diýip, öz nikalaşan aýalymdan başga aýallaryň ählisini gatnaşyk çägimden aýyrmalymy? Jogap: ýok. Men elmydama başga aýallar bilen gatnaşmaly bolýaryn. Men uçarda olaryň ýanynda oturýaryn, edil şu pursatda hem, uçuş wagtynda şu kitaby ýazyp otyrkam, ýanymda aýal otyr. Men aýallar bilen işleşýärin. Men olara köpçülik ýerlerinde duşýaryn we olar bilen gürleşýärin. Öýlenen erkek hökmünde men olar bilen mylakatly gürleşýärin, sebäbi häzirki döwürde olaryň köpüsi erkekleriň erbet gatnaşygyndan ejir çekenlerdir. Aýala köplenç erkegiň jyns höwesini kanagatlandyrmak üçin ýaradylan beden hökmünde garaýarlar, olary deň derejeli adam hökmünde seýrek kabul edýärler. Bu

meniň gaharymy getirýär, sebäbi men Hudaýyň erkegi we aýaly Öz keşbinde ýaradandygyny bilýärin. Ol erkege-de, aýala-da peşgeşler berdi, Onuň bilen äht gatnaşygynda bolan erkekdir aýalyň ikisine-de Isa Mesihiň akylyny berdi. Ol ýüz görmeýän Hudaý, Ol erkegi aýaldan ileri tutmaýar, ýöne näme üçin biz hatda ýygnaklarda hem şeýle garaýşa ýol berdikäk?

Men aýallar bilen gatnaşsam-da, olar bilen romantiki ýa-da ýol berilmesiz gatnaşyklary üçin ýüregimi açmaýaryn. Men Liza bilen äht edişdim. Men oňa öýlenenimde ýer ýüzündäki ähli aýallar bilen hoşlaşdym. Şonuň üçin-de, meniň başga aýallar bilen dogry gatnaşyk usulym bar.

Geliň, muny dünýä bilen döreýän dostluk bilen deňeşdireliň. Men futbol ýaryşlaryna boýdan-başa tomaşa etmek islegim bolmasa-da, ozalkym ýaly futbola tomaşa edip bilýän. Men oňa ozal tomaşa edişim ýaly tomaşa edemok. Şol wagt meniň aňym diňe "Kowboýlara" düzülendi. Meniň esasy islegim Rebbimiziň isleglerini berjaý etmekden ybaratdyr. Söýgi we maşgala barada alada etmek, iş, adamlara kömek etmek, hyzmat etmek we Hudaýyň danalygyny we maslahatyny edinmek – ine, ünsüm we göwnüm şu zatlara baglydyr.

Ünsümiň haýsydyr başga bir zada sowlan wagty bolupdymy? Elbetde boldy! Ýöne men Mukaddes Ruhdan şeýle zatlary maňa aýan etmegi soranlygym üçin, Ol elmydama kömek edýärdi. Golf, tagamlar, filmler, hatda hyzmat – ine, olardan käbirleri. Men ünsümi has wajyp zatlara gönükdirmek üçin, olary azaltmaly, gysgaltmaly bolýardym.

Golf meniň durmuşymda juda köp orny eýeläp başlanda, Mukaddes Ruh golf klýuşkalarymy başga bir çopana bermelidigimi pyşardap aýtdy. Mukaddes Ruh näme üçin muny aýtdy? Sebäbi beýleki çopanyň durmuşynda golf nämedir bir artykmaç zat däldi, meniň durmuşymda bolsa ol artykmaçlyk edýärdi.

Bir ýarym ýyl geçenden soň, Reb golf oýnuny ussatlyk bilen oýnaýan bir adamyň ýüregine maňa bahasy birnäçe müň dollar bo-

lar golf esbaplaryny sowgat bermegi saldy. Men aljyradym. Bu golf oýunçysy – dileg adamsy: "Jon, men seniň muny etmelidigiňi bilýärin" diýdi.

Birnäçe aýdan başga bir çopan – Günorta Koreýada ýerleşip, häzirki wagtda dünýäde iň uly bolan ýygnagy esaslandyrmaga kömekleşen çopan Hudaýyň öz ýüregine golf klýuşkalaryny maňa sowgat etmekligi salandygy barada aýtdy. Men muňa has hem aljyradym. Men Rebden: "Bu klýuşklary näme edeýin?" diýip soradym.

"Bar, git-de golf oýna" diýen jogap ýüregimde ýaňlandy.

"Ýöne Sen bir ýarym ýyl mundan ozal bu klýuşkalary sowgat bermegimi soradyň-a".

Şonda Hudaý şeýle diýdi: "Şol döwürde golf seniň üçin artykmaçdy, indi bolsa dynç we lezzet bolar".

Şondan bäri men golf oýnaýaryn. Hudaý bu oýny täsin tärde ulanýar: ol meniň dynç almagyma, dikelmegime, oýun başynda ogullarym, ýygnagyň liderleri, hyzmatdaşlarym bilen bile wagt geçirmegime ýardam berýär. Şu kitap ýazylmazyndan 3 ýyl ozal Messenger International hyzmaty dostlar we hyzmatdaşlar bilen golf oýnamak we Messenger kubogyny almak boýunça gurnalan golf ýaryşlary arkaly missionerlik taslamalary üçin üç milliondan gowrak dollar aldy. Eger men golf oýnuny durmuşymdan bütinleý aýran bolsam, bu ýagdaý bolmazdy. Biz Reb tabyn bolmagy soranda gorkmaly däl. Aslynda, eger Hudaýyň haýyşy siziň höwesiňiz bilen gabat gelýän bolsa, Oňa tabyn bolmak örän aňsat; eger gabat gelmeýän bolsa, ol agyr zähmete öwrülýär.

## Hudaýyň hatyrasy üçin gam-gussa

Ýakup dünýä bilen dostlugyň Hudaý Ruhunyň gabanjaňlygyny oýarýandygyny anyk aýdýar. Men bu dostlugyň bir tarapyny görkezdim, ýöne onuň başga taraplary hem bar. Indiki bapda biz meseläniň köki barada gürrüň ederis, häzir bolsa höwesimiziň bizi nädogry tarapa çeken ýagdaýynda näme etmelidigi barada gürrüň edeliň.

Geliň, dünýä bilen helákleýji gatnaşyklara ýüz uran imanlylara Ýakubyň beren maslahatyny derňäliň:

> "Hudaýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar. Eý, günäkärler, eliňizi günäden tämizläň. Eý, ikigöwünliler, kalbyňyzy pækläň. Gama batyň, ýas tutup aglaň! Gülkiňiz ýasa, şatlygyňyz gam-gussa öwrülsin" (Ýak. 4:8-9).

Men Hudaýa dileg etmäge derek "Kowboýlary" saýlap almak bilen edenlerime aň ýetirenimde, güýçli gam-gussa batdym. Men nädogry "gatnaşygym" arkaly Özüni meniň üçin gurban Edeniň göwnüne degdim.

Men ýaňy-ýakynda bir erkek bilen gürleşdim. Ol birwagtlar aýalyna biwepalyk edipdi, soňra toba edip, aýaly bilen gatnaşygyny dikeldipdi. Ol maňa alty aýyň dowamynda günä edip gezişi barada gürrüň berdi. Ol öz wakasyny gürrüň berýärkä, gözlerinden ajy gözýaş paýyrdap gitdi. Bu güýçli erkek birwagtlar kolejiň toparynda futbol oýnaýardy, häzir bolsa üstünlikli telekeçi, ol aglak adamlardan däl. Men sojap-sojap aglaýan bu gaýratly erkege haýran galyp seredýärdim. Ol Hudaý ýa-da aýaly ony bagyşlamak islemeýänler öýdüp aglanokdy. Hakykatda onuň nikasy ozalkysyndan has berkäpdi. Ol öz söýgüli adamsyna beren jebir-jepasy üçin aglaýardy. Ol öz ýaryny şeýle gaty ýaralandygyna ökünip aglaýardy. Onuň bu çuňňur duýgularyna we aýaly baradaky aladasyna seretmek diýseň tasirlidi.

Bu erkegiň hereketleri hakykaty şöhlelendirýär. Dünýä bilen biwepalyk gatnaşyklaryna ulaşan imanly hem hut şeýle hereket etmelidir. Ýakubyň ýazyşy ýaly: "Gama batyň, ýas tutup aglaň!"

Bu erkek öz aýalyny hiç zatda günäkärlemeýärdi, ol çyn ýürekden ökünýärdi. Onuň hakyky tabynlygy tämizligi berýärdi. Men biwepalyk eden adamlar bilen gürleşenimde, olaryň hersi bir zat diýýär. Olar öz "ýüreklerini dökende" ýa-da "şaýatlyk edenlerinde" kem-kemden öz aýallarynyň olara degerli üns bermändikleri, biwepalyk etmeklerinde olaryň hem belli bir günäsiniň bardygy barada aýdýardylar.

Mukaddes Ýazgylar Hudaýdan bolan gynanç we dünýäden bolan gynanç barada aýdýar (2 Kor. 7:10). Dawut pygamber Hudaýdan bolan gynanjy görkezýär – ol öz zynahorlygy we adam öldürmegi arkaly öz Söýýänini ynjadandygy babatda ajy gam-gussa çekýär. Ol şeýle diýýär: “Saňa, diňe Saňa garşy men günä etdim, Seniň nazaryňda men pislik etdim...” (Zeb. 50:6). Ol Hudaýa perýat edip, gije-gündiz gam çekdi. Ol öz abraýyny saklajak bolmady, onuň ýüregi synypdy, soňra Hudaý ony dikeltdi.

Şawul patyşa beýle däldi. Ol hem Hudaýyň Sözüne gulak asmaga derek ýüregi üçin dünýäniň iýmitini – tekepbirligi we hususy bähbidini saýlanda, Ýaradanyň göwnüni ynjadypdy. Ol hem edenlerine ökünýärdi, ýöne onuň gam-gussasy özüniň tutulandygy, öz hormatlaýan adamlarynyň öňünde masgara bolandygy baradaky duýgulara ýugrulandy. Ol öz etmişiniň şalyk sürmegine täsir etjekdigine düşünýärdi. Şawulyň gam-gussasy dünýewidi. Ol Dawut pygamber ýa-da ozalky futbol oýunçysy kimin päklenmedi. Şawul öz-özüni aldaýardy. Onuň gam-gussasy uzaga çekmedi, biraz wagtdan onuň hakyky niýetleri – tekepbirligi we hususy bähbidi aýan boldy. Onuň pikirleri asla üýtgemändi.

Resul Pawlus şeýle diýýär: “Çünki Hudaýdan bolan gynanç adamy toba getirip, onuň halas bolmagyna ýardam edýär...” (2 Kor. 7:10) Bu Hudaýdan bolan gynanç, onuň kökleri Oňa bolan söýgimizdedir. Eger biz Onuň bize etjek zatlaryny Onuň Özünden has köp söýýän bolsak, hereketlerimiz Şawulyňkydan tapawutlanýan däldir.

Indiki iki bapda biz dünýä bilen dostlugyň Hudaý bilen gatnaşygymyza nähili täsir edýändigini göreris. Biz Hudaýa derek ýagşy zatlary saýlamagyň herimize we ähli ýygnaklara näderejede gymmada düşýändigini göreris. Ýöne sahypany agdarmazdan ozal, dileg ediň we dünýä bilen gatnaşygyňyzdaky gerek bolmadyk zatlary aýan etmegini Hudaýdan soraň.

*Eý, Atam, Isa Mesihiň hatyrasyna ýalbarýaryn, meni derňe we barla, ýollaryma we niýetlerime seret. Eger durmuşymda Saňa bo-*

*lan baglanyşygymyň we söýgimiň ornuny tutýan haýsydyr bir zat bar bolsa, muny Mukaddes Ruhuň arkaly görkez. Men hiç bir zady ýapyk saklamok. Maňa hakykatdan-da Seniň söýgüli perzendiň bolmaga, Reb Isa Mesihe eýerip, Oňa hyzmat etmek üçin özüni ret edip bilýän adam bolmagyma kömek et. Men Isa Mesihiň ady bilen ýalbarýaryn. Omyn.*

9

# GAÇYLÝAN HAKYKAT

... Halal ýaşamaga dyrjaşyň, ýogsa
Rebbi görüp bilmersiňiz.
— Ýewreýlere 12:14

Mukaddesligi ýürek gysganç hasaplaýan
adamlar nähili az bilýärler.
Hakyky zada duşanyňda, oňa garşy
durmak mümkin däl.
— K.S.Lýuis

Mukaddeslik. Şu sözi aýdyp görüň we onuň adamlary aljyradyşyna, olaryň gürrüňi başga zada sowmak isleýişlerine üns beriň. Köp adamlar mukaddesligi ýürek gysganç hasaplaýarlar, sebäbi ol "ýoň" däl, ol durmuşda päsgel berip bilýär. Ony köplenç işler arkaly gutulyşy gazanmaklyk diýip düşünýärler ýa-da kanunçylygyň bir bölegi diýip hasaplaýarlar. Mukaddeslik barada gürrüň açylsa, köplenç: "Men azat we Hudaýyň merhemeti arkaly ýaşaýaryn. Meni kanun astyna saljak bolmaň" diýen jümläni eşitmek bolýar.

Emma Täze Äht döwrüniň mukaddesliginiň kanun işleri we kanunçylyk bilen hiç baglanyşygy ýokdur. Bu aslynda ajaýyp we arzuwlanýan durmuş ýörelgesidir. Biziň döwrümizde köp adamlaryň mukaddesligiň näme aňladýandygyna düşünmeýändigi şübhesizdir.

## Bu barada gürrüň edeliň

Eger Mukaddes Ýazgylarda: "...Halal ýaşamaga dyrjaşyň, ýogsa Rebbi görüp bilmersiňiz" (Ýew. 12:14) diýip aýdyň ýazylan bolsa,

onda Hudaýyň perzentleri halallyk, mukaddeslik baradaky gürrüňlerden gaça durmak nämä gerek? Buýruk işligini duýýarsyňyzmy? Eger halal ýaşamasaň, Hudaýy görüp bilmersiň! Bu meniň ähli ünsümi özüne çekýär. Siz babatda nähili?

Birleşen Ştatlaryň prezidenti bilen bagly mysaly alaýyn. Men öz ýurdumyň raýaty, ol bolsa ýurdumyň milli lideri bolany üçin, onuň bilen "gatnaşagym" bar. Men onuň ýolbaşçylygy astynda bolanym üçin, beýleki 320 million amerikanlar ýaly, onuň kararlarynyň netijelerini öz durmuşymda duýýaryn. Prezident bilen şeýle gatnaşygymyň bardygyna garamazdan, men heniz ýekeje gezek-de onuň bilen ýüzbe-ýüz görşemok. Men 50 ýyldan gowrak ýaşan amerikan durmuşymda amerikan prezidentleriniň ýekesi bilen hem ýüzbe-ýüz duşuşyp göremek.

Emma onuň bilen yzygiderli görşüp duran amerikanlar bar. Olar prezidentiň dostlary ýa-da ýakyn işgärleri. Garaz, olar Ak tamdaky adamy menden oňat tanaýarlar.

Edil şeýle tärde, Isa Mesihiň baştutanlygynda bolan millionlarça mesihiler bar. Olaryň ykrar etmegine görä, Ol olaryň Patyşasy. Ol olary goraýar, üpjün edýär, söýýär we dileglerine jogap berýär. Emma mesele başga zatda – olar Ony görýärmi? Başga sözler bilen aýdanymyzda, olar Onuň huzurynda bolýarmy? Mukaddes Ýazgylarda aýdylýanlara laýyklykda, biz Ony görmeli. Ýewreýlere hatda şeýle ýazylan: "Biz Isa Mesihi....görüp bilýäris" (2:9, AMP, iňlis dilinden giňişleýin terjime edilen). Pawlus bu aýratyn hukuk barada, ine, şeýle diýýär:

> "Biz hem ýüzümizi basyrman, Rebbiň şöhratynyň ýalkymyny görýäris. Rebbiň Ruhy ählimizi gitdigisaýy nurlandyryp, bizi Öz keşbine özgerdýär" (2 Kor. 3:18).

"Hudaýyň şöhraty" – bu jümlä köplenç nädogry düşünýärler, biziň günlerimizde bolsa ony örän seýrek ulanýarys. Biz "Hudaýyň beýikligi" diýýäris. Pawlus biziň dilimiz bilen şeýle ýazardy: "Biziň ählimiz açyk ýüzümiz bilen Hudaýyň beýikligini *görýäris*".

Isa Mesih hem Özüni görjek, Öz huzurynda boljak adamlary tapawutlandyrýar. Ol şägirtleri bilen soňky gezek saçak başynda otyrka, olara şeýle diýdi: “Az salymdan soň dünýä Meni görmez, emma siz görersiňiz. Meniň ýaşaýandygym üçin, siz-de ýaşarsyňyz” (Ýoh. 14:19).

Onuň sözlerinde biz anyk iki hakykaty görýäris. Birinjiden, mesihiligiň örän hakyky taraplarynyň biri Isa Mesihi görüp bilýänligimizden ybaratdyr. Ikinjiden, biz synlap bilýäris, dünýä bolsa muny başaranok.

Hudaýy görmek näme üçin wajyp? Birinjiden, prezident baradaky mysalymyz ýaly, eger biz Ony görmesek, Ony tanap bilmeris, biz diňe Ol barada bilip bileris.

Ikinji sebäbiň hem ähmiýeti pes däl. Hudaýy görmezden, özgerip, Onuň keşbine dönmegimiz mümkin däl. Pawlus ýokarda agzalan aýatda Hudaýy görýän adamlaryň Rebbiň şöhratynyň ýalkymyny görüp, Onuň Ruhy arkaly özgerýändigi barada aýdýar. Özgerişlik imanlynyň durmuşy üçin möhümdir.

Siz Isa Mesihi tanaýandygyny ykrar edip, Oňa hiç haçan duşmadyk ýaly bolup ýaşaýan adamy görüpmidiňiz? Bu näme üçin beýle bolýar, sebäbi bu adam özgerişligi başdan geçirmeýär, Isa Mesihiň keşbine dönmeýär. Pawlus biziň döwrümiziň kyn boljakdygy barada pygamberlik edipdi. Ol bu kynçylyklaryň onuň döwründäki ýaly iman yzarlanmalary sebäpli däl-de, Isa Mesihi ykrar edip, Onuň Sözüni berjaý etmeýän adamlar sebäpli boljakdygy barada ýazypdy. Bu adamlar Hudaý bilen gatnaşygy bolmadyk adamlar ýaly hereket ederler. Olar ozalkysy ýaly özlerini we öz puluny söýerler, ene-ata gulak asmazlar, gödek bolarlar, bagyşlamany ret ederler, şöhrat bilen abraýy agtararlar, dostlaryna dönüklik ederler, lezzeti Hudaýdan has köp söýerler we ş.m. Pawlus: “Olar hudaýhonsyrasalar-da, Hudaýyň güýjüni inkär edýändirler” (2 Tim. 3:5) diýip aýdyň aýdypdy. Olaryň inkär edýän güýji – bizi özgertmegi başarýan merhemetiň ukybydyr, asyl mesihiligiň açary hakykatydyr. Mukaddes Kitabyň giňişleýin terjimesinde: “Olaryň hereketleri olaryň hakykatdan iman etmeýändiklerini äşgär edýär” (iňlis dilinden terjime) diýlip aýdylýar.

Bu imanlylar özlerini aldaýarlar, Mukaddes Ýazgylaryň: "hemişe öwrenmäge synanyşsalar-da, hakykat bilimine asla ýetip bilmeýärler" (2 Tim. 3:7) diýýäni hem hut şeýle adamlar baradadyr. Ozal aýdyşym ýalanyň diňe bir meselesi bar: ol aldaýar! Biz Hudaý bilen gatnaşygymyzyň oňatdygyna diýip tüýs ýürekden ynanyp bilýäris, emma hakykatda welin bu bütünleý başgaça bolup bilýär. Şeýle "imanlylaryň" köpüsi ýygnaklara, konferensiýalara, ybadat agşamlaryna, Mukaddes Kitaby öwredýän mekdeplere we dürli toparlara gatnaşýarlar. Olar öwrenmäni halaýarlar, ýöne häsiýetleri we hereketleri özgermeýär.

## Netije

Şeýle netijä gelip bolýar: diňe mukaddes ýaşaýan adamlar Hudaýy görüp bilerler – *Onuň huzuryna girip bilerler*. Isa Mesih muny aýdyň aýdýar: "Az salymdan soň dünýä Meni görmez, emma siz görersiňiz. Meniň ýaşaýandygym üçin, siz-de ýaşarsyňyz. Meniň buýruklarymy berjaý edýän kişi Meni söýýändir. Meni söýýäni Atam-da söýer. Men hem ony söýerin we Özümi oňa aýan ederin" (Ýoh. 14:19,20).

"Aýan etmek" haýsydyr bir zady "göz, aň üçin mese-mälim etmek, aýdyň görkezmek" diýmegi aňladýar. "Doly düşündiriş sözlügiň" (The Complete Word Study Dictionary) düşündirişine görä, grek dilindäki *emphanizo* sözi "göze görner ýaly etmek, mese-mälim etmek, görkezmek" diýmegi aňladýar. Onuň manysy "özüni ýakyndan tanap, düşünmäge ygtyýar eden" adam babatda has hem köp açylýar.

Isa Mesih diňe Onuň tabşyryklaryny berjaý edýän adamlara Özüni aýan etjekdigi barada aýtdy. Ony görenler Onuň huzuryna girerler we şeýdip Ony ýakyndan tanarlar. Bu aýratyn hukuk hemme imanlylara wada edildi, ol Onuň Sözüne tabyn bolmaga ymtylýanlara, mukaddesligi agtarýanlara wada edildi.

1980-nji ýyllarda dünýäde iň uly ýygnagyň uly çopanyny garşy almagymy haýyş etdiler. Onuň ady d-r Dewid Ýongi Ço, ol Günorta Koreýanyň Seul şäherinden. Şol döwürde onuň ýygnagynda 750

müň adam bardy. Şeýle-de men ony myhmanhanadan ýygnaga gatnatmalydym. Meniň mesihi bolanyma bary-ýogy sanlyja ýyl geçipdi, şonuň üçin-de, bu meniň üçin uly derejedi.

D-r Ço geldi we öz ýany bilen ýygnagyndan takmynan 15 telekeçini getirdi. Olaryň iň ulusy ýygnagyň geçiriljek güni ýanyma gelip: "Mister Biwer, d-r Çony ýygnaga siz äkidýäňiz gerek?" diýip sorady.

"Hawa, men" diýip jogap berdim.

Ol dabaraly äheňde maňa şeýle diýdi: "Mister Biwer, men size käbir wajyp zatlary aýtmaly. Birinjiden, d-r Ço bilen ýygnaga barýarkaňyz ýolda gürleşmäň. Ol wagyz okamagyň öňýanynda gürleşmegi halamaýar". Başga-da birnäçe görkezmeler berildi, ýöne bu iň esasylarynyň biridi.

Şol agşam men myhmanlary almaga myhmanhana bardym we maşynda garaşdym. Olar çykanlarynda, d-r Çonuň ýanyndakylar oňa maşynyň gapysyny açyp berdiler. D-r Ço maşynyň öňki kürsüsine – meniň gapdalymda oturdy, Hudaýyň huzury maşynymy doldurdy. Muňa ynanar ýaly däldi. Hudaýyň beýikligi we söýgüsi şeýle hakyky we aýdyňdy.

Men aglamany gaty bir halamasam-da, ýolboýy gözlerimdem ýaş paýyrdap döküldi. Ýol ortalanda, çatrykda men saklanyp bilmän, gadagan edilen zady etdim. Men edep bilen: "D-r. Ço, Reb şu maşynyň içinde" diýdim.

Ol maňa seretdi-de: "Hawa, men bilýärin" diýdi.

Şol saparyň dowamynda men bu adam bilen köp wagt geçirdim. Biz bile golf oýnadyk. Men onuň bilen dürli duşuşyklara gatnatdym, onuň bilen nahar iýdim, howa menziline äkitdim. Her bir ýagdaýda: adamlaryň arasynda ýa-da ýeke bolanda, parhy ýok, d-r Ço gatnaşyklarynda we hereketlerinde örän takwa, sypaýy, göwnaçyk we sadady.

Men onuň Reb bilen günde näçe sagat geçirýändigi barada oýlandym. Onuň durmuşynda Hudaýyň huzurynyň näme üçin şeýle güýçlüdigi mälimdi. Ol hakykatdan-da Isa Mesihiň sözlerine eýerýärdi.

Men Hudaýyň huzuryny şeýle tärde köplenç wagyz okaýan wagtym, dileg edýän, Hudaýyň Sözüni okaýan ýa-da adaty işler bilen meşgullanýan wagtym başdan geçirýärdim. Men Musa pygamberiň şeýle ajaýyp syýahatyň hatyrasynda hemme zady taşlamagyna diýseň oňat düşünýärin. Durmuşynda Onuň huzurynyň menden uzak bolýan möwsümleri bolýar. Käwagt bu Onuň Sözüni berjaý etmeýänligim üçin bolýar. Käwagt bolsa bu synag döwürlerinde şeýle bolýar. Men soňkynyň gutulgysyzdygyna düşünýärin, ýöne birinjisiniň welin öňüni alyp bolýandyr.

Onuň aýan bolmagy diňe "görmekligi" aňlatmaýar, biz Onuň huzurynyň getirýän zatlaryny hem alýarys. Aýan bolmaklyk – bu haýsydyr bir zady görünmezlikden görünmeklige, eşidilmezlikden eşidilmeklige, näbelli zady belli zada geçirmekligi aňladýar. Bu Hudaýyň bize aňymyz we duýgularymyz arkaly Ony tanamaga berýän mümkinçiligidir. Ol bize Özüne we Onuň ýoluna ýakyndan düşünmäge, bilmäge we aralaşmaga mümkinçilik berýär. Ýewreýlere hatyň awtory bu aýratyn hukuga eýe bolan adamlary "gögüň peşgeşini dadyp, Mukaddes Ruha şärik bolanlar" (6:4) hökmünde suratlandyrýar. Hudaýyň huzurynyň aýan bolmagy Onuň her bir perzendi üçin elýeter bolsa-da, bu aýratyn hukugy diňe Onuň sözlerine gulak asýanlar (hakyky mukaddeslikde gezýänler) alýandyrlar. Pawlus Hudaýyň Musa eşitdirip aýdan sözlerini mysal getirýär. Bu tassyklamalar üýtgewsiz hakykatdyr, ol diňe bir Köne Ähtde däl, eýsem Täze Ähtde hem eriş-argaç bolup geçýär. Ol eýýäm Hudaýa degişli bolan adamlara ýüzlenýär:

> "Şoňa görä-de, olaryň arasyndan çykyň-da, olardan aýrylyň. – Muny Reb diýýär. – Haram zatlara el degirmäň, şonda Men sizi kabul ederin" (2 Kor. 6:17).

Bu aýdyň zat. Hudaý bizi Öz huzurynda kabul edip biler ýaly, biz şerti berjaý etmeli, bu öz-özünden bolýan zat däl. Ol bize Özi bilen duşuşygy peşgeş bermezden öň, biz Onuň haýyşyny bitirmeli. Paw-

lusyň sözleri Isa Mesihiň sözleri bilen gabat gelýär. Bu aýat The Message terjimesinde, ine, şeýle berlendir:

> "Şeýlelikde, azgynlygy we ylalaşygy taşlaň, ýagşylygyň hatyrasyna taşlaň. – Muny Reb diýýär. – Sizi harama çykarýanlar bilen gatnaşmaň. Men siziň ähliňizi Özüm üçin isleýärin" (iňlis dilinden terjime).

Soňra Pawlus Hudaýyň wadasyna anyk jogap berýär:

> "...Şonuň üçin-de, geliň, bedenimizi we ruhumyzy murdar edýän ähli zatdan tämizläliň. Hudaýdan gorkup, bütinleý mukaddes bolmaga ymtylalyň" (2 Kor. 7:1).

Biz hakyky hallalyga ymtylmaklyk maksadynyň Hudaýyň aýan bolýan huzurynda kabul edilme hukugyna eýe bolmaklykdygyny ýene-de görýäris.

## Atmosfera ýa-da barlyk?

Isa Mesihiň, Atanyň we resullaryň Täze Ähtdäki sitatalarynyň birnäçesine göz aýlap, biz Täze Äht döwründäki mesihiligiň bu wajyp meselesi näme üçin ara alnyp maslahatlaşylmaýandygyny, okadylmaýandygyny we jar edilmeýändigini soramaly. Eýsem duşmanyň bize mukaddeslikden mahrum bolan gutulyşy goýmak üçin, Hudaýy synlap, Onuň keşbine dönmekden mahrum etmek üçin mekir meýilnama düzmegi mümkinmikä? Duşmanyň bu mekir strategiýasy diňe şahsy derejede däl, eýsem ählumumy derejede hem hereket edýändir. Biz öz ybadat ýygnaklarymyzda Hudaýyň huzuryny atmosfera bilen çalşaýdykmykak?

Soňky ýigrimi ýylyň dowamynda ýygnagyň ýeten iri sepgitleriniň biri hem – ybadat ýygnaklarynda ajaýyp atmosferany döredýänligidir. Birnaçe ýyl mundan ozal adaty ybadathana baranyňyzda, siz adaty binany, sadaja remonty we uzak dowam edýän ýüregedüşgünç hyzmaty görerdiňiz. Saz biderekdi, wagyzlar uzakdy we aktual däldi, eginbaşymyz, sypaýy aýtsak, könelişendi. Biz çem gelen sazy goýýardyk

we wagyzlaryň ählisi “Isa Mesihiň ady bilen” edilensoň, olar örän uzak wagtlap dowam edip bilýärdiler. Şonuň üçin-de, bizi jemgyýetde kemtik hasaplamaklary geň zat däldir. Käbir ýagdaýlary hasap etmezden, ýigrimi ýyl mundan ozal umumy ýagdaý şeýleräkdi.

Paýhasly liderleriň tagallalary bilen biz bu paradigmany üýtgetdik. Indi biz ajaýyp sazlary goýýarys, olar dogrudan-da ruhlandyrýarlar we biziň döwrümize gabat gelýärler. Biz ýygnaklar üçin döwrebap we amatlaşdyrylan binalary gurýarys, olary iň täze aidioulgamlary we yşyklandyrmalary bilen enjamlaşdyrýarys. Wagyzlar gysga we aktual, çagalar we ýetginjekler üçin gyzykly we owadan otaglary döredýäris. Köp ýygnaklaryň binalarynda häzir kafeler, oňat gurnalan hollar, saýlawy baý bolan kitap dükanlary bar. Adamlar ol ýerlerde duşuşyp, pikir alşyp bilýärler. Biz günäkärleri tesdirmeýän wagyzlary geçirýäris. Başga sözler bilen aýdanymda, biz öz ýygnaklarymyzda atmosferany döretdik, men bu täze girişmeleriň we olaryň ýokary hiliniň Hudaýa ýaraýandygyna ynanýaryn.

Ýöne biz ahyrky maksadymyz barada pikir etdikmi? Atmosfera hakykatdan-da wajyp bolan zada – Hudaýyň huzuryna girmek üçin peýdalydyr. Atmosferany adam döredýär. Golliwud, Las-Wegas, Disneý, Brodweý we şowhunlyk industriýasynyň beýleki merkezleri oňat emosiýalary ussatlyk bilen döredýärler. Biz olaryň standartlaryna laýyk gelýärismi? Ýyganaga gelýän adamlaryň duýgularyny diňe gyjyndyrmagymyz eýsem ýeterlikmi? Biziň ýygnak hyzmatlarymyz dogrudan-da Hudaýyň huzuryndan dolýarmy ýa-da biz mesihi gurşawda başgalaryň haýsydyr bir ýerlerde edýän oňat zatlaryny edýärismi?

Hakykat şundan ybarat: özgermegimiz üçin bize Onuň huzury gerek!

Hut şu ýagdaý köp adamlaryň mesihiligi halap, ybadat etmegi söýüp, owrenmegi dowam etseler-de, özgermeýändiginiň sebäbi bolup bilermi? Eger şeýle bolsa, onda munuň netijesi bize örän gymmada düşer. Adamlar Isa Mesihiň keşbine dönenoklar. Birnäçe ýyl mundan ozal biz erbet atmosfera çydaýardyk, ýöne ýygnaklarymyzyň Hudaýyň ajaýyp huzuryndan ýygy-ýygydan dolandygy ýadyma düşýär.

Men munuň nähili amal bolandygyny sözler bilen hemişe beýan edip bilemok, ýöne ol maňa dogrudan-da güýçli galtaşýardy.

Netijede şeýle sorag ýüze çykýar: näme üçin hem atmosferaly, hem-de huzurly bolup bolanok? Bize ikiden birini saýlama gerek däl! Emma Hudaýyň huzuryny duýmak üçin, mukaddeslige ymtylmalydyr.

Başga bir tarapdan, mukaddeslikden mahrum bolan mesihiligi döretmek boýunça duşmanyň düzen mekir meýilnamasy Isa Mesihiň Hoş Habarynyň gutulyşy heniz kabul etmedik köp adamlar üçin jansyz dine öwrülmegine sebäp boldy. Şonuň üçin-de, bu adamlar Isa Mesihe eýermekligi gyzyksyz hasaplaýarlar, aslynda welin bu durmuşlaryň iň ajaýybydyr.

## Mukaddeslik näme?

Hakyky mukaddeslik näme? Grekçe bu *hagios* bolýar. Taýeriň düzen Täze Ähtiň grek-iňlis sözlüginde oňa şeýle kesgitleme berilýär: "Hudaý üçin aýrylyp goýlan, diňe Oňa degişli bolan". Şu kesgitlemäniň çäklerinde, Hudaýyň sözlerini ýene-de bir gezek mysal getirmäge ygtyýar ediň: "Sizi harama çykarýana bilen gatnaşmaň. Men sizi bütinleý Özüme degişli bolmagyňyzy isleýärin" (2 Kor. 6:17, The Message, iňlis dilinden terjime).

Biz Liza bilen maşgala guranymyzda, ol bütinleý meniňki boldy, men hem bütinleý onuňky boldum. Ol özüni maňa, durmuşyny meniň bilen ýaşamaga bagyş etdi, men hem özümi oňa, durmuşymy onuň bilen ýaşamaga bagyş etdim. Liza duşmazymdan we oňa öýlenmezimden öň men onuň isleglerini we ymtylyşlaryny hasaba almaýardym. Men ony asla tanamokdym. Liza garamtyl reňkdäki mebeli halanok, professioanl sport oýunlaryny, kinonyň käbir žanrlaryna tomaşa etmegi, jaz we orkestr sazlaryny diňlemegi halanok, "Müň ada" sousyny, heňli peýniri iýenok we başga-da birtopar zatlary halanok.

Men ýokarda sanalan zatlary edýärdim, diňleýärdim we iýýärdim! Emma maşgala guranymyzdan soň men bu baglylyklarymy taşladym,

sebäbi Lizanyň olary halamaýandygyny bilýärdim. Ikimiziň-de lezzet alyp biljek başga zatlaryň ençemesi bardy.

Mundan başga-da, men beýleki aýallar bilen ýerliksiz bolan gatnaşyklardan gaça durýardym. Toýdan öň meniň dostlarymyň arasynda aýallar köpdi, men olar bilen gatnaşmakda, wagty bile geçirmekde, duşuşyklara gitmekde hiç bir erbetlik görmeýärdim. Emma Liza "Hawa" diýen günüm meniň beýleki aýallar bilen bolan gatnaşygym hemişelik üýtgedi.

Sözümi jemläp, şuny aýdaýyn: men Liza tutuş kalbym bilen aşyk boldum, diňe özüm üçin däl-de, onuň isleginiň hatyrasyna ýaşamak göwnüme ýarap başlady.

Men käbir ärleriň öz aýallarynyň isleglerine az üns berýändiklerini, diňe özleri barada alada edýändiklerini görýärin. Resmi taýdan olar öýlenen jübütler, aslynda welin şeýle nikadaky är-aýallar pynhan gatnaşyklary duýanoklar. Biz nikalaşanymyzda, äht babatda, öz ýanýoldaşymyza ömürboýy hyzmat etjekdigimize gol çekýäris. Oňat nikada egoizme ýer ýokdur.

Isa Mesih bilen äht gatnaşyklaryna girmezden öň biz dünýä degişlidik, ony söýýärdik. Biz öz ten höweslerimizi we göz isleglerimizi kanagatlandyrmak üçin ýaşaýardyk. Biz derejäni, abraýy, tekepbirligimizi we egoizmimizi "iýmitlendirýän" zatlary agtarýardyk.

Şindi, Isa Mesihe duşup, Onuň bilen gatnaşyk açanymyzdan soň, biz dogrymyzdan gelip, şu soraga jogap bermeli – biz özümiz ýa-da Onuň üçin ýaşaýarysmy? Resmi taýdan biz Isa Mesih bilen gatnaşykda bolup bileris, ýöne Onuň bilen pynhan gatnaşyklary (Onuň aýan bolýan huzuryny) başdan geçirip bilmeris. Bu edil egoist äriň öz aýaly bilen ýaşaýşy ýalydyr.

Pawlus şeýle ýazýar: "Onuň täze durmuşyny kabul edenler indi özleri üçin däl-de, Isa Mesih üçin ýaşarlar" (2 Kor. 5:15, NLT, iňlis dilinden terjime). Diňe şeýle tärde Onuň bilen (ýa-da nikada) oňat gatnaşykda bolup bolýar.

Eger Ýakubyň dünýä bilen dostluk diýip atlandyrýan gatnaşyklaryna seretsek, onuň diňe "men bar" diýen durmuşa dolanýan imanlylara ýüzlenýändigini göreris:

> "Emma kalbyňyzda...*egoizm* bar bolsa, onda danalyk bilen öwünmäň. Bu aňrybaş ýalançylyk bolar! Beýle «danalyk» gökden inen däldir, ol dünýewi bolup, ruhy däldir, şeýtandandyr. Çünki... *egoizmiň* bar ýerinde bidüzgünçilikler we her dürli pyssy-pyjurlyklar hem bardyr... Araňyzdaky çaknyşykly gowgalar we dawa-jenjeller nireden döreýär? Kalbyňyzda söweş edýän *egoistik* höwesleriňizden dälmi? Siz isleýärsiňiz, emma hiç zat gazanmaýarsyňyz; adam öldürýärsiňiz, göriplik edýärsiňiz, emma hiç bir maksadyňyza ýetip bilmeýärsiňiz; dawa-jenjeldir galmagal turuzýarsyňyz, emma hiç zat gazanmaýarsyňyz, sebäbi Hudaýdan dilemeýärsiňiz. Diläniňizde-de, hiç zat almaýarsyňyz, sebäbi ýaman niýet bilen, öz nebsiňi*zi doýurmak* üçin dileýärsiňiz. Eý, *biwepalar*, dünýä bilen dostluk Hudaýa duşman bolýandygyny bilmeýärsiňizmi? Kim dünýä bilen dostlaşsa, Hudaýa duşman bolýandyr" (Ýak. 3:14-16, 4:1-4, CEV, iňlis dilinden terjime).

Şu aýatlarda *egoistik* sözüniň köp ulanylandygyna üns beriň. Ýakup ony hereketiň iki görnüşiniň bardygy üçin ulanýar. Hereketiň iki görnüşi: almak we bermek bar. Üçünjisi ýok. Almak – bu diňe öz bähbidiňi aramagy, dünýä görä ýaşamagy, Hudaýa biwepa bolmagy aňladýar. Şeýle durmuş tärinde ýaşaýan imanlylara biwepalar diýilýär. Olar üçin Isa Mesihiň tabşyryklary ilkinji derejeli zatlara degişli däldir. Tersine, olaryň şahsy islegleri ilkinji derejeli bolup durýandyr.

Egoizm adamy günä eltýär. Adam haýsydyr bir zady edinmek üçin ogurlaýar, özüni goramak ýa-da bähbidini aramak üçin ýalan aldaýar. Adam öz aýaly we çagalary barada däl-de, diňe öz höwesleri barada oýlanyp, zynahorlyk edýär. Adam diňe özi barada oýlanyp, başga adamy öldürýär. Adam özi üçin haýsy zadyň gowudygyny bilýändir öýdüp, häkimiýete tabyn bolmaýar. Adam öz ynamsyzlygyny we ulumsylygyny kanagatlandyrmak üçin meşhurlygy we şan-şöhraty

agtarýar. Men futbol ýaryşyna tomaşa edýärkäm Hudaýyň sözüne gulak asman, telewizory öçürmänimde, muny öz islegim üçin edipdim.

## Täze tebigat

Dünýäniň raýatlary şeýle hereketlere baglanandyrlar, sebäbi ten (egoistik) höwesleri, işdäleri we islegleri olara öz hökümini ýöredýär. Imanly olaryň boýuntyrygyndan azatdyr (ser. Rim. 6:11-14). Ogul bizi dogrudan-da azat etdi!

Köne Ähtde Hudaýyň halkyna "günä etmäň" diýip tabşyrylypdy, emma olar günäli (egoistik) tebigatlary sebäpli bu tabşyrygy bozdular. Köne Äht öz güýjüne daýanýan adamyň durmuşy Hudaýyň nazarynda ýagşy saýylmaýandygyny aýgytly subut edýär. Adamlar Hudaýyň islegine garşy gidip, öz ten höweslerine we işdälerine baglydyrlar.

Biz, ýagny täze ýaradylaşlar, täze tebigata eýediris. Biz içimizden diri, Isa Mesihiň keşbine görä gaýtadan ýaradylan, hakykatdan-da ýagşy durmuşda ýaşamaga ýardam berýän içki ukyplarymyz bardyr. Pawlusyň aýdýanlaryna üns beriň:

> "Şonuň üçin Rebbiň adyndan size şuny buýurýaryn: mundan beýläk keseki milletler ýaly boş düşünjeler bilen ýaşamaň. Olaryň aň-düşünjesini garaňkylyk gaplady. Nadan we doňýürek bolandyklary üçin, olar Hudaýyň beren durmuşyndan mahrum boldular. Olar arnamys duýgusyny bütinleý ýitirip, doýmaz-dolmaz boldular, her hili haramlyk edip, azgynçylyga ýüz urdular" (Efes. 4:17-19).

Imansyz öz işdäsiniň guluna öwrülýär. Onuň ruhy ölüdir, ýaşaýan däldir. Onuň içinde Hudaýyň nazarynda halal ynsaba görä ýaşama ukyby ýokdur. Mesihileriň imansyz adamlaryň hereketlerine näme üçin haýran galýandyklaryna düşünmek maňa kyn düşýär. Olar gaýtadan dogulmadyk adamyň öz tebigaty, günäleri üçin adaty bolup görünýän zatlary edýändiklerine düşünmeýärler. Şeýle adam diňe özüni bilýär. Eger ol özerkli bolsa, daşyndan oňat adam, hatda egoist hem däl bolup görnüp bilýär. Ýöne aldanmaň: ol öz günäli tebigatyna baglanandyr.

Pawlus hakyky imanlynyň häsiýetlerini nygtamagy dowam edýär:

> “Siz Isanyň sözlerini eşidensiňiz we Onuň hakykatyna esaslanyp, tälim alansyňyz. Ozal öwredilişi ýaly, öňki durmuşyňyzy, ýalançy höwesler bilen ýoldan çykaran köne ýaradylyşyňyzy çykaryp taşlaň. Muňa derek oý-pikiriňizde we garaýşyňyzda täzeleniň. Hakyky dogrulyk we mukaddeslik bilen Hudaýyň keşbinde ýaradylan täze ýaradylyşa besleniň” (Efes. 4:21-24).

Halas edilmedik adamdan tapawutlylykda, iman eden adam täze içki tebigaty aldy. Bize şol tebigata tabyn bolup, mukaddes ýaşamak tabşyryldy. Mesihiniň saýlawy bar, imansyzda bolsa ol ýok. Mesihi adam ýa täze ýaradalyşynyň güýçli içki tebigatyna ýol berip bilýär, ýa-da ten höwesleriniň tabynlygynda ýaşap bilýär. Haýsyny saýlajagyňyz size bagly.

## Orun we hereket

Şu çatrykda käbir zatlary aýdyňlaşdyrmak wajypdyr. Mukaddesligiň iki wajyp tarapy bar, Täze Äht olaryň ikisi barada hem aýdýar. Bulam-bujarlyk şu ikisini bulaşadyryp başlanymyzda başlanýar.

Birinji tarapy biziň Isa Mesihdäki ornumyzy aňladýar. Pawlus şeýle ýazýar:

“Öz huzurynda mukaddes we müýnsüz bolmagymyz üçin, biri-birimizi söýüp, Isa Mesihe degişli bolmagymyz üçin, Hudaý bizi dünýä ýaradylmazdan öň saýlap-seçdi” (Efes. 1:4). Bu mukaddeslik Isa Mesihiň biz üçin edenleri we biziň Isa Mesih babatdaky ornumyz barada şaýatlyk edýär. Biz bu orny öz hereketlerimiz bilen hiç haçan gazanyp bilmezdik, bu Onuň bize beren peşgeşi.

Liza meniň aýalym bolanda, ol durmuşa çykmaklygyny gazanmady, ol bu orny ýüregimi oňa bagyş edenim üçin eýeledi. Biziň ähtimizde ol meniň üçin hut şeýle etdi. Nokat.

Mukaddesligiň ikinji tarapy – ornuň yzyndan gelýän *hereket*. Liza meniň aýalym bolany üçin, onuň hereketlerinde maňa bolan wepadar-

lygy görünýärdi. Ol indi beýleki erkekler bilen näz-kereşme etmeýärdi, olar bilen gatnaşygy agtarmaýardy. Onuň hereketleri aýalyň öz ärine bolan dogry gatnaşygyna laýyk gelýärdi. Men hem, elbetde, är hökmünde hut şeýle hereket edýärdim.

Şu kitapda men Hudaý bilen gatnaşygymyzyň hut şu tarapyny beýan edýärin. Petrus şeýle diýýär:

> “Gulak asyjy çagalar deý boluň, ozalky nadan döwrüňizdäki höwesleriňize eýermäň. Özüňizi çagyran Hudaýyň mukaddes bolşy ýaly, *siz hem ähli edýän işleriňizde mukaddes boluň*. Sebäbi: «Mukaddes boluň, çünki Men mukaddesdirin» diýlip ýazylandyr. Bütinleý ýüz görmezden, *her kime eden işine görä* höküm çykarýan Hudaýy Ata diýip çagyrýan bolsaňyz, bu dünýädäki wagtlaýyn döwrüňizi Hudaýdan gorkup geçiriň” (1 Pet. 1:14-17).

Pawlusyň günäkärlere däl-de, Hudaýyň perzentlerine ýüzlenýändigi mese-mälimdir. Bu anyk aýdylan: Hudaý bize Isa Mesihdäki ornumyza görä däl-de, eden işlerimize, ýagny hereketlerimize görä höküm çykarar ýa-da sylaglar. Isa Mesihiň gany biziň günälerimizi bagyşlaýar, emma Hudaýyň perzentleriniň eden işlerine görä olara kazylyk ediler. Pawlus muny Korintoslylara ýazan hatynda (5:9-11) tassyklaýar. Öz saýlawyňa görä bitabynlykda ýaşamak – ähmiýetsiz zat däl. Eger biz dogrudan-da Hudaýa degişli bolsak, onda günäli ýaşaýşymyz arkaly Onuň göwnüni ynjatmazlyk islegi kalbymyzda mesgen tutmalydyr.

Ýakup bilen Pawlus ýaly, Petrus hem köne durmuş ýörelgämiziň egoistik isleglerimize eýerýändigini aýdyp, ähli edýän işlerimizde mukaddes bolmaga çagyrýar. Men şu pikiri ýene-de bir gezek gaýtalasym gelýär: ol Isa Mesihdäki ornumyz barada däl-de, hereketler we durmuş ýörelgämiz barada aýdýar. Şol parçanyň başga bir terjimesinde her bir hereketimizde we durmuş ýörelgämizde mukaddes” (15-nji aýat, iňlis dilinden terjime) bolmalydygymyz barada aýdylýar. Petrusyň sözleri olara nähili manynyň salnandygy babatda hiç şübhe

galdyrmaýar. Pawlusyň aýdanlary bilen ylalaşyp, Petrus hem eger biz merhemet arkaly halas edilen bolsak, onda täze tebigatyň peşgeş beren güýji arkaly dünýä ýaly ýaşaman, mukaddes ýaşap bilýändigimiz barada aýdýar.

Ýewreýlere hatyň awtorynyň (12:14) bizi mukaddeslige çagyryşyny ýada salyň. Ýaňy-ýakynda men şu aýat boýunça Çarlz Sperjeniň beren wagzyna duşdum, ol meniň bar ünsümi özüne çekdi. Munuň sebäbine aşakdaky parçadan düşünersiňiz.

> “Käbir antinomistler Mukaddes Ruhuň bize mukaddes ýaşamaga berýän çagyryşyny ýatyrmaga dyrjaşýarlar. Olar muny Isa Mesihiň mukaddesliginiň üstüne ýüklenendigini aýdýarlar. Eýsem olar hakykaty şeýle ýoýmak bilen, ýalan sözleýändiklerine düşünmeýärmi?... Biz mukaddeslige eýermeli, bu amaly mukaddeslik bolmaly, haramlyga garşy durýan mukaddeslik bolmaly, “çünki Hudaý bizi haramlyga däl-de, halal ýaşamaga çagyrdy” diýip ýazylgydyr. Bu mukaddesligiň başga bir görnüşi. Aslynda, ...bu diri mukaddeslikdir, Mukaddes Ýazgylar bizi hut şeýle mukaddeslige çagyrýar. Bu Hudaýyň erkine laýyklykdyr, Hudaýyň tabşyryklaryna bolan tabynlykdyr”.

Beý-bä! Ýygnak mukaddesligiň gysylyp çykarylma meselesi bilen ilkinji gezek gabat gelmeýändigi bes-belli, sebäbi Sperjen bu barada 1800-nji ýyllarda ýazypdy. Ýöne biz Mukaddes Ýazgylaryň hakykatyny öz binýadymyz hökmünde goýsak, onda mukaddesligiň Isa Mesihdäki barlygymyza we Onuň ady bilen ýaşamagymyza degişlidigini göreris.

Belläp geçilmeli möhüm zat: biziň Isa Mesihdäki ornumyz-da, hereketlerimiz-de ýa hyzmatymyz, ýa gazanmalarymyz, ýa-da zehinimiz arkaly bolýan däldir. Orun-da, hereketler-de bize berlen peşgeşiň netijesidir. Ýöne mundan beýläk hem täzeçe ýaşap, oňat hereketleri amal ederimiz ýaly, biz öz täze tebigatymyz bilen hyzmatdaşlyk etmeli, oňa ýol bermeli.

## Mukaddesligiň ýene-de bir kesgitlemesi

Şindi, mukaddeslik diňe Oňa degişliligi däl-de, eýsem Hudaýa ýaraýan ahlaga laýyk amal edilýän hereketleri hem aňladýandygyna garap geçenimizden soň, onuň indiki kesgitlemesine garap bileris. Grek *hagios* sözi şeýle-de "päk, günäsiz, dogruçyl" hereket diýmegi aňladýar. Bu sözüň manysy köp adamlary tisgindirýär, aslynda welin beýle bolmaly däldir. Men nämäni göz öňüne tutýandygymy düşündirmek üçin, çagalygymda bolan bir wakany mysal getireýin.

Biziň maşgalamayzda men alty gyzyň arasynda ýeke-täk oglandym, şonuň üçin-de howludaky ähli işleri: maşyny ýuwmak, otlary gurkmak, gaçan ýapraklary syryp aýyrmak, ýodalary gardan arassalamak we ş.m. işleri men etmelidim. Biz dostlarymyz bilen sporty juda söýenimiz üçin, işleri çaltrak tamamlap, oýun oýnamaga howlugardyk.

Ýaz möwsümidi. Uzak gyşdan soň ýene-de gök otlar gögeripdi. Biz mekdepden soň dostlarymyz bolen adatça futbol oýnardyk. Men gazondaky otlary gyrkmagy gijikdiremsoň, onuň oty ep-esli boý alypdy. Kakam öňküsi gün men oty gyrkanymdan soň oýnamaga gidip bilýändigim barada duýdurypdy. Men oty kakam işden gelmänkä gyrkyp aýyrmalydym.

Mekdepden soň men öýe howlugyp, egin-eşiklerimi çalyşdym-da, ýaz başlaly bäri gazongyrkyjyny ilkinji gezek ammardan çykarypdym. Men howlukmalydygyma düşünýärdim, sebäbi dostlarym tizara oýnamaga çykmalydylar. Men otlaýjy pedala birnäçe gezek basdym, ýöne dwigatel otlanmady. Men karbýuratora ýangyjyň barmasyny güçlendirmek üçin, drossel gapagynyň düwmesine birki gezek basdym. Men pedala gaýta-gaýta bassam-da, hiç netije bolmady.

Men: "Karbýurator çyg çeken bolmaly, oňa guramaga maý bermeli" diýip pikir etdim. Men biraz salym garaşdym we soňra ýagyny, ähli zatlarynyň sazdygyna we işe taýyndygyna göz ýetirmek üçin ähli düwmelerini barladym. Ähli zat ýerbe-ýer bolup görünýärdi, diňe

biraz salym garaşaýmalydy. Men garaşdym we gazongyrkyjyny ýene-de işletjek boldum, ýöne dwigatel öňküsi ýaly otlanmady.

Bu gezek men gaty lapykeç bolup, otlaýjy sweçleri barladym. Olar hapalanmandyrlar, ähli zat ýerbe-ýer bolup görünýärdi. Men: “Näme bolduka?” diýip oýlanýardym. Meniň lapykeçligim minutsaýyn artýardy. Eger gazongyrkajy otlanmasa, men oty gyrkyp bilmerin, kakamy gynandyraryn we dostlarym bilen oýnap bilmerin.

“Wah, näme etsemkäm? – diýip oýlanýardym. – Eger gazongyrkyjyny ussahana äkitsem, ony bejerýänçäler eýýäm garaňky düşer we oýny sypdyraryn. Kimdir birinden gazongyrkyjyny wagtlaýyn alyp bolardy, ýöne muňa-da ep-esli wagt gider”. Biziň birki sany oragymyz bardy, eger men oty orak bilen gyrksam, agşama çenli işlemeli bolaryn, ýöne şeýle edäýemde-de, ot deňgyraň gyrkylmaz we gazonymyz göze ýakymly görünmez. Şonuň üçin-de bu hem oňat pikir däldi.

Men bir bölek demre gahar edýärdim, ol meni şatlykdan mahrum edýär öýdýärdim. Gazongyrkyjy döwlüpdi, men muny bilýärdim. Men çykgynsyz ýagdaýa düşdüm. Men ne oty gyrkyp bilýärdim, nede dostlarym bilen oýnap bilýärdim. Oýnamaga çykan dostlarymyň biri gelip: “Jon, oýnamaga taýynmyň?” diýip sorady.

Men: “Ýok. Kakam diňe oty gyrkamsoň oýanaga gidip bilýändigimi aýtdy, gazongyrkyjy bolsa işlänok. Ony bejermägä ýa-da birinden kärendä almaga, ýa-da orak bilen gyrkmaga bolsa wagtym ýok. Şonuň üçin-de, bu gün oýnap bilmeris öýdýän” diýdim.

Dostum menden akyllyrakdy. Ol: “Hany, menem bir göreýin” diýdi.

Men lapykeç halda: “Görseň, görüber” diýdim.

Onuň ilkinji eden zady – ýangyç baky açdy. Ol onuň içine äňedip, hezil edip güldi-de: “Jon, seniň meseläň – ýangyjyň ýoklugy” diýdi.

Men hem utandym, hem-de begendim.

“Wah, paňkelle diýsenäm. – diýip pikir etdim. – Men ilki bilen şuny barlamaly ekenim-ä!” bem baka derrew ýangyç guýdum, gazongyrkyjy hem bada-bat otlandy. Men oty çalt gyrkyp boldum-da, oýnanamaga gitdik.

Munuň mukaddeslige näme dahyly bar? “Mukaddes” sözüniň kesgitlemesinde “päk, günäsiz we dogruçyl” diýen szöleri okap, biz lapykeç bolýarys we: “Beýle bolmak mümkin däl” diýip pikir edýäris. Sebäbi biz şeýle durmuşy öz güýjümiz arkaly amal etmegi göz öňüne getirýäris. Bu edil tutuş gazony bir orak bilen garaňky gatlyşmanka, özem oýna-da ýetişer ýaly wagtda oran ýalydyr. Bu asla mümkin däldir! Siz kiçi bir bölegini tamamlaýançaňyz, daşarda eýýäm garaňky düşer.

Ýöne siziň täze tebigatyňyz bar, ony täze gazongyrkyjy edinmeklik bilen deňeşdirip bolar. Ýöne bakda ýangyjyň bolmadyk ýagdaýynda onuň işleýmeşi ýaly, biz hem işläp bilmeris. Gazongyrkyjyny ýerinden gozgamak üçin, ýangyç gerek.

Indiki bapda biz täze tebigatymyza nähili ýangyjyň gerekdigi, ýagny Hudaýyň öňünde päk gezmäge ýardam edýän zat barada gürrüň ederis.

# 10

# ÝANGYÇ

Indi bolsa, eý, doganlar, Hudaýyň
Makedoniýanyň ýygnaklaryna beren merhemeti
barada bilmegiňizi isleýäris,... çünki olar elinden gelen,
hatda ondan hem artyk hemaýat kömegini sahylyk
bilen meýletin berdiler – men muňa şaýat.
— 2 Korintoslylar 8:1-3

Kämillige bolan çagyryş – mümkin bolmadyk
zady amal etmeli diýen buýruk däl.
[Hudaý] bizden bu buýruga gulak
asjak täze ýaradalyşlary ýaradar.
— K.S. Lýuis

Mukaddeslige ymtylma – bu ahyrky maksat däl, bu Isa Mesihiň huzuryna girmeklik. Mugallym bize aýdyň aýtdy: "Meniň buýruklarymy berjaý edýän kişi Meni [dogrudan-da] söýýändir. Meni söýýäni Atam-da söýer. Men hem ony söýerin we Özümi oňa aýan ederin [açaryn, görkezerin. Men oňa Özümi görkezerin we Özümi onuň üçin hakyky ederin] (Ýoh. 14:21, iňlis dilinden giňişleýin terjime). Biz Mugallymyň buýruklaryny berjaý we amal edenimizde, Ony ýakyndan tanaýarys.

Ýewreýlere hatyň awtory muny tassyklap şeýle ýazýar: "...Halal ýaşamaga dyrjaşyň, ýogsa Rebbi görüp bilmersiňiz" (Ýew. 12:14). Hemme zat ap-aýdyň: mukaddeslik bolmasa, Isa Mesihi görüp bilmersiň, Onuň huzuryna girip bilmersiň!

Mukaddeslik – bütinleý Oňa degişli bolmagy, özüňi Onuň üçin aýryp goýmagy aňladýar. Mundan başga-da, "päk, müýnsüz we

dogruçyl” bolmagy aňladýar. Kesgitlemeleriň ikisi-de özara baglanyşyklydyr. Oňa degişli bolmak – Onuň üçin ýaşamagy, hereketleriň bilen Onuň göwnünden turmagy aňladýar. Koloselilere ýazylan hatda biz “Rebbe mynasyp durmuşda ýaşap, Ony her babatda hoşal etmelidigimiz” (1:10). barada aýdylýar. Ol ahyrsoňy “Öz huzuryna tegmiltsiz, ýygyrtsyz, birkemsiz, ýagny şöhratda mukaddes hem müýnsüz bir ajaýyp ýygnagyň” yzyndan dolanyp geler (Efes. 5:27).

Belläp geçmeli zat – bu Onuň dolanyp, ýany bilen akitjek adamlarynyň ýeke-täk beýanydyr. Pikir edip görüň. Mukaddes Ýazgylar Onuň Gelinligini güýçli, döwrebap, oňat gurnalan, liderler tarapyndan dolandyrylýan, abraýly tanyşlary bolan, ybadat edýän we şadyýan adam bilen deňemeýär. Bularyň bary oňat häsiýetler, ýöne esasy zat – Ol Öz gelinligini mukaddes we päk göresi gelýänligidir.

Gyzykly zatlaryň ýene-de biri – Hudaý mukaddesligi Özüniň esasy häsiýeti diýip hasaplaýar. Pygamber Işaýa we resul Ýohanna gören görnüşlerindäki Hudaýyň tagtyny beýan etdiler. Olaryň ikisi-de Hudaýyň daş-töweregini asyrlarboýy güýçli perişdeleriň gurşap: “Mukaddes, mukaddes, mukaddes” diýip gygyrýandyklaryny belläp geçýärler (ser. Işa. 6:3 we Aýan. 4:8). Olar: “Söýýän”, “Wepadar”, “Rehimdar” ýa-da “Jomart” diýip gygyranoklar, bu häsiýetler Oňa mahsus bolsa-da, mukaddeslik bularyň baryndan üstündir.

## Iki wariant

Päk, müýnsüz we dogruçyl bolmaga çagyryş köne meseläni gozgaýar: “Biz nädip ýaşamaly?” Biz synanyşdyk, ýöne öz güýjümiz bilen başaran zadymyz bolmady. Biz ynsabymyzyň sahaplarynda oýulyp ýazylan Hudaýyň tabşyryklaryna tabyn bolasymyz gelse-de, bu babatda şowsuzlyga uçraýardyk (ser. Rim. 2:14,15).

Emma soňra merhemet geldi. Biz ony oňat işlerimiz bilen gazanmadyk, gelejekde-de gazanyp bilmeris. Biz oňa mynasyp däldik, heniz-de mynasyp däldiris. Hudaýyň peşgeşi bizi bütinleý bagyşlaýar

we biz günä edenimizde hereket etmegini dowam eder. Biz öz günälerimizden halas edildik!

Bu ajaýyp habary bilýändigimize garamazdan, Onuň öwütlerine eýerip bilmeýändigimize gynanýarys. Bu näme üçin biziň üçin bir söweş kiminkä? Biz gökden doguldyk, täze tebigata eýe, ýöne näme üçin gaýta-gaýta ýykylýarys?

Şu tapgyrda biz çykalgany görkezjek saýlawymyz bar diýip pikir edýäris. Biz mukaddeslik diňe Isa Mesihdäki ornumyza degişli diýip öwredip bilýäris we hökümden gutulmagymyz üçin Mukaddes Ýazgylaryň işlerimizde mukaddes bolmaga çagyrýan parçalarynyň üstünden “böküp geçýäris”. Biz doly özgermändigimizi aklamak üçin: “Biz bir çig süýt emen adam, biz hemişe ýalňyşarys” diýip bahanalaýarys. Biz ähli ünsümizi geçmişdäki, şu wagtky we gelejekdäki ýalňyşlarymyzy bagyşlaýan merhemetiň gysgaldylan taglymatyna gönükdirýäris. Eger biz diňe şu gysgaldylan taglymaty öwredip, onuň diňe şu bölegine ynansak, ynsabymyzy “ukladyp”, ýalan howpsuzlyk duýgusyna geleris. Emma ýüregimizi ünsli diňlesek, onuň: “Haýsydyr bir uly zat bolmaly!” diýip gygyrýan sesini eşidiris.

Gynansak-da, biziň köpimiz gysgaldylan taglymaty saýlap, Täze Ähtiň dogruçyl ýaşamaga çagyrýan agramly bölegine äsgermezlik edýäris. Men şu mowzuk boýunça Mukaddes Ýazgylardaky aýatlary mysal getirmenk bilen ençeme sahypalary ýazyp bilerdim, ýöne şu parçadan başlamaga ygtyýar ediň:

> “Eziz balalarym! Men size şulary günä etmezligiňiz üçin ýazýaryn... Eger Hudaýyň buýruklaryny berjaý edýän bolsak, onda Ony tanaýandygymyzy mälim edýäris. ‘Hudaýy tanaýaryn’ diýibem, Onuň buýruklaryny berjaý etmeýän adam ýalançydyr, onda hakykat ýokdur. Emma Hudaýyň sözüni berjaý edýän adamda Onuň söýgüsi hakykatdanam kämildir. Ine, biz Hudaý bilen ýaşaýandygymyzy şeýdip bilýäris. ‘Men Hudaýa sygynyp ýaşaýaryn’ diýýän adam Isa Mesihiň ýaşaýşy ýaly ýaşamalydyr” (1 Ýoh. 2:1, 3-6).

Ýohanna: “Günä edýän bolsaňyz, bu babatda gaýgylanmaň, sebäbi biziň barymyz adam ahyryn” diýip ýazmady. Ýok, ol aýdyňlyk bilen

“günä etmezligiňiz üçin” diýip ýazýar. Bu biziň nyşanymyza öwrülmelidir. Eger biz bu nyşandan sowa geçsek, onda bizi päklejek Isa Mesihiň gany bar. Biziň maksadymyz – Isa Mesih ýaly ýaşamak. Mukaddes Ýazgylara laýyklykda, bu maksady amal etmek mümikindir. Şonuň üçin-de, “ynsan tebigatymyz” diýen bahanany tutaryk edinip, günälerimizi aklanymyzda, biz Isa Mesihiň sözlerine we Mukaddes Kitabyň beýleki aýatlaryna äsgermezlik edýäris.

Bize haýsydyr bir zadyň ýetmezçilik etmegi mümkinmi? Eýsem Hudaýyň kyn meselämizi öňden görmezligi we ony çözmek üçin Öz meýilnamasyny taýýarlamazlygy mümkin zatmy? Elbetde Ol ähli zady öňünden görüpdi! Bu barada az aýdýarlar, emma Onuň meýilnamasy Täze Ähtde aýdyň görünýär. Merhemetiň bir aýratynlygy bar, köpimiz ol barada bilmeýäris. Bu aýratynlyk täze tebigatymyza gujur-gaýrat berýän ýangyç hökmünde hereket edýär. Başga sözler bilen aýtsak, merhemet bize dogruçyl ýaşamaga gujur-gaýrat berýär.

## Merhemetiň näbelli hakykaty

2009-njy ýylda Amerikada ýaşaýan müňlerçe mesihileriň pikirini bilmek üçin, olaryň arasynda sorag geçirildi. Muňa ýokardan doglanlar, dürli ýygnaklara degişli bolan imanlylar gatnaşdylar. Soraglaryň arasynda şeýle sorag hem bardy: “Hudaýyň merhemetini kesgitleýän ýa-da beýan edýän üç we ondan köp jümläni ýazyň”. Jogaplaryň aglaba bölegi şeýle boldy: halas bolmaklyk, gazanylmadyk peşgeş we günäleriň bagyşlanmasy. Amerikadaky mesihileriň diňe merhemet arkaly halas bolýandyklaryny bilmegi örän gowy zat. Adamlar diňe suw sepelemesi, ýygnaga degişliligi, kanunlary berjaý etmegi, ýagşy işleriniň erbet işlerinden agramly çykmagy arkaly halas edilmeýärler. Amerikadaky Hoş Habaryň wagyz edilýän ýygnaklaryna degişli bolan imanlylaryň köpüsi Hudaýyň merehemetiniň binýady hakykatyny oňat bilýärler, sebäbi bu barada ýygnaklarda ýygy-ýygydan wagyz edilýär we meniň pikirimçe, bu Hudaýy hoşal edýär.

Ýöne gynandyrýan başga bir zat bar: soragnama gatnaşan mesihileriň diňe 2%-mi “merhemet – Hudaýyň güýjüni almaklyk” diýip jogap berdiler. Hudaý Öz merhemetini hut şeýle kesgitläp beýan edýändir. Ol şeýle diýýär:

> “Saňa diňe Meniň merhemetim gerek, sebäbi Meniň güýjüm ejizlikde kämilleşýändir” (2 Kor. 12:9, NLT, iňlis dilinden terjime).

Hudaý Öz merhemeti barada bize Öz gujur-gaýratyndan paý beren hökmünde aýdýar. “Ejizlik” sözi “başarmazlyk” diýmegi aňladýar. Hudaý şeýle diýýär: “Meniň merhemetim – Meniň gujur-gaýratymdan paý almaklykdyr, ol seniň başarnyklaryňyň ejiz gelen ýagdaýlarynda işjeňleşýär”.

Resul Petrus hem Hudaýyň merhemetini hut şeýle kesgitleme berýär. Ol şeýle ýazýar: “Hudaýy we Rebbimiz Isany tanamakda bol merhemet hem parahatlyk size ýar bolsun! Hudaýyň ýörelgesi boýunça ýaşamagymyz üçin Ol Öz güýji *[merhmeti]* arkaly bize gerek bolan ähli zady berdi...” (2 Pet. 1:2,3). Bu ýerde merhemet babatda ýene-de “Hudaýyň güýji” diýlip aýdylýar. Petrus dogruçyl, mukaddes durmuşda ýaşamak üçin gerek bolan her bir gözbaşyň we başarnygyň diňe merhemetiň güýji arkaly bize elýeter bolýandygy barada aýdýar.

Ýöne soragnama Amerikada ýaşaýan mesihileriň diňe 2%-mi bu barada bilýändigini görkezen bolsa, meseläniň çynlakaýdygyny görkezýär. Size düşündirmäge rugsat ediň. Hudaýdan haýsydyr bir zady almak üçin, ynanmaly. Hut şu sebäbe görä Täze Ähtiň tekstleri “iman sözi” diýip atlandyrylýar (ser.: Rim. 10:8). Sada sözler bilen aýdylsa – eger ynanmasak, almarys.

Esasy bir pikiri mysal getireýin. Isa Mesih tutuş dünýäniň günäsi üçin öldi. Emma diňe muňa ynanýanlar halas bolarlar. Şu ýerde bir uly mesele ýüze çykýar: biz bilmeýän zadymyza ynanyp bilmeýäris. Eger mesihileriň 98%-mi Hudaýyň merhemetiniň Onuň gujur-gaýratyndan bize berlen paýdygyny bilmeýän bolsa, onda 98%-iň öz güýçleri bilen mukaddes ýaşamaga dyrjaşýarlar, bu bolsa lapykeçlige we

ýeňlişe sezewar edýär. Olaryň täze tebigaty güýç bilen doldurylmadyk, başga sözler bilen aýdanymyzda, olaryň "ýangyjy" ýok!

Geliň, grek diline garalyň. Täze Ähtde "mermemet" manysynda köplenç *charis* sözi ulanylýar. Bu söz Stronguň (Strong's Exhaustive Concordance) sözlügine laýyklykda "peşgeş, hoşniýetlilik, rehim we azatlyk" diýmegi aňladýar.

Eger bu ilkibaşdaky kesgitlemäni alyp, ony Rimlilere, Galatýalylara we Efeslilere ýazylan hatlardan alnan aýatlatlar bilen birleşdirsek, onda amerikanlaryň aglaba bölegininiň merhemete berýän kesgitlemesini anyk görkezersiňiz. Emma Stronguň sözlüginde bu kesgitlemäniň dowamy bar: "Hudaý tarapyn ýürege edilýän täsir we onuň durmuşdaky şöhlelenmesi". Biz bu ýerde ýürekde bolup geçýän zatlaryň daşky şöhlelenmesi, başga sözler barada aýdylanda, merhemetiň güýji barada aýdylýandygyny görýäris.

Resullaryň işleri kitabynda bir parça bar. Onda Barnap Antiýohdaky ýygnaga baranda "Hudaýyň merhemetini görendigi barada aýdylýar (Res. 11:23). Ol merhemet barada eşitmedi, ol ony hut öz gözleri bilen gördi. Adamlaryň daşky hereketleri olaryň ýüreklerinde merhemetiň güýjüniň hereket edýändigini subut edýärdi.

Resul Ýakup hut şu sebäpden şeýle ýazypdy: "...oňat işler etmezden maňa imanyňy [merhemeti] görkez, men hem saňa imanymy [merhemeti] oňat işlerim arkaly görkezeýin!" (Ýak. 2:18). Men *merhemet* sözüni *iman* sözüniň ýanynda ýaýyň içine aldym, sebäbi biz iman bilen (Hudaýyň Sözüne ynanmak arkaly) Hudaýyň merhemetine ulaşýarys: "...Biz iman arkaly bu merhemete ulaşyp, berk durus" (Rim. 5:2). Iman (ynamlylyk) bolmasa, güýç (merhemet) bolmaýar. Ýakyp nygtap, şeýle diýýär: "Maňa güýjüňiň bardygyny subut et". Bu biziň merhemeti iman arkaly alýandygymyzy görkezýär.

Merhemet – bu peşgeşdir. Indi bolsa, geliň, bilimimiziň çäklerini giňeldeliň. Halas bolmaklyk – merhemetiň peşgeşi. Günäleriň bagyşlanmagy – merhemetiň peşgesi. Üpjün edilmek – merhemetiň peşgeşi. Hudaýyň tebigaty – bu hem merhemetiň peşgeşi. Güýç – merhe-

metiň peşgeşi. Bularyň ählisi Hudaýyň durmuşymyzdaky merhemetidir, biz bularyň birine-de mynasyp däldiris.

Güýç babatda bolsa şuny aýdyp bolar: merhemet bize adam güýjüniň çäginden daşary bolan zatlary etmäge ukyp berýär. Biz öz güýjümiz bilen dowzahdan halas bolup bilmeýäris, muny merhemet etdi. Biz erkinlikde ýaşamaly däl, ýöne merhemet bize ony peşgeş berdi. Biz öz tebigatymyzy özgerdip bilmedik, ýöne merhemet muny biziň üçin amal etdi. Biziň mukaddes ýaşar ýaly öz güýjümiz ýok, ýöne merhemet muny biziň üçin mümkin etdi. Şonuň üçin-de, merhemeti ajaýyp diýip atlandyrmagymyz geň zat däl.

## Oýlanmaga mejbur edýän sorag

Golaýda dileg wagtynda Reb menden: "Oglum, Men Öz kitabymda – Täze Ähtde merhemeti nähili düşündirýärin?" diýip sorady.

Meniň – onlarça kitabyň awtory üçin bu soragyň ähmiýeti uludyr. Size düşündirmäge ygtyýar ediň. Her gezek täze kitabymda köp adamlara nätanyş bolan täze adalgany ulananymda, men ilki bilen oňa esasy kesgitlemäni berýärin. Soňra bolsa galanyny, onuň ikinji derejeli manylaryny okyja düşündirýärin. Şonuň üçin-de, eger tejribeli awtoryň kitabynda täze adalga peýda bolýan bolsa, ol esasy manyny özünde jemleýär diýip hasap edýärin.

Hudaýyň bu soragyna men: "Bilemok" diýip jogap berdim.

Men şol pursadyň özünde hiç ikirjiňlenmän, Simfoniýany alyp, merhemetiň Täze Ähtdäki manysyny düşündirýän sahypasyny açdym. Ol ýerde men şuny tapdym: "Biziň hemmämiz Onuň dolulygyndan merhemet üstüne merhemet aldyk" (Ýoh. 1:16).

Üns beriň: "merhemet üstüne merhemet aldyk". Meniň Gresiýada, Afinyda ýaşaýan bir dostum bar. Ol şol ýerde doguldy, onuň ene dili – grek dili, mundan başga-da, ol gadymy grek dilini hem öwrendi. Grek sözleri bilen bagly soraglar ýüze çykanda, men ilki bilen şoňa ýüzlenýärin. Ol maňa resulyň bize Hudaý tarapyndan berlen "merhemetiň boldan-bol bolelinligi" barada habar berýändigini aýtdy.

Başga sözler bilen aýdanyňda, merhemetiň akymy, bizdäki hereketiniň bollugy Isa Mesihiň dolulygyny berýär! Siz eşitdiňizmi? Hut Isa Mesihiň dolulygyny! Bu maňa köp zatlary, aýratyn-da tebigat, ukyplar we gujur-gaýrat babatda köp zatlary aýdýar!

Geliň, bu pikiriň beýikligini birki sany mysal bilen nygtalyň. Men basketbol oýnaýan uly synp okuwçysyna ýüzlenýän diýeliň. Ol esasy topara girenok, tutuş oýnuň dowamynda ol oturgyçda oturyp, oýnuň tamamlanmagyna birki minut galanda – toparynyň eýýäm ýa utulýan ýa-da utýan wagtynda oýnamaga çykýar.

Men ony bir gyra çekip: “Ylmyň häzirki döwürde döreden usullary arkaly biz saňa Lebron Jeýmsiň (iň oňat amerikan basketbolistleriniň biri) dolulygyny sygdyryp bilýäris. Ol näme jogap berer öýdýärsiňiz? Ol: “Elbetde! Boluň edeliň! Men munuň üçin näme etmeli?” diýerdi.

Biz muny eden badymyza näme boljagyny biljek bolup görüň. Ýigit diňe bir öz mekdep toparynda ýyldyza öwrülmän, eýsem oňa ýurdunyň çempionatyny ýeňmäge kömek ederdi, uniwersitetiň stipendiýasyny alardy we soňra NBA-nyň goşmaça sanawynda esasy täze oýunçy bolardy.

Ýene-de bir mysal. Men işleri ugruna bolmaýan bir telekeçä ýüzlenýän diýeli. Men oňa: “Döwrebap ylmy usullar arkaly size Donald Trampyň, Stiw Jobsuň we Bill Geýtsiň ähli dolulygyny birbada ýerleşdirip bilýäris” diýýän. Ol näme jogap berer öýdýäňiz? Telekeçi begenjinden ýaňa gygyryp: “Elbetde, boluň edeliň!” diýerdi. Ol bu adamlaryň ukyplaryny doly alandan soň näme ederdi? Ol ozal oý-da-huşda bolmadyk maýa goýumlaryny indi nähili amal etjegi barada oýlanyp, örän üstünlikli adam bolardy.

Merhemet bize Lebron Jeýmsiň, Stiw Jobsuň, Donald Trampyň, Bill Geýtsiň, Albert Eýnşteýniň, Iogann Sebastýan Bahyň, Rojer Federeriň ýa-da taryhdaky islendik erkegiň ýa-da aýalyň dolulygyny berenok. Ol bize hut Isa Mesihiň dolulygyny berýär! Siz bu beýiklige bir düşünýäňizmi?

Belki siz geň galarsyňyz, ýöne Hudaý Täze Ähtde merhemeti bir peşgeş, halas bolmaklyk ýa-da günäleri bagyşlanmak hökmünde dü-

şündirenok! Maňa düşündirmäge rugsat ediň. Men bu ajaýyp ýagşylyklar üçin ömürbaky minnetdar, ýöne Täze Ähtde bular barada has soňra aýdylýar. Hudaý ilki merhemeti bize Isa Mesihiň dolulygyny berme hökmünde düşündirýär, başga sözler bilen aýdylanda, gürrüň Onuň tebigatyna we güýjüne eýe bolmaklyk barada gidýär! Şoňa görä-de, Ýohanna batyrgaýlyk bilen şeýle diýýär: "...biz bu dünýäde edil Mesih ýaly ýaşaýarys" (1 Ýoh. 4:17).

Siz haçan hem bolsa hyzmatçynyň: "Biz hem beýlekiler ýaly bir günäkär, ýöne biziň günälerimiz ötüldi" ýa-da "Biz ýer gurçugy, biz hiç zada derkar däl" ýa-da "Biz günäli tebigatly, günä baglanan adamlar" diýenini eşidipmidiňiz? Mukaddes Kitaby okaýan adam neneň edip şeýle diýip bilýär? Hatda dünýä hem ondan oňat öwredýär.

Siz haçan hem bolsa bir wagt ýolbarsdan tilkiniň doglanyny eşidipmidiňiz? Arassa iňlis tohum atynyň gurçuk guzlanyny eşidipmidiňiz. Mukaddes Ýazgylar bolsa biziň Onuň etinden we süňkündendigimizi aýdýar. (ser.:Efes.5:30). Şeýle ýazylgy: "Mährибanlarym, biz indi Hudaýyň perzentleridiris..." (1 Ýoh. 3:2). Soňra – göklere baranymyzda däl, şindi – edil şu wagt biz Hudaýyň ogullary we gyzlary. Hudaý neneň edip nämynasyp gurçugy dünýä indersin? Biz Hudaýdan doguldyk, biziň içimizde Onuň tohumy, Onuň ajaýyp tebigaty bar. Ol nähili bolsa, biz hem bu dünýäde şeýlediris! Indiki durmuşymyzda däl, şu ýerde, ýer ýüzünde!

Petrusyň sözlerine ýene-de bir gezek garalyň:

> "Hudaýy we Rebbimiz Isany tanamakda *bol merhemet* hem parahatlyk size ýar bolsun! Hudaýyň ýörelgesi boýunça ýaşamagymyz üçin Ol Öz güýji *[merhmeti]* arkaly bize gerek bolan ähli zady berdi..." (2 Pet. 1:2,3).

Güýç babatda bolsa şeýle: merhemet peşgeşi – diňe gutulyş pursadynda amal edilýän bir gezeklik hereket däl. Ol bize elmydama gerek zat, bize onuň köpden-köp bolmagy gerek. Şonuň üçin-de şeýle ýazylgy: "Geliň, merhemetli Hudaýyň tagtyna batyrgaýlyk bilen golaýlaşalyň. Şonda Ol merhemet edip, zerur wagtda bize ýardam berer" (Ýew. 4:16). Biziň baklarymyz üçin zerur bolan ýangyç, ine, şudur!

Indi bolsa Ýakubyň imanlylary diňe özlerini bilmeklik we zynahorlyk etmekde aýyplap, aýdan sözlerine gulak asyň:

> "Eý, biwepalar, dünýä bilen dostluk Hudaýa duşman bolýandygyny bilmeýärsiňizmi?... Emma pis isleglerimize garşy durup bilerimiz ýaly, Hudaý bize has beýik merhemet berýär...Şoňa görä-de, Hudaýa tabyn boluň" (Ýak. 4:4,6, NLT, iňlis dilinden terjime).

Şu sözleri ünsli okaň: egoistik isleglerimize "garşy durup bilerimiz ýaly, Hudaý bize has beýik merhemet berýär". Mukaddes Ýazgylaryň giňişleýin terjimesinde şeýle diýilýär: "Ol bize merhemeti köpden-köp berýär" (iňlis dilinden terjime). Biz bu güýje mynasyp däl, bu güýç bize ozal özümizde bolmadyk ukyby – halal, mukaddes durmuşda ýaşamaga ukyp berýär.

Bu merhemet Hudaýyň Sözüne ynanyp, özüni pespäl tutýan adamlara degişli bolýar, ol Hudaýyň tebigatynyň güýjüni biziň barlygymyza salýar. Tekepbirler öz ukyplaryna daýanýarlar, pespäller bolsa Hudaýyň güýjüne garaşly bolýarlar. Dawut pygamberiň agasy Eliýap tekepbir adamdy, ol Hudaýyň güýjüne däl-de, Jaluta garşy çykanda öz güýjüne daýanypdy (ser.: 1 Şam. 16,17). Dawut bolsa pespäldi, ol Jaluta garşy çykanda, Hudaýyň güýjüne daýanypdy. Biz bu iki söweşiň nähili tamamlanandygyny bilýäris.

Isa Mesih öz hereketleri arkaly Hudaýyň merhemetine garaşlydygyny görkezdi. Getsimani bagynda Ol beýik söweşiň arasyndady. Onuň bedeni Atasynyň soran zadyndan gaça durasy gelýärdi, emma şägirtleri heniz uklap ýatyrkalar, Ol Özüni dilegde Atasynyň erkine tabyn edipdi. Ol diňe özüňi söýmeklige garşy bolan uruşda ýeňmek üçin üçin, Atasyndan kömek (ýangyç) diläpdi. Bu mätäçlik wagtydy we Ol güýç berýän merhemeti almak üçin, Atasyna batyrgaýlyk bilen ýüz tutupdy. Bu merhemet şol söweşde Oňa ýeňiş getirdi. Şägirtleri muny başarmadylar, ýogsa Isa Mesih olara: "Ruh gaýratlydyr, ýöne beden ejizdir" diýip duýdurypdy (Mat. 26:41)!

Meniň oýna gitmezden öň oty gyrkmak baradaky wakamda men gazongyrkyrkyjyny we ýangyjy ne satyn alypdym, ne-de olara my-

nasypdym. Olaryň ikisini-de maňa kakam alyp beripdi. Gazongyrkyjyny biziň täze tebigatymyz bilen deňeşdirmek bolýar, biz ony ömrümizde ýekeje gezek alyp bilýäris. Men özümde gazongyrkyjy bolany üçin, gazondaky oty gyrkyp bilýärdim. Ýangyjy bolsa merhemetiň güýji bilen deňeşdirse bolýar. Bu ýeke gezeklik sowgat däl, ol maňa her gezek gazon gyrkjak bolamda gerek bolýar.

Biz halas bolanymyzda, merhemet bize Onuň tebigatyny berdi. Ýöne bu merhemet bize köpden-köp gerek, sebäbi ol Isa Mesih ýaly ýaşap bilerimiz ýaly, tebigatymyza gujur-gaýrat berýär.

## Edilmeli we edilmesiz zatlar

Geliň, Pawlusyň Efeslilere ýazan hatyndaky sözlerini ýene bir gezek okalyň. Ýokarda aýdylan zatlar babatda bu sözler has çuň mana eýe bolýandyrlar.

> “Şonuň üçin Rebbiň adyndan size şuny buýurýaryn: mundan beýläk keseki milletler ýaly boş düşünjeler bilen ýaşamaň...Olar ar-namys duýgusyny bütinleý ýitirip, doýmaz-dolmaz boldular, her hili haramlyk edip, azgynçylyga ýüz urdular...Hakyky dogrulyk we mukaddeslik bilen Hudaýyň keşbinde ýaradylan täze ýaradylyşa besleniň” (Efes. 4:17,19,24).

Imanlylar bilen imansyzlaryň arasynda diňe ynançlary babatda däl, eýsem ýaşaýyş tärlerinde hem mese-mälim tapawut bolmalydyr, sebäbi biziň täze tebigatymyz bar, biz oňa beslenmelidiris. Başga sözler bilen aýdylanda, biz merhemetiň güýjüne ynanyp, özümizi pespäl tutmaly, oňa tabyn bolmaly. Geliň, mysala ýüzleneli.

Kakam maňa gazongyrkyjyny berdi, ýöne onuň içine ýangyç guýup, işledip, ulanyp başlamankam, ol hiç zada ýaramaýardy. Täze tebigata beslenmek – ine, şeýle bolýar: ondan peýdalanmak gerek!

Pawlus aýdanlarynyň manysyny amaly düşündirmegini dowam edýär:

> “Indi ýalan sözlemäň-de, her biriňiz öz ýakynyňyza hakykaty aýdyň. Çünki biziň hemmämiz bir bedeniň agzalarydyrys. Gaharlanyp günä

etmäň. Gaharyňyzyň üstüne gün ýaşmasyn. Iblise orun bermäň. Ogurlyk eden indi ogurlyk etmesin! Gaýtam, öz elleri bilen zähmet çekip, mätäje paýlamaga zady bolar ýaly, peýdaly iş etsin. Agzyňyzdan hiç haçan ýaramaz söz çykmasyn. Gaýtam, diňleýänleriň mätäçliklerine görä, gerekli sözleri sözläp, olary ruhlandyryň, şonda sözleriňiz olara peýda getirer" (Efes. 4:25-29).

Men köp adamlaryň: "Köne Äht 'muny etmek bolýar, muny bolsa etmek gadagan' diýen öwütlerden doly, Täze Ähtde bolsa diňe merhemet bar" diýýänini eşidýärin. Konferensiýalarda we ýygnaklarda Hudaýyň merehemeti tabşyryklary berjaý etmekden boşatdy diýip öwredýärler, köp adamlar hem muňa berk ynanyp başladylar. Emma Isa Mesih diňe Onuň tabşyryklaryny gulak asyp, olary berjaý edýänleriň Onuň huzuryny görjekdigi barada aýdýar. Bu mugallymlar öz diňleýjilerine azatlyk berýärler öýdýärler, aslynda welin adamlary Hudaýyň huzuryndan daşlaşdyrýarlar. Bu ýagdaý ýüregi parçalaýar.

Isa Mesih bize tabşyryklary berýär, bu jedel ederlik mesele däl. Ol biz şeýle diýdi: "Şonuň üçin hem gidiň-de, ..size *buýran* ähli zatlarymy berjaý etmegi olara öwrediň" (Mat. 28:19,20). Ol: "size *teklip eden* ähli zatlarymy" diýmedi.

Biziň döwrümizde köp adamlar Isa Mesihiň garaşsyzlyk baradaky sözlerini halaýarlar, emma Onuň dogruçyl ýaşamalydygy baradaky sözlerine geleňsizlik bilen garaýarlar. Hudaý dogrudan-da garaşsyzdyr, emma biz adamyň saýlaw erkinligine düşünmegimizi bes etsek, Onuň dogruçyl ýaşamalydgy baradaky buýrugyny teklip hökmünde kabul etmek howpuna uçramagymyz ahmal.

## Buýruklar

Resullar Isa Mesihiň buýruklaryny bize ýetirdiler. Ýohannanyň sözlerini ýatlaly: "Eger Hudaýyň buýruklaryny berjaý edýän bolsak, onda Ony tanaýandygymyzy mälim edýäris" (1 Ýohn. 2:3). Ol sözüni dowam edip, şeýle diýýär: "Hudaýy söýmek Onuň buýruklaryny berjaý etmekdir. Onuň buýruklary bolsa agyr däldir" (1 Ýohn. 5:3).

Pawlus şeýle ýazýar: "Size Reb Isanyň haýsy tabşyryklaryny berenimizi bilýärsiňiz ahyryn" (1 Sel. 4:2); Hudaýyň islegi şulardyr: mukaddes boluň,..." (1 Sel. 4:3). Mukaddes ýaşamak üçin, Isa Mesihiň buýruklaryny berjaý etmelidiris.

Petrus bize bütinleý aýdyň buýrugy ýetirýär: mukaddes ýaşaň. Ol ahyrky günlerde adamlaryň imandan aýryljakdygy baradaky ajy hakykaty görkezýär. Ol adamlaryň "özlerine tabşyrylan mukaddes buýrugy inkär etjekdikleri" barada ýazýar (2 Pet. 2:21). Täze Ähtde diňe bir tabşyryklar däl, eýsem "mukaddes ýaşamaklyk" barada anyk buýruklar berlendir.

Eger biz resul Pawlusyň Efeslilere ýazan hatynda (4:25-29) aýdanlaryny üns bilen derňesek, mukaddes ýaşamak baradaky anyk buýruklary görüp bileris.

Ýalan sözlemäň.

Gaharlanyp günä etmäň.

Ogurlyk etmäň.

Agzyňyzdan hiç haçan ýaramaz söz çykmasyn.

Dogryňyzy aýdyň, Täze Ähtde gadagan edilen zatlar ýokmy näme?

Ýokardaky tabşyryklar gadagan edilmeler ýaly ýaňlanýar. Ýa siz beýle hasap edeňzokmy?

Çagalyk döwrümde kakam maňa: "Oglum, topuňy almak üçin ulag ýoluna çykmazdan öň sagyňa-soluňa hökman seretgin" diýip aýdýardy. Bu kakamyň tabşyrygydy, ol maňa käýemek ýa-da jeza bermek maksady bilen aýdylmaýardy. Ol maňa bu tabşyrygy meni goramak üçin, ýagny maşynyň aşagyna düşmezim we uzak ýaşamagym üçin berýärdi.

Hudaý uzak, doly we netijeli ýaşarymyz üçin näme etmelidigini aýdýar. Mundan başga-da, bizde Hudaýyň beren tebigaty we ýangyjy, ýagny buýruklary amal etmegimiz üçin berlen merhemet bar.

## Ýalan sözlemegi bes ediň

Ýokarda berlen buýruklaryň hersine aýratynlykda garap geçeliň. Men öz hyzmatymyň dowamynda mesihileriň arasyndaky ýalanyň

gynandyryjy we ajy netijeleriniň ençemesini görýärin we eşidýärin. Ýaňy-ýakynda men on bäş telekiçini inkleriň ýodasyndan Maçu Pikçä 4 günlük syýahata äkitdim. Biz ajaýyp gurşawdan we hyzmatdan lezzet aldyk. Syýahatyň dowamynda men olaryň hersi bilen birnäçe sagatlap söhbetdeş boldum, olaryň mesihi telekeçiler bilen iş tejribelerindäki wakalaryny diňledim. Bu wakadaky telekiçiler öz harytlaryny satmak ýa-da şertnama baglaşmak üçin ýalan sözleýärdiler. Mesihi doganlar bilen iş salşanylandaky boş wadalar, berjaý edilmedik borçnamalar kadadan çykma däl-de, adaty zat ýaly bolup görünýärdi. Maňa mesihileriň pes hilli materiallary ulanýandyklaryny, kanuny bozýandyklaryny, borçlaryny berjaý etmeýändiklerini, hili pes hyzmatlary edýändiklerini, kepillik möhletlerini saklamaýandyklaryny we beýleki birnäçe zatlary gürrüň berdiler.

Daga syýahata giden erkekleriň biri jaý gurluşygy bilen meşgullanýan ýoldaşy barada gürrüň berdi. Olaryň ikisi-de bir obada jaý gurýan ekenler. Bu "dogan" başgalaryň uçastogynda, şol sanda meniň bilen syýahata giden adamyňkyda hem çukurlar gazyp, olara gurluşyk zir-zibilini dökýän eken. Soňra bolsa edenleri görünmez ýaly, üstüni bassyr-bussur edýän eken, sebäbi ol gurluşyk zir-zibiliniň standart utilizasiýasy üçin pul tölemek islemeýän eken. Şol syýahatda men başga-da birtopar wakalary eşitdim, ýöne şu "zir-zibilli" waka hakydamdan hiç çykmady, sebäbi bu "dogan" etrapdaky Hoş Habar ýygnaklarynyň birinde Hudaýy şöhratlandyrýan toparyň lideridi.

Adamlar diňe telekeçilik işlerinde däl, eýsem hökümet, bilim, lukmançylyk, hyzmat çäklerinde, şeýle-de maşgalalarynda, dost-ýarlarynyň arasynda ýalan sözleýärler. Biz masgara bolmajak bolup, abraýymyzy dökmejek bolup, isleýän wezipämizi aljak bolup ýa-da arzuwlaýan zadymyza ýetjek bolup ýaşaýarys. Ýalan özüne çekiji: ol Hudaýa bil baglap alyp bolýan zady almagy tizleşdirýär.

Biz adamlar üçin dileg etmesek-de, olar üçin dileg edýändigimizi näçe gezek aýtdyk? Biz çagalarymyza haýsydyr bir zady söz berip, beren sözümizde tapylmaýarys. Biz öňden bellenilen duşuşygy ýatyrýarys we kimdir birine hatda söz berenimizden soň hem kömek bermekden

boýun gaçyrýarys. Biz öz gepimizi gögertjek bolup, zatlary ulaldyp görkezýäris. Bularyň bary ýalan, olar başga adamlara zyýan ýetirýärler.

Ünsüňizi möhüm bir zada çekmäge rugsat ediň: Isa Mesihiň tabşyryklaryny berjaý etmekligiň artykmaçlygy – Onuň huzurynyň wada berilmegi.

Mezmurçy muny şu sorag arkaly tassyklaýar: "Ýa Reb, Seniň çadyryňda kim düşläp bilýär?..." (Zeb. 14:1). Soňra bolsa şeýle jogap berýär: "Eden ähti zyýanyna bolsa-da, ondan dänmeýän" (Zeb. 14:4). Mukaddes Kitabyň The Message terjimesinde şeýle diýilýär: "Eden ähtiň özüňe zyýan bolsa-da, ony berjaý et".

Eger Pawlusyň efeslilere ýüzlenip, ýalan sözlemezlik barada aýdanlary biziň üçin ýeterlik bolmasa, onda, geliň, Ýakubyň sözlerini hem okalyň: "Hakykaty öwünjeňlik we ýalan bilen basyrmaň" (Ýak. 3:14, NLT, iňlis dilinden terjime). Resul Pawlus şeýle äheňdäki öwüdi koloselilere hem berýär: "Biri-biriňize ýalan sözlemäň" (3:9). Pawlus, hawa, Hudaýyň Öz merhemeti baradaky beýik aýanlygy bize ýetirmek üçin ulanan şol Pawlusy, bize belli bir zatlary etmezlik baradaky öwütleri hem berýär. Eger Täze Ähtdäki Pawlusyň we beýleki resullaryň gadagan edýän zatlaryny bir ýere toplasak, onda olary merhemete garşy hereket edendikleri babatda aýyplap bolardy. Aslynda welin bu bütinleý beýle däl.

Eger biziň ähli gürrüňlerimiz diňe bizi gurşaýan merhemet barada bolup, imanlylara onuň nähili güýje eýedigi barada aýdylmasa, onda ahyrsoňy şahsy bähbitleriň we islegleriň hatyrasy üçin islendik hereketi aklaýan ýygnaga öwrüljekdigimizi aýtsam, ýalňyşmaryn. Merhemet bize halal ýaşamadyk ýagdaýymyzda hem berilýär diýen birtaraplaýyn taglymaty öwredip-de, merhemeti alyp bolýarmy näme? Eýsem Mukaddes Ýazgylar ynsabymyzy "ýuwutmagy" öwredýärmi näme?

## Gaharyňyza ýol bermäň

Sanawyň indiki punkty: gaharlanyp günä etmäň. Men gaharjaň ýanýoldaş bilen ýaşamaga mejbur bolýan aýaldyr erkekleriň ýüzüni göz öňüme getirip bilýän. Men özlerini imanly diýip atlandyrýan bu

adamlaryň gaharlaryna bäs gelip bilmän, gazaba münenlerinde öýlerini nämä öwürýändigi baradaky wakalary eşitdim.

Ata-enesiniň gaharlanmasyndan ezýet çekip, urulýan, sögülýän çagalar babatda nähili? Emlägiň zaýalanmasy we beden ýaralary gaharjaň adamyň gazaba münmesiniň netijeleri bolup durýandyr. Şeýle adamlar bilen ýaşaýan pidalar hemişe gorkuda ýaşaýarlar. Gahar-gazap öýüň howasyny zaýalaýar, öý asuda mesgen bolmagyny bes edýär. Dynç güni ýygnakda maşgala hemme zat gülala-güllük ýaly hereket edýär, ýöne bu diňe daşky görnüşdir. Gynansak-da, biz bu tabşyryga geleňsizlik bilen garaýarys ýa-da ony bütinleý hasaba almaýarys. Bu gahar-gazap barada aýdylýan ýeke ýer däl. Täze Ähtiň beýleki hatlarynda hem bu barada agzalýar. Pawlus aç-açanlyk bilen şeýle ýazýar: “Her hili öýke-kine, gahar-gazap, paýyş sözler aýtmak we töhmet atmak ýaly ýigrenji häsiýetler sizden daş bolsun” (Efes. 4:31). Ýakup bize şeýle öwüt berýär: “...her bir adam...gaharlanmakda haýal bolsun. Sebäbi ynsan gahary Hudaýyň isleýän dogrulygyny amala aşyryp bilmez” (Ýak. 1:19,20). Pawlus koloselilere ýazan hatynda şeýle diýýär: “Indi bolsa gahar-gazaby, ýamanlyklaryň hemmesini özüňizden aýryp taşlaň...” (3:8).

Geliň gaýtadan şuny soraly: bu gadagan edilmeleriň bary, dogrudan-da, Hudaýyň merhemeti baradaky aýanlygy alan adamlar tarapyndan edildimikä? Biz hiç zady sypdyramzok gerek?

## Ogurlyk etmäň

Ogurlamagy bes ediň. Kimdir birinden karz alyp, bergimizi bermeýän ýagdaýlarymyz bolupmydy? Biziň örän uly bergä batýan ýagdaýlarymyz seýrekmi? Biz Hudaýyň ýalkanyşlary günleriň birinde üstümize injegine ynanyp, paýhasy äsgermeýäris we bergä öňküden-de köp batýarys. Biz ahyrsoňy, hiç bolmanda, özümizi bankrot diýip yglan edip, bergimizi tölemekden boýun gaçyrarys diýip pikir edýäris.

Biz kompaniýanyň serişdelerini şahsy maksatlarymyz üçin ulanýan ýagdaýlarymyz seýrek zatmy? Muňa başganyň serişdelerini

öz hasabyňa geçirmek diýilýär. Biz ynam bilen: “Men mesihi, Hudaýyň merhemeti arkaly halas edildim” diýýäris, emma Isa Mesihiň Öz resullary arkaly bize beren tabşyryklaryna gulak asmaýarys.

Men bir çopan bilen işleşdim, ol ýygnaklary sypdyrman hyzmata gatnaşýardy. Ol bolýan gudratlary görüp, uzak wagtlap agyz beklemeden soň dileg etmegiň aňsat bolýandygy barada öwünýärdi. Ýöne şol wagtyň özünde-de ol ýygnakdan müň dollary öz hajatlary üçin alýardy. Bu çopan ahyrsoňy eden işinde tutuldy. Bu özlerini mesihi hasaplap, ogurlyk edip, edenlerini aklaýan adamlar baradaky wakalaryň diňe biridir.

Aramyzda girdejisiniň belli bir bölegini gizläp, salgytlaryny tölemekden boýun gaçyrýanlar barmy? Eger bar bolsa, onda biz Pawlusyň ýene bir tabşyrygyna äsgermezçilik edýäris: “Salgytlaryňyzy töläň” (ser.: Rim. 13:6, NLT, iňlis dilinden terjime). Biz öz ogurlygymyzy raýat ýolbaşçylarynyň “erbet işleýändikleri” bilen aklaýarys. Eýsem iki ýamanlygyň ýagşylyga eltmeýändigine biz haçan düşünerkäk?

## Agzyňyzdan hiç haçan ýaramaz söz çykmasyn

Mukaddes Kitabyň giňişleýin terjimesinde şeýle tabşyryk bar: “Agzyňyzdan hiç haçan ýaramaz ýa-da paýyş sözler, erbet ýa-da pis sözler, biderek gürrüňler çykmasyn” (Efes. 4:29). Men beýleki imanlylaryň aýdan ajy sözlerinden ýürekleri ýaralanyp, olaryň dilleriniň pidalary bolan imanlylara köp hyzmat edýärin. Bu pidalaryň ruhlary ezýet çekdi, olaryň şypa almagyna indi wagt gerek bolar.

Men imanlylaryň arasynda biderek gürrüňleri köp eşidýärin, olaryň käbiri hatda hyzmatçylaryň iş ýerlerinde gelşiksiz wakalary we degişmeleri aýdýarlar. Wagyz wagty münberden paýyş sözleri ulanýanlar hem bar.

Men ýaňy-ýakynda oňat ýygnakda hyzmat edýän ýaş jübütler bilen bir saçak başynda oturdym. Olar halakara hyzmatyny amal edýän bir guramanyň işine guwanýarlar, oňa nusgalyk hökmünde garaýarlar. Günleriň birinde olar şol guramanyň tanymal bir ýolbaşçysy bi-

len nahar başynda duşuşypdyrlar. Nahar wagty şol ýolbaşçy birnäçe gezek paýyş sögünipdir. Şol wakadan soň birnäçe aýyň geçendigine garamazdan, ýüş jübütler heniz-de şol ýolbaşçynyň edenlerinden ýaňa özlerine gelip bilenoklar.

## Biz merhemete kembaha garaýarys

Näme boldy? Eýsem biz şeýle bir bet bolup, dogruçyl hereketlerimizi taşlaýdykmykak? Eýsem biz döwrebap boljak bolup, öz şaýatlygymyzy puja çykaraýdykmykak? Men döwrebap, progressiw we bilimde yza galan bolmaly däl diýen pikiri ikilläp goldaýaryn, ýöne biz bulary Hudaýyň Sözüni unutmak ýa äsgermezlik arkaly etmeli däldiris.

Biz özümizden şuny soramaly: resullar bizi dogry hereketlere gönükdirýän öwütleriň wajypdygyna düşünýärdiler, onda biz näme üçin olar barada gürrüň edemzok? Eýsem biz Isa Mesihden has paýhaslymykak?

How enäni azdyryşy ýaly, duşman bizi hem azdyrmagy mümkin zatmy? Ýöne duşman bizi başga zat arkaly azdyrdy. How ene ýagşyny-ýamany saýgaryş daragtynyň miwesinden iýmeli däldigi baradaky tabşyrygy gowy bilýärdi. Duşman töwekgel işe baş urmaly bolup, Hudaýyň sözüni aç-açan inkär etdi. Ol örän töwekgel işe baş urdy.

Biz welin duşmanyň işini aňsat etdik. Biz öz rahatlygymyzyň hatyrasyna Hudaýyň käbir sözlerini aýryp taşladyk. Hudaýyň näme tabşyrandygy ýadyňyzdamy? Ol: "Sen bagdaky islän agaçlaryň miwesinden arkaýyn iýip bilersiň. Ýöne ýagşyny-ýamany saýgaryş daragtynyň miwesinden *iýmegin...*" (Gel. 2:16-17) diýip aýdypdy. Biziň günlerimizde bolsa käbir adamlar tersine diýýän ýaly: "Sen bagdaky islän agaçlaryň miwesinden arkaýyn iýip bilersiň". Nokat. Wakanyň soňy. Olar "iýmegin" diýen buýrugy aýryp taşlaýarlar, '-ma/-me" ýokluk şekili erbet hereketlerden saklanmagy aňladýar.

Biz, aslynda, Hudaýyň merhemetine kembaha garaýarys. Merhemetiň halas edip, bagyşlaýandygy, onuň Hudaýyň söýgüsiniň beýik peşgeşidigi barada aýdanlarymyzyň ähli si dogry. Emma onuň biziň tebigatymyzy özgerdip, ozalkymyz ýaly däl-de, täzeçe ýaşamaga gujur-gaýrat

berýändigi barada welin näme üçindir aýtmaýarys. Biz adamlara indi Hudaýyň halamaýan hereketlerini taşlar ýaly güýçleriniň bardygy barada aýtmaýarys. Şeýle dymmaklygyň netijesinde imanlylar dogruçyllyga äsgermezlik edip, Hudaýyň huzuryny ýitirýärler.

## Biziň hereketlerimiz wajypdyr

Men golaýda hemişekim ýaly irden Mukaddes Kitaby okap otyrdym, meýilnama laýyklykda, men birnäçe mezmury we Ýewreýlere hatdan bir parçany okamalydym. Men mezmurlary okap bolamsoň, Ýewreýlere hata geçjek bolanymda, birdenkä Mukaddes Ruhuň maňa: "Ýok, Ýewreýlere haty okama, Aýanlygy oka" diýýänini duýdum.

Şondan birnäçe hepde ozal men Aýanlyk kitabyny eýýäm okap başlapdym. Men ilkinji iki baby okadym, ýöne, gynansam-da, dogrymy aýtsam, dowamyny okamaga hiç gyzykmadym. Indiki gün men Mukaddes Kitaby okamagyň ozalky meýilnamasyna dolandym. Indi bolsa, iki hepde geçenden soň, men ozalky galan ýerime, üçünji baba dolanýaryn. Bu bapda Isa Mesih Sardisdäki ýygnaga ýüzlenýär:

> "...Men seniň ähli edenleriňi bilýärin. Sen diri hasaplansaň-da, ölüsiň" (Aýan. 3:1).

Üns beriň, birinjiden, Isa Mesih: "Men seniň ähli edenleriňi bilýärin" diýýär. Ol: "Men seniň imanyňy bilýärin"ýa-da "Men seniň niýetleriňi bilýärin" diýenok. Isa Mesihiň dogrulygyň ýygnakdaky orny barada diýmeýändigi aýdyň zat, Ol onuň daşky dogrulygy – onuň işleri, edim-gylygy, çözgütleri we ş.m. zatlar barada aýdýar.

Ol bu ýygnak barada diri ýygnak hökmünde gürleýär. Bu näme üçin beýle täsiri döredýärkä? Belki, ýygnagyň köpelişi we meşhurlygy ýa-da ajaýyp hyzmat gullugy we atmosferasy döredýändir? Ýygnagyň atmosferasyny Hudaýyň huzury hökmünde kabul edip bolýandygy ýadyňyzdamy? Meşhur bir aýdymçynyň konsertine baranyňyzda, ol ýerde keýpikök bolan we ajaýyp agşama garaşýan mähelläni görersiňiz, ýöne bu konsert Hudaýyň göwnüne ýaraýarmyka?

Ýygnagyň diri ýa-da ölüdigini saýgarmak üçin, wajyp bir soragy soramaly: biz Isa Mesihiň sözlerine gulak asýarysmy ýa-da agzybir, ýöne Onuň tabşyryklaryndan uzak bolan bir mähelläni emele getirýärismi? Mundan başga-da, biz şuny hem soramaly: biz ýüregimiziň ýagdaýyny görkezip, edim-gylygymyzy özgerdýän hakykaty ykrar edýärismi ýa-da duýgularymyzy galkyndyrýan, akyl başarnyklarymyzy artdyrýan habarlary wagyz edýärismi?

Munuň yzýanynda Isa Mesih şeýle diýýär:

> "Oýan! Özüňde galan we öljek bolup duran zatlary berkit. Sebäbi Hudaýyň nazarynda işleriňiň biri-de kämil däl eken" (2-nji aýat).

Isa Mesih ýene-de olaryň ynançlaryna däl-de işleri barada aýdýar. Ýokarda agzap geçişimiz ýaly, Täze Ähtdäki bu "hawa" we "ýok", bu tabşyryklar biziň herketlerimiz barada şaýatlyk edýär. Isa Mesihiň aýdýanlaryna laýyklykda, bu ýygnak mukaddes durmuşa ymtylanok. Isa Mesih sözüni dowam edip, şeýle diýýär:

> "Ilkibaşda eşidenleriňi we öwrenenleriňi ýada sal, olara berk ýapyş. Toba et-de, Maňa dolan. Eger oýanmasaň, bir ogry ýaly bararyn" (Aýanl. 3:3, NLT, iňlis dilinden terjime).

Isa Mesihiň Sardis şäherine däl-de, ondaky ýygnaga ýüzlenýändigini ýatda saklaň. Ýöne Onuň bu sözleri diňe taryhy ýygnaga degişli bolan bolsa, onda bu sözler Mukaddes Kitaba ýazylmazdy. Eger olar Mukaddes Ýazgylarymyzda bar bolsa, onda olaryň bu gün pygamberlik ähmiýetiniň bardygy gürrüňsizdir. Olar ilkinji gezek aýdylanda imanlylara degişli bolşy ýaly, şindi hem imanlylara degişlidir. Bu sözler bize degişlidir, sebäbi Hudaýyň Sözi diridir. Şonuň üçin-de, men Isa Mesihiň ýüzlenmesini kontekstde getirýärin.

Reb bize ilkibaşda iman eden zadymyza dolanmagymyzy soraýar. Başga sözler bilen aýdylanda, biz mukaddes ýaşaýyşdan uzaklaşdyk. Biz merhemet taglymatyny döretdik, ol bize jemgyýetdäki imansyzlardan hiç bir tärde tapawutlanman ýaşamaga mümkinçilik berýär. Belki, bu erbet taglymat hem däldir, ýöne Hudaýyň Sözi şeýle diýýärmi näme?

Isa Mesih toba edip, Onuň sözlerine dolanmagy buýurýar. Biziň döwrümizdäki käbir mugallymlar mesihiligi kabul eden adamlar mundan beýläk toba etmäge mätäç däl, olaryň geçmişdäki, şu wagtky we gelejekdäki günäleri eýýäm bagyşlanan diýip öwredýärler. Eger bu şeýle bolsa, onda näme üçin Isa Mesih bize, ýagny Öz ýygnagyna toba edip, Oňa dolanmalydygymyzy aýdýar?

Eger köp adamalary özüne çekýän bu deň balansirlenmedik merhemet baradaky taglymata seretsek, onda olaryň köpüsini mukaddeslik baradaky habarlaryň ýoýulan kanunçylygynda önüp-ösen liderler tarapyndan teklip edilýändigini göreris. Hawa, köp adamlar mukaddeslige nädogry düşünýärler, ýöne bu onuň mesihiler üçin esasy mana eýe bolmagyny bes edenligini aňlatmaýar. Ýygnagyň tutuş taryhynda mukaddeslige bolan çagyryşyň umumy missiýada we her birimiziň şahsy çagyryşymyzda uly agramy bardyr. Biz öz esasymyza: "ilkibaşda eşidenlerimize we iman edenimize" dolanmalydyrys.

Isa Mesih sözüni dowam edip, şeýle diýýär:

> "Ýöne Sardisde öz lybasyny hapalamadyk birnäçe adam bar. Olar Meniň bilen ak lybaslara beslenip gezerler, sebäbi muňa mynasypdyrlar" (Aýanl. 3:4).

"Öz lybasyny hapalamadyk birnäçe adam bar" diýen jümlä üns beriň. Resul Pawlusyň Hudaýyň huzuryna nädip girmelidigi barada näme diýendigini ýatlaly: "...Şonuň üçin-de, geliň, bedenimizi we ruhumyzy murdar edýän ähli zatdan tämizläliň. Hudaýdan gorkup, bütinleý mukaddes bolmaga ymtylalyň" (2 Kor. 7:1). Isa Mesih ýygnagy mukaddes ýaşamaga, bedeni we ruhy haram zatlar bilen hapalamazlyga çagyrmak bilen, onuň ugruny düzedýär. Bu Onuň huzurynda bolşy ýaly, Onuň ýere dolanyp geljek pursadyna hem özümizi mydama taýýar halda saklamaga ýardam berýär. Sebäbi Isa Mesih: "Oýa bolan bagtlydyr!...eşiklerini egninde saklan bagtlydyr!" diýýär. Soňra sözüni jemläp, şeýle diýýär:

> "Ýamanlykdan üstün gelen hem ak lybasa beslener. Men onuň adyny ýaşaýyş kitabyndan öçürmerin, Atamyň we Onuň perişdeleriniň

huzurynda adynyň bu kitapda ýazylandygyny tassyklaryn. Gulagy bar adam Mukaddes Ruhuň ýygnaklara näme diýýänini eşitsin!" (Aýanl. 3:5-6).

Adyňyň ýaşaýyş kitabyndan öçürilendigini eşitmek – çynlakaý mesele. Ýöne bu sözler Halasgäriň agzyndan ýaňlandy. Mukaddes Ruhuň Hudaýyň Sözi arkaly näme diýýändigine gulak asyp, olara degerli üns bermegimiz, ilkibaşda ynanan we özümize öwredilen zatlar bilen gabat gelmese-de, Onuň aýdýanlaryna gulak asmagymyz örän wajypdyr.

Hudaý bizi dogruçyl etdi, biz Isa Mesihdäki bu ornumyzy özbaşdak edinmegi başarmazdyk. Emma bu orna laýyk durmuş ýörelgesi we mukaddes edim-gylyklar Hudaýyň nazarynda örän ähmiýetlidir.

Resul Pawlus şeýle ýazýar: "Çünki Hudaýyň hemmeleri halas edýän merhemeti äşgär boldy. Bu merhemet bize hudaýsyzlygy we dünýewi höwesleri ret etmegi öwredýär, bu döwürde özümize erk etmegi, dogry ýaşamagy, Hudaýyň ýörelgesine eýermegi ündeýär" (Tit. 2:11-12). Bu aýdyň tabşyryk. Onda biz näme üçin biz bu hakykaty münberden gaty ses bilen gygyryp aýdamzok?

Geliň, Hudaýyň merhemetini, bagyşlanmasyny we gutulyşyny gazanyp bilmeýändigimiz barada öwretmegi bes etmäli. Geliň, bu Hoş Habar barada gaty ses bilen gygyryp aýdaly. Ýöne şular bilen birlikde, Onuň merhemetine kembaha garamagy bes edeliň. Geliň, hakykaty tutuşlygyna jar edeliň!

11

# OŇATMY ÝA-DA PEÝDALY?

Siz: “Islendik zady etmäge hakym bar”
diýýärsiňiz, ýöne her zat siziň üçin bähbitli däldir...
— 1 Korintoslylar 10:23

...Bütinleý mukaddeslenme – bu diňe
jennete düşmegiň möhüm şerti bolman,
eýsem ýer ýüzündäki mesihilik durmuşynda
beýik netijeleri gazanmak üçin hem gerekdir.
— Dugan Klark

Köp wagyz edýän we “berýän” hyzmatçy Hudaýyň beýleki erkekleriniň we aýallarynyň wagyzlary tarapyndan diýseň oňat tämizlenýär.

Ýaňy-ýakynda men şeýle mümkinçilikleriň birinden lezzet aldym. Wagyz edýän çopan biziň ýurdumyzda oňat tanalýardy, ol uly ýygnaga ýolbaşçylyk edýär we ýerli ýygnagy ösdürmek barada güýçli okadýar. Onuň wagzy gyzykly, ruhlandyryjy we galkyndyryjydy. Zalda oturan müňlerçe adamlar onuň her bir sözüni ünsli diňleýärdiler.

Ol sözüniň arasynda göräýmege oňat, paýhasly we pespäl ýaňlanan jümläni aýtdy, ýöne bu jümle doly dogry däldi. Ol şeýle diýdi:

“Meniň size şindi aýtjaklarym biraz negatiw görünmegi ahmal. Men adatça beýle diýmeýärin, sebäbi men öz wagyzlarymda adamlary paş etmeýärin. Men muny Mukaddes Ruhuň garamagyna goýýaryn”.

Men ruhda köşeşmek isledim, ýöne hiç köşeşip bilmedim. Men şeýle sözleri ozal hem beýleki hyzmatçylardan eşidýärdim. Göräýmä-

ge, bu dürs sözlerdi, onda meni näme alada goýduka? Soňra men Pawlusyň ýaş şägirdi Timoteosa aýdan sözleri barada oýlandym. Men hyzmatdan soň bu aýady tapyp, şeýle sözleri okadym:

> "Pursadyň amatly bolup-bolmazlygyna garama-da, Hoş Habary dyngysyz wagyz et. Günä edýänleri paş edip, olary ýazgar, sabyrlylyk bilen öwüt-ündew berip, taglymaty öwret" (2 Tim. 4:2).

Birinjiden, şu aýadyň kontekstini dykgatyňyza hödür etmäge rugsat ediň. Pawlus bu haty ýazanda, Timoteos Efesdäki uly ýygnaga çopançylyk edýärdi. Bu bapda Pawlusyň Täze Ähtdäki soňky sözleri ýazylandyr. Olar diňe ýaş şägirde däl, eýsem bize hem aýdylýandyr. Meniň pikirimçe, Pawlus bu sözleriň aýdyp ýetişjek iň soňky sözleri boljakdygyny duýýardy, şonuň üçin-de, ol mowzugy we sözleri dykgat bilen saýlaýardy.

Men Pawlusyň "günä edýänleri paş edip, olary ýazgar, sabyrlylyk bilen öwüt-ündew ber" diýen sözleri arkaly näme diýjek bolandygyny has çuň öwrenmegi ýüregime düwdüm we muny derňäp başladyp. Men ilki bilen Mukaddes Kitabyň giňişleýin terjimesini açdym we şol aýady okamazdan ozal onuň öňýanyndaky aýady okadym:

> "Hudaýyň huzurynda, şeýle hem dirilere we ölülere kazylyk etjek Isa Mesihiň huzurynda... saňa şulary BERK TABŞYRÝARYN" (2 Tim. 4:1).

BERK TABŞYRÝARYN jümlesi tutuşlygyna baş harplar bilen ýazylan, şonuň üçin men bu ýerde hem şeýle ýazdym. Bu baş harplar tötänleýin ýazylan zat däl.

Men öz dostum Rik Rennere – köp ýyllar bäri grek dili boýunça ökde hünärmene ýüzlenip, munuň anyk näme aňladýanyny soradym. Ol şeýle jogap berdi:

> Grekçe "berk tabşyrýaryn" sözi *diamarturomai* diýmegi aňladýar. Bu söz adam haýsydyr bir jemgyýetçilik wezipä bellenilip, wada berende aýdylýan eken. Oňa wezipäni ynanýan adam ähli hudaýlary şaýatlyga çagyryp (munuň örän ähmiýetlidigini bildirmek üçin), oňa

öz wezipesini birkemsiz berjaý etmegi berk tabşyryp, onuň hudaýlaryň göz astyndadygyny duýdurýan eken. Timoteosa ýazylan hatda Pawlus şeýle ýazýar (parafraza): "Meniň saňa aýtjak bolýan sözlerimi kabul edeniňde, men Hudaýy şaýatlyga çagyrýaryn....". Bu örän dabaraly ýüzlenme, ol Timoteosa aýdylanlara çynlakaý garamalydygy barada duýdurýar, sebäbi Hudaýyň hut Özi muňa garaýar we diňleýär. Şonuň üçin-de, aýadyň galan böleginde kazylyk barada aýdylýar. Pawlus Timoteosyň özüne aýdylýan zatlaryň çynlakaý meseledigine düşünmegini isleýär. Grek dilindäki "berk tabşyrýaryn" sözi diňleýjiniň jogapkärçiligi boýun almalydygyny duýdurýan eken.

Pawlus ýaş çopan Timoteosa (we bize) örän çynlakaý garaýardy, şonuň üçin-de, ol özüniň bu wesýetine ikinji derejeli bir zat hökmünde garalmagyny islemeýärdi. Rik Renneriň aýdyşy ýaly, Pawlus bu haýyşyny Hudaýyň we Isa Mesihiň huzurynda tabşyrypdy. Başga sözler bilen aýdylanda, eger Timoteos bu tabşyrygy berjaý etmese, Hudaý islendik başga çopany edişi ýaly, ony hem höküm eder. Tabşyryk bolsa şundan ybarat:

"Sözi ykrar et we wagyz et! Pursat amatly ýa amatsyz bolsun – parhy ýok, hemişe taýýar bol [Amatly ýa amatsyz, saňa garaşylýan ýa garaşylmadyk ýagdaýynda, sen Sözüň wagyzçysy hökmünde adamlaryň ýalňyş hereketlerini olara görkezip durmaly]" (2 Tim. 4:2, iňlis dilinden giňişleýin terjime edildi).

Hoş Habaryň hyzmatçysy adamlara "olaryň ýalňyş hereketlerini görkezmeli" we mundan bir ädim-de yza tesmeli däl!

Men bada-bat çopanyň sözleri barada oýlandym: "Olaryň maňä nädogry bolup görünmegi geň zat däl eken". Hemme zat gülala-güllük ýaly bolsa-da, hakykat däldi.

Bilipmi ýa-da bilmezlikden, ol oňat zady Hudaýdan ileri tutdy. Bu lider jogapkärçiligi Mukaddes Ruha ýükledi, ýöne Pawlus bu jogapkärçiligiň biziň boýnumyzdadygyny aýdyň aýdýar.

Ýaňy-ýakynda bir çopan öz aýaly bilen halkara täzelikleri gepleşiginde interwýu berdiler. Korrespondent jemgyýetdäki jyns azgynçyly-

gy baradaky meseläni gozganda, olar şeýle jogap berdiler: “Adamlaryň nähili ýaşamalydygyny biz aýdyp oturmaly däl”.

Men bu jübütiň adamlary söýýändigini bilýärin. Olar günäkärleriň Hoş Habary eşidip, Isa Mesihe gelişlerini göresleri gelýär. Olar uly görnüş alypdylar – ähli hyzmatçylar öz çagyryşyna şeýle yhlasly bolsalar oňat bolardy. Ýöne biz Hudýyň “adamlara nädogry hereketlerini görkezmelidigimiz” babatdaky berk tabşyrygyny üýtgedip, ony “adamlara nähili ýaşamalydygyny aýtmazlyk” ýaly oňat pelsepä öwräýmelimikäk?

Resullar eýsem şeýle etdilermi? Pawlus günleriň birinde halas bolmadyk Agripa patyşa öz strategiýasyny görkezdi:

> “Şonuň üçin hem, eý, Agrip şa, men gökden gelen görnüşe boýnuýogynlyk etmedim. Ilki bilen Damaskda, Iýerusalimde, soňra tutuş Ýahudyýada, şeýle hem, keseki milletleriň arasynda: ‘Günäleriňiz üçin toba ediň, Hudaýa dolanyň, toba edendigiňizi oňat işleriňiz bilen subut ediň’ diýip wagyz etdim” (Res. 26:19-20).

Heniz halas bolmadyga öz günäleri barada toba gelip, muny *oňat işeri bilen subut etmelidigini* oňa aýtmaklyk, ine, bu oňa nähili ýaşamalydygyny aýtmaklykdyr. Gynansak-da, şol jübütiň peslsepesi Pawlusyň mesihilik pelsepesine bütinleý garşy çykýar. Olaryň biri oňat, beýlekisi bolsa Hudaýdandyr.

Pawlus halas bolmadyk başga bir lidere we onuň aýalyna ýüzlenmäge mümkinçilik dörande, Hudaýyň tabşyrygyndan dänmän, berk durdy. Onuň gozgaýan meselelerinde ulanýan taktikasyna üns beriň:

> Birnäçe günden soň bolsa, Feliks öz ýahudy aýaly Drusilla bilen geldi-de, Pawlusy çagyrtdy we Isa Mesihe bolan iman hakdaky onuň gürrüňlerini diňledi. Pawlus dogrulyk, özerklilik hem geljek höküm hakda söhbet edende, Feliks gorkup: ‘Boldy, häzirlikçe git, amatly pursat gelende, ýene seni çagyrdaryn’ diýdi” (Res. 24:24-25).

Feliks öz aýaly bilen Pawlusyň baky durmuş baradaky habary bilen gyzyklanansoň, onuň yzyndan iberdi. Pawlus halas bolmadyk bu

jübüt bilen eden gürrüňinde iki esasy meselä – ahlak edebi we gelejekki höküm meselelerine garaýar. Pawlusyň sözleri şeýle güýçli bolup, Feliks bilen aýalyny özlerini oňaýsyz duýmaga mejbur edýär. Bu häzirki döwürde günäkärlere hyzmat etmek taktikasy bilen nähili utgaşýar? Käbir ýygnaklaryň liderleriniň esasy maksady öz ýygnagyna gatnaýan adamlaryň sanyny azaltmazlykdan ybarat. Adamlary indiki ýygnak duşuşygyna geler ýaly etmelidigi gürrüňsiz mesele, ýöne bu esasy maksat däldir. Pawlus adamlarda indiki ýygnak duşuşygyna gelmek islegini oýarmaga ymtylmaýardy, ol ilki bilen hakykaty aýtmaga ymtylýardy.

Men golaýda meşhur ýaş çopanyň wagyz eden ýygnagyna gatnaşdym. Ol Hudaýyň söýgüsi baradaky habaryny ykrar etmek bilen, adamlaryň ýüregine ýol açýardy. Onuň wagzyny diňlemek üçin kiçiräk bir zala müňe golaý adam ýygnanypdy. Atmosfera elektrik togy bilen gyzdyrylan ýalydy, adamlar tolgunma bilen bu ýaş çopanyň wagzyna garaşýardylar. Onuň çykyşynyň öňýanynda iki gezek – birinji gezek bu lideriň menejeri, soňra bolsa onuň özi tarapyndan ýygnaga gelenler diňe “Hoş habary” eşitjekdikleri we ýekeje-de “negatiw” sözüň aýdylmajakdygy barada aýdyldy. Şeýlelikde, “Hoş habar” ähli “negatiw” zatlara gapma-garşy bir zat ýaly görkezildi. Emma Hoş Habaryň ilkibaşdan negatiw bolup görünýän ýagdaýlary bolýar, bu aýratyn-da onuň biziň durmuşymyza düzedişler girizen ýagdaýynda şeýle bolýar. Ýöne bu düzedişler heläk bolmakdan halas edýän bolsa, onda Hoş Habara nädip garamaly?

Bu çopan ýiti degişmeleri arkaly diňleýjileri bilen aragatnaşygy sazlady. Bu degişmeler ýigrimi minuda golaý dowam etdi. Soňra ol Isa Mesihiň bizi gyzgyn söýýändigini aýtdy. Bu habar ýürekden çykýardy we doly oňlanylma mynasypdy. Soňra ol halas bolmak mümkinçiliginden peýdalanmagy teklip etdi, ýöne halas bolmak isleýänleriň öz durmuşlaryny özgerdip, dünýäni söýmegi bes etmelidikleri, Hudaýy tabyn bolmalydyklary barada hiç zat aýtmady. Ol günä tobasy, ýagny gutulyşy almagyň esasy şerti barada ýekeje söz-de aýt-

mady (ser. Ýew. 6:1). Şol agşam köp adamlar onuň çagyryşyny kabul etdiler.

Bu wagyzçynyň habary resul Pawlusyň Agripa patyşa ýa-da Feliks bilen onuň aýalyna aýdan habary ýaly boldumy? Bu habar resul Petrusyň gutulyşy almak isleýänlere ýüzlenip, çürt-kesik aýdan sözleri bilen gabat gelýärmi? Petrus şeýle diýipdi: “Indi günäleriňiziň bagyşlanmagy üçin toba ediň we Hudaýa tarap öwrüliň” (Res. 3:19). Hudaýy agtaran adamlar şol agşam ýygnakdan gaýdanlarynda, hakykatdan-da halas boldularmyka?

## Bir tarapdan başga tarapa okdurylmak

Geliň, şuny gaýtadan soralyň: biz näme üçin aňsatlyk bilen bütinleý başga tarapa sowuldykak? Biz ýigrenýän kanunçylygymyzdan arany şeýle bir gaty açyp, hatda Hoş Habaryň açary meselelerini hem gözden ýitirdik.

Şu günki liderleriň köpüsi biziň günlerimizde ýygnagyň zabun atalary diýip atlandyrylýan adamlary tarapyndan terbiýelendi. Bu atalar ýigriminji asyrda garşylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolmakdan çekinmän, günäleri paş edýärdiler, bizi mukaddes ýaşamaga çagyrýardylar. Şol ýyllarda häzirki ýaly juda uly ýygnaklar ýokdy. Mukaddes Ýazgylaryň ýüz görmezlik bilen paş edýän habarlary Hudaýy jan-tenden agtarmaýanlary ýygnakdan tesdirýärdi. Biraz soňra bolsa strategiki agdarylyşyk bolup geçdi we käbir liderler diňe pozitiw, ruhlandyryjy habarlary aýtmak bilen ýygnaga köp adamlary ýygnap bolýar diýen karara geldiler. Biz paş etmeleri we düzedişleri aýyrdyk we Mukaddes Kitapdan diňe ruhlandyryjy habarlary agtardyk. Biz adamlara olaryň Hudaýyň \sözüne gulak asman ýaşaýandyklaryny aýtmagy bes etdik. Biz XXI asyrda şeýle strategiýany saýlap aldyk. Ýöne şonda-da, resul Pawlusyň Timoteosa berýän tabşyrygyny okap görüň:

> “[...Sen Sözüň wagyzçysy hökmünde adamlara durmuşlarynyň nädogry taraplaryny görkezmeli.] Günä edýänleri paş edip, olary

ýazgar, sabyrlylyk bilen öwüt-ündew berip, taglymaty öwret" (2 Tim. 4:2, iňlis dilinden giňişleýin terjime).

Ine, şu parçadaky üç grek sözüniň: *elegcho, epitimao* we *parakaleo* aňladýan manylary şeýledir. Stronguň sözlügine laýyklykda, *elegcho* sözi "paş etmek, ýetmezçilikleri aýtmak, ýazgarmak, düzetmek" diýmegi aňladýar. "Sözleriň manysyny öwrenmeginiň doly sözlüginde" (The Complete Word Study Dictionary) onuň has takyk manysy berilýär: "Täze Ähtde adamy paş edip, onuň nahakdygyny subut etmek arkaly, ony utandyrmak". Örän güýçli aýdylan!

Ikinji söz – *epitimao* "aýyplamak, (gönüden-göni) ýazgarmak" diýmegi aňladýar. Çürt-kesik aýdylan! Üçünji söz – *parakaleo* "teselli bermek, ruhlandyrmak" diýmegi aňladýar. Adamy ruhlandyrmak hem gerekdir.

Ähli ünsüni ilkinji iki sözde jemlemek bilen, Pawlus hyzmatçylardan paş etjek, ýazgarjak, düzetjek, ýetmezçilikleri görkezjek we adamyň nähakdygyny subut etjek habarlary wagyz etmeli talap edýärdi. Ýokardaky grek sözleriň kesgitlemeleriniň esasynda biz günbatar ýurtlaryndaky ýygnaklarynyň şindiki ýolbaşçylarynyň paradigmasy babatda şübhelenmelidiris. Şu günki strategiýa – bu *Hudaýyň* danalygymy ýa-da ýagşylygyň danalygy? Ýigrimi bäş ýylyň dowamynda konferensiýalarda we dürli ýygnaklardaky hyzmatymda görenlerimden netije çykaryp, dogrymdan gelsem, ýagşylygyň tarapyna ýykgyn bolandygymyzy aýdyp bilýärin.

Men muny tassyklaýan wakalaryň ençemesini gürrüň berip bilýän, ýöne olardan diňe birini beýan edeýin. Maňa Birleşen Şatatlaryň demirgazyk-günbatar tarapyndaky uly ýygnaklaryň birinde wagyz etmegi teklip etdiler. Men bu ýygnagyň liderine we onuň edýän işlerine haýran galýan we şonuň üçin-de, onuň, onuň aýaly, liderlik topary we ýygnagy bilen bilen duşuşyga sabyrsyzlyk bilen garaşýardym.

Duşuşykdan birnäçe hepde öň men çopandan elektron hat aldym. Onda şeýle ýazylandy: "Jon, biz saňa we ýygnagymyzda etjek wagzyňa sabyrsyzlyk bilen garaşýarys. Şindi, öz wagzyňy taýýarlaýan

döwrüňde, biziň medeniýetimiz barada birki söz aýtmak peýdaly bolar diýýärin. Biz pozitiw ýygnak, biziň adamlarymyz negatiw habarlary eşitmäge endik etmedik. Şonuň üçin-de, sen ýygnaga ýüzleneniňde, habaryňyň ruhlandyryjy bolup, adamlary pozitiw zatlara sazlamagyna üns bergin".

Ýene-de şeýle sorag ýüze çykýar: bu "danalyk" Pawlusyň Timoteosdan edýän talaplary bilen nähili utgaşýar? Deňeşdirme üçin men asyl nusgada aýdylan "pozitiw" zatlary we biziň günlerimizde "negatiw" saýylýan zatlary aýdaýyn.

Pozitiw: 1) *parakaleo*: teselli bermek, ruhlandyrmak;

Negatiw: 1) *elegcho*: paş etmek, ýetmezçilikleri barada aýtmak, ýazgarmak, düzetmek, adamyň mamla däldigini subut etmek;

2) *epitimao*: talap etmek, (aç-açan) ýazgarmak.

Pawlus bizden üç zady talap edýär. Olaryň ikisi "negatiw" we diňe biri "pozitiw" hasaplanýar. Başga sözler bilen aýtsak, 67%-mi "düzedişler" we 33%-mi "ruhlandyrmalar". Men habarlarymyzyň 67%-mi düzedişlerden ybarat bolmaly diýjek bolamok. Ýöne biz dogrudan-da deňagramlylygy bozup-bozmaýanlygymyzy özümizden soramaly. Eger biz ýygnaklarymyzda diňe ruhlandyryjy we galkyndyryjy habarlary wagyz etmek islesek, onda bize Hudaýyň islegini berjaý edýändikleri babatda ynamly, hakykatda welin Hudaýyň häsiýetinden we huzuryndan uzaklaşýan adamlar gelmezmi?

## Talabyň asyl manysy

Ýewreýlere hatyň awtory şeýle habar berýär:

"Adam terbiýe alanda şatlanmaýar, gaýtam, agyry çekýär. Emma şeýle terbiýe alandan soňra, ol dogrulykda we parahatlykda ýaşaýandyr (Ýewr. 12:11).

Biz şu ýerde iki sany möhüm zady görýäris. Birinjiden, terbiýe *agyry çekdirýär!* Ruhlandyrma agyry çekdirmeýär, ýazgarma, düzet-

me, aýyplama agyry çekdirýärler. Ikinjiden, Ýewreýlere hatyň awtorynyň ýazýan terbiýesi mukaddes durmuş üçin *türgenleşikdir*.

Biz özümizden şuny soramaly: Hudaý bizi nädip türgenleşdirýär? Eger resul Pawlusyň Timoteosa ýazan sözlerine dolansak, şuny okarys:

> “Mukaddes Ýazgylaryň ählisi Hudaýyň ylhamy bilen ýazyldy (Onuň ylhamyndan berildi). Olar öwretmek, günä edýänleri paş etmek, ýola getirmek, dogrulykda *türgenleşdirmek* üçin (pikirlerde, maksatlarda we hereketlerde Hudaýyň islegine laýyklykda mukaddes durmuş üçin) peýdalydyr. Şeýdip, Hudaýyň adamy haýyr işleriň ählisine taýýar we kämil bolar. Hudaýyň huzurynda, şeýle hem dirilere we ölülere kazylyk etjek Isa Mesihiň huzurynda, Onuň gelmeginiň we şalyk sürmeginiň hatyrasyna saňa şulary BERK TABŞYRÝARYN: pursadyň amatly bolup-bolmazlygyna garama-da, Hoş Habary dyngysyz wagyz et!” (2 Tim. 3:16-4:2, iňlis dilinden giňişleýin terjime).

Siz ýazgarmak, günäleri paş etmek, ýola getirmek, dogrulykda terbiýelemek sözlerine üns berdiňizmi? Siz Palusyň bizi mukaddes durmuş üçin türgenleşdirýändigine we Timoteosa biz üçin Hudaýyň Sözüni wagyz etmegi tabşyrýandygyna üns berdiňizmi? Hemmesini bir ýere jemläp, biz Pawlusyň tabşyrygynyň asyl manysyny göreris:

> *Timoteos we Hoş Habaryň islendik hyzmatçysy, bu mese-mälim zat: Hudaýyň terbiýelemesi agyrylydyr, ýöne ol bizi mukaddes durmuş üçin türgenleşdirýär. Hudaý bu terbiýelemesini (türgenleşigini) Özüniň ylhamlandyran Mukaddes Ýazgylary arkaly amal edýär. Bu Ýazgylar Hudaýyň adyndan gürlemäge çagyrylan erkeklerdir aýallary hem anyk enjamlaşdyrýar. Şonuň üçin-de, Hudaýyň Sözüni wagyz et. Sebäbi sen Hudaýyň resuly hökmünde adamlara öz durmuşlaryndaky nädogry zatlary görkezmelisiň. Muny söýgi ruhy bilen ýazgaryp, günäleri paş etmek, öwüt bermek, düzetmek, dogrulykda terbiýelemek we ruhlandyrmak üçin Mukaddes Ýazgylary anyk ulanmak arkaly amal edip bolýar. Bu diňleýjeleri mukaddes durmuş üçin terbiýelemegiň ajaýyp işidir (parafraz).*

Men munuň XXI asyryň ýygnagynyň medeniýetine näderejede ters gelýändigine we köp adamlary sarsdyrjakdygyna aňym ýetýär. Ýöne

biz nähili ýygnagy: azaşan ýa-da güýçli ýygnagy edenisimiz gelýär? Biz nähili adamlary ösdüresimiz gelýär: aldanýanlarymy ýa-da sagdyn? Bu tabşyryklar bize bilmezlikden Hudaýyň ýüreginden uzaklaşmazlygymyz üçin berlendir. Eger biz Isa Mesih bilen ynamly ýörejek bolsak, Mukaddes Ýazgylarda kök urmalydyrys. Häzirki döwrüň medeniýetini Täze Ähtiň öwütleri bilen ýaraşdyrmak mümkin däldir. Geliň, özgerdişleri girizip, sagdyn ýygnagyň döreýşiniň şaýatlary bolalyň!

## Arzuwlanýanmy ýa-da peýdaly?

Pawlus Mukaddes Ruhuň aýanlygy arkaly hyzmatçylaryň we ýygnak agzalarynyň bu tabşyrygy unutjakdyklaryny öňden görüp, gelejekki ýykylyşy öňünden aýdypdy:

> “Çünki adamlaryň sagdyn taglymaty diňläsi gelmejek zamanasy geler. Şonda olar öz höweslerine ýaraşykly, gulaklaryna-da ýakymly sözleri aýtjak öwredijileri gözlärler. Olar diňe özleriniň eşitmek isleýän zatlaryny aýtjak, ýalňyşlaryna ‘gözlerini ýumýan’ mugallymlary çagyrarlar” (2 Tim. 4:3, iňlis dilinden giňişleýin terjime).

Şeýle döwre hoş geldiňiz! Geliň, şuny soralyň: biz nämäni köp isleýäris – ruhlandyryjy, şatlykly, pozitiw we ýeňil habarlarymy ýa-da duýduryşlary, ýazgarmalary, terbiýelemäni, göni görkezmeleri we paş edilmeleri?

Her bir adam (menem şolaryň hatarynda) özüne ýeňil we gulaga ýakymly zatlaryň aýdylmagyny halaýar. Men pozitiw adam, şonuň üçin-de pozitiw habarlara ýykgyn bolýaryn. Ýönekeý adamlaryň islendigi meniň bilen bu babatda ylalaşar.

Eger iki ýygnak biri-birine golaý ýerleşip, olaryň birinde siziň günäleriňizi ýazgarjak habarlar wagyz edilse, beýlekisinde bolsa diňe şatlykly, ruhlandyryjy söz wagyz edilse, siz, elbetde, bularyň ikinjisini saýlarsyňyz. Pawlus öňdengörüjilik bilen aýdany hem edil şudy – adamlar Hudaýa derek gowyny saýlap alarlar. Emma soragy dogry goýmaly: arzuwly däl-de, peýdaly zat näme?

Dogrymyzdan geleli – köp adamlar bu iki dürli habaryň arasyndan dogrusyny saýlamak barada asla eşidesleri gelenok. Ýöne şeýle ýagdaýy göz öňüne getirip göreliň: Stiw diýen bir adamyň rak keseline ýolugandygyny kesgitlänmişler diýeli. Bu kesel irki tapgyrynda. Eger ony operasiýa edip aýyrsalar, onda bu howpuň öňüni alyp bolar. Lukman şeýle diýýär: "Biz bu çişi ýönekeý operasiýa bilen aýryp bilýäris".

Stiw başga lukmanyň hem pikirini gelesi gelýär. Beýleki lukman lukmançylyk barlaglaryň netijelerine we talyplyk wagty öwredilen görkezmelere üns bermeýär. Ol ýöne lukman bolup, adamlara kömek etmegi halaýar. Ol Stiwe hiç zady gaýgy etmezligi, hemme zadyň oňat boljagyny, durmuşynyň gözel boljagyny aýdýar. Bu lukman janypkeşlik bilen: "Stiw, hiç zady gaýgy etme, saglygyň ýerbe-ýer" diýýär.

Stiw gerşinden agyr ýük aýrylan ýaly bolup, ikinji lukmanyň otagyndan çykyp gaýdýar. Ol: "Nähili oňat lukman. Ol şeýle oňat zatlary aýtdy. Meni diýseň oňat ruhlandyrdy". Stiwi birinji lukmanyň aýdanlary biraz ynjalyksyzlandyrýar. Bu lukman onuň saglyk ýagdaýy barada negatiw zatlary aýdyp, operasiýa etmegi maslahat beripdi. Bu bolsa beden oňaýsyzlyklaryny, agyra we pul çykdajylaryna getirjekdi. Birinji lukman Stiwden hakyky ýagdaýy gizlemändi. Ol syrkawyň göwnüni awlamaga ymtylman, onuň saglyk ýagdaýyny gizlemän aýdypdy.

Ikinji lukmanyň pikirini bilenden soň, Stiw gaýgy ederlik zat ýok diýip pikir etdi. Emma iki ýyl geçenden soň, Stiwiň keseli azyp, birnäçe hepde ömri galdy, sebäbi kiçijek çiş ulalyp, janyna howp saljak ölçegine ýetipdi. Ol bedendäki möhüm agzalary zeperlendirensoň, hiç bejergi indi kömek edip biljek däldi.

Iki ýyl mundan ozal pozitiw gürlän lukmana gulak asmak aňsatdy, ýöne şol wagt näme has gereklidi: hakykatmy ýa-da göwne hoş ýakýan sözler? Düzediş çärelerimi ýa-da pozitiw gürrüň? Stiwe onuň sagdyndygyny aýtdylar, aslynda welin bu beýle däldi. Indi bolsa juda giç. Ol şol wagt hakykata gulak asmaly ekendigine düşünýär.

Biziň, ýagny günbatar ýygnaklarynyň lidereleriniň we ýygnak agzalarynyň hem şeýle ruhy ýagdaýda bolmagy mümkin zatmyka?

Ysraýyl taryhynda dini liderleriň diňe pozitiw hyzmata ýapyşan döwürleri bolupdy. Olar garşy çykmakdan gaça durup, diňe pozitiw sözleri aýdypdyrlar. Hudaý şeýle habarlara Öz nukdaýnazaryny beýan edýär: “Sag-salamatlyk bolmasa hem, „sag-salamatlyk, sag-salamatlyk” diýip, halkymyň ýarasyny ýüzleý bejerdiler” (Jer. 8:11).

Olaryň sözleriniň ikinji lukmanyň sözlerinden hiç tapawutlanmaýandygy gaty gyzykly zat.

## “Men onuň wagyzlaryny halamok!”

Hakykatyň düzedişlerini kabul etmezlik bu dünýä ýaly gadymy bir meseledir. Bir taryhy döwürde Ysraýylyň patyşasy bir çäräni geçirmegi meýilleşdirip, onuň oňuna bolup-bolmajagyny bilmek üçin, dini geňeşdarlarynyň ýüzlerçesini çagyrýar. Bu geňeşdarlaryň patyşa hakykaty aýtmak mümkinçiligi bardy, ýöne olar biri-birinden galman: “Hawa, tutjak işiň oňuna bolar” diýdiler. Soňra bolsa bu tutjak işinden nähili gowulyklaryň boljagyny oňa gürrüň berdiler.

Ýahudanyň patyşasy hem şol ýerdedi, onuň ýüregi Hudaýa ymtylýardy. Ol hakykaty tüýs ýürekden agtaransoň, ony saýgaryp bilýärdi. Ol ruhy geňeşdarlarlaryň bir adam ýaly bolup, şol bir zady aýdýandyklaryna garamazdan, Hudaýyň sesini eşitmeýärdi. Ol özüniň duýgur ýüreginiň seslenjek sözüni agtarmagy dowam etdirdi.

Ahyrynda Ýahudanyň patyşasy Ysraýylyň liderinden: “Anyk aýdyp biljek başga ruhy geňeşdarlaryň ýokmy?” diýip sorady. Ysraýylyň patyşasy jogap berip, şeýle diýdi: “Rebden sorap görmäge ýene bir pygamber bar, ol Ýymla ogly Mikaýa, ýöne men ony ýigrenýärin. Ol maňa hiç ýagşy zatlary pygamberlik etmän, gaýtam diňe betbagtçylyk hakynda pygamberlik edýär” (1 Pat. 22:8). Ýöne şonda-da, öz hökümdaryny köşeşdirmek üçin, ysraýyl patyşasy bu “negatiw” zatlary aýdýan pygamberi şa mejlisine getirmegi buýurýar.

Pygamberiň ady Mikaýady. Patyşanyň çapary ony tapyp, şeýle diýdi: “Ähli pygamberler patyşa biragyzdan hoş sözleri aýdýarlar;

sen hem şolar ýaly hoş sözleri aýt” (1 Pat. 22:13). Ýöne Mikaýa: “’Rebden ant içýärin, Reb maňa näme diýse, men şony hem aýdaryn” diýdi. (1 Pat. 22:14). Ol hut şeýle hem etdi we patyşa düzediş sözlerini aýdyp, onuň gaharyny getirdi. Ýöne taryhdan belli bolşy ýaly, pozitiw geňeşdarlary ýalňyşypdy, diňe Mikaýa pygamberiň aýdanlary dogry bolup çykypdy.

Biziň günlerimizde Mikaýa ýaly geňeşdarlar we hyzmatçylar barmyka? Biz näme üçin olaryň bizi gorajak paş ediji sözlerini, duýduryşlaryny köp eşitmeýäris? Näme üçin olaryň bizi mukaddes bolmaga çagyrýan kitaplary bestsellerlere öwrülmeýär? Näme üçin olar konferensiýalarda meşhur wagyzçylar bolmaýar? Näme üçin olara YouTube sahypalarynda seýrek seredýärler?

Hudaý resul Pawlus arkaly ýygnaga aýdyň görkezmeler berdi, emma biz şonda-da başga zatlary öwredýäris. Bir gezek nahar başynda tanymal çopanlaryň biri maňa şeýle diýdi: “Jon, eger sen ýurdumyzda üstünlikli ýygnaklara ýolbaşçylyk edýän çopanlaryň aglaba bölegine seretseň, olaryň umyt, merhemet we ruhlandyryş habarlaryny wagyz edýändiklerini görersiň”. Onuň kömekçileriniň biri sözüniň üstüni ýetirip: “Jon, belki sen merhemet baradaky okuwyňyň usulýetini üýtgedesiň geler” diýdi. Özgermäge güýç berýän merhemeti kabul etmek oňa kyn düşýärdi.

Bize umyt bilen ruhlandyrma dogrudan-da gerek, ýöne bulardan başga bize düzedişler, terbiýe we paş edilme hem gerekdir. Pawlus Timoteosa hem hut şony *berk tabşyrypdy*. Näme üçin ýa hemmesi bolmaly ýa-da hijisi? Maýatnigi ters ugra itmek nämä gerek? Geliň, Pawlusyň Timoteosa aýdanlarynyň ählisini teklip edeliň.

## Açary ingrediýent

Size ýene-de bir mysaly getireýin. Mekir, sypjak satyjy köne ulagy satmak üçin, gulagyňyza hoş ýakýan sözleri aýdar. Ol size mylaýym ýylgyrar, siziň bilen degşer, siziň örän ajaýypdygyňyzy we akyllydy-

gyňyzy aýdar, siz şeýle ukyply bolanyňyz üçin, teklip edilýän ulaglardan iň oňadyny saýlap başarandygyňyzy nygtar.

Siz: "Beý-bä! Meni hatda aýalym-da şeýle öwmeýär!" diýip pikir edersiňiz. Aýalyňyz size şeýle sözleri sizi söýýändigi üçin aýtmaýar, bu satyjy welin siziň puluňyzy almak üçin size ýalynjaňlyk edýär. Şu ýerde biz şeýle habarlardaky wajyp ingrediýenti – söýgini görýäris. Biziň Isa Mesihiň Bedeni bolan Ýygnaklardaky wagzymyz söýgä ýugrulan bolup, şepagatly ýürekden çykmalydyr. Bir gezek wagyzdan soň bir ýaş ýigit ýanyma ýylgyryp geldi-de: " Siz ýaly, men pygamberlik aýdyp, ýygnaga düzedişleri girizmäge çagyrylan" diýdi.

Onuň sözleriniň äheňi meni iňkisä goýdy. Men onuň adamlaryň durmuşy barada çyn ýürekden alada etmäge derek, olara käýemek isleginden hereket edýändigini duýdum.

Men ondan: "Pygamberlik etmegiň syryny bilesiňiz gelýärmi?" diýip soradym. Üstünlikli hyzmatyň syryny bilmek umydyndan ýaňa onuň ýüzi ýagtyldy. Men oňa şeýle diýdim: "Siz her gezek adamlara düzediş sözüni ýa-da çagyryş aýdanyňyzda, olary çäksiz söýmelisiňiz".

Ol maňa haýran galyjylyk bilen seretdi-de, gysga dymyşlykdan soň: "Hudaý meniň içimde haýsydyr bir zatlary amal etmeli diýip pikir edýärin" diýdi. Men oňa guwanç bilen seretdim, sebäbi ol özüniň kemçiligini boýun almagy başardy.

Men gapma-garşylyga duçar etjek habarlary özüm-de köplenç kynlyk bilen wagyz edýärin. Men adamlary-da, ýygnagy-da, Hudaýyň hyzmatçylaryny-da tüýs ýürekden söýýärin. Şindi, şu kitaby ýazyp otyrkam, adamlaryň günälerini aç-açan paş edenimde, meniň ýüregim para-para bolýar, sebäbi men adamlary ruhlandyrysym we berkidesim gelýär. Ýöne başga bir tarapdan, hakyky söýginiň ýaranjaňlyk etmeýändigini, diňe hakykaty aýdýandygyny bilýärin. Şeýle söýgi diňleýjilerine şypa berjek zatlary aýdýar. Pawlus bize hakykaty söýgi bilen aýtmalydygy barada ýazýar. Biz şeýle etmek bilen, öz diňleýjilerimizi Isa Mesih ýaly ösüp, kämilleşmegine ýardam bereris (ser.: Efes. 4:15).

Käbir hyzmatçylar diňleýjilerini ýola salmaklyk barada aýdyp, mukaddesligi gaharly äheň bilen nygtaýarlar. Olaryň adamlara haýpy gelenok. Bu gaty gynandyryjy ýagdaý bolup, uly bahany talap edýär. Biziň ählimiz özümizi diňleýän adamlara bolan söýgüden ugur alyp hereket etmelidiris. Söýgi biziň esasy ugrukdyryjymyz bolmalydyr, eger şeýle bolmasa, onda dymanymyz ýagşydyr. Hemme zatdan ilki biz adamlara ýagşylygy islemelidiris. Adama: “Hä, men saňa aýtdym-a!”, “Men senden köp bilýärin” ýa-da “Men-ä senden gowy” diýen ýaly garaýyşlar bilen garamaly däl. Biz ýumşak sözleri saýlap, adamlara iň gowy zatlary arzuwlamaly. Biz öz diňleýjilerimiziň gadyryny bilmeli, olaryň kimdigine garamazdan, olary özümizden ýokary tutmaly. Hudaýyň, Isa Mesihiň we Mukaddes Ruhuň ýüregi şeýledir.

12

# MUKADDES DURMUŞ ÜÇIN TÜRGENLEŞDIRMEK

Duşmanyň köp posalaryndan hakyky
dostuň salan ýaralary ýagşydyr.
— Süleýmanyň pähimleri 27:6 (NLT, iňlis dilinden terjime)

Hudaýyň söýgüsine ýalan nazar bilen garamak arkaly
Onuň mukaddesligini peseldýän ýa-da ýok
edýän zatlaryň ýekejesi-de Isa
Mesihiň Hudaý barada beren aýanlygyna
laýyk gelýän däldir.
— Oswald Çembers

Tälimçi ýa-da halypa – bu öz müşderisiniň ýa-da şägirdiniň durmuşynyň hilini gowulandyrmak üçin işleýän adam. Resul Pawlus bizi belli bir derejede ruhy tälimçiler ýa-da halypalar bolmaga çagyrýar. Hudaýyň tabşyryklaryny berjaý etmek bilen, bize diňe öz durmuşymyzy däl, eýsem öz garamagymyzdaky adamlaryň durmuşyny hem gowulandyrýarys.

Hudaýyň ýollaryny gowulandyrmak mümkin däl. Adam ata bilen How ene muny etmäge synanyşdylar, ýöne şowsuzlyga uçradylar. Olar bu çukura düşmegiň nämedigini ilkinjiler bolup gördüler. Şonuň üçin-de, biz tälimçiler ýa halypalar hökmünde diňe bir öwüt bermän, eýsem duýdurýarys we ýalňyşlaryny düzedýäris. Eger biz öz garamagymyzdaky adamlaryň ýalňyşlaryny düzetmesek, onda olara lapykeçlik we heläklenme ýodasyndan aşaga togarlanmagyna ýol bereris. Hut

şu sebäpden Pawlus Timoteosa: “Hoş Habaryň wagyzçysy hökmünde adamlara durmuşlaryndaky nädogrulyklary paş et” (2 Tim. 4:2, iňlis dilinden giňişleýin terjime) diýip ýazýar.

Pawlus Efesdäki ýygnaga ýazan hatynyň ahyrynda adamyň täze tebigaty barada ýazýar. Bu merhemetiň güýji bu tebigata täsir edýär. Şonuň üçin-de, adam özgerip, Isa Mesihe meňzäp bilýär, erbet ýollardan arany açyp bilýär.

Soňra Pawlus şeýle adamyň durmuşyny kesgitleýän öwütleriň sanawyny berýär. Olar Köne Ähtiň tabşyryklaryndan tapawutlylykda, agyr däl we doly berjaý edelikdir. Bu tabşyryklar bizden talap edilýän hereketler barada aýdýarlar, sebäbi biziň indi täze tebigatymyz bar. Geliň, şu sanawy ýene-de bir gezek ýatlaly:

> “Araňyzda azgynlyk, haramlyk, açgözlük edýän bolmasyn. Beýle zatlar Hudaýyň halkyna gelişmeýär. Şeýle hem araňyzda biedeplik, ýaňralyk, biderek degişme-de bolmasyn. Bular size ýaraşmaýar. Muňa derek Hudaýa şükür ediň...Şerapdan serhoş bolmaň...” (Efes. 5:3, 4, 18).

Ýene-de gadagan edilmeler sanawyna meňzeýär gerek? Gaýtalap aýdaýyn: bu berjaý edilen ýagdaýynda bizi halas etjek tabşyryklaryň sanawy däl. Bu bizi dünýä bilen loluçylykdan saklajak sanaw diýseň boljak, bu tabşyryklar bize Isa Mesihiň aýan bolýan huzurynda galmaga mümkinçilik berýär. Günä hasaplanýan hereketleri sanamaga rugsat ediň.

Geçen bapda aýdyp geçişimiz ýaly:

- Ýalan sözlemäň.
- Gaharlanyp günä etmäň.
- Ogurlyk etmäň.
- Agzyňyzdan hiç haçan ýaramaz söz çykmasyn.
- Jyns azgynçylygyndan daş boluň.

Sanawyň galan bölegi şu tabşyryklardn ybarat:

- Hapalanmaň.
- Gysganç bolmaň.

• Aýp, paýyş sözleri aýtmaň.
• Samsyk degişmeleri aýtmaň.

Täze Äht – bu merhemet habary. Käbir adamlar bu merhemet habarynda görkezmeler we gadagan edilemeler ýok diýse-de, bu sanaw Täze Ähtiň 27 kitabynyň diňe birinden alnan sanawdyr! Has haýrana galdyrýan zatlaryň biri – bu sanawy merhemet barada uly aýanlyk alan resul tarapyndan düzülendir! Biz bu tabşyryklary äsgermerismi ýa-da olara çynlakaý gararys?

## Jyns azgynçylygyndan daş boluň

Biziň sanawymyzda birinji orny - *jyns azgynçylygyndan daş boluň* diýen tabşyryk eýeleýär. Hudaýyň ogullarydyr gyzlary hökmünde biz zyna etmeli däl, gomoseksual gatnaşyklaryna girmeli däl, nikadan öň jyns gatnaşygyny etmeli däl.

Men özlerini mesihi diýip atlandyryp, nikalaşmazdan jyns gatnaşygynda bolan jübütlere köp duş gelýärin. Bu seýrek ýagdaý däl, ýygnaklarda bu adaty zada öwrülip barýar. Şeýle jübütleriň köpüsi Hoş Habar ýygnaklaryna gatnaşyp, mukaddes iman barada aç-açan aýdýarlar, “Hudaýyň olaryň durmuşyndan edýänleri” barada ruhubelentlik bilen gürrüň berýärler. Paş edilmeden, ýazgarylmadan ýada ökünçden nam-nyşan hem ýok. Olar nikadan öň bile ýaşaşmagyň nädogry hereketdigine ynanmaýarlar. Näme üçin? Belki, bu olaryň ýygnakda Pawlusyň, Petrusyň, Ýakubyň, Ýohannanyň we Ýahudanyň ykrar edip, halal durmuşda ýaşamaga we jyns gatnaşyklarynda päklige çagyrýan habarlaryny eşitmeýändikleri üçin bolaýmasyn? Çopanlarynyň dynç günleri ýygnakda edýän wagyzlary olary ruhlandyrýar, galkyndyrýar, ýöne günälerini paş etmeýär, hakykaty aýtmaýar.

Biziň jemgyýetimizde nikadan öň bile ýaşaşmak, gomoseksual bolmak adaty, hatda dogry zat diýlip hasap edilýär. Gynansak-da, biz, Hoş Habaryň mesihileri, köplenç Mukaddes Ýazgylary ýüzleý bilýäris. Biziň köpimiz Hudaýyň Sözüni okaman, häzirki döwrüň

medeniýetiniň gymmatlyklaryny kabul etdik. Biz köpçüligiň pikirine eýerýäris: “Eger biz biri-birimizi söýýän bolsak, näme üçin bile ýaşaşyp bilemzok?”

Gomoseksualizm babatda nähili? Ol hem giňden ýaýbaňlanýar, özem diňe ýygnagyň bosagasyndan ätlemedikleriň arasynda däl. Golaýda maňa birwagtlar mesihilik guramasynyň bir bölümine ýolbaşçylyk eden bir aýalyň Feýsbukdaky sahypasyny görkezdiler. Indi ol bir aýala aşyk bolupdyr we onuň bilen nikalaşmagy meýilleşdirýär. Men olaryň adaglanma we pynhan gatnaşyklarynyň suratlaryna çuňňur gynanç bilen seretdim.

Geçen döwürde Hudaýyň ýolundan azşanlar Ýaradan bilen gatnaşygy ýitirendiklerine düşünýärdiler. Bu aýal welin Hudaýyň söýgüsi we özüni Oňa bagyş edişi barada joşgunlyk bilen gürrüň berýär. Ol neneň edip öz jynsyndan bolan bilen nikalaşyp bilýär? Çünki Isa Mesih şeýle diýýär: “Siz näme ‘Ýaradanyň Özi owal-başda erkek bilen aýaly biri-biri üçin, ýagny erkek we aýal edip ýaratdy’ diýen sözleri okamadyňyzmy? Hudaý erkek bilen aýaly birikdirensoň, ynsan Onuň ajaýyp birikmesini haraplamaly däldir” (Mat. 19:4,6, The Message, iňlis dilinden terjime). Isa Mesih nikanyň dürli jynsdan bolanlar – erkek bilen aýal üçindigini aýdýar. Bu aýal Onuň kadasynyny haraplaýandygyna näme üçin düşünmeýär? Oňa bu barada münberden aýdyň wagyz edilmedimi näme?

Men jemgyýetiň Hudaýyň nika babatdaky ilkibaşdaky meýlinden uzaklaşýandygyna düşünýärin. Halas edilmedikleriň günäli tebigaty bar. Azaşan erkekler we aýallar bu dünýäde Hudaýsyz ýaşaýarlar, olaryň ýagşy-ýaman baradaky bilimleri örän çaklidir. Olaryň hereketleri bizi gynandyrmaly däl, sebäbi olar öz tebigatlarynyň buýurýanlary barada pikir edip, onuň yzyna eýerýärler. Emma dogrudan-da gynandyrýan zat – imanlylar dünýäniň oňat diýip hasaplaýan zatlaryny Hudaý üçin kabul ederlik diýip hasaplaýarlar. Statiskanyň maglumatlaryna görä, gomoseksual durmuşy we gomoseksual nikany oňlaýan ýygnaklaryň sany gitdigisaýy artýar. Bu ýygnaklar şeýle durmuşy

diňe sözler bilen däl, eýsem hereketleri bilen hem oňlaýarlar. Şu sözleri ünsli okaň:

> "Eger dogruçyl adam dogruçyllygyndan dönüp, erbetlige ýüz ursa,... ol öler. Sen ol adama duýduryş bermeseň, ol öz günäsi zerarly öler we onuň eden dogry işleri ýatlanmaz. Men onuň ganyny bolsa senden talap ederin" (Ezek. 3:20).

Bu ýerde imanla – dogruçyla duýduryş bermek barada aýdylýar. Eger biz imanlylara duýduryp, olaryň günälerini paş etmesek, munuň netijeleri örän erbet bolar.

Siz: "Jon, bu Köne Äht ahyryn. Günäkäriň ganyny neneň edip Täze Ähtiň hyzmatçysyndan sorap bolar?" diýmegiňiz mümkin.

Bir gezek liderlerlik konferensiýasynda ýanyma bir çopan gelip, meniň bilen bu mesele babatda jedelleşmäge durdy. Ol gaty gaharlanyp, maňa şeýle diýdi: "Sen başga adamlaryň ganyny bize ýüklemäge neneň milt edýäň? Bu saňa Köne Äht däl".

Men oňa jogap berip, şeýle diýdim: "Gaýrat edip, Resullaryň işi kitabynyň 20-nji babyny aç we 26-27-nji aýatlary sesli oka". Çopan: "Şonuň üçin bu gün size şuny yglan edýärin: *men hiç kimiň ganyna jogapkär däldirin*. Sebäbi men Hudaýyň ähli islegini size wagyz etmekden boýun towlamadym".

Çopan dili tutulyp, doňan ýaly boldy. Ol maňa seredip: "Jon, men bu aýatlary ozal hem okadym, ýöne olary bu nukdaýnazardan kabul etmändim" diýdi. Gürrüňimiziň ahyrynda men oňa: "Seni bu babatda aýyplamaly bolandygyma gynanýaryn" diýdim. Men onuň dogrusyndan gelendigine diýseň begendim.

Men şu parçada ýygnaklaryň liderlerine gönüden-göni ýüzlenesim gelýär. Pawlus bu sözleri efeslilere aýdypdy. Emma biz, mugallymlar we wagyzçylar, Hudaýyň Öz halkyna aýdan sözlerini jar etmesek, onda biz hem günäkär bolarys. Eger biz diňe "ruhlandyryjy" habarlary wagyz edýän bolsak, onda Hudaýyň isleginiň aglaba bölegini adamlardan gizleýändiris. Şonuň üçin-de adamlar kem-kemden

dünýäde oňat hasaplanýan zatlara ýykgyn bolup başlaýarlar. Olar terbiýe almadyk biedep çagalar kimin bolarlar. Netije: olaryň gany biziň boýnumyzda bolar.

Size bir mysal getireýin. Internet torunda men bir uly ýygnagyň hyzmatyny gördüm. Bu ýygnagyň çopany ýygnak agzalaryna özüniň gomoseksualdygyny yglan etdi. Ol gizlenmekden ýadandygyny gürrüň berip, şeýle durmuşda ýaşaýan beýleki adamlaryň paş edilmekden (ol muny "ýazgarylmak" diýip atlandyrdy) ejir çekmeklerini islemeýändigini aýtdy.

Ol öz aýbyny aklamak üçin, Hudaýyň gomoseksuallyga bolan garaýşyny beýan etmek maksady bilen Mukaddes Ýazgylardan degişli aýatlary yzygiderli okady. Soňra bolsa batyrgaýlyk bilen adamlara şeýle diýdi: "Resul Pawlus biziň 'Isa Mesihde kimdigimizi' bilýärdi, ýöne onuň ynsan gatnaşygyndan asla başy çykmaýardy" diýip, Pawlusyň jyns gatnaşyklary barada aýdanlary barada gümürtikledi. Soňra çopan sözüni dowam edip, Pawlus Rimlilere hatyň birinji babynda Hudaýa ybadat etmedik ýagdaýymyzda gomoseksual bolup bilýändigimizi barada çaklap, köp zatlary bulaşdyrandygy barada aýtdy (ser.: Rim. 1:21-27). Bu çopanyň aýdanlaryna laýyklykda, Pawlus ýalňyşypdyr, sebäbi *(çopanyň sözlerini gaýtalaýaryn)* "Amerikadaky liderleriň deň ýarysy gomoseksuallardyr". (Men: "Beýle statiskany nireden aldyka?" diýip pikir etdim.) Bu adamyň wagzyny diňlänimde, zalda oturanlaryň joşgunlyk bilen el çarpýandygyna üns berdim.

Men bu ýoýulmalary diňlänimden soň, Hudaý maňa ýüzlenip: "Rimlileriň birinji babyny oka" diýdi.

> "Hawa, olar hakykaty ret edensoňlar, Hudaý olary özleriniň wejera höweslerine tabşyrdy. Hatda aýallar hem tebigy jyns gatnaşygyny ret etdiler. Olar tebigy bolmadyk jyns gatnaşyklara ýüz urup, biri-birleri bilen ýatyp turýarlar. Şonuň ýaly, erkekler hem aýal bilen jyns gatnaşygyny terk edip, biri-birine bolan meýil heserine ýanýarlar. Erkekler erkekler bilen ryswalyk edip, öz azgynlyklaryna laýyk jeza alýarlar. Olar Hudaýyň adalatly Kanunyna görä şeýle işleri

edýänleriň ölüme mynasypdygyny bilseler-de, öz edýän işlerinde ilerleýärler. Munuň bilen çäklenmän, başgalaryň hem şeýle etmegini oňlaýarlar" (26,27,32).

Bu hyzmatçy gomoseksuallygy "wejeralyk" diýip atlandyrýan Mukaddes Ýazgylary neneň edip ret edip bildikä? Gomoseksuallygyň tebigy däldigini bilmek üçin ruhy adam bolmak hökman däl. Bu hatda haýwanlara-da mahsus däldir. Biz näme üçin Hudaý bu zatlara üns bermeýär, hatda oňlaýar diýip hasap edýäris?

Öz aýgyrlygynyň heseriniň zarbyna çydaman, günä tabyn bolan bu çopanyň wagzyny diňläp, özlerini mesihi hasaplaýan adamlar barada oýlanyp görüň. Ynsaplary olara şeýle diýer: "Hudaýyň çagalarynyň şeýle etmegi dogry däl". Ýöne gelejekde welin bu çopanyň sözleri olaryň çözgüdine täsir eder. Ol diňe özüni hököme duçar etmän, eýsem başgalary hem oňa iterýär.

Ýygnakdaky uzakwagtlaýyn joşgunly elçarpyşmalar babatda näme? Mukaddes Ýazgylaryň giňişleýin terjimesinde şeýle işleri "oňlap, şeýle edýänlere elçarpýanlaryň" ählisi hököm ediler.

Biz Pawlusyň sözleri babatda nähili hereket edýäris?

> "Eýsem siz ýamanlyk edýänleriň Hudaýyň Şalygyny miras almajakdygyny bilmeýärsiňizmi? Öz-özüňizi aldamaň! Ne azgynlar, ne-de butparazlar, ne zynahorlar, ne-de erkekbazlar, ne beçebazlar, ne-de ogry-jümrüler, ne betnebisler, ne-de arakhorlar, ne paýyş sögünýänler, ne-de kezzaplar — şularyň biri-de Hudaýyň Şalygyny miras almaz" (1 Kor. 6:9-10).

Başga erbet günäleriň bardygy hem mälim zatdyr. Ýöne biz jynsy azgynlyk barada aýdylan bu aýatlara äsgermezlik etmeli däldiris.

Dünýäniň islegleri ýokanç kesel ýalydyr. Eger biz münberden jynsy azgynlyk barada hakykaty aýtmasak, adamlar jynsy päkligiň nämedigini bilmezler we duşmanyň aldawyna düşerler. Olar bü dünýäniň ýagşy diýip hasaplaýan zatlaryny Hudaý hem oňlaýandyr öýdüp, olary kabul ederler.

## Hapalanmaň

Sanaw boýunça indiki – hapa zatlar. Biz pornografiýanyň, hapa filmleriň we azgyn höwesleriň ähli görnüşlerinden uzak durmalydyrys. Isa Mesih şeýle diýýär: “Emma Men welin kim başga aýala azgyn höwes bilen baksa, öz ýüreginde eýýäm onuň bilen zyna edendir diýýärin” (Mat. 5:28). Mezmurçy bolsa şeýle aýdýar: “Göz alnymda ýaman zada ýol bermerin...” (Zeb. 100:3).

Pornografiýa gysgawagtlyk gyjynmany we kanagatlanmany berýär, sebäbi ol bedenimiziň höweslerine jogap berýär. Ýöne ol biziň öz ýanýoldaşymyz we Hudaý bilen ýakyn gatnaşygymyzy bozýar we haraplaýar. Soňabaka ol bizi öz ýanýoldaşymyzdan we özümizden närazy halda goýýar. Pornografiýa uçgun tutaşdyrýan ýaly görünýär, aslynda welin ol ahyrda utanç-haýany, günäkärlik duýgusyny, ynamsyzlygy partlatjak peltäni otlaýandyr.

Soňky döwre çenli pornosaýtlar internetde iň meşhur saýtlardy, häzirki wagtda olary jemgyýetçilik saýtlary gysyp çykardy. Bar bolan saýtlaryň her onunjysy pornomazmunly saýtlardyr. Amerikanlaryň 40 milliondan gowragy bu saýtlara yzygiderli girýärler, her sekuntda bu saýtlara Internet ulanyjylaryň 28258-si tomaşa edýär.

Bu diňe erkeklere degişli däl. Aýallaryň takmynan her bäşinjisi her hepdede pornografik saýtlara online režiminde tomaşa edýärler we köp adamlar masturbasiýa endiginden dynyp bilmeýändiklerini boýun alýarlar. Mundan başga-da, erkekler-de, aýallar-da pornogaraşlylygyny žurnallar we erotiki kitaplar arkaly “iýmitlendirýärler”. Şeýle kitaplar aýratyn hem aýalaryň arasynda ýörgünlidir.

Ýygnakda näme bolup geçýär? “Mesihili biziň günlerimizde” (Christianity Today) atly žurnal çopanlaryň arasynda şu ýylyň dowamynda pornosaýtlara tomaşa edip-etmändikleri barada sorag-barlagyny geçirdiler. Çopanlaryň 44% şeýle saýtlara girendiklerini aýtdylar. Bular biziň ýygnaklarymyzyň liderleri! Başga bir statiskanyň netijelerinde bolsa hoş habarçy erkekleriň 50%-ň pornografiýa garaşlydygyny

mälim edýär. CNN teleýaýlymynyň geçiren jemgyýetçilik soraşmasy mesihi erkekleriň 70%-ň pornografiýa bolan garaşlylyklary bilen göreşýändiklerini ýüze çykardy.

Şunlukda, biz özümizden şuny soramaly: biziň münberden wagyz edýän ruhlandyryjy habarlarymyz döwrümizde giňden ýaýaran bu "ýokançlyga" jogap bolup bilýärmi?

Men pornografiýa endigim bilen 27 ýaşa çenli (hyzmatymyň ilkinji ýyllary hem muňa girýär) göreşdim. Men owadan gyza öýlenen badyma bu endigimden dynaryn, bu günä öz-özünden ýitip gider öýdýärdim. Emma ol ýitmeden geçen, öňküden-de beterledi. Ol meniň we Lizanyň arasynda diwar goýdy. Men ondan diňe 1984-nji ýylyň güýzünde azat boldum. Men bu garaşlylygym barada Hudaýyň bir adamsyna gürrüň berdim, ol hem maňa: "Muny bes et!" diýdi. Ol meni berk ýazgardy. Men ondan ruhlandyryjy habary eşitmedim! Men berk öwüt we duýduryş aldym, olar meniň durmuşyma Hudaýdan bolan sagdyn gorkyny getirdiler.

Hyzmatçynyň bu sözleri meni Hudaýy agtaryp başlamaga mejbur etdi, sebäbi men bu bendilikden azat bolasym gelýärdi. Dokuz aýdan men bütinleý azat boldum we häzirki güne çenli bu azatlykda gezip ýörün. Men Hudaýyň merhemetiniň örün güýçlüdigini bildim! Ol on bir ýaşyndan bäri pornografiýa endik bolan adamy boşadyp bilýär. Şonuň üçin-de, hyzmatçylaryň Hudaýyň merhemetiniň bütin peýdasy barada oýlanmaýandyklary meni gynandyrýan ýene-de bir sebäbi bolup durýar. Eger men özüm üçin merhemeti diňe bir peşgeş, günäleriň bagyşlanmasy we gutulyş däl, eýsem Hudaýyň durmuş üçin berýän güýji hökmünde açmadyk bolsadym, onda şu güne çenli şol bendilikde galardym. Merhemetiň bu güýji adamyň tebigy güýjünden üstündir.

## Gysganç bolmaň

Gysgançlyk "haýsydyr bir zada, aýratyn hem baýlyga, ygtyýarlyga we azyga eýe bolmak üçin erjellik we diňe özüňi bilmeklik bilen

hereket etmekligi” aňladýar. Mesihiler käwagt Hudaýyň bize kömek etjekdigi, ýalkajakdygy, üstünlik we abadançylyk berjekdigi baradaky wadalaryny ýoýup, ony gysgançlyga öwürýärler. Olar hyzmat edip, başgalara bermäge derek, ähli ünslerini diňe özlerinde jemleýärler. Gysgançlyk – bu gara nebse çapmaklyk, butparazlykdyr (ser.: Kol. 3:5). Biz gysgançlykdan ýaňa öz isleglerimizi, höweslerimizi, işdälerimizi, şöhraty, derejäni, meşhurlygy we pul baýlygyny Hudaýdan we adamlardan ýokary goýýarys.

Imanlynyň durmuşyna aralaşan gysgançlyk barada köp wakalar bar. Bilgam ol zerarly Hudaý bilen gatnaşygyny ýitirdi. Hudaýyň huzurynda bolan Kabyl, Kora we başgalar hem gysgançlyk zerarly Hudaý bilen gatnaşyklaryny ýitirdiler. Köp adamlar gara nebsine çapýar, sebäbi olara hiç kim durýdurmady. Taglymda we wagyzda duýdurmak – diňe pozitiw we ruhlandyryjy habarlaryň wagyzlaryny bes etmekligi aňladýar. Erkeklere we aýallara Isa Mesihde kämil bolmaga kömek etmek üçin, biz diňe öwretmek bilen çäklenmän, eýsem olara duýdurmalydyrys (ser.: Kol. 1:28).

Çagalyk döwrümde men ata-enemiň öwredýän zatlaryny halaýardym, emma olaryň duýduryşlaryna kän bir üns bermeýärdim. Ýöne şonda-da men soňra hut şol duýduryşlaryň janymy halas edendigini bilip galdym. Eger meniň kakam netijeleleriň nähili boljakdygyny öňünden duýdurmadyk bolsady, onda men, belki, bilesigelijilikden otwertkany alyp, ony rozetka sokup, toga urlardym.

Pawlus öz söýgüli ýygnaklarynyň birine şeýle diýdi: “Şonuň üçin hüşgär boluň. Üç ýyllap gije-gündiz gözýaşlarym bilen her biriňize üznüksiz nesihat edenimi ýadyňyzda saklaň” (Res. 20:31). Üç ýylyň dowamynda her gün we her gije! Gözýaş bilen! Eýsem biz adamlara duýdurýarysmy? Her günmi? Ýa-da biz diňe wagyz edip, öwüt berenimizde, biziň ruhlandyryjy habarlarymyz diňleýjileri gysgançlykdan saklar diýip umyt edýärismi? Biz olar barada alada edýärismi? Men uzak ýyllaryň dowamynda gysgançlyk we gara nebisden ägä bolmalydygy barada ýekeje-de wagyz eşitmedim!

Pawlus merhemet barada wagyz edýärdi, ýöne muňa garamazdan, ol Efesdaki ýygnaga ýüzlenip: “Gysgançlykdan ägä boluň” diýip ýüzlenýär.

Şeýle-de, resul Ýakubyň sözlerini okaň:

> “Araňyzdaky çaknyşykly gowgalar we dawa-jenjeller nireden döreýär? Kalbyňyzda söweş edýän pis höwesleriňizden dälmi? Siz isleýärsiňiz, emma hiç zat gazanmaýarsyňyz; adam öldürýärsiňiz, göriplik edýärsiňiz, emma hiç bir maksadyňyza ýetip bilmeýärsiňiz; dawa-jenjeldir galmagal turuzýarsyňyz, emma hiç zat gazanmaýarsyňyz, sebäbi Hudaýdan dilemeýärsiňiz. Diläniňizde-de, hiç zat almaýarsyňyz, sebäbi ýaman niýet bilen, öz nebsiňizi doýurmak üçin dileýärsiňiz. Siz biwepalarsyňyz!” (Ýak. 4:1-4).

Aý, bolýar-laý, Ýakup, beýle negatiw nämä gerek?! Resul gysganç we gödek bolany üçin şeýle diýdimikä? Ýa-da ol bu habary ýazanda adamlary dogrudan-da söýdümikä? Hut şu sebäbe görä ol ruhlandyryjy we ýörgünli bolan zady aýtman, hakykaty aýdan bolaýmasyn? Hudaý hem hut şu sebäbe görä şol döwrüň has höweslendiriji wagyzçysyny saýlaman, Täze Ähtiň awtorlarynyň biri edip Ýakuby saýlan bolmagy mümkin zatmy?

## Aýp, paýyş sözleri aýtmaň

Sanaw boýunça indikisi: samsyk gürrüň etmezlik, gödek we aýp degişmeleri we şorta sözleri aýtmazlyk. Şuňa şeýle mowzukdaky wideorolikleri görmek we degişli ses Ýazgylaryny diňlemek hem girýändir.

Maňa bir hyzmatçylar toparyndaky ýaşlara kömek etmegimi haýyş etdiler. Bu ýaşlar öz ýolbaşçylarynyň paýyş sözleri ulanýandygy, aýp degişmeleri gürrüň berýändigi we gürrüňlerinde bu dünýäniň günäkärlerinden hiç tapawutlanmaýandygy sebäpli özlerini oňaýsyz duýýan ekenler. Liderler näme üçin beýle hereket edýärkä? Bu Hudaýyň liderlerine: “Şalygyň raýatlaryna beýle hereketler gelişmeýär” diýip aýtmaýanlygymyz sebäpli bolaýmasyn?

Pawlus koloselilere şeýle ýazýar: "...sözüňiz hemişe ýakymly we mazmunly bolsun" (4:6), biziň sözlerimiz merhemetden doly bolmaly.

## Julk bolmaň

Indikisi: julk bolýançaňyz içmäň – ne piwony, ne şeraby, ne-de alkogol içgileri. (Şu öwüdi neşe serişdeleri babatda hem aýdyp bolar, isle olar gadagan ýa rugsat edilenler bolsun, bu hatda bejergi üçin bellenilen neşe serişdelerine hem degişidir). Biz ýene-de "ne" diýen ýoklugy görýäris.

Alkogol – özüne maýyl ediji zat (ser.: Sül. 23:31-33). Oňa imrigip, çeni unutmak gaty aňsatdyr. Alkogol sagdyn pikirlenmek ukybyny peseldýär, hatda bütinleý ýok edýär. Alkogolyň täsirindäki adam edep-ahlagy äsgermeýär, ýüregiň we beýniniň tebigy goraýjylyk işi togtaýar. Bu ýiti şöhleli günüň astynda gözi goraýan äýnegi aýran ýalydyr. Biz öz ugrumyzy ýitirip, özümizi heläkleýji pikirlere duçar edýäris. Aslynda alkogol beýnimiziň howpsuzlyk ulgamyny öçürýär. Biz saklanyp biläýenimizde-de, haçan saklanmalydygyny bilsek-de, beýlekileri alkogol içgilerini içmäge iterip bilýäris. Size bir wakany gürrüň bereýin.

Bir ýygnagyň baş çopany öz şäherindäki restoranda spirtli içgileri içip oturan eken. Onuň ýygnagynyň bir agzasy, ýaňy-ýakynda iman eden adam hem şol restorana barypdyr. Ol örän baý telekeçi bolup, arakhorlyk keseline garşy göreşýän eken. Ol iman edenden soň, içmesini taşlady we oňa "nädogry ýoldan barýanlardan ýaňy gaçyp gutulan" (2 Pet. 2:18) diýseňem boljakdy.

Bu telekeçi öz çopanynyň restoranda arak içip oturanyny görüp, ýene-de arakhorlygyna dolanýar. Ol üç gije-gündiziň dowamynda üznüksiz içip, telekeçilik işinde birnäçe töwekgel çözgütleri kabul edip, ähli puluny ýitirýär. Iň gynandyryjy zat hem – onuň maşgalasynyň dargamagy. Soňra onda näme üçin arakhorlygyna dolanandygyny soranlarynda, ol: "Men çopanymyzyň içip oturanyny gördüm. Onsoň: 'Eger ol içýän bolsa, menem içip bilýän' diýip pikir etdim" diýdi.

Bu telekeçi öz ýalňyşlarynda, elbetde, özi günäkär. Ýöne onuň durmuşyndaky bu öwrümler öz töweregimizdäki adamlara ýetirýän täsirimiz barada oýlanmaga mejbur etmezmi näme? Soňky döwürde köpçülik ýerlerinde spirtli içgileri içýän hyzmatçylaryň sany artdy. Mukaddes Ýazgylarda olaryň şeýle etmäge haklydyklary tassyklaýan parçalar bar. Pawlus Timoteosa ýazan birinji hatynda (3:3) oňa ýygnagyň liderleriniň "arakhor" bolmaly däldigi barada ýazýar. Grek dilinde munuň üçin *paroinou* sözi ulanylypdyr. Sözleri öwrenmegiň doly sölüginde (The Complete Word Study Dictionary's) bu söze şeýle düşündiriş berilýär: "Şeraba ýykgyn bolýan, içegen. Bu söz öz içine alkogol içgileri doly jogapkärçilik we çeni bilen içmekligi almaýar, ol muňa juda ýykgyn bolmaklygy ýa-da üznüksiz içmekligi aňladýar. Onuň çeperçilik beýany – saçagyna elmydama şeraply çüýşäni (şeraply meşigi) goýýan adam, bu onuň şeraba baglydygyny görkezýar". Mukaddes Kitabyň "Täze janly terjimesinde" "içegen arakhoryň" ýygnagyň liderleri bolup bilmeýändigi barada aýdylýar (1 Тим. 3:3, NLT, iňlis dilinden terjime).

Başga bir parçada Pawlus Timoteosa maslahat berip, şeýle diýýär: "...az-kem şerap hem iç. Bu aşgazanyňa we ýygy-ýygydan gaýtalanýan nähoşlugyňdan saplanmaga ýardam berer". Timoteos öz derejesi boýunça Efesdäki ýygnagyň baş çopanydy. Biziň günlerimizde hyzmatçylaryň köpüsi şeýle pikir edýär: "Eger ýygnagyň liderine nazyrlyk wadasyndaky ýaly şeraba galtaşmak bolmaýan bolsa-dy, onda Pawlus muny Timoteoda hatda "nähoşlukdan saplanmak" üçinde maslahat bermezdi".

Şeraply gürrüňde köplenç Mukaddes Ýazgylardaky Isa Mesihiň suwy şeraba öwürýän gudratynyň beýan edilýän parçasyny mysal getirýärler (ser.: Ýoh. 2:1-11). Olar: "Eger şerap içilmeli däl bolsa-dy, onda Isa Mesih hemmeleriň gözüniň alnynda suwy şeraba öwürmezdi" diýýärler.

Eger şu parçalaryň hemmesini nazara alsak, onda islendik adam çopanlaryň hemmeleriň gözüniň alnynda içýändigi üçin ýazgaryp

bolmaz diýip biler. Emma biz arakhorlyk meselesiniň örän ýiti bolup duran jemgyýetinde ýaşaýarys. Amerikanyň Birleşen Şatatlarynda arakhorlykdan her ýyl 88 müňe golaý adam ölýär. Ölüme sebäp bolýan keselleriň arasynda arakhorlyk üçünji orny eýeleýär. Washington Post gazeti 2007-nji ýylda çap eden makalasynda her üçünji adamyň arakhorlyk keselinden ejir çekýändigini ýa-da çekendigini aýdylýar. Amerikanyň "Alkogoly öte içmek we arakhorlyk meselesiniň milli institutу" 2012-nji ýylda 18 ýaşdan uly bolanlaryňyň 25%-ň geçen aýda spirtli içgileri üznüksiz içendiklerini boýun alandyklary baradaky hasabaty habar berdi. Hopukdyrýan sanlar – her aýda dört adamyň biri! Men başga-da barlaglaryň netijelerini mysal getirip bilerdim, ýöne esasy zat – amerkanlaryň spirtli içgilere ýykgyn edýänligidir.

Bu kesel diňe Birleşen Ştatlarda giňden ýaýran däldir. 2012-nji ýylda dünýädäki ölümleriň 6%-mi (3,3 million) alkogol içgileri zerarly boldy. Bütin dünýäde biwagt ölüme we maýyplyga eltýän faktorlaryň arasynda alkogol içgileri çenden kän içmeklik faktory bäşinji orny eýeleýär. 15-49 ýaş aralygyndaky adamlaryň arasynda bu faktor birinji orny eýeleýär!

Şeýle ölçegdäki epidemiýanyň gerimini nazara alyp, biz, jogapkär imanlylar hökmünde öňden oýlanyp, Pawlusyň but gurbanlygynyň etini iýmek baradaky aýdanlaryna has giň manyda garamalydyrys. Başga sözler bilen aýdanymyzda: "Şoňa görä-de, iýýän zadym doganymyň büdremegine sebäp boljak bolsa, men ony asla iýmerin. Men onuň büdremegini islämok" (1 Kor. 8:13). Resul butlara berlen eti iýmekligiň günä däldigini aýdyň aýdýar. Emma ol ejiz doganynyň bu sebäpli büdreýän bolsa, ony asla iýmejekdigini aýdýar.

Mesihileriň alkogol içgilerini biraz mukdarda içmäge hakynyň bardygyny goldaýan delilleri getirip bolýar. Ýöne biz, imanlylar, aýratyn hem ýygnagyň liderleri arakhorlykdan ýaňy saplanan adamlar üçin büdreme daşy bolup, olaryň ýene-de bu bela dolanmagyny isleýärismi? Bu aýratyn hem arakhorlyk belasynda ejir çekýän jem-

gyýetlere degişlidir. Eger restoranda spirtli içgileri içen çopan şeýle öwüde eýeren bolsady, onda şol telekeçi üç günlük arak içişlige ýüz urmazdy.

Biz serhoşlugyň islendik görnüşinden gaça durmaly. Şeýle hereket Hudaýyň perzendine gelişýän däldir, bu ownuk mesele däl. Bize ygtybarly duýduryş berlen: "Eýsem siz ýamanlyk edýänleriň Hudaýyň Şalygyny miras almajakdygyny bilmeýärsiňizmi? Öz-özüňizi aldamaň! Ne azgynlar, ne-de butparazlar, ne zynahorlar, ne-de erkekbazlar, ne beçebazlar, ne-de ogry-jümrüler, ne betnebisler, ne-de *arakhorlar*, ne paýyş sögünýänler, ne-de kezzaplar — şularyň biri-de Hudaýyň Şalygyny miras almaz" (1 Kor. 6:9-10).

Şu meselede ýene-de bir wajyp faktory hasaba almaly. Biz ruhy ylgawa gatnaşýarys we Tälimçimiz bize: "päsgelçilik döredýän her hili ýüki we boýnumyzdan ýapyşan günäleri taşlamalydygyny" (Ýewr. 12:1) aýdýar. Käbir günäler bizi aňsatlyk bilen öz toruna salýar, ýokarda getirilen statistika mysallaryndan görnüşi ýaly, arakhorlyk şeýle günäleriň biridir. Eger ol eýýäm şonça betbagtlyk getiren bolsa, onuň bilen näz-kereşme edişmek ýerlikmikä?

Sözümiz jemläp, şeýle şeýle soragy bereli: näme üçin biz – Mukaddes Ruhdan dolmagyň hakyky terjribesini bilýänler, köşeşmek we rahatlanmak üçin emeli serişdeleri agtarýarkak? Ýa-da biz Mukaddes Ruhdan hakykatdan däl-de, diňe kiçi dilden bäri dolýanymyz sebäpli keseden kömek isleýärismi?

## Aldanmaň

Biz Efeslilere hatyň diňe bir babyna garap geçdik. Täze Ähtde başga-da tabşyryklar kän. Gaýtalap aýdýaryn: bular halas bolmak üçin hökman berjaý edilmeli işleriň sanawy däl, bu Hudaýyň huzurynda ýaşaýanlara mahsus bolan durmuş ýörelgesidir.

Gadagan edilen işleriň sanawyny Pawlusyň nädip jemleýändigine gulak goýuň:

> “Hiç kim sizi boş sözler bilen aldamasyn. Şu zatlar sebäpli Hudaýyň gazaby Özüne boýun egmeýänleriň üstünden inýändir. Şonuň üçin olar ýalylar bilen gatnaşmaň... Rebbi hoşnut etjek zady bilmäge çalşyň. Garaňkylygyň ýaman işlerine gatyşmaň, tersine, olary paş ediň. Olaryň edýän gizlin işleri hakda hatda söz açmak-da aýypdyr... Şeýlelikde, nähili ýaşaýandygyňyza üns beriň. Nadanlar ýaly däl-de, danalar ýaly ýaşaň” (Efes. 5:6-7,10-12,15).

Şeýle günleri aklajak bolýanlar, goý, sizi aldamasynlar. Munuň netijesi diýseň erbetdir. Biz öz durmuşymyzda Hudaýy nämeleriň hoşnut edýändigini ýüzleý däl-de, düýpli bilmelidiris. Biziň köpimiz hamala oýun meýdançasynda gezip ýören ýaly hereket edýäris, aslynda welin biz söweş meýdanyndadyrys. Biz uruşda, biziň başlarymyz nyşan astyndadyr. Duşman bizi hatardan çykarjak bolup, arman-ýadaman işleýär. Ýöne biz ýagtylykda galsak, ol ýeňlişe duçar bolar, sebäbi biziň durmuşymyzda Hudaýyň merhemeti bardyr.

Men sizi şuňa çagyrýaryn: belent durmuşa ymtylyň. Wejeralykdan heläk bolup dünýäde dogruçyl we päk ýaşarymyz ýaly, mehemete garaşly boluň. Sizde gerek zatlaryň ählisi bar, sebäbi Hudaý size Öz tebigatyny peşgeş etdi. Hudaýyň beýik merhemetini ýele sowurmaň.

# 13

# BIZIŇ NIÝETLERIMIZ

Siz bu zatlary bilseňiz-de, özüňizdäki hakykatda berk dursaňyz-da, men bulary size hemişe ýatladyp duraryn. Men şindi ýaşaýan wagtlaýyn çadyrymdan, ýagny bedenimden gidýänçäm, bulary ýadyňyza salmak bilen siziň aňyňyzy oýaryp durmagy dogry hasaplaýaryn. Sebäbi Rebbimiz Isa Mesihiň maňa bildirişi ýaly, bu pany çadyrymdan basym göçmelidigimi bilýärin. Göçenimden soňam bu zatlary elmydama ýada salmagyňyz üçin jan ederin.
— 2 Petrus 1:12-15

...Biz Hudaýyň dostlugyny ýitirmekligi iň erbet zat, Hudaý bilen dostlaşmagy bolsa abraýa we arzuwa iň mynasyp zat diýip saýýarys.
— Grigoriý Nisskiý

Mukaddes durmuşda ýaşamaga çagyryş – bu teklip ýa-da maslahat däl. Biz mukaddes durmuşa ýetilip bolmaýan bir zada kimin ymtylamzok. Bu buýruk, bizden bu buýrugyň berjaý etmegimize garaşylýar. Resul Petrus bize aýdyňlyk bilen Rebbimiz Isa Mesihiň beren möhüm hakykatyny we tabşyryklaryny gaýtalamagyň juda zerurdygyny görkezdi. Ýokarda berlen dört aýatda adamlara gaýta-gaýta ýatladyp durmalydygy barada aýdylýar. Petrusyň ýüzlenip ýazýan adamlary onuň ýazýan zatlary barada eýýäm bilýärdiler, ýöne ol bu dünýäden ötenden soň hem bu wajyp hakykatlary gaýta-gaýta okap durmagy öwüt berýär. Biz hem bu habaryň wajyplygyna has ünsli garamaly, şeýle dälmi?

Petrus iki hatynyň başynda şeýle ýazýar: "...ähli edýän işleriňizde mukaddes boluň" (1 Pet. 1:15). Mukaddes Ýazgylarda tabşyryklar köplenç iki söz arkaly berilýär: *yhlas ediň we boluň*. Eger biz *yhlas ediň* diýleniň öňýanyndakylary berjaý edýän bolsa, onda paýhaslydyrys. Eger biz *boluň* diýleniň öňýanyndkyny berjaý etmeýän bolsak, onda akmakdyrys! Petrusyň tabşyrygy "boluň" diýen söz bilen berlendir.

Resul durmuş ýörelgämiz barada aýdyň aýdýardy. Bu biziň göwnümize degmeli däl, gorkuzmaly ýa-da kemsitmeli däldir. Bize "Onuň buýruklary bolsa agyr däldir" (1 Ýoh. 5:3) diýip wada berlendir. Bu bolsa olary dogrudan-da berjaý edip bolýandygyny aňladýar.

Petrus bu mowzugy birinji hatynyň galan böleginde ýaýbaňlandyrýar we ikinji hatynda mukaddes durmuş ýörelgesinden ýöremegiň nämedigini düşündirýär. Ol bize şeýle tabşyrygy berdi: "Eziz dostlar, janyňyza garşy söweşýän günäli höweslerden gaça duruň diýip ýalbarýaryn. Çünki siz bu dünýäde keseki hem gelmişeksiňiz" (1 Pet. 2:11).

Söweş meýdany – bu biziň aňymyz. Bu biziň pikirlerimiz, duýgularymyz we erkimiz, biz olary elde saklamagy başarmalydyrys. Ähli günäler hut şu ýerde başlanýar. Söweş adatça oňa hiç garaşmaýan wagtymyzda başlanýar. Biz iman etmeýän ýa-da imany gowşak bolan adamlar bilen köp gatnaşan ýagdaýymyzda, bu meýdana aňsatlyk bilen düşýäris. Petrus howpy anyk kesgitläpdi: "Imansyzlaryň arasynda müýnsüz ýaşaň" (1 Pet. 2:12).

Resul imanlylar üçin häkimiýet, iş, nika we beýleki aragatnaşyklar babatda mukaddes ýaşaýşyň nämedigini kesgitledi. Olar bularyň hersi barada aýratynlykda aýdýar. Ýöne şaýatlyk etmegiň iň uly mümkinçiliginiň dogruçyl däl goňşularymyzyň, kärdeşlerimiziň, kursdaşlarymyzyň, aýartyn hem Isa Mesihe iman etmezimizden öň bizi tanaýanlaryň arasynda bolup biljekdigini aýratyn nygtaýar.

Ol şeýle diýýär:

> "Indi bolsa şol öňki butparazlyk edýänler siziň özleri bilen bile azgyn zynahorlyga goşulmaýandygyňyza geň galyp, size sögýärler. Emma dirileriň hem, ölüleriň hem üstünden höküm çykarmaga taýýar duran Hudaýa olar hasabat bererler" (1 Pet. 4:4-5).

Petrus ikinji hatynyň başynda bize şeýle öwüt berýär: "Hudaý tarapyndan çagyrylanlaryň we saýlananlaryň arasyndadygyňyzy subut etmäge yhlas ediň. Şeýle etseňiz, asla imandan dänmersiňiz" (2 Pet. 1:10).

Öz ýagdaýymyzy subut etmek üçin, amal etmeli zatlarymyza şular degişlidir: ahlak ýagdaýymyz, özümize erk edip bilmeklik, sabyr-takatlylyk, berklik, dogruçyllyk, rehimdarlyk we söýgi. Bular nerhemetiň miweleri bolup, biz olary imanymyz arkaly ösdürýändiris. Eger biz bularyň baryny amal etsek, onda biziň: "Rebbimiz we Halasgärimiz Isa Mesihiň ebedi şalygyna girmek hukugymyz" (2 Pet. 1:11) bolar.

Soňra Petrus galp mugallymlaryň peýda bolup, "helákleýji we ýalan taglymatlar getirjekdikleri" (2 Pet. 2:1) babatda duýdurýar. Olar köp diňleýjileri öz tarapyna çekerler: "Köp adamlar olaryň azgynçylykly ýörelgelerine eýererler, şolar sebäpli hakykat ýoluna dil ýetiriler" (ser.: 2-nji aýat). The Message terjimesinde galp mugallymlar barada şeýle diýilýär: "Olar özlerini heläkleýji typançak ýolda goýdular, ýöne ýykylmazlaryndan ozal öz yzlaryna ýagşyny-ýamandan saýgaryp bilmeýän adamalary hem düşürerler. Olar halykat ýoluna dil ýetirerler" (1-2-nji aýatlar, iňlis dilinden terjime).

Bu mugallymlar biziň aramyzda – konferensiýalarymyzda, öý toparlarymyzda peýda bolarlar. Bize şeýle duýduryş berlendir: "Bu adamlar ...öz garynlaryny doýurmak üçin, Rebbi ýatlamak bilen, siziň bilen bir saçakda iýip-içýärler" (Ýah. 1:12, iňlis dilinden terjime, şeýle-de seret: 2 Pet. 2:13).

Olar öz taglymatlaryna hakykaty ýeterlik derejede goýarlar. Şonuň üçin-de, biz iki netijäni göreris.

Birinjiden, adamlar ýagşyny ýamandan saýgarmagy bes ederler. Bizi Hudaýyň ýüreginden uzaklaşdyrýan hereketler adaty, käbir ýagdaýlarda hatda oňat hasaplanar. Hudaýyň Sözüni anyk berjaý we ykrar etmeklik kanunçylyk we höküm edilme diýip hasap ediler.

"Mesihilik" durmuş ýörelgesini ýok etmek bilen birlikde, galp taglymat saýgarmak ukybyny peselder. Adamalary azaşdyrjak hyzmatçylar we mugallymlar ökde wagyzçylar bolup, köp adamlara täsir ederler, olary öz taraplaryna çekerler.

Hudaýyň Sözündäki ähli tabşyryklaryna iň ýokary derejedäki nusgalyk hökmünde garalmasy bes edilenden soň, imanlylaryň köpüsi galp taglymata eýerip, bitabynlyga ýüz urarlar.

Ikinji netije bolsa – Hoş Habar abraýdan düşer. Bu galp mugallymlaryň: *"Olar Begoryň ogly Bilgamyň yzyna eýermek bilen, dogry ýoly terk edip azaşdylar"* (2 Pet. 2:15) diýen ýaly hakykata laýyk gelýän sözleri ulanan ýagdaýynda döräp biler.

Bu mugallymlar öz ýollaryny Isa Mesihiň dogruçyl şägirtleri kimin başlasalar-da, bu ýolda berk durup bilmediler. Şonuň üçin-de, olar mesihilik dilini oňat bilýäler, ýöne öz abraýlarynyň hatyrasyna ylalaşyp bolmajak zatlar bilen ylalaşýarlar.

Petrus eger biz mukaddes ýaşamaga ymtylsak, onda hiç haçan ýykylmajakdygymyz, bu galp mugallymlaryň täsirine düşmejekdigimiz barada aýdýar. Biziň howpsuzlygymyz – mukaddes ýaşamakda. Soňra Petrus bu mugallymlaryň azgyn taglymatynyň we durmuş ýörelgeleriniň toruna düşen pidalary barada ýazýar:

> "Adamlar Rebbimiz hem Halasgärimiz Isa Mesihi tanamak arkaly dünýäniň pisliklerinden gaçyp gutuldylar. Eger olar mundan soňam ýene şunuň ýaly işlere baş goşup, günäniň guly bolsalar, onda olaryň soňky ýagdaýy öňki ýagdaýyndan-da beter bolar. Dogrulyk ýoluny bilenden soň, özlerine tabşyrylan mukaddes buýrugy inkär edeninden bu ýoly asla bilmezlik olar üçin has gowy bolardy" (2 Pet. 2:20, 21).

Bu sarsdyrýan habar kellä sygar ýaly däl, ony gaýta-gaýta gaýtalanyňa degýär. Beýik resul Isa Mesihi öz durmuşlaryna kabul etmek arkaly günäniň penjesinden gutulan adamlar barada aýdýar. Ýöne olar galp taglymaty diňläp, nädogry iman etjekleri üçin ýagşynyýamany saýgarmak ukyplaryny ýitirip, öňki azgynçylyklaryna dolanarlar. Resul olaryň ýagdalarynyň hatda ozalkylaryndan, ýagny Isa Mesihi kabul etmezlerinden ozalky ýagdaýlaryndan-da erbetdigi barada ýazýar. Ol olaryň mukaddes ýaşaýyş baradaky tabşyrygy ret edenlerinden, hakykat ýoluny asla bilmedik bolsalar has oňat bolardy diýip aýdýar. Bu nähili gynandyryjy!

Biz ýene-de mukaddes ýaşaýyş baradaky tabşyrygy – wajyp tabşyrygy görýäris!

## Ýeňip bolmaýan iki güýç

Rebbiň tabşyryklary kyn däl, sebäbi biziň täze tebigatymyz merhemetiň güýji bilen birlikde olary berjaý etmäge ukyply edýär. Ýöne, geliň, realistik bolaly. Biz bu ukyba eýe bolup bilýäris, ýöne söweş meýdanynda mukaddes ýaşamak baradaky tabşyrygy berjaý etmäge bizi näme höweslendirýär? Jogaby: ýeňip bolmaýan iki güýç.

Bir wakanyň mysalynda birinji güýjüň nämededigini düşündirmäge ygtyýar ediň. Men 1980-nji ýyllarda ýaşlaryň çopanykam, her hepde berýän wagzyma taýýarlanýardym. Şonda men Hudaýyň meniň bilen gürleşmek isleýändigini duýamsoň, öz pikirlerimi köşeşdirip, ýüregimde: "Ýohanna 14:15-i oka" diýleni eşitdim. Men Ýohanna 14:15-de näme ýazylandygyny bilmeýärdim, şonuň üçin-de, bu aýady derrew tapdym. Men bu aýadyň meniň kitabymda täze setirden başlanýandygyna üns berdim. Men onda Isa Mesihiň: " Meni söýýän bolsaňyz, buýruklarymy berjaý ediň" diýen sözlerini okadym.

Soňra men on bäşinji aýatdan ýigrimi dördünji aýada çenli okadym. Bu on aýadyň hemmesi on bäşinji aýada degişlidi. Bu parçanyň esasy mowzugy – Isa Mesihiň sözlerini berjaý etmek. Şu aýatlardan men: "Meniň buýruklarymy berjaý etmek bilen, Meni söýýändigiňizi subut edersiňiz" diýen manyny çykardym. Men soňky aýady okap bolanymda, Reb maňa: "Sen düşünmediň. Ýene-de bir gezek oka" diýdi.

Men on aýadyň baryny gaýtadan okadym. Ýene-de: "Meniň buýruklarymy berjaý etmek bilen, Meni söýýändigiňizi subut edersiňiz" diýip düşündim. Men ýene-de Hudaýyň: "Sen düşünmediň. Ýene-de bir gezek oka" diýýänini eşitdim. Meniň bilesigelijiligim artdy. Men on aýady diňe Hudaýyň: "Ýene-de bir gezek oka" diýýänini gaýtadan eşitmek üçin okadym. Men on aýady ýedi-sekiz gezek okanymdan soň, lapykeç bolup başladym.

Men bu aýady örän haýal okamagy niýet edinip, bu gezek olary pyşdylyň tizliginde okadym. Men "eger" diýen sözi okap, ony sesli gaýtaladym we oýlandym. Soňra "siz" diýen söze geçip, ol babatda

hem şeýle etdim. Şunlukda, men diýseň köp wagty sarp edip, tutuş parçany okadym. Ahyrsoňy, on bäş minudrakdan, okap bolan badyma Mukaddes Ruh maňa: “Sen düşünmediň. Ýene-de bir gezek oka” diýdi.

Men ruhdan düşüp: “Reb, meni nadanlygym üçin bagyşla! Men akmak bolmaly. Seniň aýdýanlaryňy görerim ýaly, gözlerimi aç!” diýip gygyrdym.

Men 15-nji aýady gaýtadan okadym: “Meni söýýän bolsaňyz, buýruklarymy berjaý ediň”. “Berjaý ediň” diýen sözüň öňýanynda ýyldyzjygyň goýlanyny gördüm. Men kitabyň ýangyrasynda berlen salgylara seredip, kitabyň has anyk terjimesinde “siz berjaý edersiňiz” diýilýändigi barada okadym.

Açary jümläni täze äheňde okanymda, şuny gördüm: “Eger Meni söýýan bolsaňyz, Meniň tabşyryklarymy berjaý edersiňiz”. Men bu sözleri okanymda, içimde bir zat ýarylan ýaly boldy. Men ahyrda düşündim.

Şonda Hudaý maňa şeýle diýdi: “Jon, Men eger sen Meniň tabşyryklarymy berjaý etseň, Meni söýýändigiňi subut edersiň diýip aýtmadym. Seniň Meni söýüp-söýmeýanligiňi eýýäm bilýärin! Men eger sen Meni jan-tenden söýýän bolsaň, Meniň tabşyryklarymy göwünjeňlik bilen edersiň!”. Men ilkibaşda kanunçylyk nukdaýnazaryndan pikir edipdirin. Täze garaýyş maňa söýgüdäki gatnaşyklaryň esasy zatdygyny görkezdi. Bu gatnaşyklaryň höweslendirmäniň açary bolup durýandyr.

## Yhlasly söýgi

Size bir mysaly getirmäge rugsat ediň. Siz haçan hem bolsa aşyk bolup görüpmidiňiz? Men öz aýalym Liza bilen adaglanan döwrümde oňa jan-tenden aşykdym. Men diňe ol barada oýlanýardym. Men onuň bilen bolmak üçin islendik zady etmäge taýýardym. Birnäçe sagady bile geçirenimiz ýadymda. Soňra biz hoşlaşyp, herimiz öz öýümize gaýtdyk. Biraz wagtdan Liza maňa jaň edip: “Jon, kurtkaň mende galypdyr” diýdi. Men kurtkamy unudanyma diýseň begendim, sebäbi men Lizany ýene-de görüp biljekdim.

Men: “Häziriň özünde baryp alyp gaýtmaly öýdýän!” diýdim. Biziň ikimizde hezil edip güldük. Bu ýene-de birnäçe sagady bile geçirmäge mümkinçilik berdi.

Eger Liza haýsydyr bir zat gerek bolsa, men munuň nähili kyndygyna garamazdan, ony tapmaga jan edýärdim. Ol maňa ýarygije jaň edip: “Ezizim, men doňdurma iýesim gelýär” diýse, men: “Haýsy doňdurmany alaýyn? Men bäş minutdan barýan!” diýerdim. Men onuň islegini ýa haýyşyny bitirmek üçin hemme zada taýýardym. Bu wakanyň asyl manysy – *onuň isleginiň meniň üçin iň lezzetli tabşyryk bolmagydy.*

Meniň Liza bolan joşgunly söýgim sebäpli onuň isleglerini berjaý etmek mümkinçiliklerine begenýärdim. Ol menden her näme sorasa-da, ol meniň üçin ýük däldi. Men onuň isleglerini ony söýýänligimi subut etmek üçin däl-de, ony söýýänligim üçin berjaý edýärdim!

Bu mysal Isa Mesihiň bize aýdýanlaryny bize oňat düşündirýär. Biz Oňa bolan mäkäm söýgimiz sebäpli Onuň isleglerini göwünjeňlik bilen berjaý edýäris. Onuň Sözi bizi çäklendirmeýär, biziň gerşimize ýük bolup inmeýär, tersine, bizi özüne doly maýyl edýän yhlaslylyga öwrülýär.

Indi bolsa birnäçe ýyldan meniň nikama näme bolandygyna garap geçeliň. Men ýygnakda örän köp hyzmat edýärdim we Liza bolan söýgimiň gowşap başlandygyna hatda üns-de bermändirin. Onuň islegi meniň üçin kanun bolmagyny bes edipdi, olar köplenç meniň üçin amatsyz, käwagt bolsa ýük ýaly bolup görünýärdi. Men bütinleý başga garaýyş bilen hyzmat etmäge başladym. Men onuň isleglerini ozalkym ýaly göwünjeňlik bilen etmegi bes etdim. Men indi: “Doňdurmanyň nähili görnüşini isleýärsiň? Ine, bir minutdan barýaryn!” diýmän, oňa: “Sen şu wagt çynyň bilen aýdýaňmy? Ezizim, işim depämden agdyk!” diýýärdim. Men onuň bilen bile wagt geçirmäge ymtylmaýardym. Men onuň bilen diňe zerur bolan wagty bile geçirýärdim. Meniň yhlasly söýgim indi işim boldy.

Isa Mesihiň ýygnaga aýdýanlaryny diňläň:

> “Men seniň ähli edenleriňi, şol sanda zähmet çekendigiňi, gaýratlydygyňy bilýärin...Emma sende oňlamaýan bir zadym bar: sen ilkibaşdaky

> söýgiňi unutdyň. Şonuň üçin, haýsy belentlikden ýykylanyňy ýadyňa sal! Toba et-de, ilkibaşda eden işleriňi amal et!..." (Aýan. 2:2,4,5).

Isa Mesihiň aýdanlaryna ýene bir gezek göz aýlaň: "Men seniň ähli edenleriňi...bilýärin. Toba et-de, ilkibaşda *eden işleriňi* amal et!". Gürrüňi edilýän işleriň iki görnüşi bar. Olaryň birinjisi ýygnagyň Isa Mesihe bolan yhlasly söýgüsinden ylhamlanýar. Olar meniň: "Doňdurmanyň haýsy görnüşini halaýaň? Ine, bir minutdan bardym" diýen gatnaşygymdan tapawutlanmaýar. Indi bolsa ýygnak borçly bolansoň zähmet çekýär, onuň garaýşy: "Sen şu wagt çynyň bilen aýdýaňmy? Ezizim, işim depämden agdyk!" diýen garaýşymdam hiç tapawudy ýok. Isa Mesih babatda bu şeýle ýaňlanýar: biz aşyk bolanymyzda, Onuň üçin islendik zady etmäge taýýar. Soňra söýgimiz gowşaýar, tabynlyk borja öwrülýär.

Bu ýetmezçiligi nädip düzedip bolýar? Onuň bilen Sözünde, dilegde we sežde etmekde köpden-köp wagty geçirmek arkaly düzedip bolýar. Öz pikirleriňi diňe ýygnaga ýa-da irdenki dilege we Sözi okamaga däl-de, eýsem Oňa, ýagny uzakly günüň dowamynda Onuň huzuryny dyngysyz bilmeklige gönükdirmelidir. Şeýle-de biz Mukaddes Ruha – biziň Hemramyza ýüregimizi günde Hudaýyň söýgüsinden doldurmagyny haýyş etmelidiris. (ser.: Rim. 5:5).

Hudaýy juda artyk söýüp bolmaýar, söýgi bilen birlikde Oňa bolan yhlas hem artar. Unutmaň: "...söýgi bolsa asla tükenmez" (1Kor.13:8).

## Mukaddes gorky

Ýene bir höweslendiriji güýç – dogruçyl gorky. Pawlus bizi mukaddeslik ýörelgesinde saklamak üçin, bu päk ahlaklylyk barada anyk aýdýar:

> "...bedenimizi we ruhumyzy murdar edýän ähli zatdan tämizläliň. Hudaýdan gorkup, bütinleý mukaddes bolmaga ymtylalyň" (2 Kor. 7:1).

Mukaddeslik Hudaýdan gorkmaklykda ösýändir. Bu ýeke-täk hakykat Täze Ähtiň başyndan ahyryna çenli görünýär.

Pawlus başga ýygnaga şeýle ýazýar: "...Hudaýyň huzurynda gorka we galpylda gaplanyp, halas bolmak üçin ýagşy işleri amal ediň" (Fil. 2:12). Hudaýyň tabşyryklaryny tabynlyk bilen berjaý etmek üçin hormat, galpyldy we mukaddes gorky gerekdir. Mukaddes ýaşamak baradaky tabşyrygy berjaý etmek barada Petrus şeýle ýazýar: "...bu dünýädäki wagtlaýyn döwrüňizi Hudaýdan gorkup geçiriň" (1 Pet. 1:17).

Ýewreýlere hatyň awtory bizi mukaddeslige şeýle sözler bilen çagyrýar: " Şonuň üçin hem yranmaz patyşalyga gowşandygymyz üçin şükür edeliň. Hudaýy hoşnut etmek üçin Oňa tabynlyk hem gorky bilen sežde edeliň" (Ýewr. 12:28).

Hudaýdan gorkup ýaşamak zerurlygy köp adamlary aljyradýar. Eýsem biz gorkudan azat bolmadykmy näme? Bu söz indi söz baýlygymyzda nähili orny eýeleýär?

Hudaý – bu söýgi. Ol biziň Kakamyz. Ýöne sonda-da gorky barada aýtmak wajypdyr, sebäbi ol barada Täze Ähtde köp aýdylýar.

Käbir adamlar mukaddes gorkynyň ähmiýetini peseldip: "Bu diňe Hudaýa sežde etmeklige degişlidir" diýýärler. Maňa muny günleriň birinde Günorta Afrikadaky konferensida çykyş etmäge taýýarlyk görýärkäm, bütin dünýäde tanalýan mugallym aýtdy. Şonda men ondan: "Eger gürrüň diňe sežde etmek barada bolsa, Pawlus näme üçin Täze Ähtde dört gezek gorky we galpyldy barada aýdýarka?" Galpyldy sežde etmekden has uludyr.

Stronguň sözlüginde grek *tromos* (galpyldy) sözüniň ýeke-täk kesgitlemesi – "gorkudan galpyldamak, titremek". Şeýle-de bu sözde çuňňur hormatlamagyň we sagdyn gorkynyň äheňleri bar. Bu bolsa biziň sežde etmek babatdaky adaty düşünjämizden bütinleý tapawutlanýar.

Bu sözüň manysy babatda siz şuny eşitmegiňiz ahmal: "Bu Köne Äht taglymaty. Bize Hudaýdan gorkmak gerek däl, sebäbi Ol bize gorky ruhuny däl-de söýgi ruhuny berdi". Muny diýýän adamlar gorky ruhuny Hudaýdan gorkmaklyk bilen bulaşdyrýarlar.

Musa pygamber ysraýyl halkyny Sinaý dagyna alyp baranda, Hudaý olara Öz huzuryny aýan etmekçi boldy. Halk mundan eýmenip, Musanyň Hudaýa ýalbarmagyny we Özüni, şan-şöhratyny halka görkezmezligini haýyş etdiler. Musanyň halka näme jogap berenini okaň:

> "Gorkmaň, çünki Hudaý sizi synamak üçin we Ondan gorkup, günä etmezligiňiz üçin geldi" (Müs. 20:20).

Musa pygamber öz sözlerine özi garşy çykýan ýaly görünýär: "Gorkmaň...Hudaý Ondan gorkup, günä etmezligiňiz üçin geldi". Emma ol Hudaýdan eýmenmeklik bilen Rebden gorkmagyň tapawudyny bilýärdi. Bu ikisiniň arasynda uly tapawut bar. Hudaý näme üçin biziň ondan gorkmagymyzy isleýärkä? Öz gorkýan adamyň bilen ýakyn gatnaşyk saklamak kyn, Hudaý bolsa biziň bilen örän ýakyndan gatnaşmak isleýär.

Hudaýdan eýmenýän adamyň Ondan gizleýän zady bolýar, şonuň üçin-de ol Ondan gorkar. Adam ata bilen How ene günä edenlerinden soň ilkinji eden hereketleri – Onuň huzuryndan bukuldylar (ser.: Gel. 3:8). Başga bir tarapdan bolsa, Hudaýdan gorkusy bolan adamyň bukara zady ýok, tersine, ol Hudaýdan aýrylmakdan, Ony ýitirmekden gorkar!

Şonuň üçin-de, Rebden gorkmaklygyň ilkinji derejeli kesgitlemesi – Hudaýdan jyda düşmeklik, Ondan aýrylmaklyk gorkusy. Hudaýdan gorkmaklyk – Ony jan-tenden söýmeklik. Biz Ony hemmelerden we hemme zatdan ileri tutýarys, çäksiz hormatlaýarys, gadyryny bilýäris.

Mukaddes gorky Hudaýa Onuň mynasyp bolan şöhrat ornuny berýär. Biz çuňňur hormatdan ýaňa Onuň öňünde galpyldaýarys we sandyraýarys. Biz Onuň ýüregine berk baglanýarys, Onuň isleglerini beýleki islegleriň ählisinden, şol sanda öz isleglerimizden-de ileri tutýarys. Biz Onuň söýýän zatlaryny söýýäris, ýigrenýänlerini ýigrenýäris. Onuň üçin ähmiýetli bolan zatlar biziň üçin hem şeýle bolýar. Şu sebäpden şeýle ýazylgydyr: "Rebden gorkmak ýamanlygy ýigrenmekdir" (Sül. 8:13). Müsürden çykyş kitabynda Rebden

gorkmaklygyň bizi günäden saklaýandygy barada aýdylýar. Şu manyda Süleýmanyň pähimlerinde hem şeýle ýazylgy: “Rebden gorkmak ýamanlykdan sowýar” (Sül.: 16:6). Pawlus hem bize Hudaýdan gorkmaklygyň bize günäden uzaklaşmaga ýardam berýändigi barada ýazýar (2 Kor. 7:1).

Men bir tanymal hoş habarçyny türmede soramaga baranymda Mukaddes Kitapdan alnan bu aýatlar meniň üçin hakykata öwrüldi. 1980-nji ýyllarda ol dünýäde iň tanymal hyzmatçydy. Onuň günäsi – biziň hökümetimize garşy jenaýat edenliginden ybaratdy. Mundan başga-da, ol zyna edipdi.

Bu adam tussaglykda bäş ýyl geçiripdi, ýöne tussaglygynyň başynda Isa Mesih bilen duşuşygy başdan geçiripdi. Bu duşuşyk onuň durmuşyny düýbünden özgerdipdi. Meniň kitaplarymyň biri onuň ýüregine jüňk bolany üçin, menden onuň ýanyna barmagymy haýyş edipdi.

Türmedäki şol duşuşygy ömrümde unutmaryn. Ol meni bir minup çemesi gujaklap durdy, onuň gözleri gözýaşdan doludy. Soňra ol meniň çignimden tutdy-da, janygyp: “Sen şu kitaby özüň ýazdyňmy ýada ol diňe seniň adyň bilen çapdan çykdy?” diýip sorady.

“Ýok, jenap, ony boýdan-başa men ýazdym”.

Ol tolgunyp: “Gürrüň etmeli zatlarymyz örän köp, biziň bolsa bary-ýogy togsan minudymyz bar”. Ol ýerine geçip oturdy-da öz wakasyny gürrüň berdi.

Onuň gürrüňinde şeýle jümle ýaňlandy: “Jon, men türmä Hudaýyň jezasy zerarly düşmedim. Men bu ýere Onuň merhemeti sebäpli düşdim, sebäbi men ozalkym ýaly ýaşan bolsadym, onda ebedilik dowzaha düşerdim”. Onuň sözleri we ak ýürekden boýun almagy, pespälligi meni örän haýran galdyrdy.

Takmynan ýigrimi minutdan özüme ynjalyk bermeýän soragy oňa berdim. Men onuň öz hyzmatynyň başynda Isa Mesihi jan-dilden söýendigini we Hudaýa yhlas bilen hyzmat edendigini bilýärdim. Men onuň öz yhlasyny nädip ýitirendigini bilesim gelýärdi.

Men ahyrda ondan: “Sen Isa Mesihe bolan söýgiňi haçan ýitirdiň? Haýsy pursatda?” diýip soradym. Men hyzmatçy hökmünde Rebbe bolan söýginiň gowşamagynyň we sowamagynyň alamatlaryny bilesim gelýärdi.

Ol: “Men ony ýitirmedim” diýip ynamly gürledi.

Men onuň jogabyna geň galyp, birhili boldum. Ol nädip beýle diýip bilýärkä?

Men oňa pert-pert gürläp: “Sen näme diýjek bolýaň? Sen zyna etdiň, galplyk etdiň we türmä düşdüň. Sen neneň edip Isa Mesihi söýmegi bes etmändigiňi aýdyp bilýäň?” diýdim.

Ol ýene-de meniň gözlerime dikanlap seredip, hiç bir ikirjiňlenmän: “Jon, men Isa Mesihi hemişe söýýärdim”.

Men dymyp durdum. Ýüzümiň güýçli aljyraňňylygy bildirýändigini men anyk bilýärdim. Soňra ol şeýle diýdi: “Jon, men Isa Mesihi söýýärdim, ýöne Ondan gorkmaýardym”.

Birnäçe wagtlap ara dymyşlyk düşdi. Ol öz sözleriniň aňa ýetmegi üçin biraz sägindi. Meni dürli duýgular gaplap aldy. Soňra ol dymyşlygy bozup, gaýgyly ses bilen şeýle diýdi: “Jon, millionlarça amerikanlar men ýaly ýaşaýarlar. Olar Isa Mesihi söýýärler, ýöne Ondan gorkmaýarlar”.

## Toslanan Isa Mesih

Meniň üçin ykrar ediji pursat ýetip geldi, sebäbi bu duşuşyk meni has köp jogaplary bilmäge teşne etdi. Hudaýy söýýän adam neneň edip dyngysyz günä, hatda günäni artdyrýan hereketleri edip bilýärkä? Hudaýy söýýän millionlarça adamlar neneň edip günä üçinde ýaşap bilýärkä? Olar Hudaýy şöhratlandyrýarlar, ýygnagyň durmuşyna işjeň gatnaşýarlar. Hudaýdan bolan zatlary jan-tenden isleýärler, ýöne şular bilen birlikde bitertip durmuşda ýaşaýarlar, pornografiýa seredýärler, dyngysyz ýalan aldaýarlar, çendenaşa köp içýärler, sebäpsiz ýere aýrylyşýarlar – bular heniz hem doly sanaw

däl. Olar Isa Mesihi şol hyzmatçynyň söýşi ýaly söýýärler, olar näme üçin Onuň sözlerini berjaý etmeýärlerkä? Isa Mesih eger Ony söýen bolsadyk, onda Oňa gulak asmaga gujur-gaýrat tapardyk diýip aýdypdy. Bu ýerde näme ýetmeýärkä?

Olaryň öz tanamaýanlaryny söýmegi aslynda mümkin zatmyka? Bu hoş habarçynyň we onuň wagyz eden birtopar adamyň özleri üçin Isa Mesihiň toslama keşbini – hakyky Isa Mesihe bütinleý meňzemeýän keşbini döretmekleri mümkin zatmyka? Bu toslanan Isa Mesihiň olaryň ten tebigatynyň isleýän zatlaryny bermegi mümkin zatmyka?

Göz öňüne getirip görüň: biziň ýurdumyzda meşhur türgenleriň we Golliwud ýyldyzlarynyň durmuşyny synlaýan we oňa tomaşa edýän adamlar köp. Olaryň atlaryny hemmeler bilýär, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly olaryň şahsy durmuşlaryny dürli taraplardan görkezýärler. Men olaryň muşdaklarynyň bu meşhur adamlar barada edil öz dost-ýarlary barada aýdýan ýaly gürleýändiklerini bilýärin. Men adamlaryň bu meşhur ýyldyzlaryň maşgala kynçylyklaryny edil özleriniňki ýaly kabul edýändiklerini görýärin, olaryň gynanan ýagdaýlarynda edil bir maşgala agzalary kimin gynançlaryny paýlaşýarlar.

Ýöne şonda-da, eger bu muşdaklar öz "dostuna" köçede duşaýsa, ol salamlaşmak üçin hatda başynam atmaz. Eger olar öz dostlaryny saklap, gürleşseler, onuň pikir edişleri ýaly däl-de, bütinleý başga adamdygyny görerler. Netije: toslama gatnaşyklar.

Ysraýyl hem Müsürden çykandan soň şeýle etdi. Musa pygamber daga galyp, ol ýerde kyrk gije-gündiz bolanda, Hudaý dymdy. Ol muny Musa üçin däl-de, halk üçin edipdi. Bu dymyşlyk pursadynda Hudaýyň huzuryndan uzak bolan Harun we liderler öz ten isleglerine, höweslerine laýyk gelýän "hudaýy" ýasamaga başladylar.

Köp ýyllaryň dowamynda men bu wakada haýsydyr bir wajyp zady görmändim, sebäbi men iwrit dilinde okap bilmeýärin, Harun ýasan göle butuny Ýhwh, ýa-da Iýegowa, ýagny Hudaýyň ady bilen

atlandyrdy (ser.: Müs. 32:5). Mukaddes Ýazgylaryň başga hiç bir ýerinde bu adyň galp hudaýa ýa-da buta dakylan ýeri ýokdur. Bu at ýewreý awtorlary juda mukaddes bolany üçin, olar bu sözi diňe çekimsiz sesler bilen ýazýarlar. (Biz bu ady Ýahwe diýip ýazýarys we aýdýarys.)

Diňe Harun hem däl. Halk bu göle butuna sežde edip: “Eý, Ysraýyl, ine, sizi Müsürden çykaran *elohim* şudur” diýdi (ser.: Müs. 32:4,8). Bu ýewreý sözi Gelip çykyş kitabynyň birinji babynyň özünde 32 gezek ulanylýar. Mukaddes Kitabyň birinji aýadynda: “Başda *Elohim* gögi we ýeri ýaratdy” diýip ýazylgy.

Ýahwe sözünden tapawutlylykda bu söz ýagdaýlaryň 90%-de Gudratygüýçli Hudaý diýen manyda ulanylandyr. Galan 10%-de bolsa galp hudaýlary suratlandyrmak üçin ulanylandyr. Harun göle butuny Ýahwe diýip atlandyrany üçin, biz adamlaryň iki ýagdaýy tapawutlandyrman, şol bir zat barada gürländiklerini batyrgaýlyk bilen çaklap bilýäris.

Gepiň tümmek ýeri-de, ine, şundadyr: tutuş halk Ýahwäniň olary halas edendigini, gulçulykdan azat edendigini we ähli zatlar bilen üpjün edndigini boýun alýar. Emma olar toslama Ýahwäni oýlap tapdylar, ol Musa bilen dagda gürleşen Ýahweden bütinleý tapawutlanýardy.

Şeýle ýazylgydyr: “Bilimiň başlangyjy — Rebden gorkmaklyk” (Sül. 1:7). Şuny soramak gerek: haýsy bilimiň? Mukaddes Ýazgylary bilmeklik däl, sebäbi Töwrat mugallymlary we fariseýler Mukaddes Ýazgylary oňat bilýärdiler, ýöne Hudaýyň huzuryndan uzakdadylar, olaryň Hudaýy hoşnut etmäge ymtylmaýardylar. Onda bize nähili bilim gerekkä? Munuň jogabyny Süleýmanyň pähimler kitabyndan (2:5) tapyp bileris: “Rebden gorkmaklyga akyl ýetirip, Hudaýy *tanamagy* başararsyň”.

Size şulary aýtmaga rugsat ediň: dogry gorky arkaly siz Hudaýy ýakyndan tanaýarsyňyz. Siz hakyky Hudaýy – toslanan däl-de, ha-

kyky Isa Mesihi tanaýarsyňyz. Pawlus korintoslylary ýazgaryp, şeýle diýýär: "Çünki kimdir biri gelip, biziň wagyz edenimizden *başga* Isany wagyz edende, siz oňa geçirimlilik edýäňiz-ä! Wah, siz kabul eden Mukaddes Ruhuňyzdan başga bir ruhy ýa-da başga «hoş habary» kabul etmäge-de taýýar ahyryn!" (2 Kor. 11:4).

Meniň ýokdarda agzan teleýaýlymlarda çykyş eden meşhur hoş habarçym we beýleki adamlaryň köpüsi Hudaýyň sagynda oturan Isa Mesihi söýmeýärler. Olar toslanan Isany, ýagny olaryň isleýän durmuş ýörelgesine üns bermeýän, hatda ony oňlaýany söýýärler. Bu adamlar ýa hakyky Isa Mesihi hiç haçan tanamandylar, ýa-da Onuň bilen gatnaşykdan ýüz öwren bolmaly. Onuň bilen gatnaşmakdan ýüz öwrülen ýagdaýy iki dostuň gatnaşygyny ýatladýar. Olar dürli ýollary saýlap, birnäçe ýyl geçenden soň garaýyşlarynyň ozalkylary ýaly däl-de, biri-birinden tapawutlanýandyklaryny görýärler. Toslanan Isa bolan söýgi hakyky Isa Mesihiň aýdan tabşyryklaryny berjaý etmäge gujur-gaýrat bermez. Aslynda, tanamaýanyňy söýmek-de kyndyr.

Hudaýdan bolan mukaddes gorky bolmasa, biz hakyky Hudaýy tanap bilmeris. Musa pygamber Ony ýakyndan tanaýardy. Ol Hudaýyň sesini aýdyň eşidýärdi we Onuň ýollaryna düşünýärdi. Ysraýyl halky bolsa Hudaýy diňe Onuň işleri – doga-dileglerine berýän jogaplary arkaly tanaýardy. Ysraýyl halky üçin Hudaýyň sesi gök gümmürdisi kimindi. Musa pygambere bolsa ýakynynda – Onuň huzurynda bolmaga rugsat edilendi. Ysraýyl halkyna öz çadyrlaryna dolanyp, ýygnak oýnamalydyklary barada aýdyldy (ser.: Kan. 5:29,30).

## Mukaddes gorkudan nädip dolmaly?

Iň wajyp sorag ýüze çykýar: biz mukaddes gorkudan nädip dolmaly? Muny Hudaýdan soramaly, ýöne muny tüýs ýürekden islemelidir.

Isa Mesih şeýle diýýär: "Şeýlelikde, siz erbet bolubam öz çagalaryňyza oňat peşgeşler bermegi bilýän bolsaňyz, onda gökdäki Ataňyz Özünden dileýänlere Mukaddes Ruhy has-da köp bermezmi?" (Luk. 11:13).

Siziň: “Eýsem Isa Mesih bärde Hudaýdan bolan gorky barada däl-de, Mukaddes Ruh barada aýtmaýarmy näme?” diýmegiňiz mümkin. Işaýa pygamberiň Isa Mesih we Mukaddes Ruh barada aýdanlaryny okaň:

> “Ýyşaýyň kötüginden bir pudak çykar, kökünden gögeren Şaha miwe berer. Rebbiň Ruhy: danalyk hem paýhas, maslahat hem güýç-gudrat, Rebbi bilmek hem Ondan gorkmak *Ruhy* Onuň üstünde bolar. Ol *Rebden gorkmakdan* lezzet alar, görşüne görä höküm çykarmaz Ol, eşidişine görä karar çykarmaz” (Işa. 11:1-3).

Hudaýyň Ruhunyň şu sanawynda *Rebden gorkmaklyk* iň soňky bolup dur. Meniň pikirimçe bu biziň soramaly zatlarymyzyň iň wajybydyr. Men iki sebäbe görä şeýle pikir edýärin. Birinjiden, bize Rebden gorkmaklyk – danalygyň we paýhasyň, geňeşiň we güýjüň başlangyjydygy barada aýdylandyr (ser.: Zeb. 110:10; Sül. 1:7; 8-9). Ikinjiden we iň ynandyryjysy – Isa Mesih *Rebden gorkmakdan* lezzet alar. Eger bu Isa Mesih üçin lezzetli bolan bolsa, biziň üçin hem şeýle bolmaly dälmi näme? Aslynda, Isa Mesihiň haýyşy Hudaýdan heder edendigi üçin hasyl bolandygy barada ýazylgydyr (ser.: Ýew. 5:7). Dileg etmek bir zat, Hudaý tarapyndan eşidilmek – başga zat.

Rebden gorkmaklyk we Rebbiň söýgüsi – Onuň söýgüsinden dolmaklygyň önümleri bolup durýandyr, sebäbi Pawlus şeýle ýazýar: “Şeýle umyt bizi utandyrmaz, sebäbi berlen Mukaddes Ruh arkaly ýüregimiz Hudaýyň söýgüsinden dolup-daşýar” (Rim. 5:5). Şonuň üçin-de, sizi Rebden gorkmaklykdan we Hudaýyň söýgüsinden dolmaklygy tüýs ýürekden dilemegä çagyrýaryn.

## Hapa gaplar

Indi biz giňden ýaýran krizise golaýladyk, XXI asyryň ýygnagynyň çynlakaý bir ýetmezçiligi bar. Onuň gaplary, ýöne bir gaplary hem däl, arassa gaplary, Hudaýyň Öz Ruhuny guýup biljek gaplary ýetmezçilik edýär. Geliň, Pawlusyň ýer ýüzünde ýaşan döwründe ýazan iň soňky sözlerine gaýtadan okalyň. Ol batyrgaýlyk bilen şeýle diýýär:

> “Emma her niçik bolsa-da, Hudaýyň tutan binýady berk durandyr. Bu binýat ‘Reb Özüniňkileri tanaýandyr’, ‘Rebbiň adyny ykrar edýän her kes ýamanlykdan uzakda dursun’ diýen sözler bilen möhürlenendir” (2 Tim. 2:19).

Pawlus bizi – ýygnak we aýratyn adamlar hökmünde berk edýän zatlar barada aýdýar. Ol biziň binýadymyzda ýazylan iki jümläni aýratyn nygtaýar. Mukaddes Kitabyň King James Version terjimesinde “möhür”, The Message terjimesinde bolsa “oýulyp ýazylan” diýen sözler bilen alnypdyr.

Birinjiden, Hudaý Özüniňkileri tanaýar. Bu köşeşdirýän ýagdaý. Biz özümizi Oňa bagyş eden pursadymyzdan, Ol bizi unutmaýar. Biz Onuň gözüniň görejine öwrülýäris.

Binýatda oýulyp ýazylan ikinji jümle şeýledir: “Rebbiň adyny ykrar edýän her kes ýamanlykdan uzakda dursun”. Görşümiz ýaly, bärde buýruk işligi ulanylan, “uzakda durup biler” diýilmändir, “dursun” diýip buýrulýar. Bu gaty güýçli söz, ol nädogry ýörelgeden sowulmagyň näderejede wajypdygyny aňladýar. Näme üçin? Munuň jogabyny indiki iki aýatdan bilip bolar:

> “Uly hojalykdaky gaplaryň ählisi altyndan we kümüşden däldir. Olaryň arasynda agaçdan, toýundan ýasalanlary hem bardyr. Olaryň käbiri dabaraly, käbiri bolsa adaty maksatlar üçin ulanylýandyr. Imanlylar babatda hem şeýle: özüni her tüýsli ýamanlykdan saklaýan imanly ýörite saýlanylyp, Hojaýyny üçin ýaramly gap kimin bolar. Ol islendik ýagşy işler üçin taýýardyr” (2 Tim. 2:20-21).

Grekçe “gap-çanak” sözi gaplary ýa-da konteýnerleri aňladýar. Eger biz gap hökmünde arassa bolsak, onda Hojaýynyň işi üçin ýaramlydyrys. Biz Onuň güýçli huzuryndan dolmaga ýaramlydyrys.

Men dünýäniň haýsy şäherindedigime garamazdan, her gün ertirlik başynda şol bir tagamlary iýip-içýärin. Men ilki bilen limon şiresi garylan mylaýym suwy içýärin, soňra žasmin çaýyny içýärin, on bäş

minutdan badam süýdüne we arassa klýon şiresine garylan, çig, zygyr we kenep çigitleri goşulan süle ýarmasyny iýýärin. Ertirlik nahar üçin maňa gap-çanak: çaý üçin käse, suw üçin stakan we çuň tarelka gerek. Men hiç haçan hapa käsäni, stakany, tarelkany ulanamok. Men elmydama arassa gap-gaçlary alýaryn. Eger gap-gaç hapa bolsa, onda ol öz içine salynjak hatda iň oňat zatlary-da zýalap bilýär. Onsoň Hudaý näme üçin Öz Ruhuny hapa gaplara guýmalymyş?

Pawlusyň sözlerine laýyklykda, biz özümizi arassalamaga, päklemäge borçludyrys. Ol: "Isa Mesihiň gany bizi geçmişdäki, häzirki we gelejekki günälerden päkleýär, şonuň üçin-de, şindiki edýän günäňiz babatda aladalanmaň, sebäbi siz gorag astyndadysyňyz" diýmeýär. Tersine, ol şeýle diýýär: "Şonuň üçin-de, özüni her tüýsli [ýamanlykdan, hapa, ýokanç we erbet täsir edýän gatnaşyklardan] saklaýan imanly ýörite saýlanylyp, Hojaýyny üçin ýaramly gap kimin bolar. Ol islendik ýagşy işler üçin taýýardyr" (21-nji aýat, iňlis dilinden giňişleýin terjime edilen).

Biz özümizi arassalamaly, päklemeli. Nokat. Pawlus bärde biziň Isa Mesih arkaly Onda edinen ornumyz barada aýdanok. Ol biziň hereketlerimiz barada aýdýar. Şu sözleri ýene-de bir gezek okaň: "Özüni her tüýsli ýamanlykdan saklaýan imanly ýörite saýlanylyp, Hojaýyny üçin ýaramly gap kimin bolar". Biz ýene-de bir gezek Hudaýyň huzurynyň, Onuň Ruhunyň hapa gaba däl-de, arassa gaba guýuljakdygyny görýäris.

## Netijeleri

Bize bikanunlygyň (Hudaýa bitabynlyk) – syrdygy we onuň jemgyýetimizde hereket edýändigi barada aýdylandyr. Ýöne Hoş Habar şu bikanunlygy jylawlap bolýanlygyndan ybaratdyr:

> "Bikanunlyk eýýäm assyrynlyk bilen hereket edýär, ýöne ilki ony Bökdeýän aradan aýrylmalydyr" (2 Sel. 2:7).

Biz bu bikanlylygy Kimiň bökdeýändigini bilmelidiris. Munuň jogaby ýeke-täk: ýa Mukaddes Ruh, ýa-da Isa Mesihiň Bedeni. Terjimeçiler bu Mukaddes Ruh baradadyr diýip pikir edýärler, sebäbi olar ony baş harpdan ýazypdyrlar. Olar mamla diýeli.

Şindi, şu kitaby ýazýarkam, men elli ýaşdan geçen adam. Men bikanunçylygyň ýurdumyzda şeýle möwjän döwrüni ömrümde görmändim. Men hökümediň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň we jemgyýetiň azgyn hereketleri şeýle erjellik bilen oňat hasaplanlaryny heniz görmändim. Ýöne munuň sebäbi bar. Bökdeýän güýç – Mukaddes Ruh. Ol biziň häzirki jemgyýetimizde agalyk sürenok. XXI asyryň birinji ýarymynda Günbatarda Hudaýyň huzury gitdigiçe azalýar.

Bu näme üçin beýle bolýar? Eger biz özgermegi nygtamaýan Hoş Habary wagyz etsek, arassa gaplaryň ýetmezçiligine uçrarys, bu bolsa öz gezeginde Hudaýyň ýerdäki huzuryny azaldar. Ýadyňyzdamy, Isa Mesih haçda jan berende, ybadathanadaky tuty ýokarsyndan aşagyna çenli ýyrtylypdy. Hudaýyň Ruhy bada-bat el bilen ýasalan gaplardan elde ýasalmadyk gaplara – erkekler bilen aýallaryň ýüreklerine guýulmalydy.

Hudaýyň Ruhy ybadathanadan Günüň ýaşmagyna, agaja, owadan gurşawa, aýdyma, kino ýa-da islendik başga maglumatlary ýetiriş serişdesine geçmedi. Ol etden we gandan bolan gaplara geçdi. Eger bu gaplar hapa bolsa, Hudaýyň jemgyýetdäki huzury azalýar, netijede bolsa bikanunçylygyň bökdelmesi peselýär.

Biz bu okgunly erbetleşmäni parlamente oňat dalaşgärleri saýlamak üçin ses bermek, ýa hökümetimize garşy çykyş etmek, ýa uly korporasiýalaryň işgärlerini işden boşatmak, ýa çaga düşürilýän ýerlerde çykyşlar gurnamak ýa-da başga bir hereketler arkaly düzedip bilmeýäris. Bikanunçylyk bilen göreşmegimiziň ýeke-täk usuly – merhemet arkaly Hudaýyň güýjüne tabyn bolup, dogruçyl durmuşda ýaşamak. Şeýdip, jemgyýetimizde Mukaddes Ruhuň sesi we täsiri güýçlener.

Hakyky mukaddeslik baradaky wagyzlaryň ýetmezçiligi bize – ýekelikde we tutuş jemgyýetimize, ýurdumyza juda gymmat baha düşdi. Biz muny üýtgedip bilýäris! Eý, çopanlar, liderler we Hudaýyň tutuş halky – geliň, Hudaýyň Mukaddes Ýazgylardaky tutuş Sözüni ykrar edip, berk duralyň. Geliň, öz täsirimizdäki adamlarymyzyň durmuşynda berk binýatlary we çäkleri bina edeliň. Geliň, Hudaýyň Şalygy üçin janlary halas edýän Mukaddes Ruhuň böwetleýiş güýji arkaly jemgyýetimizde bikanunçylyga ýol berilmeýändigini göreliň.

14

# BIZIŇ PARAMETRLERIMIZ

Özüne berlen zatlary oňat ulananlara
ýene-de berler, öňküden-de köp berler,
olardaky bol bolar.
— Matta 25:29 (NLT, iňlis dilinden terjime.)

Esasy zat meniň ukyplylygym däl-de,
Hudaýyň ukyplylygyna bolan jogabymdyr.
— Kori Ten Bum

Geliň, jaý gurmagyň mysalyna dolanalyň. Biz ilki bilen binýady gurmalydygyny, ýagny öz durmuşymyzda Isa Mesihiň hökmürowanlygyny berkarar etmelidigimiz barada gürrüň edipdik. Gurluşygyň indiki ädimi karkas ýa-da jaýyň strukturasy, ýagny biziň mukaddeslenmigizdir. Indi bolsa gurluşygyň jemleýji tapgyryna geçeliň. Gurluşygyň bu tapgyry işimiziň ajaýyplylygyny kesgitleýär. Ol hasyllylygy, arzuwlary, meýilnamalary, streteigiýalary we durmuşy çözgütleri öz içine alýar.

Pawlus şeýle ýazýar:

> "Sebäbi Hudaý bizi Isa Mesih arkaly ýaratdy. Ol bizi owaldan taýýarlap goýan ýagşy işlerini etmegimiz üçin ýaratdy" (Efes. 2:10).

Biz Isa Mesih arkaly diňe Hudaýyň perzentleri bolmak üçin ýaradylman, eýsem Şalygyň önjeýli raýatlary bolmak üçin ýaradylandyrys.

Jaý gurluşygynyň şu tapgyryndaky gapylary oturtma, parketi, plitkalary goýma, mermer stollary ýasama, reňkleme we iň soňunda çy-

radanlary, çyralary asmaklyk gurluşygy tamamlaýar. Eger gurluşygyň ilkinji iki tapgyryndaky işleriň hili oňat edilen bolsa, soňky tapgyryň netijeleri owadan görnüp, uzak wagtlaýyn hyzmat eder.

Biz durmuşymyzda göräýmege oňat çözgütleri edýäris, emma olar köplenç Hudaýyň bize taýýarlan zatlarynyň arasynda iň gowusy däl bolup çykýar. Käwagt biz saýlawymyzyň çäklidigini duýýarys. Ybraýym bilen Sara perzentsizlik meselesiniň çözmek üçin, Ybraýymyň Saranyň hyzmatkäri Hajara ýanaşmakdan başga çözgüdi görmediler. Şeýle çözgüdiň netijesinde Ysmaýyl dünýä indi. Emma muňa garamazdan, Hudaýyň Sözi aýdyňlyk bilen şeýle diýýär: “Gyrnagyň ogly azat aýaldan doglan ogul bilen mirasy paýlaşmaz” (Gal. 4:30). Bu ýagdaýda Hudaý Ybraýym bilen Saranyň çözgüdiniň günäsini ýuwdy, ýöne bu Onuň hemişe şeýle edýändigini aňlatmaýar. Nädogry çözgütler we ýodalar bizi köplenç iň ýokary derejeli potensialdan mahrum edýärler.

Köne Ähtde munuň mysallary köp. Olaryň biri – Şawul halkyň çetleşmesine çydaman, Şamuwel pygamberiň gelerine garaşmady-da, ýakma gurbanlygy özi berdi. Bu çözgüdiň günäsi ýuwulmady we Şawul şalyk tagtyny ýitirdi (1 Şam. 13-nji bap).

Wajyp çözgütleriň nähili kabul edilýändigini iş ýüzünde göreliň.

Siz gezelenje gidýärsiňiz diýeli. Gezelenjiň dowamynda siz bir ýodany görýärsiňiz. Turistleriň köpüsi şol ýodadan ýöränsoňlar, siz hem oňa gadam basýaňyz. Emma siziň bilen tejribeli ýolbelet gitse, onuň başga ýodany – has oňat görnüşleri açjak we barmaly ýeriňize has çalt eltjek ýodany bilýän bolmagy ahmal.

Ýolbelet size has dogry çözgüdi saýlamaga kömek eder.

Mukaddes Ýazgylarda şeýle ýazylgy: “Seniň sözüň — çyra aýaklaryma, ol — ýagtylyk meniň ýodama” (Zeb. 118:105). Eger siz Hudaýyň Sözünde oňat kök uran bolsaňyz, ol siziň ýoluňyzy ýagtyldar, bu bolsa paýhasly çözgütleri kabul etmekde örän wajypdyr.

Ybraýym bilen Sara şol çözgütleri zerarly Hudaýy çäklendiripdiler. Biz hem öz ýolumyzdan ýöremegi saýlap alanymyzda şeýle edýä-

ris. Durmuşymyzda çözgüdi kabul edenimizde Hudaýyň Sözi bizi ugrukdyrary ýaly, geliň, ony öwreneliň.

## “Siziň öýüňiz üçin elýeter däl”

Nikamyzyň ilkinji ýyllarynda Liza ikimiz iki şäherde: Dallasda we Orlandada ýaşadyk. Biz ilkinji iki öýümiz üçin puly zordan topladyk. Şol wagta çenli biz birnäçe ýyl kireýine ýaşadyk, sebäbi hususy jaý üçin pulumyz ýetenokdy. Biz köplenç jaýlaryň nusgalaryny synlamaga gidýärdik, ýöne muny diňe göwün ýüwürtmek üçin edýärdik.

Jaý satyn alara pulumyz peýda bolan badyna biz ony satyn almak üçin onuň bahasyndan ugur alýardyk. Satuwa goýlan jaýlaryň köpüsi biziň üçin elýeter däldi, sebäbi meniň Dallasdaky ýyllyk girdejim 18 000 dollar, Orlandada bolsa 27 000 dollardy. Biziň indi kireýine alnan jaýda ýaşasymyz gelenokdy, sebäbi şol wagtda eýýäm iki çagamyz bardy, biz olar oýnar ýaly howlusy bolan jaý alasymyz gelýärdi. Birnäçe hepdäniň dowamynda biz iki şäherde ýygnaga-da, işe-de golaýrak ýerleşýän jaýy agtardyk. Biz iki şäherde-de tygşytly wariantda gurlan adaty öýi satyn almagyň arzan boljagyny ýüze çykardyk. Gurluşyk potratçylaryň ikisi-de pol örtgüsini ençeme görnüşini teklip edýärdiler we biz her gezek iň arzanyny saýlap alýardyk.

Biz jaýyň içki haşamlasyny saýlap almaly güni ýetende özümizi diýseň bagtyýar duýduk. Satuw işleri boýunça menejerimiz bizi nusgalar otagyna alyp bardy. Ol ýerde köp owadan materiallar: mermer üçin haşamlamalar, hekden ýasalan önümleriň dürli görnüşleri, dürli pol örtükleri, şkaflar, döwrebap halylar, potoloklaryň, ojaklaryň ajaýyp görnüşleri bardy.

Menejerimiz bu zalda öz materiallarymyzy saýlap biljek künjegimizi görkezdi. Bu ýerde mermeriň, hekden ýasalan önümleriň hiç saýlawy ýokdy, plitka bütinleý ýokdy, dub, klyon, sosna agajyndan ýasalan şkaflar hem ýokdy. Nepis potoloklar, ojaklar we saýlar ýaly agaç pollary ýokdy. Biziň üçin ýeke-täk wariant arzan kowrolin, linoleum we preslenen agaç külkesinden ýasalan şkaflar bardy.

Biz menejere has gowurak materiallary görkezmegini haýyş etdik, ýöne: “Bu siziň öýüňiz üçin elýeter däl” ýa-da “Hiliň gowulanmasy üçin goşmaça tölemeli bolarsyňyz” diýen jogaby öwran-öwran eşitdik. Biz ondan goşmaça tölegiň näçe boljagyny soranymyzda, ol bize, elbetde, Liza ikimiziň töläp bilmejek bahamyzy aýtdy. Liza ikimiz biri-birimize göwünlek berendigimize garamazdan, ol ýerden lapykeç bolup gaýtdyk.

## Etmäge ukyply

Biz şol gurluşyk materiallaryň sergiler zalyndaky wakany şöhlelendirýän dünýäde ýaşaýarys. Adamlara ýygy-ýygydan: “Sen oňarmarsyň”, “Gaty bir umyt baglap oturma”, “Sen juda köp zady isleýäň”, “Agaryp öňe çykma, hemmeler ýaly bol” diýýärler. Şeýle äheňdäki teswirlermeler tükeniksiz bolup bilýär. Käwagt logika paýhasly, maslahat peýdaly ýaly bolup görünýär, ýöne haýsy zat dogry?

> “Bizde işleýän gudratyna görä, Hudaý her bir haýyşymyzdan, oýlanyşymyzdan hem has ýokary zatlary *etmegi başarýandyr*” (Efes. 3:20).

Bu aýat bütinleý başga habary ýetirýär, ol biziň gurluşyk materiallaryň dükanynda başdan geçiren duýgularymyza asla meňzemeýär. Hudaý çäklendirilen parametrleri bermeýär. Onuň çäkleri biziň görýänimizden, arzuw edýänimizden, oýlaýanymyzdan, umyt baglaýanymyzdan we dileýänimizden has uzakdyr.

Açary söz – *etmegi başarýandyr*. Size bir mysal getireýin.

Multimillioner üç ýaş telekeçiniň ýanyna baryp, şeýle teklip edýär: “Men siziň arzuwlaýan telekeçilik işiňize hemaýat etmekçi. Maňa hiç zat gaýtarmak gerek däl, men ýöne siziň durmuşda üstünlik gazanmagyňyzy isleýän. Men size ilkibaşda gerek boljak puly, ol her näçe bolsa-da, bermäge *ukyply*”.

Ilki bilen konditer önümçiligini açmagy karar eden ýaş aýal kömek alýar. Oňa witrina, birki sany peç, saçlar, gap-çanaklar, kassa

apparaty, bişirmek üçin birnäçe ingridiýentler we birnäçe beýleki zatlar gerek. Ol öz telekeçilik meýilnamasyny milliardere getirip, ondan 100 müň dollar soraýar. Ol ikirjiňlenmän, puly onuň hasabyna geçirýär.

Indiki bolup ýaş telekeçi barýar. Ol birnäçe jaýlary gurmagy ýüregine düwýär. Oňa birnäçe ýer uçastogyny, gurluşyk materiallaryny, ýük ulagyny, ofis üçin kiçiräk jaýy kireýine almak gerek. Ol öz telekeçilik meýilnamasyny milliardere getirip, ondan 250 müň dollar soraýar. Ol ikirjiňlenmän, puly onuň hasabyna geçirýär.

Üçünji telekeçi – ýaş aýal. Ol biznes merkezini, oňa ýanaşýan sowda merkezini we şowhunlyklar seýilgähini gurmak isleýär. Ol şäheriň çäklerinde satuwa çykarylan 400 gektarlyk ýeri tapýar. Bu iň oňat ýer, ol eýýämden bäri satuwda dur, sebäbi az sanly adamlar bu bahany töläp biljekdiler. Aýal bu ýer bilen gyzyklanyp, razylygy alýar.

Ol arzuwlaýan taslamasyny amal etmek üçin, binagärler toparyny çagyrýar. Ol biri-birine ýanaşyp duran iki sany ajaýyp ofis binalarynyň we olaryň içki territoriýasynyň nähili bolmalydygyny şekillendirýär. Beýleki tarapynda bolsa ol ýörgünli harytlary satjak dükanly we oňat restoranly owadan söwda merkezini gurmagy meýilledirýär. Dükanlaryň üstünde ajaýyp kwartiralar bolmaly. Uçastogyň merkezinde bolsa bäşýyldyz kysymdaky ajaýyp myhmanhanany gurmagy meýilleşdirýär. Galan pula bolsa şowhunlyklar seýilgähini gurmagy meýilleşdirýär. Köçeleriň ugrunda bolsa owadan baglary ekip, welosipedçiler üçin ýodajyklary gurmak we sowda merkeziniň töwerek-daşynda baglary we gülleri ekmegi meýilleşdirýär.

Ol üstünlikli telekeçileriň, kwartira eýeleriniň we myhmanhananyň myhmanlarynyň parka gelmegini meýilleşdirýär. Ol olara iň oňat dükanlarda haryt satyn almagy, gezelenç we dynç almak üçin şowhunlyklar seýilgähini we ajaýyp restoranlary teklip eder. Şeýle-de myhmanhanada biznes eýeleri üçin ajaýyp myhman otaglary bolar. Aýal bu kompleksiň turistleri hem özüne çekmegini isleýär. Ol ýur-

duň ähli künjeklerinden adamlaryň gelip, bu ýerde haryt satyn almaklaryny, seýilgähde gezelenç etmeklerini we ajaýyp myhmanhanada ýaşamaklaryny gurnamagy isleýär.

Ol binagärler bilen bu maksatnamanyň üstünde işläp, ony birkemsiz nusgalyk derejesine ýetirýärler. Soňra ol milliardere ýüzlenip, oňa öz meýilnamasyny görkezýär we 245 million dollar soraýar. Milliarder beýleki telekiçiler babatda edişi ýaly, bu aýalyň hasabyna hem soran puluny geçirýär.

Üç ýyl geçenden soň milliarder telekeçi ýaşlaryň hemmesini duşuşyga çagyrýar. Ol olaryň nähili üstünlik gazanandyklaryny bilesi gelýär. Olar gezek-gezegine hasabat berýärler. Konditer önümçiligi aýda arassa birki müň dollar arassa girdejini berýär. Jaý gurluşygyny ýola goýan adam dört jaý gurup, üç ýylyň dowamynda olaryň satuwyndan 200 müň dollardan sähelçe köpräk girdeji gazanypdyr.

Üçünji telekeçi bolsa öz guran kompleksi barada hasabat bermäge durýar, häzir onuň myhmanhanasynyň 90%-mi, ofis jaýlarynyň 87%-mi doly. Ähli kwartiralar satyldy. Sözda merkezi ýörgünli dükanlardan, restoranlardan 98%-mi doly. Onuň her aýdaky arassa girdejesi millionlarça dollara barabar. Ol şäher häkimliginiň onuň söwda kompleksini şäheriň ösüşine goşan goşandy üçin birnäçe çäklerde: estetiki görnüşi, iş orunlary döredendigi, turistler arasynda meşhur ýere öwrülendigi we salgyt tölegleri üçin sylaglamak senesini belländigini habar berýär. Bu telekeçi aýal girdejisiniň belli bir bölegini garyp kwartaldakylar üçin mugt naharhanalaryny açmaga sarp edipdir. Ýöne bu hem bary däl. Ol köp millionly girdejisiniň köp bölegini başga şäherleriň üçüsinde şeýle kompleksleri gurmaga gönükdirendigi barada gürrüň berýär. Bu kompleksler alty aý aralygy bilen bir ýarym ýylyň dowamynda açylmaly. Bu telekeçi aýal menejerleriň üç toparyny okadyp taýynlapdyr. Olar bu guruljak täze kompleksleri dolandyrarlar. Indiki bäş aýda bolsa ol başga şäherlerde şeýle kompleksleriň bäşisine gurmaga ýetjek girdejiniň bolmagyna garaşýar.

Bu telekeçi aýalyň çykyşyny eşiden beýleki iki telekeçi ýüzlerini aşak salýarlar. Milliarder muny görüp, olaryň näme üçin beýle ümsüm bolandygyny soraýar.

Konditer önümçiligini açan telekeçi gyz birinji bolup gepleýär: “Elbetde, jenap, onuň işleri biziňkä garanda has şowly, sebäbi ol sizden bize garanda has köp sorady. Ol has köp zatlary etmäge ukyply, sebäbi siz oňa has köp pul berdiňiz”.

Milliarder ýaş teleki ýigide seredip: “Sen hem şeýle pikir edýärmiň?” diýip soraýar.

Ýaş telekeçi jogap berip: “Dogrymy aýtsam, jenap, hawa, men onuň aýdýanlary bilen ylalaşýaryn. Beýleki aýalyň mümkinçilikleri uludy” diýýär.

Milliarderiň şahsy kömekçisi bardy. Ol olaryň ilkinji duşuklaryny ýazgy edipdi. Ol birnäçe minutdan şol edilen ýazgylar bilen gelýär. Howandarlyk eden milliarder öz kömekçisine: “Gaýrat edip, üç ýyl mundan ozal şu telekiçileriň hersine aýdan sözlerimi oka” diýýär.

Gyz ýazgylary okaýar: “Men siziň arzuwlaýan biznesiňize hemaýat etmekçi. Maňa hiç zat gaýtarmak gerek däl, men ýöne siziň durmuşda üstünlik gazanmagyňyzy isleýän. Men size ilkibaşda gerek boljak puly, ol her näçe bolsa-da, bermäge *ukyply*”.

Milliarder ýüzüni sallap oturan iki ýaş telekeçä seredip, olardan: “Siz näme üçin oňa gazanan zatlary üçin göriplik edýäňiz? Näme üçin ol artykmaçdyr öýdýäňiz? Men siziň heriňize ilkibaşda gerek boljak puly, ol her näçe bolsa-da, berjekdigimi aýdypdym ahyryn. Men sizi serişdelerde çäklendirmedim we, dogrudan-da, soran puluňyzy berdim. Näme üçin siz has gerimli arzuwlamadyňyz we meýilleşdirmediňiz?”

Soňra milliarder konditer önümlerini öndürýän sehiň başlygy bolan aýala ýüzlenýär: “Siz näme üçin has gerimleýin konditer önümçiligini meýilleşdirmediňiz? Men size soran puluňyzy bererdim. Näme üçin siz has netijeli marketing üçin pul soramadyňyz? Adamlar siziň önümleriňizi halaýarlar, siz dogrudan-da üstünlik gazanardyňyz. Meni iň köp

bilesim gelýän zadym: “Siz näme üçin dükünlaryňyzyň toplumyny bütin şäher boýunça, soňra bolsa biznesiňizi ýaýbaňlandyrmak üçin tutuş ýurt boýunça açmagy öz meýilnamaňyza goşmadyňyz?”

Soňra ol telekiçi ýaş ýigide ýüzlenip, şol bir soragy berýär: “Siz näme üçin birnäçe ussany okadyp, potratçylary hakyna tutmadyňyz? Şeýle eden bolsaňyz, bir ýylda ýekeje jaýy däl-de, ýigrimi jaýy gurup satardyňyz. Siz köp iş ýerlerini döredip bilerdiňiz. Siz näme üçin beýleki ştatlarda hem owadan jaýlary gurmak üçin täze ofisleriňizi açmadyňyz? Men siziň arzuwyňyzy maliýeleşdirerdim, sebäbi siz onuň kömegi arkaly beýleki şäherdäki we tutuş ştatdaky maşgalalara kömek ederdiňiz. Siziň üstünligiňiz çäkli boldy, sebäbi siziň çäkli arzuwyňyz üçin puluňyz-da çäkli boldy”.

## Bolçulyk

Biz mesihiler hökmünde köplenç juda köp zatly bolmaly däl diýip pikir edýäris. Emma şeýle pikir Hudaýyň Sözünde barmy?

> “Özüne berlen zatlaryň baryny oňat ulanana ýene-de berler, olaryň zady bolelin bolar” (Mat. 25:29, NLT, iňlis dilinden terjime).

Hudaý üçin bolçulyk mesele däl. Ol bolçulygyň bize höküm sürmegine garşy. Tapawudy nämede? Bolçulygyň ygtyýaryndaky adam bolçulygy, emlägi, puly, ukyplylygy we güýji diňe öz bähbidini aramak üçin agtaýar. Şeýle adam baýlygy gorkudan toplaýar.

XX asyryň ahyrynda bolçulyk we abançylyk baradaky taglymaty eşidenleriň köpüsi hut şeýle pikirden emläk edinmegi niýet edindiler. Olaryň bu açgözlügi zerarly köp liderler we imanlylar Hudaýyň bolçulygy baradaky hakykaty aýtmagy bes etdiler. Adamlaryň köpüsi bolçulyk sözüni ýigrenip başladylar. Ýöne hakykat şundan ybarat: Şalyk üçin adamalaryň durmuşyny döretmekde has giňişleýin we netijeli işi amal etmek üçin, bize bolçulyk gerekdir. Hudaýyň: “ Mähriban dostum, ruhuňyň belent bolşy ýaly, ähli işleriň rowaçlansyn we janyň sag bolsun!” (3 Ýoh. 2) diýip aýtmagy hem hut şonuň üçin dälmi näme?

Biziň mysalymyzdaky multimilliarder soňky aýala berşi ýaly, telekeçileriň hersine 245 million dollar bermedi. Ol olaryň hersine öz görnüşlerine görä beripdi. Eger Isa Mesihiň bolçulyk baradaky tymsalyny öwrensek, onda hyzmatkärleriň ilkibaşdaky pullarynyň dürli mukdarda bolandygyny göreris. “Bu adam olaryň hersiniň başarnygyna laýyk: birine — bäş, beýlekisine — iki, başga birine bir çuwal altyn-kümüş berip, ýola rowana bolýar” (Mat. 25:15). Olaryň başarnygy öňe näderejede uzak seredendigine baglydy.

Meniň mysalymdaky birinji telekeçi diňe kiçijek konditer önümçiligi görýärdi. Ýaş ýigit bolsa diňe bir ýylyň dowamynda diňe sanlyja jaýy görýärdi. Üçünji gyzyň bolsa has köp zady talap edýän başarnygy (has uzaga seretmek) bardy.

Güýçden oňat peýdalanmak – ony jaýlaryň gurluşygy, Şalygyň gurluşygy üçin peýdalanmagy aňladýar. Eger şu tymsala has içgin garasak, gyzykly faktlary göreris. Hyzmatkärleriň ikisi öz hojaýynlaryna sadykdylar. Olar özlerine berlen zady köpeltdiler. (Biziň üç telekeçi baradaky wakamyzda diňe biri ilkibaşda berleni köpeldipdi). Isa Mesihiň tymsalyndaky hojaýyn köpeltmäni ýagşy iş diýip atlandyrypdy (ser.: Mat. 25:21,23).

Özüne ynanylan zady gozgaman saklan hyzmatkär ýalta diýip atlandyrylypdy. Hojaýyn oňa beren kümşüni alyp, on halta kümüş eden hyzmatkärine berýär. Şeýdip, hojaýyn onuň on halta kümşüni on bir halta edýär. Bu *sosialistik* çemeleşmeden uzakdyr, dogrusy, bu *kapitalistik* çemeleşmä meňzeýär.

Biz oňat mesihi “goragy saklar” diýip pikir edýäris. Başga sözler bilen aýdylanda, mesihi özündäki az zada kanagat eder diýip pikir edýäris, aslynda welin bu ýaltalyk. Hudaýyň adama beren birinji tabşyrygynda: “köpeliň we örňäň” diýlipdi (ser.: Gel. 1:22). Hudaý muny diňe çagalar barada aýtmandy. Ol: “Size berýän ähli zatlarymy köpeldip, Maňa gaýtarmagyňyzy garaşýaryn” diýip yglan edipdi.

Hudaý maňa öwretme ukybyny ynandy. Hudaýyň merhemeti (biziň toparymyzda: hyzmatdaşlarymyzda, aýalymda we mende hereket

edýän güýji) arkaly Onuň maňa ynanan ukyby köpelip, bütin dünýä boýunça ýaýraýan taglym, kitaplar, internetdäki okuwlar, dünýä boýunça liderleriň we çopanlaryň arasynda ýaýraýan millionlarça materiallar arkaly. Beýleki mugallymlara edilýän kömek arkaly Oňa dolanýar. Bu sanaw heniz-de doly sanaw däldir. Hudaý şindi öz ýaşlygymda göz öňüme getiren zatlarymdan has köp zatlary amal etdi. Emma bularyň bary babatda men iki zat aýdasym gelýär.

Birinjiden, men Ony haýsydyr bir zatlarda çäklendiräýdimmikäm? Ikinjiden, Onuň ukybynyň eden zatlaryny görenimde, meni şatlyk gurşap alýar! Bu iki pikir mende şol bir wagtyň özünde pespällik bilen hyjuwy döredýär.

## Biziň konteýnerimiz

Ol biziň herimiz arkaly has köp zatlary edip bilerdi. Siz düşünmezden, özüňizi çäklendirýärsiňiz. Efeslilere ýazylan hatda (3:20) bu çäklendirmeleriň başga adamlara kömek etmek isleginden "soraýan ýa-da oýlaýan" zatlarymyz arkaly kesgitlenilýändigi barada aýdylýar. Hudaýyň habary bize aýdyňlyk bilen: "Meniň sendäki merhemetim goýýan çäkleriňden has uzaklara ýetip bilýär" diýýär. Isa Mesih: "Iman edýän üçin hemme zat mümkindir!" (Mark 9:23) diýýär.

Biziň çäklerimiz çäksiz gözbaşa näderejede ýapyşjakdygymyzy çözýär. Meniň multimilliarder we telekiçiler baradaky wakamda birinji telekiçiniň konteýneri 100 müň dollary talap eden görnüşi sygdyryp bilýärdi. Ikinji telekeçä 250 müň dollar, üçünjä bolsa 245 million dollar gerek bolupdy.

Dogrymy aýdaýyn, biziň konteýnerimiziň ölçegi Hudaýy çäklendirýär. Hudaýyň bizden şuny soramagy mümkinmi: "Näme üçin siz diňe ýaşamak üçin gerek bolan zatlar barada oýlanýarsyňyz? Näme üçin siz diňe özüňiz ýa-da maşgalaňyz barada oýlanýarsyňyz? Näme üçin Meniň size beren güýjümi doly ulanmaýarsyňyz? Meniň pikirimçe, bu *oňat* pikirlenme däl. Bu ýaltalyk". Pawlus:

> "...Onuň bizdäki we biz üçin güýjüniň *biçak uly, çäksiz we deňsiz-taýsyzdygyny*" (Efes. 1:19, iňlis dilinden giňişleýin terjime) bilip, oňa düşünmegimiz üçin yhlas bilen dileg edýär.

Bu aýatdaky tapawutlandyrylyp ýazylan sözlere üns bilen serediň. Säginip, olaryň hersi barada oýlanyň. *Biçak uly* – ölçärden uludygyny aňladýar. Çäksiz – çäginiň ýokdugyny aňladýar. *Deňsiz-taýsyz* – bütin älemde başga şeýle güýjüň ýokdugyny aňladýar.

Ähli güýjüň biziň *içimizdedigine* üns beriň. Bu biziň wagtal-wagtal tagtly otagdan alýan güýjümiz däl. Bu Onuň eýýäm içimizde bolan güýjüdir.

Ol biziň üçin elýeterdir. Ol bize köpelmäge ygtyýar edýär. Ol bize netijeli bolmaga kömek edýär. Ol başgalara kömek etmekde peýdaly bolmagymyza ýardam berýär. Biz şu güýç arkaly şamçyrag kimin şöhle saçýandyrys.

## Ýaşaýyşda hüküm sürmek

Hudaýyň merhemetiniň çägi ýokdur. Bu biziň mynasyp bolmadyk peşgeşimizdir. Ol bizi halas edýär, bagyşlaýar, täze tebigaty bagyş edýär we dogruçyl durmuşda ýaşamaga güýç berýär. Ol bize köpelmäge, netijeli bolmaga we durmuşda şalyk sürmäge ygtyýar edýär. Merhemet dogrudan-da ajaýypdyr! Pawlusyň şu sözlerini ünsli okaň:

> "...Hudaýyň çäksiz merhemeti bilen aklanma peşgeşiniň bollugyny alanlaryň bary indi... Isa Mesih arkaly baky ýaşaýyşda höküm sürerler" (Rim. 5:17).

Bu pikiriň belentligine ynanar ýaly däl, sebäbi onuň ulanylyşy akyla sygar ýaly däl. Adamlaryň muňa üns bermeýänligi hem hut şu sebäpden bolmagy ahmal. Biz Hudaýyň merhemeti arkaly ýaşaýyşda höküm sürmeli. Dünýäniň döredýän bökdençlikleriniň nätüýslidigine garamazdan, bize olaryň baryny ýeňip geçmäge güýç berlendir. Ýer ýüzündäki durmuşymyz bizdäki iň oňat zatlary sykyp almaly däl, biz bu ýerde ýaşaýyşda höküm sürmek üçindiris. Täsirimiziň ýetýän çäk-

lerinde çynlakaý özgertmeleri girizmek üçin bize güýç berlendir. Bu biziň wekilçilik hatymyzdyr.

Bu iş ýüzünde nähili görünýär? Biz adat bolan zatlary ýeňip geçmek üçin bu kwo-statusýagdaýyndan boşanmalydyrys. Biz täsir etmäge – guýruk däl-de, baş bolmaga, astynda däl-de, üstünde bolmaga çagyrylandyrys (ser.: Kan. 28:13). Biz durmuşymyzdaky kynçylyklara üstaşary seretmek bilen çäklenmän, eýsem Hudaý bilen ähti bolmadyk adamlar üçin ýagtylyk bolmalydyrys. Biz tümlükdäki dünýäniň arasynda liderler bolmalydyrys. Baş gitmeli ýoly we ugry görkezýär, guýruk bolsa oňa eýerýär. Biz jemgyýetiň ähli çäklerinde eýerýänler däl-de, liderler bolmalydyrys. Şindiki haykat şeýlemikä? Ýa-da biz Hudaýyň ýagşy diýip atlandyrýanlaryna düşünmeýärmikäk?

Has aýdyň aýtmaga rugsat ediň. Eger siz lukmançylyk çäklerinde işleýän bolsaňyz, onda Hudaýyň merhemeti arkaly keselleri bejermegiň täze usullaryny açmaga ukybyňyz bardyr. Siziň potensialyňyz ölçärden uly, ol çäksizdir. Siziň işdeşleriňiz açyşlaryňyza haýran galmaly, işiňiz bolsa olary ruhlandyrmaly. Olar açyşlaryňyzy we danalygyňyzy görenlerinde, ýeňselerini gaşap: “Beý-bä, ol bu pikirleri nireden alýarka?” diýerler. Siz diňe bir ýagtylman, eýsem bu çäkdäki netijeliligiňizi artdyrarsyňyz. Başgalar siziň edýänleriňizden ylhamlanyp, size eýererler, olar siziň ukyplaryňyzyň gözbaşyny bilmäge ymtylarlar.

Eger siz internet-saýtyň dizaýneri bolsaňyz, döredijiligiňiz başgalaryň hem size eýeresleri geler ýaly derejede täze we progressiw bolmaly. Siz we çägiziňde zähmet çekýän beýleki imanlylar jemgyýetiň eýerjek trendlerini ornaşdyrmalydyr. Siz öz innowasiýalaryňyz arkaly möhüm we tanymal bolarsyňyz. Siz bir ädim öňden ýörärsiňiz, siziň iş çägiňizdäki beýleki adamlar haýran galyp: “Ol döredijilikleri pikirleriň munçasyny nireden tapýarka?” diýerler. Siz öz bilimiňizi başgalara geçirmek bilen, köpelersiňiz, öz çägiňizde ösüp, Şalygy baýadarsyňyz.

Eger siz orta mekdebiň mugallymy bolsaňyz, içiňizde hereket edýän Hudaýyň merhemeti arkaly okuwçylaryňyza bilim, düşünje,

paýhas bermegiň täze, döredijilikli usullaryny agtaryň. Kärdeş mugallymlaryňyzyň heniz bilmeýän usullaryny agtaryň. Siz bilim derejesini ýokary galdyryp, okuwçylaryňyzy ruhlandyryp bilýärsiňiz. Şonda kärdeşleriňiz öz aralarynda: “Beý-bä, ol bu pikirleri nireden tapýarka?” diýerler. Siz öz başarnyklaryňyzy okuwçylaryňyza geçirmek we kärdeşleriňiz bilen paýlaşmak arkaly köpelersiňiz.

Eger siz telekiçi bolsaňyz, beýlekilerden üstün geljek satuw we önümçilik usullaryny oýlap tapyp bilersiňiz. Siz marketing strategiýalaryny beýlekilerden has ökde ulanarsyňyz. Siz nämäniň bähbitli ýa-da däldigini aňsatlyk bilen saýgaryp bilersiňiz. Siz satyn almaly we satmaly wagtyny girmegiň we çykmagyň wagtyny bilersiňiz. Beýleki telekiçiler diňe ýeňselerini gaşap, siziň üstünligiňiziň gözbaşyna düşünjek bolarlar. Siz ýaş telekeçilere halypalaýk etmek arkaly köpelersiňiz we Şalygyň gurluşygyna sahylyk bilen eçilersiňiz.

Şeýle usullary siz sazanda, alym, türgen, polisiýa işgäri, stýuardessa, media ýa-da islendik beýleki ulgamyň işgäri bolsaňyz hem ulanyp bolar. Bu mysallaryň size näderejede gabat gelýändigine garamazdan, biziň wekilçilik hatymyzyň mysallary bolup durýandyr.

Biziň her birimiz jemgyýetiň dürli çäklerine çagyrylandyrys. Biz nirededigimize garamazdan, höküm sürüp, lider bolmalydyrys.

Başgalar kynçylyk çekse-de, biziň telekeçilik işlerimiz pajarlap ösmelidir. Biziň etrapçalarymyz howpsuz, göze ýakymly we abadan ýerlere öwrülmelidir. Biziň iş ýerlerimiz köpelmelidir. Biziň sazymyz täze we üýtgeşik bolmaly, şonda dünýewi sazandalar hem bize eýeresleri geler. Biziň grafika, wideo we binagärlik dizaýn çäklerimizde hem şeýle bolmalydyr. Biziň döredijiligimiz ylhamlandyrmaga we her bir derejede ýoň bolmaga çagyrylandyr.

Biziň ýetýän sepgitlerimiz hemme ýerde: sportda, senagatda, sungatda, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde – garaz islendik ýerde görnükli bolmalydyr. Dogruçyllar dolandyranlarynda, şäherler, welaýatlar we ýurtlar gülleýärler. Biziň okadýan ýa-da ýolbaşçylyk edýän mekdeplerimiz öňküsinden has oňat bolmalydyr. Imanlylar bir

işiň gyrasyndan baranlarynda, döredijilik, innowasiýalar, netijelilik, asudalyk, dogruçyllyk artýar. Biz Isa Mesihiň şägirtleri hökmünde garaňky dünýäde şamçyrag bolmalydyrys. Şonuň üçin-de, Hudaýyň merhemeti arkaly garaňky jemgyýetiň arasynda *tapawutlanmalydyrys*.

## Adaty bolan zatlaryň çäginden daşary

Danyýel baradaky şu şaýatlygy okaň:

> "Özüniň ýiti zehini bilen Danyýel derrew beýleki wezirleriň we häkimleriň ählisinden *tapawutlandy*. Patyşa ony tutuş patyşalygyň üstünden garaýan edip bellemegiň niýetindedi" (Dan. 6:3).

Bu diýseň täsin zat. Birinjiden, Danyýeliň tapawutlanandygyna üns beriň. Bu ýerde Hudaý Danyýeli tapawutlandyrdy diýlip aýdylmaýar. Mukaddes Kitabyň ähli terjimelerinde Danyýel tapawutlandy diýlip aýdylýar. The Message terjimesinde "ol beýlekilerden bütinleý tapawutlandy" diýip ýazylgy.

Danyýel muny nädip etdikä? Ol Hudaý bilen ýakyn gatnaşyk saklany üçin şeýle başarnyklara eýe bolupdy. Öz içinde mesgen tutan Hudaýyň Ruhuny agtarýanlar babatda hem hut şeýle bolmalydyr. Mukaddes Kitabyň täze amerikan standart terjimesinde şeýle diýilýär: " Danyýel beýlekilerden tapawutlanýardy, sebäbi onuň içinde *görnükli* ruh mesgen tutupdy". Görnükli diýen söz "adatdan daşary, kwo-statusy bozýan, adaty ölçegden artyk gelýän" diýmegi aňladýar. Käwagt sözi derňemekde antonimler, ýagny garşydaş manydaky sözler has köp kömek edýär. Görnükli diýen söz babatda "adaty, göze ilmeýän" sözlerini alyp bolar. "Adaty durmuş' jümlesiniň garşydaş manydaky jümlesi "adatdan daşary ruhy bolan durmuş". Eger biziň adatdan daşary ruhumyz bar bolsa, onda bedenimiz-de, köňlümiz-de oňa tabyn bolmalydyr. Eger bizi ruh ugrukdyrýan bolsa, onda döredijiligimiz, zehinimiz, danalygymyz, bilimimiz we durmuşymyzyň beýleki çäkleri öz güýjümiz arkaly emele gelenindäkisinden tapawutly emele

gelýändir. Eger biz özümizdäki we biz üçin bolan merhemetiň nämedigine dogrudan-da düşünýän bolsak, onda özümiz üçin çäklendirmeleriň ýokdugyny bilýändiris.

Geliň, içimizdäki Hudaýyň güýjüni beýan edýän sözleri: *biçak uly, çäksiz we deňsiz-taýsyz* sözlerini unutmalyň. Danyýel özüniň Hudaý bilen gatnaşygyndaky elýeter zatlara çatylypdy. Ol özüniň Gudratygüýçli bilen eden ähtini – özüniň guýruk däl-de, baş bolmalydygyny bilýärdi. Biziň Hudaý bilen edişen ähtimiz Danyýeliň Hudaý bilen eden ähtinden-de güýçlüdir.

Geliň, şol waka jikme-jik garap geçeliň. Ol kiçi ýurt bolan Ysraýyldan iki dosty bilen ýesir alnyp, dünýädäki iň güýçli ýurda getirilýär. Eger siz amerikan bolup, geçen asyrda ýurdumyz iň güýçli bolandyr öýdýän bolsaňyz, onuň Babyl patyşalygynyň ýele ýanyndan hem geçmändigini belläp geçmelidir. Babyllar dünýäde – bütin dünýäde agalyk sürýärdiler! Olar ykdysadyýetde, syýasatda, harby sungatynda, sosial, ylmy, bilim we sungat çäklerinde ilkinjilerdi

Babyl halky ýer ýüzünde ähli zat babatda ilkinjiler bolup durýardy. Ýöne şonda-da Danyýel we onuň dostlary barada şeýle ýazylgy: “Patyşa her bir ylym ýa-da düşünje bilen baglanyşykly mesele hakda soranda, öz patyşalygyndaky ähli jadygöýlerdir palçylardan olaryň on esse artykdygyny gördi” (Dan.1:20). Beýleki terjimelerde olaryň on esse oňat, on esse paýhasly, on esse düşünjeli bolandyklary barada aýdylýar. Olar Babyl ýurdundaky akyldarlaryň hatda düýşüne-de girmedik pikirleri oýlap tapýardylar. Aslynda olaryp döredijiligi, innowasiýalary we düşünjesi Hudaýyň Ruhy bolmadyk beýleki ýolbaşçylaryňkydan on esse artykdy.

## Danyýelden beýik

Indi bolsa, bularyň baryna düşünmek bilen, Isa Mesihiň şu sözlerini okalyň: “...aýaldan doglanlaryň arasynda Ýahýadan beýigi

ýokdur" (Luk. 7:28). Bu sözler Ýahýa Çokundyryjynyň Danyýelden has beýik bolandygyny aňladýar. Bu ikisini eden işleri boýunça deňeşdirjek bolup oturmaň. Ýahýa Çokundyryjy ruhy hyzmatdady, Danyýel bolsa raýat döwletinde hyzmat edýärdi. Emma Isa Mesih aýdyňlyk bilen Ýahýanyň Danyýelden has beýik bolandygyny aýdýar. Ol sözüni dowam edip, şeýle diýýär:

> "...emma Hudaýyň Şalygynda iň kiçisi hem ondan beýikdir" (Luk. 7:28).

Näme üçin Hudaýyň Şalygynda iň kiçisi hem Ýahýadan beýikkä? Isa Mesih ynsanyýeti azat etmek üçin heniz haça çykmandy, şonuň üçin-de Ýahýa Gökden dogalanyň ruhuna eýe däldi. Ýahýa babatda: "Isa Mesih nähili bolsa, Ýahýa Çokundyryjy hem şeýledir" diýip bolmaýar (ser.: 1 Ýoh. 4:17). Biz babatda welin hut şeýle diýlendir! Ýohanna ölümden direlip, Isa Mesih bilen bile Göklerde oturdylmady (ser.: Efes. 2:6), bize welin häzirki günde bu sözler degişlidir! Şonuň üçin-de Hudaýyň Şalygynda iň kiçisi hem Ýahýadan beýikdir. Biz muňa doly düşünýärismi?

Käbir alymlar Isa Mesih direlenden soň ýer ýüzünde şu güne çenli iki milliarda golaý mesihi ýaşap geçipdir diýip hasaplaýarlar. Şolaryň arasynda siziň iň kiçisi bolmagyňyzyň ähtimallygy gaty az, ýöne şeýle bolaýanda-da, siz Ýahýa Çokundyryjydan beýiksiňiz. Bu bolsa siziň Danyýelden beýikdigiňizi aňladýar!

Indi şeýle sorag ýüze çykýar: "Siz dogrudan-da özüňiziň kimdigini bilýäňizmi? Siz tapawutlanýaňyzmy? Siz on esse akyllymysyňyz? On esse paýhasly we oňatmysyňyz? On esse düşbümisiňiz? Täze zatlary oýlap tapmakda Isa Mesih bilen äht gatnaşygynda bolmadyk kärdeşleriňizden has ökdemisiňiz? Eger ýok bolsa, onda näme üçin? Eýsem Hudaýyň merhemetiniň ägirt güýjüne ynanmazlygymyz mümkin zatmy?

Geliň, ýene-de biraz oýlanalyň. Isa Mesih biziň bu dünýä üçin "ýşykdygymyz" (Mat. 5:14) barada aýdýar. Bize – Onuň perzentlerine,

tümlügiň arasyndaky yşyga kimin bolan ýüzlenmesi Täze Ähtde köp duş gelýär (ser.: Mat. 5:14-16; Ýoh. 8:12; Res. 13:47; Rim. 13:12; Efes. 5:8, 14; Kol. 1:12; Fil. 2:15; 1 Sel. 5:5; 1 Ýoh. 1:7, 2:9, 10).

Garaňky dünýä üçin yşyk bolmak – biziň Isa Mesihdäki durmuşymyzyň esasy mowzugydyr.

Dünýä üçin yşyk bolmaklyk nämäni aňladýar? Köp adamlar bu diňe edim-gylyga degişlidir diýip hasaplaýarlar. Muňa özüňi dogry alyp barmak, rehimli we oňat bolmak, Ýohanna 3:16-ny ýatdan bilmeklik degişlidir öýdýärler. Yşyk bolmak baradaky tabşyryga Danyýel hem şeýle garan bolsa näme bolardy? Ol Babyl hökümetiniň köşgüne girende günde adamlara hoşamaý garamaklygy we kärdeşlerine: “Eý, babyl akyldarlary, 22-nji mezmurda: ’Reb — meniň çopanym, men hiç zada mätäç bolmaryn...’” diýip aýtmagy maksat edinen bolsa näme bolardy?

Danyýel her gezek dileg etmäge çykanda bu häkimler we köşk emeldarlary näme diýerdi? (Ol her gün dileg edýärdi). Men olaryň: “Bu takwanyň gideni gowy boldy. Ol uzakly gününi dileg edip geçirse gowy bolardy. Ol *birgeňsi* adam!” diýen äheňde birzatlar diýjekdiklerine ynanýaryn.

Olar näme üçin Danyýel dileg etmez ýaly kanuny oýlap tapdylar (ser. Dan. 6:6-8)? Onuň on esse akylly we dana bolany, on esse artyk bilimli, oýlap tapyjy we çözgütleri tapmakda döredijilikli bolany üçin dälmi näme? Onuň wezipesini beýgelde-beýgelde, ony hemmeleriň üstünden başlyk bellänsoňlar, belki, oňa göriplik eden bolmaklary ähtimal.

Bu başlyklar geň galyp, belki, öz aralarynda pyşyrdaşyp, biri-birine şeýle diýendirler: “Akyla sygmajak zat! Bizi iň ökde we paýhasly mugallymlar, alymlar, hökümdarlar okadypdy. Bu ýigit bolsa näbelli bir ýurtdan getirilen. Ol öz pikirlerini nireden alýarka? Ol nädip bizden ökde bolup bilýärkä? Bu onuň günde üç gezek dileg edýäni üçin bolsa gerek. Geliň, onuň dileg etmelerine garşy bir kanun oýlap tapa-

lyň. Onsoň ol tapawutlanmaz we bizden üstün bolmaz!” (Olar, elbetde, özleriniň beýleki maksadyna ýetdiler – Danyýel tussag edildi.)

Danyýel parlak şamçyrag kimin nur saçýardy, sebäbi ol görnükli adamdy. Ol özüniň üýtgeşik häsiýetleri arkaly döwürdeşleriniň nazarynda yşyk kimindi. Olar onuň üstünligini halamaýardylar, sebäbi oňa göriplik edýärdiler. Emma beýlekiler, şol sanda patyşa hem Danyýeliň başarnyklarynda diri Hudaýyň barlygynyň subutnamasyny görendirler diýip çaklaýaryn. Danyýeliň üstün gelýän häsiýetleri olary özüne çekýärdi we onuň Hudaýyny sylamaga mejbur edýärdi. Danyýeli Mukaddes Ýazgylary oňat bilip, günde üç gezek dileg edýäni üçin däl-de, öz işini beýlekilerden oňat edip, dogruçyl häsiýetli bolany üçin beýlekileriň gözüne ilýärdi. Onuň şahsy binýady, gurluşy we bezeg materiallary görnüklidiler.

## Durmuşymdan bir şaýatlyk

Men durmuşymda Hudaýyň merhemetiniň güýjüniň aýan bolmagynyň diri şaýady. Meniň üçin mekdep dersleriniň arasynda iň kyny iňlis dili bilen düzme ýazmaklykdy. Öý işi hökmünde üç sahypadan ybarat düzme ýazmaklyk meniň üçin uly meselä öwrülýärdi. Men birnäçe sagatlap oturanymdan soň hem ýarty sahypa-da ýazyp bilemokdym. Ýazanlarym göwnüme jaý bolmansoň, sahypalary gaýta-gaýta ýyrtyp taşlaýardym. Men iňlis dili boýunça gutardyş synagynda 800 balldan bary-ýogy 370 ball alypdym. Munuň näderejede pes baha bolandygyny görkezmek üçin, şeýle deňeşdirmäni getireýin: menden pes baha alan adama ömrümde bary-ýogy ýekeje gezek duş geldim.

1991-nji ýylda Hudaý maňa dilegimde kitap ýazmagymy isleýändigini aýdanynda, Ol meni biri bilen çalyşýandyr öýtdüm. Men Köne Ähtdäki Sara ýaly hezil edip güldüm. Uly kitab-a beýlede dursun, men hatda bir baby-da ýazyp oňarjak däldim. Şol döwürde men

özümde Hudaýyň biçak uly, çäksiz we deňsiz-taýsyz merhemetiniň bardygyny nazara almandym.

Hudaýdan "kitap ýazmak" tabşyrygyny alanymdan soň on aýyň dowamynda meniň ýanyma dürli ştatlardan iki aýal iki hepde wagt tapawudy bilen gelip, şeýle diýdiler: "Jon, Hudaý seniň kitap ýazmagyňy isleýär. Eger sen boýun towlasaň, Ol bu ýumşy başga birine tabşyrar". Şondan soň men Hudaý bilen şertnama gol çekdim we bütinleý Onuň merhemetine garaşlydygymy boýun aldym. Bu wakanyň dowamyny indiki baplarda gürrüň bererin, bärde welin şuny aýdasym gelýär: şu güne çenli men eýýäm on dokuz kitap ýazdym, olar millionlarça kitap bolup dünýä boýunça çap edildi, togsandan gowrak dile terjime edildi. Merhemet maňa diňe ýazmak däl, eýsem gürlemek ukybyny hem berdi. Liza öýlenenimizden soň meniň wagzymy ilkinji gezek eşidende, birinji hatarda uklap galdy. Hawa, men şeýle erbet wagyz edýärdim. Onuň joralarynyň biri hem birinji hatarda oturan ýerinde agzyny açyp uklap galypdy. Şeýle ruhlandyrýan surat! Indi welin men wagyz edenimde adamlar uklamaýarlar. Ozal men öz güýjüm bilen wagyz edýärdim, indi welin Onuň merhemetine bil baglamagy, garaşly we tabyn bolmagy öwrendim.

Men bu iki çäkde öz güýjüm bilen hiç zat edip bilmändin. Emma Hudaýyň merhemeti bilen olar arkaly millionlarça adama hyzmat etmeklik maňa miýesser etdi.

## Hakykatdan-da oňat ýaşaýyş

Geliň, dogruçyl ýaşaýyş üçin gerek bolan parametrlerimizi jemläli. Eger siz ynanýan bolsaňyz, siziň başarmajak zadyňyz ýokdur. Sebäbi Hudaý siz arkaly soraýanyňyzdan we oýlaýanyňyzdan hem artyk, biçak köp zatlary etmegi başarýandyr. Siziň içki elýeter güýjüňiz bar, Hudaý ol arkaly durmuşyňyzyň işini amal eder. Bu güýç ölçärden uludyr, ol çäksiz we ähli zatdan üstündir. Siziň

durmuşyňyz Liza ikimiziň nusgalar otagynda jaýymyzyň bezegi üçin zat saýlanymyzda başdan geçiren duýgularymyza meňzemeli däldir. Siziň çägiňiz ýok, sebäbi siziň özüňiz we edýänleriňiz – bularyň bary Hudaýyň merhemetidir! Mukaddes Ruha öz görnüşiňizi giňeltmäge ygtyýar ediň. Uly zatlary arzuwlaň, ynanyň we öňe hereket ediň.

Şu bapda aýdylanlaryň berjaý bolmagy üçin möhüm bir häsiýet bar. Bu häsiýete düşünmesek, lapykeçlege uçramagymyz, hatda netijelilik we köpelmeklik ýolunda azaşmagymyz hem mükindir. Indiki bapda biz bu hasiýet, ýagny saýgarmaklyk barada gürrüň ederis.

15

# SAÝGARMAKLYK

Gaty iýmit bolsa, kemala gelenler üçindir.
Olar öz gündelik tejribesinden öwrenip,
ýagşy bilen ýamany saýgaryp bilýändirler.
— Ýewreýlere 5:14

Mukaddeslik- bu käbirleriň bezegi däldir,
ol seniň üçin-de, meniň üçin-de borçdur.
— Tereza Ene

Doly ýaşa ýeten adamlar – bular beden taýdan däl-de, ruhy taýdan kämil adamlardyr. Beden taýdan biz bäbek bolup doglup, ösüp ulalýarys. Biz ruhy taýdan hem edil şeýle tärde bäbek bolup doglup, doly ýaşa – Isa Mesihiň dolulygyna ösüp ulalmalydyrys. Bu iki ýaşyň arasynda saldamly tapawut bardyr. Beden kämilligi wagtyň geçmegi bilen peýda bolýar. Siz boýy iki metre barabar iki ýaşly çagany görüpmidiňiz? Şeýle boý uzynlygyna 15-20 ýaşda ýetilýär. Emma ruhy ösüş wagtyň geçmegi bilen peýda bolmaýar. Siz haçan hem bolsa Isa Mesih bilen bir ýyl geçirenleriň ýigrimi ýyl mundan ozal halas bolanlardan häs kämil bolanyna duşupmydyňyz? Ýewreýlere ýazylan hatda (5:14) aýdylyşy ýaly, içki duýgularyň ýagşyny-ýamany anyk saýgaryp başarmaklyk kämilligiň alamaty bolup durýandyr.

Bedeniňiziň bäş duýuş agzasynyň bolşy ýaly, ýüregiňiziň hem bäş duýuş agzasynyň bardygyny belläp geçmelidir. Muny Mukaddes Ýazgylarda aýdyň görse bolýar. “Dadyň, şonda Rebbiň ýagşylygyny görersiňiz!...” (Zeb. 33:9). Bir aýadyň özünde iki duýgy barada aýdylýar.

Isa Mesih günleriň birinde mähellä ýüzlenip, şeýle diýdi: "Eşitmäge gulagy bar adam eşitsin!" Ony diňlänleriň hemmesiniň fiziki gulaklary bardy, emma Isa Mesih içki gulaklar barada aýdypdy.

Pawlus Hudaýyň ysraýyl halkyna ýüzlenip aýdanlaryny mysal getiripdi: "...Haram zatlara el degirmäň, şonda Men sizi kabul ederin" (2 Kor. 6:17). Mundan başga-da, Pawlus şeýle ýazýar: "Hudaý Özi baradaky bilimi biz arkaly ähli ýere *müşk-anbar* kimin ýaýýar" (2 Kor. 2:14).

Bary-ýogy şu dört aýatda duýuş agzalaryň bäşisi-de agzalýar!

## Saýgarmaklyk

Biz aldawyň şeýle möwjeýän döwründe özümizi ýagşy bilen ýamany bulaşdyrmakdan nädip goramaly? Biz How enäniň düşen duzagyna düşmez ýaly näme etmeli? Ýadyňyzdamy, How ene ýamanlyk oňat, göze ýakymly we paýhasly bolup bilýär öýdüpdi. Duzaga düşmezligiň täri aňsat – saýgarmagy başarmaly. Biz bu häsiýeti nädip ösdürmelikäk? Hudaýdan bolan hakyky gorky arkaly.

Malaky pygamber soňky döwürde imanlylaryň iki dürli toparynyň boljagyny pygamberlik edipdi. Olaryň bir topary Hudaýdan gorkar, beýlekisi bolsa gorkmaz. Kynçylyk döwründe Hudaýdan gorkmaýan adamlar zeýrenerler, hüňürdärler we özlerini başgalar bilen deňeşdirerler. Olar Hudaýa hyzmat etmek bilen birlikde yzarlanmalara, betbagtlyga, kynçylyklara duçar bolýandyklaryny halamazlar. Olar özleriniň ejir çekýän wagtynda Hudaý bilen gatnaşyk saklamaýan adamlaryň gülläp-pajarlaýandygy babatda zeýrenerler.

Hudaýdan gorkýanlar hem şol bir kynçylyklary başdan geçirerler. Ýöne olar özlerini başgaça alyp bararlar. Olar Hudaýyň kyn döwür we kynçylyklar barada aýdanlaryna bil baglap, betbaglyklara garşy söweşerler. Olar ähli ünsüni şahsy kynçylyklaryna däl-de, Hudaýyň islegine we meýline, Onuň Şalygyna gönükdirerler. Olar Hudaýyň sadykdygyny bilýärler we bu sadyklykda kök urandyrlar. Olaryň garaýşy şeýle bolar:

> “Injir agajy güllemese-de, üzüm agaçlary miwe getirmese-de, zeýtun agaçlary hasyl bermese-de, ekin meýdanlary hasyl öndürmese-de, dowar agyllary boş galyp, ýataklar mal-garasyz bolsa-da, Men Rebde şatlanaryn, Halasgärimde ýüregim joşar. Beýik Hudaý güýjüm-kuwwatymdyr, aýaklarymy keýigiň aýaklary dek edip, Meni belentliklerde gezdirýär” (Hab. 3:17-19).

Hudaý Malaky pygamber arkaly Ysraýyla ony Öz hazynasy etjekdigi barada aýtdy. (Pawlusyň Timoteosa ýazan hatynda (2 Tim. 2:21) “ýörite saýlanylan gaplar” barada aýdanlary ýadyňyzdamy?) Malaky pygamber Hudaýdan gorkýan imanlylaryň aýratyn hukuklygynyň ajaýyplygyny beýan edip, şeýle diýýär: “Şonda siz ýene bir gezek dogry bilen egriniň, Hudaýa gulluk edýän bilen etmeýäniň *arasyndaky tapawudy* görersiňiz” (Mal. 3:18). Başga sözler bilen aýdylanda, bu imanlylar ýagşyny erbetden saýgarýandyrlar.

Geçen bapda biz Hudaýyň ýagşylygynyň parametrlerini kesgitledik. Hawa, Hudaýyň ýagşylygy bolelindir, ol biziň soraýanymyzdan-da, oýlaýanymyzdan-da uludyr, köpdür. Bolelinlik bir adam üçin ýykylmaga sebäp, başga biri üçin bolsa beýik mümkinçilik bolup bilýär. Eger siziň maksadyňyz bolelinlik bolsa, onda How ene, Habyl, Bilgam, Kora, Geýhaz, Ýudas, Isgender ussa, Laodikiýadaky ýygnak we ençeme başgalar ýaly ýaly duzaga düşersiňiz. Emma siziň maksadyňyz Hudaýy hoşnut etmek bolsa, onda ýagşy-ýamany saýgarmak ukubyňyz bolup, bolelinge dogry garamagy başararsyňyz.

Saýgarmaklykda gizlin syr bar. Biziň saýgarmaklyk ukybymyzyň derejesi Hudaýdan gorkmagymyzyň derejesine proporsionaldyr. Men şuny aýratyn nygtasym gelýär: Hudaýdan näçe köp gorksak, zatlary şonça-da danalayk bilen köp saýgarmaga ukyply bolýarys. Süleýman patyşa şalyk sürüp başlamazdan öň Hudaýa dileg edip, şeýle diýipdi: “...ýagşy-ýamany saýgarar ýaly, Sen Öz guluňa pähim-paýhas ber” (1 Pat. 3:9).

Süleýman patyşanyň paýhasy haýrana goýýardy. Rebbe eýeren ýyllarynda ol şýele ýazypdy: “Hawa, paýhasy çagyrsaň, düşünjä ýalbarsaň, ony kümüş ýaly gözleseň, hazyna dek agtarsaň, Rebden gorkmaklyga akyl ýetirip, Hudaýy tanamagy başararsyň” (Sül. 2:3-5).

Emma Süleýman patyşa Hudaýdan gorkmagy bes eden badyna azgynlyga ýüz urup, ýagşy-ýamany saýgarmak ukybyny ýitiripdi. Onuň üçin ähli zat "bidereklige" we "salgyma çapmaklyga" öwrüldi. Wagyzçynyň tutuş kitaby – azaşan, Hudaýdan gorkmaklygy, soňabaka bolsa saýgarmaklyk ukybyny ýitiren adamyň keşbidir. Onuň aňynyň ýagdaýy öwerlik däldir. Hyzmatymyň dowamynda men Hudaýdan gorkmagy bes edip, saýgaryş ukybyny ýitiren liderleri we imanlylary köp gördüm. Men olar barada oýlananymda, ýüregim gyýym-gyýym bolýar.

Ýokarda aýdylyşy ýaly, özümizi hapadan arassalarymyz ýaly, dogruçyl gorky bizi Hudaýyň merhemeti bilen hyzmatdaşlyk etmäge höweslendirýär. Saýgarmaklyk ukybymyzyň dogruçyl ýaşamaklyga baglydygy örän gyzykly zat. Ýöne şonda-da, biz mukaddesligi özen hökmünde görýäris. Ol bize durmuşymyzdaky çözgütleri: iş, gatnaşyk, pul, sosial mümkinçilikleri we islendik beýleki çäklerde çözgütleri kabul etmäge kömek edýär.

Biz hemme zatdan ilki Hudaýdan gorkmaklygy saýlap almalydyrys. Eger biz Hudaýdan gormaklygy ileri tutsak, bolelinlik bizi aldamaz. Çünki şeýle ýazylgydyr: "Baýlygyna baýrynýan ýykylar..." (Sül. 11:28). Emma şol kitapda şeýle sözler hem bar: "...Paýhas mendirin,...baýlyk, şöhrat, tükenmez mal-mülk we adalat mendedir" (Sül. 8:14,18). Şeýle-de ýazylgydyr: "Kiçigöwünliligiň, Rebden gorkmagyň sylagy baýlyk, abraý we ýaşaýyşdyr" (Sül. 22:4). Hakyky baýlyk – bu Hudaýyň sizi bellän işini amal etmäge mümkinçilik berýän resurslardyr. Bu iş öz içine başga adamlara täsir etmegi hem öz içine alýar. Başga sözler bilen aýdylanda, bu Onuň Şalygyny gurmaklykdyr.

Her gün irden öz-özüňden şuny soramak wajypdyr: men şu gün Hudaýdan gorkmaklykdan ugur alýarynmy ýa-da bolelinlige ymtylmakdan? Eger siziň maksadyňyz Hudaýdan gormaklyk bolsa, ol sizi gorar we haýsydyr bir zady edinmek üçin ýamanlygyň aldawyna düşmekden saklar.

Men bir zady anyklamak isleýän: serişdeler, baýlyk, maddy üpjünçilik we bolelinlik – bularyň bary gowy zat. Ýöne olar siziň maksadyňyza öwrülýän bolsa, ýagşy maksada ýetmekde ulanýan serişdeleriňiziň ýagşydygyny ýa ýamandygyny saýgarýan ukybyňyz kemterlik eder.

Mukaddes Ýazgylarda bir waka munuň nähili hereket edýändigini düşündirýär.

## Almak wagty geldimikä?

Ysraýylda pygamberlere sadaka ýa-da sowgat bermek däbi bardy. Günleriň birinde gelejekki patyşa Şawul we onuň hyzmakäri kakasynyň ýiten eşeklerini gözlemäge gidýärler. Olar eşekleri gözläp, halys ýadansoňlar, hyzmatkäri Şawula goňşy şäherde ýaşaýan Şamuwel pygamberiň ýanyna gidip, eşekleri nireden gözlemelidigini soramagy maslahat berýär. Şawul şobada jogap berip, şeýle diýýär: "Şawul hyzmatkärine: 'Eger gitsek, oňa näme äkideris? Torbalarymyzdaky çöreklerem-ä tükendi. Hudaýyň adamyna äkider ýaly bizde hiç hili sowgat ýok ahyryn. Hany, bizde näme bar?'" (1 Şam. 9:7). Adatça pygamberiň ýanyna gidenlerinde şeýle pikir edýän ekenler.

Indi bolsa, geliň, Ysraýylyň taryhyndaky başga bir döwre göz aýlalyň. Siriýa goşunynyň baş serkerdesi Nagaman Elýaşa pygamberiň öýüne gelýär. Nagamana serkerdä näme etmelidigini aýtdylar. Ol aýdylanlara gulak asansoň, deri keselinden doly saplanýar. Ol minnetdarlyk bildirmek we peşgeşler bermek üçin Elýaşa pygamberiň ýanyna barýar. Pygamber şeýle jogap berýär: "Huzurynda hyzmat edýän Rebbimden ant içýärin, men hiç zat aljak däl..." (2 Pat. 5:16). Nagaman oňa peşgeşleri aldyrjak bolup, köp ýalbardy, emma Elýaşa pygamber olary almakdan ýüz öwürdi.

Pygamberiň kömekçisi Geýhaz bolup geçen zatlaryň hemmesini gördi. Ol Nagaman serkerdäniň pygamber üçin getiren peşgeşleriniň baryny yzyna äkidip barýanyny görende, demi tutulan ýaly boldy. Elýaşa pygamber giden badyna, Geýhaz Nagaman serkerdäniň yzyndan ylgady. Serkerde onuň ylgap gelýänini görende, bir zat bolandyr öýdüp, kerweni saklamagy buýurdy.

Hyzmatkär hemme zadyň eýgilikdigini aýdýar, ýöne soňra Elýaşa pygamberiň mätäçliginiň ýüze çykandygyny aýdyp aldaýar. Ol pygamberi gürledip, şeýle sözleri diýýär: "Efraýym daglyk ýurdundan pygamberler toparyndan iki sanysy edil şu wagt meniň ýanyma gel-

di. Şolara gaýrat edip bir ýarym batman töweregi kümüş bilen iki laý eşik beräý” (2 Pat. 5:22).

Nagaman serkerde onuň soran zadyny iki esse edip berýär. Soňra olar hoşlaşýarlar, Gehaz bolsa yzyna dolanyp, alan zatlaryny ogrynça gizleýär.

Hyzmatkär Elýaşa pygamberiň ýanyna gelende, ol Geýhazdan nirede bolandygyny soraýar. Geýhaz ýalan sözläp, hiç ýere gitmändigini aýdýar. Şonda Elýaşa pygamber şeýle diýýär:

> “Nagaman seni garşylamak üçin arabasyndan düşende, men ruhda seniň bilen dälmidim? Bu kümüş, egin-eşik, zeýtundyr üzüm baglary, goýunlar, öküzler we gullardyr gyrnaklar alynýan wagtymy näme? Şonuň üçin hem Nagamanyň deri keseli senden we seniň nesliňden hiç haçan aýrylmasyn” (2 Pat. 5:26-27).

Geýhaz Hudaýdan gorkmaýardy (netijesi – saýgaryş ukyby ýok), şonuň üçin-de aldawa düşdi. Ol haýsydyr bir zady edinmegiň wagty gelendir öýtdi, aslynda welin bu bütüinleý beýle däldi. Ol peşgeş gazanylandyr diýip pikir etdi. Ol hojaýyny peşgeşi almakdan ýüz dönderensoň, oňa derek ony almak bolýandyr öýtdi. Sebäbi ol hem Elýaşa ýaly, Hudaýa hyzmat etmekde janyny, gaýratyny gaýgyrmaýardy ahyryn. Eýsem Hudaý olaryň abadançylygyny islemeýärmi näme? Ine, bir baý wekil gelýär, butparaz bolsa bolubersin. Eýsem erbetleriň baýlygy dogrular üçin ýygnalmaýarmy näme? Ol Elýaşa öz hyzmaty üçin adalatly haky almakdan ýüz dönderende, onuň bu hereketini paýhassyzlyk saýdy.

Geýhaz bu peşgeşleri almaga haklydyr öýtdi. Onuň şeýle pikir etmegi maksadyna ýetiren usuly aklady. Ol saýgarmagy başarmady, erbet zady ýagşy zat hökmünde kabul etdi we bitabynlygy üçin elhenç jezalandyryldy.

## Maksada ýetmek islegi islendik usuly aklaýar

Men ýygnak hyzmatçylarynyň we imanlylaryň maddy baýlygy edinmek isleginiň Hudaýdan gorkmakdan üstün gelen ençeme ýagdaýlaryna şaýat boldum. Men hyzmat edýän ýyllarymyň dowamynda

olaryň köpüsiniň maddy baýlyklary edinmek üçin juda gymmat bahany töländiklerini gördüm. Ilkibaşda maddy emläk özüne imrikdirip, oňat bolup görünýär. Ilki tapgyrlarda ähli zähmetiň üstünde ak pata hallan atyp duran ýaly, üstünlik bolsa burçdan öwrülen ýeriňde garaşyp duran ýaly bolup görünýär. Soňra bolsa hemme zat erbetleşip ugraýar, gözgyny netijeler uzak garaşdyrmaýar. Men nikalaryň dargaýşyny, hyzmatyň bes edişini, telekiçilik işiniň çöküşini, bergä batylyşyny, saglyk kynçylyklarynyň başlanyşyny, gatnaşyklaryň bozulyşyny köp gördüm. Mundan başga-da, adamlar ýalan sözläp başlaýardylar, garyndaşlarynyň we ýakynlarynyň ynamyny ýitirýärdiler.

Telekiçiler mesihi-doganlarynyň edýän ýalňyş hereketlerine duçar bolandyklary barada köp gürrüň berýärler. Diňe özüňi bilmeklik, ýalançylyk, ogurlyk, göriplik, kezzaplyk, parakeşlik. Bular nireden döreýärkä? Munuň jogaby aňsat: oňat bolup görünýän maksat özüne ýetilmek üçin islendik usuly aklap bilýär. Adamlar öz-özlerini aklap: "Hudaý meniň üstünlik gazanmagymy isleýär. Ol meniň pulumyň köpelip, wezipämden lezzet almagymy isleýär" diýip pikir edýärler. Ýöne bu adamlar öz durmuş ýörelgelerini Hudaýyň Sözüniň "süzgüjinden" süzmeýärler. Käwagt arzuwlanylýan zada ýetmek üçin kompromis, oňşuklyk, ylalaşyk ýeke-täk usul ýaly bolup görünýär. "Eger biz hereket etmesek, gaýygymyz ýöne suwuň ugruna ýüzer. Biz uly mümkinçilikleri we ak patalary sypdyrarys" Hudaýyň üpjünçiligine garaşmak üçin, kämil häsiýet gerekdir.

Isa Mesih hyzmatyna başlan wagtynda şeýtan Oňa kompromisi, ýagny ylalaşmagy teklip edipdi. Ol Isa Mesihe dünýä şalygyny dikeltmek (aslynda Isa Mesihiň ýer ýüzüne gelmeginiň maksady hem şoldy) üçin agyrysyz ýeňil ýoly teklip edip, Ony synapdy. Munuň üçin Isa Mesih oňa sežde etmelidi. Belki, bu Isa Mesih üçin gyzykly eşidilen bolmagy ahmal. Eger Ol şeýtanyň teklibini kabul eden bolsa, onda maksadyna tiz we jebir-jepasyz ýetip bilerdi. Onuň bar etmeli zady – şeýtana sežde edäýmelidi.

Hudaýyň ýüregimize salanlaryny berjaý etmek üçin şeýtan köp teklipleri edýär. Ýöne onuň teklipleri öz dogruçyllygymyzdan, häsiýetimizden we tabynlygymyzdan ätläp geçmegi öz içine alýar. Sežde

etmeklik – bu owadan, haýal mukama salnan öwüt sözlerini aýtmaklyk däl. Sežde etmeklik – öz sežde edýän obýektimize bolan tabynlygymyzy aňladýar. Ýygnakda ruhy aýdymlary aýdyp bolýar, emma aýdymdan güýçli ýaňlanýan hereketler arkaly tümlüge sežde edip bolýandyr.

Ýokarda belläp geçişim ýaly, awtorlaryň köpüsi kitapda ilkinji gezek duş gelen nätanyş söze düşündiriş berýärler. Eger siz Mukaddes Kitapda "sežde etmek" sözüniň ilkinji gezek ulanylan manysyna seretseňiz, onda onuň hakykatdan-da näme aňladanyny görersiňiz. Bu söz ilkinji gezek Hudaý Ybraýyma iň eziz adamyny Özüne gurbanlyk bermegi buýranda peýda bolýar. Şonda Hudaý bu buýrugynyň sebäbini-de düşündirmändi.

Üç günlük ýol ýöränlerinden soň, Ybraýym öz ogly Yshak bilen Moryýa dagynyň etegine bardylar. Ybraýym öz hyzmatkärlerine: "Siz şu ýerde, eşegiň ýanynda galyň. Oglum ikimiz beýleräge gidip, sežde edip, onsoň yzymyza dolanyp geleris" (Gel. 22:5) diýýär. Ol daga Hudaýa mylaýym aýdym atmak üçin çykmandy. Ol Ýaradana tabyn bolany üçin, özüniň ýalňyz ogluny ölüme bermek üçin çykypdy. Onuň üçin sežde tabynlygy aňladýardy.

Hudaýyň hut şu sebäpden Öz halkyna: "Ýanymdan nagmalaryň owazyny aýryň! Men arfalaryňyzyň sazyny diňlemerin. Goý, adalatlyk derýa kimin joşsun, dogruçyllyk baky çeşme ýaly aksyn!" (Amos 5:23-24) diýen bolmagy ahmalmy? Men "dogruçyllyk baky çeşme ýaly aksyn!" diýen jümläni örän halaýaryn. Men muny üýtgewsiz tabynlyk diýip atlandyrýaryn.

Amos pygamberiň döwründe ýaşan adamalaryň durmuşy Hudaýyň Sözüne gabat gelmeýärdi, ýöne olar ýazmagy, ýygnanmagy we täze sežde nagmalaryny aýtmagy dowam edýärdiler. *Hakyky sežde nagmamyz arkaly däl-de, tabynlygymyz arkaly mälim bolýandyr.*

## Oňat we ýagşy zady Hudaýdan ileri tutmak

Bir gezek tabynlyga äsgermezlik edip, berk duzaga düşüşimi gürrüň bereýin. Biziň hyzmatymyzyň başlanyna ýaňy iki ýyl bolupdy. Hyzmatymyz ýüze golaý, hatda ondan-da az adamalaryň ýygnanýan ýygnaklaryna aýlanýanlygymdan ybaratdy. Biz köplenç "honda-siwik" ulagyny sürýär-

dik, iki çagamyz hem ulagyň yzky oturgyjynda biziň bilen giderdiler. Şonda ulaga diňe goşumyz we wideokassetaly iki guty sygýardy.

Ozal aýdyp geçişim ýaly, bir gün irden Hudaý meniň ýüregime kitap ýazyp başlamalydygymy aýtdy. Men Hudaýa gulak asman, bu işi gaýra goýýardym. Munuň iki sebäbi bardy; birinjisi – men mekdepde düzme ýazmakdan kösenýärdim, adatça olar üçin pes bahalar alýardym. Ikinji sebäbi bolsa – hiç kimiň tanamaýan awtorynyň kitabyny kim çap edesi geler öýdýärdim. Emma men Hudaýyň aýdanlaryna tabyn bolup, kitap ýazyp başladym.

Kitaby ýazmak üçin maňa bir ýyl wagt gerek boldy, men muňa ençeme hysyrdyly sagady sarp etdim. Soňra men iki sany neşirýata ýüz tutup, “Çöldäki ýeňiş” atly golýazmama garamaklaryny haýyş etdim. Olaryň biri: “Kitap wagza meňzeýär” diýip aýtdy. Beýlekisi bolsa jogap-da bermedi. Men diýseň lapykeç boldum. Liza ikimiz ýeke-täk mümkinçilikden peýdalanmagy – kitaby öz serişdelerimize çap etmegi karar etdik. Biz biraz pul süýşürip, kitabyň birnäçe müň ekzemplýaryny çap etdik we meniň wagyz edýän ýygnaklarymda satdyk. Adamlar kitaby halansoňlar, men indiki ýylda ýene bir kitaby ýazdym. Biz ýene-de kitaby öz hasabymyza çap etmeli bolduk.

Ikinji kitabym çap edilenden soň maňa Amerikanyň meşhur neşirýatynyň jogapkär redaktory jaň etdi. Ol adyny aýdyp, jaň etmeginiň sebäbini düşündirip, şeýle diýdi: “Jon, maňa siziň “Çöldäki ýeňiş” atly kitabyňyzy görmäge berdiler. Biziň neşirýatymyz bu habara ynanýar we bu kitaby giň köpçülige ýetirmekde kömek edesi gelýär. Biz birnäçe minutlap gürleşdik. Ol kitaby ýaýratmagyň dürli usullarynyň bardygyny janygyp düşündirdi, özüniň marketing meýilnamasy we mahabatlama bölümi bilen magtandy. Hemme zat şeýle ajaýyp eşidilip, hakykat däl ýalydy – kitap ahyrda Birleşen Ştatlaryň ählisinde elýeter bolup biljekdi.

Emma telefony goýan badyma meni birhili ünji gaplady. Bolan gürrüň ruhumda hiç syzylmady. Ertesi gün men dileg edenimde, Hudaýyň: “Razylaşma” diýýänini aýdyň duýdum.

Men bu barada Liza bilen gürleşdim. Ol teklip barada oýlanyp, meniň bilen ylalaşdy. Ol teklibiň bähbitli ýaly bolup görünýändigine garamazdan, ol babatda şübhelenýändigini aýtdy.

Şol gün agşamara Liza maňa: “Ezizim, men bu mesele barada dileg edenimde, razylaşmaly däldigimizi duýýaryn” diýdi. Şonda men bu teklibi kabul etmeli däldigine ymykly göz ýetirdim.

Ertesi gün şol redaktor ýene-de jaň etdi. Men bu meselede eýýäm Hudaýyň islegini bilsem-de, onuň näme diýjegini eşidesim gelýärdi. Şol pursatda men gürrüňi dowam etdirmek isleginiň kynçylygyň döräp başlandygyny syzdyrýandygyna düşünmändim. Men näme üçin ýöne tabyn bolup bilmedikäm? Men näme üçin onuň kitabymy çap etmek baradaky delillerine gulak gabardyp başladykam? Belki, olaryň ýüregimiň nädogry islegini kanagatlandyrany üçin bolaýmasa? Belki, bu men-menlik edenim üçin bolaýmasa? Redaktor tutuş neşirýatyň meniň habarymy çap etmäge garaşýandygyny maňa janygyp gürrüň berdi. Ol meniň habarymyň ýurdumyz üçin näderejede wajypdygy, onuň hut Hudaýdan bolan sözdügi babatda meni tutanýerlilik bilen ynandyrýardy. Şeýle-de ol öz edaralarynyň kitaplary ýaýratmakda iň ökde hünärmenler bilen hyzmatdaşlyk edýändigi we olaryň bu kitaby mesihilik hem-de dünýewi dükanlaryna ýaýradyp biljekdikleri barada aýdýardy. Ol ozal meşhur bolmadyk awtorlaryň kitaplaryny çap edip, tutuş Amerika ýaýradyşlary barada gürrüň berdi. Onuň aýtmagyna görä, bu awtorlar şondan soň meşhurlyk gazanypdylar. Ol munuň barynyň neşirýatyň täsiri arkaly amala aşandygyny gürrüň berdi.

Men bu redaktora kesgitli “ýok” diýmeýändigim üçin, ol soňra hem birnäçe hepdäniň dowamynda maňa günaşa jaň edip durdy. Men ony diňlegimçe, bu kitaby çap etmeli diýen pikire eýerip başladym. Ahyrda ýüregimdäki şübheleriň ýom-ýok bolan pursady gelip ýetdi. Mukaddes Ruhuň içki şaýatlygy gürlemesini bes etdi. Men öwgi sözleriniň we ynsan delilleriniň Hudaýyň görkezmesinden üstün gelmegine ýol berdim. Başga sözler bilen aýdanymda, meniň saýgarmaklyk ukybym dymmaga mejbur boldy.

Müsürden çykyş kitabynda: “Para almaň, çünki para akyldarlaryň gözüni kör eder, dogrynyň işini ters eder” (Müs. 23:8) diýip ýazylgy. Öwgi sözleri – bu paranyň bir görnüşi, ol meniň gözlerimi kör etdi. Men mümkinçiligi we bolelinligi Hudaýdan gorkmaklykdan ileri tutdum.

Aýalymyň berk duýduryşlaryna garamazdan, biz şertnama gol çekişdik. Şol pursatdan-da dürli kynçylyklar başlandy.

Biz şol döwürde Liza ikimiziň öýlenenimize on bir ýyl bolupdy. Ol maňa wagtal-wagtal: “Sen hiç kesellänok-laý!” diýerdi. Dogrudan-da şeýledi, men gaty seýrek keselleýärdim. Eger bir zada ýolugaýsam-da, ertesi gün eýýäm hiç zat bolmadyk ýaly bolýardym. Ýöne şol şertnama gol çekilen günden başlap, men keselledim we keselden hiç saplanyp bilmedim.

Ähli zat ýönekeý sowuklamadan başlapdy. Men özümi bilelim bäri, ömrümde ikinji gezek sowuklama ýolugypdym. Sowuklamadan saplanan badyma. Wirus keseline ýolukdym. Biz Liza ikimiz toý tutan günümiziň senesini bellemek üçin, şäherden daşary gezelenje gidipdik. Meniň gyzgynym galyp, hiç peselmedi. Men dynç alyş wagtymdan soň hem bir hepdäniň dowamynda gyzdyrdym. Men ýygnakda wagyz edip bolanymdan soň myhmanhana otagymy ylgap gidip, gat-gat ýorganyň astynda ýylynmaga mejbur bolýardym.

Meniň gyzgynym üç hepdeläp düşmedi, biz muňa örän haýran galýardyk. Men ömrümde şeýle keselläp görmändim. Güýçli antibiotikler ahyrsoňy netije berdi. Emma dermanlary kabul etmegi bes edenimden bir hepde soň, men ýene-de sowukladym. Men özümi diýseň erbet duýýardym, damagym agyrýardy, kellämiň içine gurşun guýlan ýalydy, keseliň başga alamatlary hem bardy. Kesel menden hiç el çekesi gelmeýärdi.

Sowuklamadan saplananyma iki hepde geçip-geçmänkä, men dyzymy şikeslendirdim. Şikes şeýle güýçli bolansoň, men aýagymy demir skobalary dakyp, birnäçe hepdeläp elim pişekli ýöremeli boldum. Bu hem az bolan ýaly, onuň yzysüre ýene-de wirusa ýolukdym. Keseller we şikesler üç aýyň dowamynda yzyny kesmän gaýtalandy. Şol döwrüň dowamynda Liza bütünleý sagdyn bolup, hiç zada ýolukmady.

Keselimiň üstesine neşirýatçy bilen gepleşiklerimiz örän dartgynly geçýärdi. Biz hiç bir zatda ylalaşyp bilmeýärdik. Gatnaşyklar örän dartgynlydy, işde öňegidişlik ýokdy. Bu hem bary däldi: biziň durmuşymyzda çözmesi kyn bolan kynçylyklar yzly-yzyna ýüze çykyp başlady. Şol üç aýyň dowamynda durmuşymyz juda kynlaşdy. Dawut

şu sebäpden: “Ejir çekmezden öň men azaşypdym, emma indi Seniň sözüňi berjaý edýärin” (Zeb. 118:67) diýip ýazan bolmagy ahmal.

Hudaý bu ýagdaýda maňa rehimdarlyk etdi, Ol maňa öz ýalňyşymy görmäge ygtyýar etdi. Men hyzmatyň üstünligini Oňa tabyn bolmakdan ileri tutdum. Men Hudaýyň we aýalymyň öňünde goýberen ýalňyşymy boýun aldym. Meniň günäm geçildi, men päklendim. Onuň rehim-şepagaty nähili beýik!

Emma men heniz-de duzakdadym. Şol neşirýatçy bilen baglaşan şertnamamdan boşanmak üçin, biz gudrata mätäçdik. Biz Liza bilen el-ele berip, Hudaýa dileg etdik.

Birnäçe hepdeden bize şertnamamyzyň ýatyrylýandygy barada neşirýatdan habar geldi. Men şertnamany ýatyranlygym üçin 4000 dollar jerime tölemeli bolandygymyza garamazdan, özümi gerşimden dag bölegi aýrylan duýdum. Başlangyç tapgyrdaky hyzmat üçin 4000 müň dollar ägirt uly mukdardaky puldy. Ol bir aýlyk býujetiň ýarysyna barabardy.

## Hudaýdan bolan mümkinçilik

Birnäçe aý geçenden soň, Skott atly bir dostum meni nahara çagyrdy. Ol: “Jon, seni bir dostum bilen tanyşdyrasym gelýär” diýdi. Men razy boldum.

Skott restoranda meni Jon atly dosty bilen tanyşdyrdy. Ol meşhur bir neşirýatyň ýolbaşçysy eken. Naharyň başynda adaty söhbetdeşligiň dowamynda Jon menden şindi näme barada çykyş edýändigimi sorady. Men şu soragdan soň iýip-içmegi-de unudypdyryn.

Men oňa öz kynçylyklarymy beýan edip başladym. Men on bäş minut töweregi gyzygyp, öz ýagdaýymy gürrüň berdim.

Jon sözümiň arasyny bölüp: “Men şuny bilmegiňi isleýärin: biz bir ýylyň dowamynda bary-ýogy 24 kitap, özi-de tanalýan awtorlaryň we çopanlaryň kitaplaryny çap edýäris” diýdi.

Men: “Senden kitabymy çap etmegi soramok. Sen näme işleýändigimi soradyň, men-de şoňa jogap berýärin” diýdim.

Ol: “Hä, bolýar, dowam ediber” diýdi.

Men ýene-de 10-15 minutlap şol zalym duzak barada gürrüň berdim. Sözümi tamamlan badyma Jon: “Şol golýazmaňy görsem bolýarmy?” diýip sorady.

Men aljyrap: “Sen ony çap edip bilmeýänsiň öýtdüm” diýdim.

“Şeýle habary çap etmän bolmaz, men ony neşirýatyň eýesine gowşurasym gelýär” diýdi.

Ýolbaşçylar topary bu habary kabul edip, ony “Şeýtanyň aly” diýen ady bilen çap etdi. Wagtyň geçmegi bilen ol dünýä bestsellerine öwrüldi. Şindi, şu kitaby ýazýan wagtymda, bu kitabyň milliondan gowragy satyldy, ol altmyşdan hem köp dile terjime edildi.

Men ikinji neşirýatçynyň kitabymy çap etmekçi bolýandyklaryny aýtmak üçin jaň eden gününi ömrümde unutmaryn. Ol maňa edil şol pursadyň özünde şertnama gol çekmegi teklip etdi. Men telefony goýup, Hudaýa dileg etmäge gitdim. Şonda men Onuň maňa aýdyňlyk bilen: “Birinji neşirýatlyk işi seniň pikiriňdi. Bu neşir – Meniň pikirim” diýenini eşitdim.

Şol waka maňa oňat zat bilen Hudaýyň arasyndaky tapawudy mese-mälim görkezdi. Oňat mümkinçiligiň ilki bilen gelýän ýagdaýlary köp bolýar. Soňra bolsa Hudaýdan bolan mümkinçilik gelýär. Ybraýym bilen Saranyň ýagdaýynda-da şeýle bolupdy: ilki Ysmaýyl, soňra bolsa Yshak doglupdy.

## Hudaýdan gorkynyň bardygynyň subutlary

Birinji neşirýatçyny saýlamak bilen erbet çözgüdi kabul etmäge näme mejbur etdikä? Dogrymy aýtsam, men ähli ünsümi Hudaýdan gorkmaklyga däl-de, bolelinlige bolan höwesimde jemläpdim (men diňe kitabymyň okyjylaryň giň köpçüligine ýetmegi barada oýlanýardym). Şeýle ýagdaý meni mese-mälim üstünlik baradaky deliller we logiki pikirler zerarly döräp, Hudaýyň ýüregime aýdyňlyk bilen diýen sözlerini basdy.

Tabynlyk – Hudaýdan hakyky gorkynyň bardygynyň subutnamasydyr. Biz Hudaýdan gorkanymyzda:

- Onuň aýdanlaryna bada-bat gulak asarys.
- Manysyz bolup görnäýende-de, Onuň aýdýanlaryna gulak asarys.

- Agyryly bolsa-da, Onuň aýdýanlaryna gulak asarys.
- Biziň üçin bähbitsiz bolsa-da, Onuň aýdýanlaryna gulak asarys.
- Soňuna çenli Onuň aýdýanlaryna gulak asarys.

Ybraýymyň geçen synagy ýokardakylaryň baryny berjaý edendigini subut edýär. Geliň, şol synagy ýatlap geçeliň.

Bir gije Hudaý Ybraýyma öz ogly Yshagy ýakma gurbanlyk bermegini soraýar. Eýsem ol Hudaýyň aýdýanlaryny dogry eşitdimikä? Belki, ol gije basyrganandyr? Eýsem ol şeýle pikir etdimi: "Ýok! Muny nädip edeýin? Men öz oglumy söýýan ahyryn. Men Yshagy öldürip bilmerin. Maňa Yshakdan patyşalar we milletler dörejekdigi barada wada berildi ahyryn. Men ony öldürsem, bu wada nädip berjaý bolsun?"

Ybraýym: "Näme? Sen muny neneň edip sorap bilýäň? Sen ondan milletler dörär diýip wada berdiň-ä!" diýip gygyrýar. Emma Hudaý onuň bu sözlerine hiç jogap bermeýär.

Ybraýym güýçli duýgulary başdan geçirýär. Men onuň şol gije gözüne çiş kakylan ýaly bolandygyna ynanýaryn. Aramyzda näçämiz şeýle haýyş babatda birnäçe hepde, aý, hatda ýyl pikirlenip, ahyrda onuň paýhassyzlykdygy babatda özümiz ynandyrarys?

Ybraýym welin beýle etmedi. Mukaddes Kitapda şeýle ýazylgy: "Ybraýym daň bilen turup, eşegini gaňňalady..." (Gel. 22:3). Ol bada-bat gulak asdy.

Siz haçan hem bolsa öz tanyşlaryňyzyň ýeňilkellelik bilen: "Hudaý maňa bu barada eýýäm birnäçe aý bäri diýip gelýär" diýip, degişýänini eşidipmidiňiz? Bu nähili gynandyryjy ýagdaý! Sebäbi adamlar Hudaýdan gorkmaýandyklary bilen öwünýärler.

Hudaý Ybraýyma öz ömründäki iň beýik wadany gurbanlyk bermegini soraýar. Ybraýym bu wada ýigrimi dört ýyllap garaşypdy. Hudaý hatda näme sebäpden şeýle haýyş edýändigini-de düşündirmeýär. Ybraýym Yshagy gurbanlyk bermekde hiç many görmeýär, emma şonda-da Hudaýa gulak asýar.

Öz juwan ogluňy gurbanlyk bermek örän agyryly zat. Üç günläp ýörän ýollarynyň dowamynda agyry Ybraýymy sarsdyrýar. Ilkibaş-

da, ol Hudaýyň aýdanlaryny ýaňy eşiden badyna, beýle agyry ýokdy. Emma Hudaý dymansoň, bu agyry günsaýyn artýardy. Ybraýymyň öz ogly bilen gurbanlyk sypany gurmagy oňa gaty agyr düşýärdi. Emma muňa garamazdan, ol tabyn galdy.

Gudratygüýçli Ybraýyma tabyn bolan ýagdaýynda ogluna derek öwez gurbanlygyny berjekdigini aýtmandy. Bizden tapawutlylykda, Ybraýymyň elinde wakanyň nähili tamamlanandygyny beýan edýän Gelip çykyş kitaby ýokdy. Ybraýym Hudaýyň aýdanlaryndan nähili bähbidiň bardygyny heniz-de görenok, ýöne şonda-da Hudaýa tabyn bolýar.

Biziň günlerimizde bolsa hemme zat başgaça. Adamlar ilki Hudaýa tabyn bolmakda nähili bähbitleriň bardygyny görüp, ondan soň tabyn bolaslary gelýär. Biz, mugallymlar, öz wagyzlarymyzda köplenç eger diňleýjilerimiz Hudaýa eýerseler, bähbitli wadalara eýe boljakdyklaryny aýdýarys. Biz, awtorlar, eger kitabyň daşky sahypasynda onuň okyjy üçin näderejede bähbitlidigini aýtmasak, ol satylmaz öýdýäris.

Ine, Ybraýym ahyrda gerekli ýoly geçip, daga çykýar, gurbanlyk sypasyny gurýar, Yshagyň el-aýagyny daňýar we hanjaryny söýgüli oglunyň ýüregine urmak üçin ýokary galdyrýar. Ol soňuna çenli tabyn.

Hanjar ýürege urulmak üçin ýokary galanda, birdenkä perişde peýda bolup, şeýle diýýär: “Oglana el gatma, oňa hiç zat etme. Indi Men seniň Hudaýdan gorkýandygyňy bilýärin...” (Gel. 22:12).

Perişde Ybraýymyň Hudaýdan gorkýandygyny nireden bildi? Ol bolan zatlary gördi: Ybraýym aýdylanlarda hiç many görmese-de, ýüregi para-para bolsa-da, öwezine nämeleriň aljakdygyny görmese-de, bada-bat gulak asyp, soňuna çenli tabyn galdy. Ol juda baý adamdy, onuň iň arzyly hazynasy ogludy. Emma Ybraýym üçin baýlyk durmuş manysy däldi. Ol Hudaýa tabyn bolmaklygy hemme zatdan ileri tutýardy.

Hudaýdan bolan gorky bize bolelinlikden, sahy resurslardan we baýlykdan dogry peýdalanyp bilmegimiz üçin zerur bolan ukyplary berýär. Mukaddes Ýazgylar, ine, şeýle diýýär: “Rebbiň berekedi baýlyk getirýär, Ol bu baýlyga dert-alada goşmaz” (Sül. 10:22).

## Paýhassyz çemeleşmek

Isa Mesihiň şägirdi Ýudas bilen Ybraýymyň arasynda ägirt tapawudy görýäris. Ýudas özüne gerek mahaly hakykaty aňsatlyk bilen unudýardy. Ol hyzmat üçin niýetlenen puldan özüne geregini alyp, öz mätäçligi üçin ulanýardy, aldaýardy, garyp-gasarlaryň aladasyny etmeýärdi, öz Liderine haýynlyk edipdi, ikiýüzlidi (ser.: Mat. 26:25, 49 we Ýoh. 12:6; 13:2). Ol hüküme sezewar edilendi, sebäbi ol Hudaýdan gorkmaýardy, erbet bilen oňady, ýagşy bilen ýamany saýgaryp bilmeýärdi.

Günleriň birinde bir baý aýal hoşboý ysly gymmatbaha nard ýagyny Isa Mesihiň üstüne guýdy. Ýudas gaharlanyp, nägilelik bilen aýalyň bu hereketini "akmaklyk" saýdy. Ol: "Näme üçin bu ýag satylyp, onuň puly garyplara paýlanmady? Munuň bahasy bir ýyllyk iş hakyna barabar ahyry" (Ýoh. 12:5) diýdi. Onuň aýdanlary, göräýmäge, dogrudy, ol şägirtlere täsir etdi. Olar hem gürrüňe goşulyp, aýalyň edenlerini ýazgardylar.

Isa Mesih Ýudasyň aýdanlaryny düzedip: "Naçary öz gününe goýuň! Näme üçin ony ynjadýarsyňyz? Ol Meniň üçin *ajaýyp iş* etdi... Size dogrusyny aýdýaryn, Hoş Habar dünýäniň niresinde wagyz edilse, bu aýalyň edeni-de şol ýerde ýatlanar" (Mrk. 14:6,9) diýdi. Isa Mesih aýalyň edenlerini ajaýyp we uzakwagtlaýyn diýip atlandyrdy. Ýudas bolsa aýaly ýazgaryp, onuň edenlerini erbet we gysgawagtlaýyn diýip atlandyrdy. Onuň saýgarmak ukyby kütelipdi. Ol Hudaýyň ýürek urgusyndan uzakdady.

Indiki aýady okaň:

> "Soňra Onkilerden Ýudas Iskariýot diýen biri Isa dönüklik etmek üçin, ýolbaşçy ruhanylaryň ýanyna gitdi" (Mrk. 14:10).

Sabyr käsesini dolduran soňky damja. Ýudas halys ýadady, Isa Mesihiň liderlik strategiýasy onuň ýüregine düşdi. Ol Jelileden Adamyň yzyna düşüp gaýtdy, ol Isa Mesih ýene-de Dawudyň şa tagtyna çykar diýip pikir etdi. Işaýa pygamberiň aýdanlaryna görä

Mesih ebedi şalygy berkarar etmelidi. Üç ýyl geçdi, Isa Mesih nämä garaşýarka? Eger Ol şalygy berkarar eden bolsady, onda ol, Isanyň ýakyn şägirdi we hazynaçysy, abraýly wezipäni eýeläp, baýlyga we ygtyýara eýe bolardy.

Ýudas şeýle pikir etdi: "Men işi tizleşdireýin. Men garaşyp ýadadym. Maňa ygtyýarlyk, abraý we baýlyk gerek. Men ýaňsylamalardan we yzarlanmalardan ýadadym. Men mundan beýläk özüme akylyndan azaşanyň dosty hökmünde garalmagyny islämok. Eger men Ony ýolbaşçy ruhalaryň eline tabşyrsam, Ol ahyry Öz ygtyýaryny görkezip, şalygyny berkarar eder, men hem meşhur bolaryn".

Siz meniň Ýudaýyň niýetlerini düşündirişim babatda şübhelenmegiňiz ahmal, ýöne men ol hut şeýle pikir edendir diýip hasaplaýaryn. Ýudas Isa Mesihiň güýjüni, hassalara şypa berşini, gaý-tupany ýatyryşyny, ölüleri direldişini, injiri näletleýşini, körleriň we kerleriň görüş-eşidiş ukyplaryny dikeldişini, beýleki gudratlaryny görýärdi. Ýudas Isa Mesihiň Şalyk barada köp aýdýandygyny eşidýärdi. Ol Petrusyň we beýlekileriň Isa Mesihi iberilen Halasgär hökmünde kabul edişlerini eşidýärdi. Ol günde öz gözleri bilen Isa Mesihiň beýikligini görýärdi. Emma Isa Mesih ölüme tabşyrylanda, ol azaşandygyna düşündi we edenlerine ökünip, özüni agaçdan asdy. Ol öz hereketler maksatnamasy arkaly arzuwlanlaryna ýetip bilmedi.

Ybraýym bilen Ýudasyň mysallary Hudaýdan gorkýan bilen gorkmaýanyň arasyndaky tapawudy mese-mälim görkezýär. Biri saýgarmagy başarýardy, beýlekisi bolsa aldawyň içinde ýaşaýardy. Olaryň şahsy saýlawy diňe ýüreklerine täsir edýärdi. Bu iki adamyň ömürleriniň tamamlanyşy düýpgöter tapawutlanýar. Olaryň ikisi-de ýatlanylýar, ýöne dürli sebäpden ýatlanylýar.

Biziň hemmämiz ýatda galarys, bu babatda şübhelenip-de oturmaly däl, sebäbi biz baky barlyklar. Ýöne öz-özümizden soramaly zadymyz: biz adamlaryň biz nähili ýatlamaklaryny isleýäris? Siziň Hudaýdan bolan gorkyňyz bu soragyň jogabyny kesgitlär.

## Hemme zat aýdyldy, netije şudur

Eger garaýyşlarymyzyň bulaşyk däl-de, sagdyn bolmagyny isleýän bolsak, ýüreklerimiz päk bolmalydyr. Şonda kellä gelen haýsydyr bir pikiriň Hudaýdandygyny ýa-da diňe ýagşy we baky zadyň sypatyna girendigini saýgarmakda ýalňyşmarys. Biz öz ýanýoldaşlarymyz, işdeşlerimiz, ýakyn dostlarymyz, hünär ösüşimiz, mümkinçilikler, pul goýumlaryny amal etmek, çagalary terbiýelemek, hyzmat edýän ýygnaklarymyz, bilim almak meselesi we durmuşda çözülmeli ençeme beýleki meseleler babatda paýhasly çözgütleri kabul ederis.

Beýik şan-şöhraty we ondan hem uly synmaklygy başdan geçiren Süleýman patyşa ömrüniň ahyrynda şeýle diýýar: “Hemme zat aýdyldy. Netije şudur: Hudaýdan gork we Onuň tabşyryklaryny sakla, çünki bu ynsanyň esasy borjudyr; her bir işi, gizlin bolan her işi — isle ýagşy bolsun, isle ýaman — Hudaý kazylyk eder” (Wag. 12:13-14).

Süleýman patyşa akmaga öwrüldi, saýgarmak ukybyny ýitirip, nämäniň ýagşy, nämäniň bolsa ýamandygyny kesgitläp bilmedi. Ol paýhasdan azaşdy, Hudaý bize muny Wagyz kitaby arkaly görkezýär. Ýöne begendirýän zat – Süleýman patyşa soňra akylyna aýlanýar. Ol durmuşda Hudaýdan gorkmaklykdan başga has wajyp zadyň ýokdugyna düşünýär. Onuň sözlerine görä, “hemme zat aýdyldy”.

Şunlukda, eý, dostum, eger sen dünýä Hudaýyň gözleri bilen garamak isleýän bolsaň, paýhasy onuň belentliginde bilip, ony kabul etmek isleýän bolsaň, Hudaýdan gorkmaklygy saýlap al. Sen bu çözgüdiňe asla ökünmersiň.

16

# ULY SURAT

Seniň Meni dünýä iberişiň ýaly,
Men hem olary dünýä iberdim.
— Ýohanna 17:18

Ynsanyň ilkibaşdan kesgitlenen soňy
bagt ýa-da saglyk däl-de, mukaddeslikdir.
— Oswald Çembers

Geliň, yza bir ädim çekilip, tutuş surata göz aýlalyň. Hudaý bizi çuňňur we güýçli söýýär. Ol biziň üçin iň naýbaşy zatlary isleýär. Hudaýdan bolan zatlaryň ählisi ýagşydyr, ýöne ýagşy zatlaryň hemmesi Hudaýdan däldir. Şonuň üçin-de, bizi naýbaşy zatlardan uzaklaşdyrjak ýagşy zatlar bardyr. Biziň ählimiz naýbaşy zatlary isleýäris, ýöne olara alyp barýan ýol hemişe aýdyň däldir, ony tapmak üçin saýgarmak ukyby gerekdir.

Biziň ýerdäki ýolumyzda Hudaýdan başga şeýtan hem bardyr, biz onuň bilen hem iş salyşmaly bolýarys. Ol bizi heläklemek isleýär, ýöne onuň esasy maksady – bizi söýýän Ýaradanyň ýüregini paralamak. Mukaddes Ýazgylar duşmanyň "nur saçýan perişdäniň keşbine girip bilýändir" diýip aýdýar. Indiki aýatda hem: "onuň ülpetleriniň-de dogrulyk hyzmatkärleriniň keşbine girýär" diýip ýazylgydyr (ser. 2 Kor. 11:14, 15).

Galyberse-de, bize oňat görünýän çözgütler we ýollar köpdür, ýöne olaryň soňy betbagtlyk, bela-beter, ýitgiler we ölümdir (ser.: Sül. 14:12). Şu barada oýlanyň: duşmanymyz, onuň ülpetleri we onuň

ýollary – ählisi bizi heläklemegiň küýüne düşenler, olar haýsydyr bir ýagşy zadyň keşbine girýärler. Mukaddes Ýazgylar olaryň keşbine girip bilýär diýip aýtmaýar, olar girýändirler diýip aýdýar. Şonuň üçinde ägä boluň: biziň üçin howply bolan zat adatça erbet zada meňzemeýär. Tersine, ol haýsydyr bir ýagşy zadyň keşbine girýär.

Mesihiligiň ilkinji ýyllarynda duşmanymyz Ýygnagy ýok etmegi maksat edinipdi. Imanlylar yzarlanmalara sezewar edildi, olary gynaýardylar, öldürýärdiler. Ýöne duşman Hudaýyň halkyny ýok etmäge köp dyrjaşdygyça, Ýygnak şonça-da güýçlendi. Şeýtan akmak däl, hatda ýeterlik derejede akylly hem bolansoň, ol imanlylara Hudaýyň paýhasyndan mahrum bolan oňat durmuşy teklip etmek arkaly olary ýok etmegi niýet edindi. Aslynda, ol Erem bagynda hem şu strategiýany ulanypdy.

Şindi, köp asyrlaryň dowamynda ulanylan inçe tilsimli strategiýalardan soň, biz şeýtanyň herketleriniň näderejede netijelilidigine oňat düşünýän bolmagymyz ahmal. Sebäbi biz hakykatyň oňat we amatly bolup görünýän öwüşginlerine ýol berýäris, olar bilen ylalaşýarys. Aslynda welin bu öwüşginler asyl hakykaty ýoýýandyrýar, ony çalyşýandyrlar. Biz Isa Mesihiň ýagşylygyny, Onuň halas edýändigini (bu hakykat!) jar edip, Onuň hökmürowanlygynyň we durmuşymyza ýetirýän täsiriniň wajyplygyny, güýjüni we çuňlugyny peseldýäris. Biz Hudaýyň garaşsyzlygyny we Onuň öňündäki dogruçyllygymyzy kabul edýäris, ýöne iman jogapkärçiligine biperwaý garaýarys we mukaddeslige bolan ymtylyşlarymyzda Onuň buýruklaryna tabyn bolmakdan boýun gaçyrýarys. Özümiziň döreden “oňat” taglymatlarymyz sebäpli herketlerimiziň we durmuş ýörelgämiziň päkligi gury söze öwrüldi diýsek-de bolýar.

Imanlylaryň köpüsi iman ýörelgelerinde köpelmäge derek ýeten derejelerini sypdyrmazlygy saýlap aldylar, bolçulyga ýetmäge derek, gündeki güzeranlaryny dolamaklygy saýlap aldylar. Biz Hudaýyň Sözüniň bütin dolulygyny kabul etmäge derek öz paýhasymyza we de-

lillerimize daýanýan taglymaty düzdük. Hudaýy Sözi bolsa gökleriň biziň üçin taýýarlan zatlaryny tassyklamakda esasy kepilnamadyr.

Hakykaty toslama zatlar bilen çalyşma tendensiýasyny bes edip bolýar, aslynda hut şeýle-de etmelidir. Mukaddes Ýagzylary gaýtadan çuňňur öwrenip, hakykaty öwrenmekde Mukaddes Ruhuň ugrukdyrmasyny soramaga wagt geldi. Eýýäm iman edýän zatlarymyzy Mukaddes Ýazgylardan gözlemegi bes edeliň, gowusy, ýüregimizi we kalbymyzy doly açyp, Ýazgylara ýüzleneliň we olarda ýazylanlara ynanalyň. Ýalňyş we nädogry pikirleri bize aýan edip, olardan saplanmaga kömek ederi ýaly, Mukaddes Ruha ýalbarmaga wagt geldi.

Ýygnagyň lideri. Men seni Hudaýyň Sözüniň dolulygyny öwretmäge çagyrýaryn. Seniň esasy niýetiňiň goýunlary hakykat bilen bakmakdygyna göz ýetir. Seniň esasy maksadyň uly ýygnaklary gurnamak däl-de, Mukaddes Kitabyň habarlaryny günäkärlere doly we üýtgewsiz ýetirmek bolsun. Eger seniň maksadyň adamlary öz tarapyňa çekip, olaryň indiki ýygnaga gelmegini gazanmak bolsa, onda Mukaddes Ruhuň bagyşlamagyny sora we Hudaýyň halkyny hakykatda bakaryň ýaly, öz esasy strategiýaňy üýtgetmekde kömek etmegini sora. *Usullarda* döwrebäp, täze we innowasion bol, ýöne *habarlarda* köneçil bol.

*Imanly*. Seniň täsir edýän çägiňiň nirededigine (bu mekdep otagy, laboratoriýa, iş ofisi, meýdan, öý, bazar bolup bilýär) garamazdan, ýüregiň söýgüden doly bolsun, hakykatda ýaşa we hemme adamlar bilen bolan gatnaşygyňda hakykaty aýt. Goý, adamalar haýran galsyn we seniň keşbiňde Isa Mesihi görýändiklerini ýaýsynlar. Goý, olar öz durmuşlarynda Onuň huzuryny duýsunlar. Eger siz hakyky mukaddeslige ymtylsaňyz, Onuň belentliginiň nuruny saçyp başlarsyňyz.

Eger biz Isa Mesihiň buýruklaryna görä ýaşamakdan boýun gaçyrsak, özümizi Onuň huzuryndan mahrum ederis we Onuň ýygnagy dünýä Isa Mesihi görkezip bilmez. Dogrusy, biziň özümiz zyýan çekeris. Bizden başga töweregimizdäki adamlar zyýan çekerler. Birinjiden, Isa Mesih baradaky hakykaty ýaýratmakdan

saklanmak zerarly günäkärler özleriniň teşnelegini gandyrjak Şol Ýeke-tägiň huzuryny duýup bilmezler. Ikinjiden, biziň Isa Mesihdäki doganlarymyz we uýalarymyz kompromis diýen “keselden” saplanyp bilmezler. Bu “kesel” diýseň güýçli bolup, olary Hudaýyň ýüreginden we huzuryndan uzaklaşdyryp bilýändir.

Isa Mesih: “...Men Özümi Saňa bagyş etdim” (Ýoh. 17:19) diýdi. Isa Mesih Onuň bilen gatnaşyk açan adamlaryň hatyrasyna Özüni Ata tabyn etdi. Ol aýadyň galan böleginde: “Olar hem Seniň hakykatyň arkaly mukaddes bolmagy üçin” diýip, Özüniň hakyky niýetini mälim edýär.

Ol gaýdyp gelýänçä, biz siziň bilen dünýäniň haçan hem bolsa bir wagt görüp biljek Isa Mesihiň keşbidiris. Geliň, dünýä hakyky Isa Mesihi görkezeliň. Geliň, oňada kaýyl bolman, diňe naýbaşy zatlary alalyň. Geliň, hakykaty kabul edeliň, söýgüden ugur alýan berk tabynlykdan döreýän hakyky ýagşy işleri we netijeleri göreliň.

---

Uzak ýaşaň, mukaddesligi agtaryň we işleriňizde üstünlikli boluň. Şeýle etmek bilen, siz töwerek-daşyňyzdaky adamlaryň durmuşyny özgerdersiňiz.

> “Imandan dänmez ýaly,
> Hudaý sizi goramagy we şatlykdan dolduryp,
> Öz şöhratly huzuryna sizi bütinleý
> müýnsüz getirmegi başarýandyr.
> Şonuň üçin Rebbimiz Isa Mesih arkaly
> ýeke-täk Halasgärimiz Hudaýa şan-şöhrat,
> güýç-gudrat, hökümdarlyk ezelden,
> häzir we baky ýar bolsun! Omyn” (Ýah.24-25).

**Eziz dostum!**

“Ýagşylyk ýa-da Hudaý” – ýöne bir kitap däl. Bu adamlary mukaddeslik hereketine ymtylmaga ylhamlandyrjak habardyr. Siz indi bolçulykdaky ýaşaýşyň Isa Mesihiň hökmürowanlygyna we Onuň merhemetindäki durmuşa tabyn bolup bilýändigini bilýärsiňiz. Men siziň bu aýanlygy öz täsiriňiziň ýetýän çäklerine alyp gideriňiz ýaly enjamlaşdyrasym gelýär.

Siz bilen zatlaryňyzy dostlaryňyza, maşgalaňyza we goňşularyňyza aýdyp, olary bu herekete çekip bilýäňiz. Pawlus kiçi topara öz bilýänlerini öwretdi, olar soňra iki ýylyň dowamynda tutuş Aziýa ýurtlarynyň ýaşaýjylaryna bu habary ýetirdiler! Olar Hudaýyň huzurynyň gaplaryna öwrüldiler (ser.: Res. 19:1-10). Eger biz Hudaýa bolan yhlasymyzda hemmämiz bir adam ýaly hereket etsek, Ol biz arkaly gör bak nähli işleri edip biler!

Şu habary beýlekiler bilen paýlaşmak mümkinçiligi gündeki durmuşyňyzda bardyr. Siz ony şu ýerlerde paýlaşyp bilersiňiz:

- öý toparlarynda;
- ýygnak hyzmatlarynda;
- ofisiňizdäki kitaphana ýygnanyşygynda;
- hyzmat etmegi öwredýän sapaklarda;
- we ençeme beýleki ýerlerde!

Siz bu pikirlerden ýa-da öz pikirleňizden peýdalanyp bilersiňiz. Her nähili bolsa-da, meniň toparym sizi goldamak üçin zähmet çekýär. Biz size laýyk geljek çösgüdi tapmaga kömek ederis, gerekli çeşmeleri, mugt materiallary we beýleki köp zatlary bereris. Şu kitapdan başga-da, biz “Ýagşylyk ýa-da Hudaý” atly wideo we auidio toplumyny döretdik. Biz muny şu habaryň töweregiňizdäki adamlaryň ýüreklerine ýetmegi üçin etdik. Gaýrat edip, biziň bilen habarlaşyň, biz size gerekli materiallary we usullary saýlamaga kömek ederis.

Biziň bilen hyzmat edip, Hudaýyň Sözüni hemme ýere ýaýradýandygyňyz üçin size minnetdarlyk bildirýäris!

*Hormatlamak bilen,*

*Jon Biwer*

# OKUW WE MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

**BIRINJI HEPDE**

*1 – 3-nji baplary okaň.*

*Şu hepde 1-nji wideosapagy görüň.*

## MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

1. How ene gadagan edilen miweden iýmegi ýüregine düwdi, sebäbi ol oňa gowy, göze ýakymly we arzuwly göründi. Bu häsiýetleri düşündiriň. Haýsydyr bir zat gowy bolup görnende, bu nämäni aňladýar? Ýakymly bolup görnende nämäni aňladýar? Arzuwly bolup görnende nämäni aňladýar? Şu zatlaryň hersi bizi nädip Hudaýdan uzaklaşdyrýar?
2. Erem bagynyň tutuş wakasy Hudaýyň ygtyýary bilen gadagan edilen ýeke-täk zat bilen baglydyr. Bu waka ynam we ynsan tebigaty barada bize nämeleri habar berýär? Hudaýyň gadagan eden zatlaryny agtarmak islegini nädip togtadyp bolar?
3. Hudaý barada öwredýän kitaplar, bloglar we beýleki gurallar – wajyp çeşmelerdir. Ýöne özüňiziň gönüden-göni we başgalar arkaly alan bilimiziň tapawudyny göreniňizde, şu gurallar barada pikiriňiz üýtgeýärmi? Eger üýtgeýän bolsa, nähili üýtgeýär?
4. Baý ýigit baradaky wakadan biz Hudaýyň ýagşylyk bilen bagly bolmagy baradaky bilimiň we Ony ýagşylygyň gözbaşy hökmünde kabul etmekligiň arasynda tapawudyň bardygyny bilýäris. Hudaýyň biz üçin ýagşylygyň gözbaşydygyna nädip göz ýetirmeli?
5. Siz Mukaddes Kitabyň anyklylygy we abraýy barada näme pikir edýärsiňiz? 2 Timoteos 3:16-ny ýene bir gezek okaň. Şu aýadyň diýýänleri bilen siziň ynanýan zadyňyzyň arasynda sypdyrylan zat barmy? Şu hepdäniň dowamynda öwrenen zatlaryňyzdan ugur alyp, olar barada pikir alşyň.

## OKUW

Reb Hemmeler üçin ýagşydyr...
— Zebur 144:9

How enäniň Erem bagynda şeýtan tarapyndan aldanyşy baradaky waka örän gynançlydyr. How ene onuň ýalan gepine ynanyp, Hudaý özünden haýsydyr bir oňat zady gizleýändir öýtdi. How ene ýitgi-de çekmändi, zabun hereketlere-de duçar bolmandy. Ol ajaýyp şertlerde ýaşaýardy, bolçulukdan we günde Hudaý bilen söhbetdeş bolmakdan lezzet alýardy.

Hudaýy ähli oňat we ýagşy zatlaryň gözbaşy hökmünde kabul etmek üçin, ilki bilen Onuň oňat we ýagşydygyna berk ynanmalydyr. Erem bagynda bu aňsat däldi. Biziň günlerimizde bolsa Hudaýyň ýagşylygyna bolan ynamy sardyrsdyryp bilýän ýagdaýlar has hem köpdür.

How eneden tapawutlylykda, siz öz durmuşyňyzda lapykeçligi, dil ýetirilmeleri, mejalsyzlygy, ýetmezçiligi, agyryny, ýakynlaryňyzyň ýitgisini başdan geçirensiňiz. Bularyň netijesi belli bir wagt bilinmän galýar, emma biziň isleýän zadymyz bilen Hudaýyň bizden isleýän zadynyň arasynda gapma-garşylyk ýüze çykan badyna bu netijeler köp garaşdyrmaýar. Synaglaryň gelmegi bilen aýyl-saýyl edilmän galan şübheler biziň gulagymyza pyşyrdap başlaýarlar. Biz Hudaý haýsydyr bir ýagşy zady bize bermekden saklanýar diýip oýlaýarys we Onuň islegini berjaý etmegimizden hiç bähbit ýok diýip hasaplaýarys. Emma Süleýmanyň tymsallarynda ýazylanlary ýatlaň: "Ýol bardyr, adama dogry ýaly görünýär, ýöne onuň soňy ölüme barýar" (14:12). Hudaýyň erkinden daşary bolan hiç bir zat – onuň her neneň oňat bolup görünýändigine garamazdan, bizi baky durmuşa ýetirmez.

Indiki hepdäniň dowamynda men özüňiziň Hudaýyň rehimdarlygyna bolan ynamyňyza baha bermäge höweslendirerin. Hudaýa doly bil baglap, Oňa gulak asmaga päsgel berýän şübheleriň ýa-da ikirjeňlenmeleriň durmuşyňyzda bardygyny ýa-da ýokdugyny görkez-

megi Mukaddes Ruhdan soraň. Soňra Mukaddes Kitapdan anyk ýagdaýyňyz üçin Hudaýyň hakykatyny açyp görkezýän aýady tapyň we ony ykrar ediň. Pespällik bilen Hudaýyň Ruhuny çagyryp, Onuň Sözi arkaly aňyňyzy täzelemegini soraň. Onuň hakykaty sizi azat eder!

### *Oýlanmak üçin aýat*

"Rebbe şükür ediň, çünki Ol ýagşy,
Onuň sadyk söýgüsi baky!" (Zeb. 106:1)

### *Ulanylyşy*

Nunuň ogly Ýeşuwa ysraýyl halky bilen wada berlen ýurda girenlerinde, Iordan derýasyndan geçmeli boldular. Şonda hasyl möwsümidi, derýanyň suwlary kenardan joşup çykýardylar. Ýöne Hudaý tutuş halkyň gury ýerden geçmegi üçin akyp ýatan derýany duruzdy. Şondan soň Hudaý Nunuň ogly Ýeşuwa Oňa Iordan derýasyndan geçen ýeriniň golaýynda ýadygärlik ýasamagy buýurdy. Hudaý muny ysraýyl halkynyň Onuň edenlerini elmydama ýatlary ýaly etdi.

Käwagt Hudaýyň eden ýagşylyklaryny ýatlandan, haýsydyr bir erbet ýagdaýy ýatlamak aňsat bolýar. Şu hepdede Hudaýyň size eden ýagşylyklarynyň ýadygärliklerini gurup başlaň. Gündelik satyn alyň, telefonyňyza ýazyň, ses ýazgylaryny ediň ýa-da Hudaýyň wepadarlygyny tassyklaýan pursatlaryny (uly ýa-da kiçi) ýazyň. Haýsydyr bir kynçylyga duçar bolup, şübheler Hudaýyň ýagşydygy baradaky ynamyňyzy sarsdyranda, bu pursatlar ruhuňyzy galkyndyrar, imanyňyzy ýylydar.

**IKINJI HEPDE**

*4 – 5-nji baplary okaň.*

*Şu hepde 2-nji wideosapagy görüň.*

## MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

1. Isa Mesihiň Reb hökmündäki orny bilen Halasgär hökmündäki işiniň arasyndaky tapawudy barada pikir alşyň. Bularyň ozal eşidenleriňiz we ynanlaryňyz bilen näderejede gabat gelýär? Hökümdarlyk barada Mukaddes Kitabyň öwredýän taglymyna çapraz gelmez ýaly, aňyňyzda we hereketleriňizde özgerdilmeli zatlar barmy?
2. Eger biziň ählimiz şu günüň özünde başga ýurda göçmeli bolan bolsak, onda täze ýerde ýaşamak üçin bu ýurduň kanunlary we standartlary bilen ylalaşmaly bolardyk. Siz Hudaý bilen bolan gatnaşyklara hem şeýle garaýarsyňyzmy? Eger "hawa" bolsa, näme üçin? Eger "ýok" bolsa, näme üçin?
3. Mesihi bolmak isleýän adam bilen gürleşýärsiňiz diýip göz öňüne getiriň. Şu gün öwrenen zatlaryňyza esaslanyp, siz oňa näme diýerdiňiz?
4. Markyň beýan eden Hoş habaryny okaň (8:34,35). Özüňi ret etmek isleginiň özüňi ret etmeklik däldigini biz nädip ýüze çykarýarys? Adamy Isa Mesihiň aýdanaryna görä hereket etmäge derek ähli ünsüni diňe öz islegine gönükdirmäge näme mejbur edýär? Bu babatda öz pikiriňizi düşündiriň.
5. Geliň, Mattany gaýtadan okalyň (7:21). Isa Mesih hatda Özüne eýermeýänleriň-de şu häsiýetlere eýe bolup bilýändigi barada aýdýar. Olara şular degişlidir: Onuň taglymyna ynanmaklyk, emosional taýdan gatnaşmaklyk, Hoş Habary wagyz etmeklik, we hyzmata gatnaşmaklyk. Biz Hudaýyň gorkudan ýa-da ýazgarylmak duýgydyndan ugur alyp hereket etmegimizi islemeýändigini bilýäris. Şu aýanlyga mynasyp nähili jogap bardyr diýip pikir edýärsiňiz?

## OKUW

Biz bolsa Rebbimiz Isa Mesihiň ýaşaýan
ýeri bolan gökleriň raýatydyrys.
— Filipililere 3:20 (NLT, iňlis dilinden terjime.)

Täze Ähtiň nukdaýnazaryndan “Reb Isa” sözlerinde bütin mesihiligiň asyl manysy şöhlelenýär. Rimlilere ýazylan hata laýyklykda (10:9), mesihlik durmuşy adamyň Isa Mesihi özüniň Rebbi hökmünde kabul eden pursadyndan başlanýar. Ýöne biziň köpimiz üçin “Reb Isa” sözleri uly mana eýe däl. Bu diňe dileg edenimizde ýa-da öwgüleri aýdanymyzda ulanýan jümlämiz bolup bilýär. Ýöne Isa Mesihi Reb diýip atlandyrmagyň Ony durmuşymyzda iň ýokary derejedäki hökmürowanlygynyň bardygyny unutmaga ýykgyn edýäris.

Iman durmuşyna gadam basmazymyzdan ozal biz dünýäniň raýatlarydyk. Biz Hudaýyň biz babatdaky isleginiň nähilidigini bilmeýärdik, ony biljek-de bolmaýardyk, bilmäge esasymyz-da ýokdy. Ýöne indi biz dünýäniň raýatlary däldiris. Biz Hudaýyň Şalygynyň – Gökler Şalygynyň raýatlarydyrys. Biziň durmuşymyzdaky ähli zatlar bu Şalygyň standartlaryna tabyn bolmalydyr we onuň Şasy – Reb Isa Mesihiň tebigatyny şöhlelendirmelidir.

Onuň tebigaty nähili? Muny bilmek üçin, geliň, Markyň hoş habarynda (14:32-43) Isa Mesihiň Getsemaniýa bagynda başda geçirenlerini gürrüň berýän wakasyna garap geçeliň. Bu waka Isa Mesihe dönüklik edilip, Onuň haça çüýlenmegi üçin rimlileriň eline berilmeginiň öňýanynda bolupdy. 36-njy aýadyň ahyrynda Isa Mesihiň Öz Atasyna: “Meniň islegim däl, Seniň islegiň amala aşsyn” diýýänine üns beriň.

Haçdaky ölüm – gulak asmaklygyň kyn görnüşi, ýöne hakykat şundan ybarat: gulak asmaklygyň aňsat görnüşi ýokdur. Biz Isa Mesihi Reb hökmünde sylanymyzda, Onuň erkine tabyn bolýarys, hatda kompromisiň o diýen uly däldigine, gulak asmaklygyň oňaýsyz ýa-da ýörgünli däldigine garamazdan, Rebbimize tabyn bolmakdan boýun çagyrmaýarys. Biz ähli zatda: “Men Seniň islegiňiň amala aşmagyny isleýärin” diýýäris.

Siz Isa Mesihi şu şert bilen kabul etdiňizmi? Ýa-da durmuşyňyzda heniz-de şol bir gaýtalaýan günäňiz, ýa-da elmydama Hudaýyň öwütlerinden ileri tutýan egoistik islegleriňiz barmy? Sizi hiç kim ýazgarjak ýa-da utandyrjak bolanok, ýöne durmuşda täze ýoly agtarmagyň wagty gelip ýetdi. Hudaýa dileg edip ýüzleniň we Isa Mesihi tüýs ýürekden Reb hökmünde kabul etmekde Mukaddes Ruhuň kömegini diläň. Siz Onuň huzurynda wagt geçirip, Onuň Sözüni okanyňyzda, Ol size Gökleriň raýatyna mynasyp bolan tärde ýaşamagy öwreder.

### *Oýlanmak üçin aýat*

"... özüňizi Hudaýa tabşyryň. Goý, bedeniňiziň her bir agzasy Hudaýyň dogrulyk guraly bolsun" (Rim. 6:13).

### *Ulanylyşy*

Biraz soňra biz Hudaýyň kanunçylyga we utanja ýüz urman tabynlykda ýaşamaga güýç berşi barada gürrüň ederis. Ýöne şu hepde öz-özüňize dogryňyzdan gelip, şu soraga jogap bermäge çagyrýaryn: "Men Isa Mesihiň hökmürowanlygyna doly tabyn boldummy?"

Biziň ählimiz haýsydyr bir zatlarda ýalňyşýarys. Men size halaýan we doly ynanýan adamyňyzy – aýalyňyzy (ýanýoldaşyňyzy), ýakyn dostuňyzy ýa-da size ynanyp, iň oňat zatlary size arzuwlaýan kimdir birini tapmagy maslahat berýärin. Şu hepde hökmürowanlyk prinsipi barada bilenleriňizi olara gürrüp beriň we olaryň bu babatda näme pikir edýändiklerini soraň. Olar durmuşyňyzda gözden sypyp galan haýsydyr bir kompromisi görýärlermi?

Eger olaryň paýlaşara pikiri bar bolsa, olary örän ünsli diňläň. Soňra Hudaýa dileg edip, öz jogabyňyzy aýdyň. Tabynlyk – bu ýalana, aldawa garşy güýçli ýaragdyr, bu sada türgenleşik sizi ägirt özgerişlige ýetirip bilýär!

**ÜÇÜNJI HEPDE**

*6-7-nji baplary okaň.*

*Şu hepde 3-nji wideosapagy görüň.*

## MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

1. Eger maksat Hudaýy tanap, Ony sylamaklygy gysyp çykarýan bolsa, ol howpa duçar edip bilýändir. Indiki maksatlar barada pikir alşyň. Olaryň nämesi gowy? Eger biz olary durmuşymyzyň esasy manysy etsek, bizi hakyky ýoldan nädip azaşdyryp bilýärler?
   - Finans üpjünçiligi;
   - meşhurlyk;
   - abraý-dereje;
   - sahylyk;
   - ynsanperwerlik sepgitleri;
   - netijeli hyzmat.
2. Hudaý Musa pygambere ysraýyl halkyny wada berlen ýurda özbaşdak äkitmegi teklip edende, siz onuň ýanynda bolanmyşyňyz diýeli. Şol wagt Musa pygamberiň gelen kararyny size hem kabul etmäge näme kömek edip bilerdi?
3. Adamyň Hudaý bilen gatnaşygynyň Onuň nähilidigini bilmeklige däl-de, Ondan alyp bilýän zatlaryna gönügip başlandygynyň alamatlary nähili? Eger Hudaý bilen gatnaşygyňyzda şeýle alamatlar ýüze çykyp başlan bolsa, siz bu ýagdaýy nädip düzedip bilersiňiz?
4. Dünýä bilen dostlaşmazdan, oňa netijeli ýetmeklik babatdaky nukadaýnazaryňyzy beýan ediň.
5. Dini kanunçylyk – dünýewi durmuş ýörelgeleriň biri bolup durýandyr. Dini kanunçylyga ýüz urmazdan, Hudaý bilen dostlugy nädip saklap bolar?

## OKUW

... Huzuryňda şatlyk meni doldurar...
— Zebur 15:11

Aňsat ýol - iman üçin iň uly synag bolup durýar. Şeýle ýol göräýmäge adaty zat ýaly görünýändir.

Musa pygamber çöldekä, aňsat ýoly saýlap almak mümkinçiligi boldy. Ol Müsürden Sinaý dagyna tutuş halky alyp barýardy. Bu halk dyngysyz zeýrenýärdi, pitne turuzýardy we wada berlen ýurda girmeklik Musa pygamber üçin diýseň amatly bolup görünmelidi. Ýöne Musa pygamber Hudaýyň huzurynyň bolmadyk ýerinde şeýle wadany almaga razy bolarmydy?

Müňlerçe ýyl soň Isa Mesih hem aňsat ýoly saýlap almak mümkinçiligini aldy. Ol Özüniň hyzmatyna başlamaly bolanda, şeýtan Oňa synagdan sowlup, kynçylyklardan böküp geçmegi we halklaryň üstünden hökmürowanlygy bada-bat almagy teklip edipdi. Isa Mesihiň bar etmelisi – oňa sežde edäýmelidi. Eýsem Isa Mesih Hudaýyň Onuň üçin taýýarlan jebir-jepaly zadyny almak üçin aňsat ýoly saýlap, şeýtana sežde edermidi?

Hudaýyň Ogly babatda şeýtan şeýle tilsimi ulandy. Bu bolsa onuň şeýle tilsimiň näderejede netijeli bolýandygy barada bilýändigini aňladýar.

Biz bu waka biraz soňra ýene dolanarys; esasy zat – şeýtanyň hilelerine ýeke-täk Isa Mesihiň garşy durmanlygy. Musa pygamber ähli wariantlary derňedi: ýa Hudaý bilen çölde galmaly ýa-da wada berlen ýurda Onsuz girmeli. Musa pygamber çölde galmaklygy saýlap aldy. Näme üçin? Ol Hudaýsyz giden ýagdaýynda nämeleri sypdyrjakdygyny bilýärdi.

Men "Hudaýyň huzury siziň üçin iň naýbaşy maksatmy?" diýen soraga tüýs ýürekden "hawa" diýip jogap bermegiňizi isleýärin. Ýöne jogabyňyzyň ýönekeý akyl ýumşy bolmaz ýaly, siz ilki başga bir soraga jogap bermelisiňiz: "Siz Hudaýyň huzurynda bolmaklygyň nämedegini bilýäňizmi?"

Eý, dostum! Men seniň Musa pygamber ýaly Hudaýyň huzuryna aşyk bolmagyňy isleýärin. Men seniň Hudaýyň huzuryna teşne bolmagyňy is-

leýärin. Şonda aňsat ýoly saýlap almagyň pikirini-de etmersiň. Şeýle teşnelik diňe Hudaýyň huzuryny özüň duýanyňdan soň döräp bilýändir.

Ýakup şeýle diýýär: “Hudaýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar” (4:8). Ýakynlaşmak – bu dileg etmäge, Hudaýa sežde etmek we Onuň Sözüni okamaga wagt sarp etmegi aňladýar. Bulara hökmany edilmeli iş hökmünde däl-de, Şahsyýet bilen gatnaşmaga bolan teşnelik hökmünde çemeleşmelidir. Hudaýy şu wagt agtarmagyňyz gelejekde durmuşyň ähli çäklerinde dogry çözgütleri etmäge ýardam eder.

## *Oýlanmak üçin aýat*

“Eger Meni bütin ýüregiňiz bilen agtarsaňyz, Meni taparsyňyz” (Ýer. 29:13, NLT, iňlis dilindne terjime).

## *Ulanylyşy*

Islendik aragatnaşykda taraplaryň ikisi-de biri-birine haýsydyr bir zady, mysal üçin, ruhlandyrma sözlerini, maslahat, amaly goldawy berip bilýär. Emma diňe özümize haýsydyr bir zady almak ýa edinmek isleginde açýan gatnaşyklarymyza sagdyn gatnaşyklar diýip bolmaz. Sagdyn gatnaşyklarda adam esasy şert bolup durýandyr. Hudaý bilen gatnaşygymyzda biz käwagt bu barada unudýarys.

Hudaý bize gerek ähli zatlaryň gözbaşy bolany üçin, biz Ondan mätäç zatlarymyzy soramaklyga ýüz urup, Ony ýakyndan tanamaklygy unudýarys.

Hudaý Onuň ýanyna haýyşlarymyz bilen barmagymyzy halaýar! Ýöne eger siz Onuň huzuryny özüňiz üçin iň esasy maksat edinýän bolsaňyz, onda şu hepde Hudaý bilen geçirýän wagtyňyzyň dowamynda diňe Ol barada, Onuň häsiýeti oýlanyň. Ony nämeleriň şatlandyrýandygyny biljek boluň. Mukaddes Ýazgylardan haýsydyr bir wakany okaň we onda Hudaýyň häsiýeti barada bilen zatlaryňyz barada oýlanyň. Men şeýle wagtda Ýaradana öňkiňizden-de güýli aşyk bolmaga ýardam berjek zady edinmegiňiz üçin dileg edýärin.

**DÖRDÜNJI HEPDE**

*8-9-njy baplary okaň.*

*Şu hepde 4-nji wideosapagy görüň.*

## MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

1. Käbir adamlar olaryň aňy Hudaýy tanamaklyga ymtylýar diýip pikir edýärler, ýöne wagtyň geçmegi bilen ünsleriniň haýsydyr başga bir zada sowlandygyny ýüze çykarýarlar. Adam öz akylynyň nämä gönükdirilendigini nädip bilmeli?
2. Häzirki döwür medeniýetleriň köpüsinde adamlar öz daşky keşpleri we hereketleri arkaly meşhur adamlara we ýyldyzlara meňzejek bolup jan edýärler, bu meşhur adamlaryň olary asla tanamaýandyklaryna garamazdan, olara ýakyn bolmak isleýärler. Hudaý bolsa Özüni agtaranlaryň Ony tapjakdagy barada söz berdi. Adamlar öz durmuş ýörelegelerinde Hudaýy tanamaga ýardam berjek özgerişliklere köplenç garşy çykýarlar. Emma başga adamy tanamak üçin özgermäge hemişe taýyndyrlar. Bu näme üçin beýle bolýarka? Siz bu babatda näme pikir edýärsiňiz?
3. Siz haýsy usullar arkaly diňe oňat atmosferany döretmäge däl-de, eýsem dogrudan-da Hudaýyň huzuryny agtarýandygyňyzy barlap bilersiňiz? Bu babatda ýekelikde edilýän dilegler, şeýle-de umumy ýygnaklar üçin öz pikirleriňizi teklip ediň.
4. Mukaddeslik meselesine gatnaşyklar konteksťinde garamalydyr, sebäbi mukaddesligiň asyl manysy Hudaýy tanamaklykdyr. Türgenleşmek üçin Müsürden çykyş kitabynda berilýän On tabşyryga (20:1-7) gatnaşyklar nukdaýnazaryndan garap görüň. Bu tabşyryklaryň hersi Hudaý barada näme aýdýar?
5. Mukaddeslik barada Hudaýyň nukdanazaryndan pikir ýöretmek aňsat bolmasa gerek, ýöne şonda-da, özüňize bagly zatlaryň ählisini ediň! Şindi, Hudaýyň nähiligini we biz üçin nämeleri isleýändigini bilenimizden soň, Onuň çagalarynyň öz orunlarynda we hereketlerinde mukaddes bolmaklynyň näme üçin şeýle wajypdygyny düşündiriň.

## OKUW

...indi bolsa mukaddeslige eljek işleri amal ediň....
— Rimliler 6:22 (NLT, iňlis dilinden terjime.)

Men mukaddeslik mowzugyny derňemek üçin okuwymyzyň şu pursadyna garaşyp geldim, sebäbi gürrüňiň gözegçilik, özüňi müýnli duýmak ýa-da adamlaryň oýlap tapan standartlaryna degişlidigiňiz barada däldine düşünýändigiňize göz ýetiresim gelýär. Esasy zat – gatnaşyklar.

Geliň, şeýle ýagdaýy göz öňüne getireliň. Maşgalaňyzda siziň jan-tenden söýýän adamyňyz bar diýeli. Ol sizi sylamaýar, gödek jogap berýär, siz oňa bil baglap bilmeýärsiňiz diýeli. Bu adamy jan-tenden söýýändigiňize garamazdan, onuň ýanynda bolmakdan lezzet almagyň kyndygyny güman edýärin. Eger ol özgermek islemese, onda öz gatnaşyklaryňyzda sagdyn çäkleri goýmaly bolar. Belki siz ony her gün görmek zerurlygyndan boşanmak kararyna gelerdiňiz.

Geçen hepdede biz huzuryny agtarýan Hudaýymyzyň Şahsyýetdigi barada gürrüň edipdik. Hudaý bütinleý mukaddesdir. Bize özüni erbet alyp barýan adamyň ýanynda bolmak agyryly we kyn düşmegi ahmal. Emma biz mukaddes bolmasak, Hudaýyň huzurynda bolmak asla mümkin däldir. Hut şoňa görä-de, mukaddeslik şeýle uly ähmiýete eýedir!

Ýewreýlere hatyň aýadyny gaýtadan okaň: “Halal ýaşamaga dyrjaşyň, ýogsa Rebbi görüp bilmersiňiz” (12:14). Bu hatyň asyl nusgasyndan “dyrjaşyň” diýip terjime edilen söz “haýsydyr bir zady belli maksat bilen jan-tenden etmek, ähli güýjüňi, yhlasyňy şoňa sarp etmek” diýmegi aňladýar. Şu sözüň “belli bir maksat we ähli güýjüňi” diýen manylaryna üns beriň. Ozal aýdyp geçişimiz ýaly, biziň maksadymyz – Hudaýyň huzurynda bolmak. Şonuň üçin-de, geliň, ähli güýjümizi mukaddes ýaşamaga gönükdireliň.

Mukaddesligiň kanunçylyga we öli dini kada-kanunlara hiç dahyly ýokdur. Şonuň üçin-de, mukaddeslige bolan ymtylyş bizden şu iki zady talap edýär:

1. **Hudaýyň Sözüniň talyby bolmak.** Dünýäde Hudaýyň oňat hasaplamaýan, emma ynsan aňynyň we jemgyýetiň oňat diýip atlandyraýan zatlary köpdür. Şeýle tärde ruhy bolup görünýän çäklendirmeler Mukaddes Kitapda ýokdur, olary medeniýet we jemgyýet oýlap tapandyr. Mukaddes Ýazgylar – ine, şu biziň üçin nusgalykdyr. Hudaýyň mukaddes durmuşa berýän kesgitlemesini bilmek üçin, Mukaddes Ýazgylary okamalydyrys.
2. **Hudaýyň Ruhuna ünsli bolmak.** Hudaý sizi hiç haçan Öz Sözüne ters bolan zada gönükdirmez. Ol sizi hemmelerden oňat tanaýar we bilýär. Ol siziň aldawa düşüp biläýjek çäkleriňiziň hemmesini bilýär we Ol Özüniň sizden isläp-islemeýänlerini bildirmek üçin anyk gönükdirip bilýär.

Şu iki gözbaşdan aljak öwütleriňiz sizi ýolda gorar!

## *Oýlanmak üçin aýat*

“Bizi şeýle köp şaýatlaryň gurşaýandygy üçin, päsgelçilik döredýän her hili ýüki we boýnumyzdan ýapyşan günäleri taşlalyň-da, öňümizde duran ýaryşda sabyrlylyk bilen ylgalyň” (Ýew. 12:1).

## *Ulanylyşy*

Resul Pawlus Korintosdaky ýygnaga şeýle diýdi: “Meniň Mesihden görelde alşym ýaly, siz-de menden görelde alyň” (1 Kor. 11:1).

Siziň durmuşyňyzda Hudaýyň Sözüni bilýän we Onuň Ruhuna gulak asýan adam barmy? Ony şu hepde söhbetdeşlige çagyryň. Ondan Hudaý bilen gatnaşygy, Mukaddes Kitaba düşünmekdäki ösüşi we Hudaýyň sesini saýgarşy barada gürrüň bermegini haýyş ediň. Ol bu aýanlyklary köp ýylyň dowamynda toplan bolmagy ahmal, şonuň üçin-de onuň aýtjaklaryny ünsli diňläň!

**BÄŞINJI HEPDE**

*10-12-nji baplary okaň.*

*Şu hepde 5-nji widesapagy görüň.*

## MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

1. Mukaddes Kitaba laýyklykda, Hudaýyň we Onuň Ýygnagynyň esasy häsiýeti mukaddeslikdir. Şu soraglara garap başlamazyňyzdan ozal, Hudaýa haýsy häsiýetler mahsusdyr diýip pikir edýärdiňiz? Ýygnaga üçin haýsy häsiýetler mahsusdyr diýip pikir edýärdiňiz? Şu hepdäniň dowamynda öwrenen we bilen zatlaryňyz siziň ozalky pikirleriňizi üýtgetdimi ýa-da sizi täze aýanlyklara höweslendirýärmi?
2. Merhemet baradaky habaryň bölekleýin görnüşi onuň asyl manysyny peseldip, ol diňe biziň ýalňyşlarymyzy bagyşlaýar diýip öwredýär. Täze Ähte laýyklykda, merhemet hem günälerimizi bagyşlaýar hem-de mukaddeslikde gezip bilerimiz ýaly gujur-gaýrat berýär. Käbir adamlar üçin bu habaryň diňe birinji bölegi aňsat görnüp biler. Täze Ähtiň merhemet baradaky habarynyň näme üçin has gowudygyny düşündiriň.
3. Süleýmanyň tymsallary 27:6-ny okaň. Hiç bir zady negatiw manyda öwretmeli däl we wagyz etmeli däl diýen pikiriň kontekstinde bu aýat barada pikir alşyň.
4. Eger habar gyzykly eşidilýän bolsa, bu onuň siziň üçin peýdalydygyny aňlatmaýar. Aslynda hakykat bilen duşuşyk köplenç agyryly we oňaýsyz bolýar, ýöne ol ymykly azatlygy we özgerişligi getirýär. Öz tejribäňizden siz üçin bähbitli, ýöne peýdaly bolmadyk haýsydyr bir ýagdaýy mysal getiriň. Hudaýyň Sözüni içgin okamalydygy barada aýdylanlar babatda siziň getiren mysalyňyz näme görkezýär?
5. Adamlar dünýäni özgertmeli diýip aýdanlarynda, kanunçylyk we durmuş çäklerindäki üýtgeşmeleri göz öňüne tutýarlar. Jemgyýetdäki özgerişlikleri ylhamlandyrmakda haýsy zatlar şahsy mukaddesligi ägirt güýç edýär?

# OKUW

...Isa Mesihiň berýän merhemeti bilen kuwwatlan.
— 2 Timoteos 2:1

Häzirki wagtda merhemet barada eşidýän iki esasy habarymyzyň arasynda kesgitli tapawut bar. Bu tapawudy ýönekeý sorag arkaly görkezip bolýar: siz özüňizi oňat duýasyňyz gelýärmi ýa-da siz oňat bolasyňyz gelýär? (*Oňat bolasyňyz gelýär* diýen jümlede men Hudaýa degişli bolmagy göz öňüne tutýaryn).

Bu Täze Ähtdäki merhemet baradaky habary kabul etmek bilen gözgyny durmuşy saýlaýandygymyzy aňlatmaýar. Tersine, Isa Mesih adamlaryň arsyndaky işini şeýle beýan edipdi: “Men olara ýaşaýyş, bolelin ýaşaýyş bermek üçin geldim” (Ýoh.10:10). Biz Isa Mesihde elmydama baky şatlygy taparys. Esasy zat – gökleriň ileri tutuýan zatlaryny biziň hem ileri tutmagymyzdyr. Hudaý biziň amatly durmuş şertlerimizi ýagşylygymyzdan ýokary tutmaz. Biz hem şeýle ederismi?

Merhemet baradaky habarlaryň haýsysyna ynanjakdymyzy biziň özümiz çözýäris. Mukaddes Kitaby okap, diňe öz garaýyşlarymyza gabat gelýän ýerleri bilen ylalaşyp bileris. Oňaýsyz we amatsyz habarlardan ýüz dönderip, diňe gulagymyza ýakymly eşidilýän wagyzçylary diňläp-de bileris. Iki lukmanyň aýdanlaryny diňlän şol hassa adam ýaly, biz hem käwagt özümiziň oňat saýýan, özümize amatly görünýän kesel kesgidi bilen ýaşap bileris.

Eger biz şeýle ýoly saýlap alsak, özümizi oňat duýarys! Ýöne, geliň, Isa Mesihiň meşhur sözlerini gaýtalalyň: “Ynsan tutuş dünýäni gazanybam, janyndan mahrum bolsa, oňa näme peýdasy bar?” (Mrk.8:26). Şunlukda, ozalky soragymyza dolanalyň: siz özüňizi oňat duýasyňyz gelýärmi ýa-da oňat bolasyňyz gelýär?

Men merhemet baradaky habaryň ajaýyp we täsin täzelikdigine düşünip başlansyňyz diýip umyt edýärin. Eger biz merhemet diňe ýalňyşlarymyzy basyrýandyr öýtsek, öz durmuşymyzda batyp, günä-

niň ýesirligine düşeris we gorky bilen ýalanyň torundan çykyp bilmeris. Emma bize gujur-gaýrat berýän merhemeti almak bilen, biz Isa Mesih ýaly – erkin, ynamly, joşgunly, güýçli we ak pataly ýaşamaga ukyply bolýandyrys. Hudaýyň merhemeti bizi aşaga çekjek agyr ýük däldir. Resul Ýohannanyň aýdyşy ýaly: "Hudaýy söýmek Onuň buýruklaryny berjaý etmekdir. *Onuň buýruklary bolsa agyr däldir*. Çünki Hudaýyň her bir perzendi dünýäni ýeňmegi başarýandyr. *Biz dünýäniň üstünden bu ýeňşi imanymyz arkaly gazanýarys*" (1 Ýoh. 5:3-4).

Eger Hudaý dogrudan-da Ýagşy bolsa, eger Ol biziň üçin dogrudan-da iň naýbaşy zatlary isleýän bolsa, bize haýran galmak gerek däl, Onuň tabşyryklary biziň üçin iň oňat ýoldur! Onuň köňlümizde hereket edýän merhemetiniň güýji arkaly biz Onuň tabşyryklarynyň kyn däldigini ýüze çykarýarys. Gör, nähili täsinlik!

### *Oýlanmak üçin aýat*

"...Saňa beren merhemetim besdir, sebäbi Meniň güýjüm ejizlikde kämilleşýändir" (2 Kor. 12:9).

### *Ulanylyşy*

Hudaýyň ýörelgesini saýlamak üçin özüňize aňsat we amatly görünýän zatlary taşlamaga taýýarmysyňyz? Eger şeýle bolsa, Hudaýa şeýle dileg ediň:

*Eý, Atam, maňa güýç berýän merhemetiň üçin Saňa minnetdar. Men ony diňe günälerimiň bagyşlanmagy üçin kabul edesim gelenok, men ony özbaşdak başarmaýan zatlarymy etmäge başarnyk berjek güýç hökmünde kabul edesim gelýär. Men Seniň ýagşydygyňa ynanýaryn. Şonuň üçin-de Seniň islendik tabşyrgyňyň meniň* üçin bähbitlidigini bilýärin. Men Saňa öwgüler aýdasym *gelýär! Ýalbarýaryn, meni özgert we Özüňe meňzeş et. Isa Mesihiň ady bilen dileg edýärin. Omyn!*

**ALTYNJY HEPDE**

*13-16-njy baplary okaň.*

*Şu hepde 6-njy wideosapagy görüň.*

## MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

1. Adamlary Hudaýdan Onuň başarýan zatlaryndan has az zada garaşmaga näme mejbur edýär? Eger siz şeýle ýagdaýy başdan geçiren bolsaňyz, ony ýeňip geçmäge näme kömek etdi?
2. Multimilliarder we üç telekeçi baradaky wakany ýatlaň. Üçünji telekiçiniň görnüşi beýlekileriňkiden näme üçin uly bolduka? Bu baradaky pikiriňizi beýan ediň. Üçünji telekiçiniň geçmişe we gelejege nähili garaýşynyň bolandygyny göz öňüňize getirip görüň. Ol multimilliarder bilen duşuşyga nähili taýýarlanandyr öýdýärsiňiz? Ol näme etdikä? Hudaýyň siz babatdaky maksadyndan garaşylýan tamalaryň derejesini galdyrmak üçin, näme edip bilýäňiz?
3. Şu okuw toplumynyň dowamynda öwrenen zatlaryňyzdan ugur alyp, dünýewi tärde pikir edýän adam bilen Hudaýyň kämil perzendiniň saýgaryş ukyplarynyň näderejede tapawutlanjakdygyny düşündiriň. Mesihi adama ýagşyny-ýamany saýgarmakda nähili tärler we shemalar kömek eder?
4. Kynçylyklary ýeňip geçmekde Hudaýdan gorkmaklyk nähili kömek edýär? Basyşyň, kynçylygyň güýçlenen wagtynda Hudaýdan gorkýan adamlar näme diýýärler we näme edýärler? Olar nämeleri etmeýärler?
5. Şu okuw toplumynyň soňky tapgyrynda özüňiz we tutuş toparyňyz üçin netije çykaryň. Gündeki durmuşyňyzda haýsy esaslary, sapaklary we gymmatlyklary ulanarsyňyz? Bu nähili görner? Öňe ynamly gadam basaryňyz ýaly, ädimleriňiz amaly we anyk bolsun!

## OKUW

Kiçigöwünliligiň, Rebden gorkmagyň
sylagy baýlyk, abraý we ýaşaýyşdyr.
— Süleýmanyň pähimleri 22:4

Şu okuw toplumynyň dowamynda biz birnäçe saldamly çäklere garap geçdik. Olardan käbirleri, ine, şulardyr: hökümdarlyk, mukaddeslik, merhemetiň asyl tebigaty. Siz öz garaýyşlaryňyz we durmuşyňyz baradaky kyn soraglara jogap berdiňiz. Indi bolsa men siziň ünsüňizi nädip ýaşap bilýändigiňize gönükdirmek isleýän.

Efesliler hatyň The Message terjimesinde ýazylanlary okalyň:

“Bizde işleýän gudratyna görä, Hudaý her bir haýyşymyzdan, oýlanyşymyzdan hem has ýokary zatlary etmegi başarýandyr! Ol muny bizi ikiýana iteklemek arkaly däl-de, Öz Ruhy arkaly içimizde çuň we ýumşak işlemek arkaly amal edýär” (3:20).

Hudaý bizi Özüne gaýtarmak üçin hiç zady gaýgyrmady. Ol Özüniň ýeke-täk Ogluny gurban edip, bizi iň gymmat baha satyn aldy. Şonuň üçin-de, Ol birdenkä gysganç bolandyr diýip pikir etmäge hiç tutarygymyz ýokdur.

Hudaý Özündäki iň oňat zatlary edinmegimiz üçin, bize gerekli zatlaryň ählisini berdi. Ol bize Öz Sözüniň hakykatyny, Öz Ruhunyň ugrukdyrmasyny we merhemetiniň güýjüni berdi. Ýöne ýokarda mysal getirelen aýatda ýazylyşy ýaly, Hudaý Onuň niýetine şärik bolmaga mejbur etmeýär. Ol iň batyrgaý haýyşymyzdan, oýlanyşymyzdan hem has ýokary bolan durmuşy açmak üçin imany, saýgarmaklygy we tabynlygy ulanmaga çagyrýar.

Bize näme böwet bolýar? Biziň görnüşlerimizi nämeler çäklendirýär? Çäksiz gözbaşlary soramaga mümkinçiligimiz barka, az mukdardaky zatlary soramaga näme mejbur edýär?

Hudaý bilen bile arzuw etmegiň wagty gelip ýetdi. Siz haýsy zatda juda az zada garaşýarsyňyz, has az iman edýärsiňiz? Sizi haýsy wadalar gorkuzýar? Näme üçin? Goý, Hudaýyň ýagşylygy sizi ylhamlandyrsyn. Hatda ynanyp bilmeýän, göz öňüňize getirip bilmeýän zatlaryňyzy soramaga başlaň. Ol bize hatda olardan-da oňat zatlary bermäge wada berdi!

## *Oýlanmak üçin aýat*

“Emma Mukaddes Ýazgylarda ýazylyşy ýaly: ‘Hudaýy söýýänler üçin Onuň taýynlan zatlaryny ne göz görüpdi, ne-de gulak eşidipdi, ne-de ynsan akyly çaklapdy’” (1 Kor. 2:9).

## *Ulanylyşy*

Biz arzuw-hyýallar we çäklendirmeler barada gürrüň etdik, indi bolsa, geliň, anyk amallara geçeliň. Her hepde belli bir wagty çuňňur arzuw-hyýallara bagyş ediň. Başlamak üçin, bir kagyz ýa-da elektron gurluşy alyň we durmuşyňyzyň esasy çäklerini ýazyň. Siziň sanawyňyza şeýle çäkleriň girmegi mümkin:

- Hudaý bilen gatnaşyklar;
- adamlar bilen gatnaşyklar;
- nika we maşgala (şindiki ýa-da gelejekki);
- pul maýalary;
- hünär ösüşi;
- ýerli ýygnak we hyzmat
- anyk ruhy sylaglar we yhlaslar.

Her sözbaşynyň aşagyndan şu çäkdäki arzuwlaryňyzy ýazyň. Siziň durmuş baradaky oýlanmalaryňyz ýüregiňiziň we aňyňyzyň pynhanlyklarynda şeýle bolmalydyr. Siz Hudaý bilen gatnaşyklaryňyzdan nämä garaşýarsyňyz? Siz öz pul maýalaryňyz üçin nähili gelejegi görýärsiňiz? Öz maşgalaňyz babatda nähili gelejegi görýärsiňiz?

Indi bolsa dilegde öz sanawyňyza dolanyň. Mukddes Ruhdan Öz garaýşyny we wadalaryny aýan etmegini soraň. Gorky haýsy zatlarda nazaryňyzy dumana büreýär? Geçmişdäki ýaralar we lapykeçlikler arzuw-hyýallaryňyzy nädip çäklendirýär? Hudaý üçin ähmiýetsizdir diýip hasap edýän zatlaryňyz barada Ol näme diýýär? Siziň görnüşleriňiz siziň ukybyňyzy kesgitleýändigini unutmaň. Hudaý durmuşymyzdaky çäklendirmeleri aýyrýar. Siziň şeýle etmegiňe wagt gelip ýetdi!




## NIKA BARADAKY WAKA

Biz söýginiň bu ajaýyp wakasy bilen arabaglanyşygy nädip ýitirdikkäk? Hudaýyň ilkibaşdaky maksadyny açmak üçin, Jon we Liza Biwer sizi “Nika baradaky wakasyna” çagyrýar. Siz öýlenen ýa öýlenmedik, durmuşa çykan ýa çykmadyk, adaglanan ýa adaglanmadyk bolsaňyz – parhy ýok, siziň wakaňyz Ýaradanyň wakasynyň bir bölegidir.




## MUKADDES RUH

Bu kitapda Jon Biwer sizi Mukaddes Ruh bilen tanyşdyrar. Siz Onuň şahsyýeti, Onuň güýji we Ony nädip has gowy tanap boljaklygy barada bilersiňiz. Siziň durmuş ýoluňyz Hudaý bilen nähili bolan hem bolsa, “Mukaddes Ruh: Giriş” atly kitap sizi hyjuwly söýýän we ebedi Hudaýa ýakynlaşmaga size ýardam berer.

Jon we Liza Biwerleriň şu we beýleki materiallaryny türkmen dilinde şu saýtdan inderip bilersiňiz:
**www.CloudLibrary.org**

Has köp isleýärsiňizmi?
Skannirläň

## EGER BU OŇAT BOLSA, ONDA OL HÖKMAN HUDAÝDANDYR, ŞEÝLE DÄLMI?

Biziň günlerimizde “ýagşylyk” we “Hudaý” sözleri manydaş sözler hasaplanylýar. Biz haýsydyr bir ýagşy hasaplanylýan zat Hudaýyň erkine laýyk gelýändigine ynanýarys. Sahylyk, pespällik, adalatlylyk – bular ýagşylyk. Diňe özüňi bilmeklik, gedemlik, zabunlyk – bular ýamanlyk. Olary tapawutlandyrnak şeýle aňsat gerek?

Emma hemme zat şeýle aňsatmyka? Eger ýagşylyk şeýle mese-mälim zat bolsa, Mukaddes Kitap näme üçin olary saýgarmalydygymyz barada aýdýar?

“Ýagşylyk ýa-da Hudaý?” – bu kynçylyklarymyzy çözmäge gönükdirilen nobatdaky habar däl. Ol siziň edim-gylygyňyzy özgertmekden başga-da has uly zatlary eder. Hudaýyň siziň üçin niýetlän durmuşynda Onuň bilen gezeriňiz ýaly, bu habar size gujur-gaýrat berer, durmuşyňyzyň her bir çägini özgerder.

## HEPDELEÝIN OKAP, MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN NIÝETLENILEN SORAGLARDAN YBARAT BOLAN ALTY HEPDELIK OKUW TOPLUNY ÖZ IÇINE ALÝAR

JON BIWER we onuň aýaly Liza Biwer Messenger International hyzmatyny esaslandyryjylardyr. Hyzmatçy we meşhur kitaplaryň awtory Jon hakykat baradaky habaryny batyrgaýlyk we ýüz görmezlik bilen wagyz edýär. Onuň kalbynda ýerli ýygnaklary goldamak, ýeriň islendik künjegindäki, dürli dillerde wagyz edýän liderlere olaryň finans ýagdaýyna garamazdan gerekli serişdeleri sowgat bermek islegi dolup-daşýar. Şindi onuň kitaplary dünýäniň 90-dan gowrak dillerine terjime edildi, millionlarça nusga göçürmeleri bütin dünýädäki çopanlaryň we liderleriň arasynda ýaýradyldy. Jon öýde Lizany golf oýnuny oýnamaga yrjak bolýar we wagtyny dört ogly, gelinleri we agtyklary bilen geçirmegi halaýar.



Şu we beýleki serişdeleri **www.CloudLibrary.org** saýtyndan inderip bilersiňiz.

Bu kitap awtordan sowgat
Satuwa degişli däl

MESSENGER INTERNATIONAL
MessengerInternational.org

Has köp isleýärsiňizmi? Skannirläň